Türkmenistanyň Bilim ministriligi

N. Nartyýew

TÜRKMEN DIALEKTOLOGIÝASY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi

Aşgabat - 2010

Nartyýew N.

Türkmen dialektologiýasy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 258 sah.

1. Dialektologiýa dersiniň maksady we wezipeleri

– türkmen edebi dili bilen onuň şiweleriniň köküniň birdigini, olaryň özara baglanyşygynyň açyp görkezmekden;

– türkmen edebi diliniň sözlük düzüminiň baýlaşmagynda, onuň sinonimik gatlagynyň galňamagynda şiwelerdir ýerli geňleşikleriň baglanyşygyny, hyzmatyny aýdyňlaşdyrmakdan;

– türkmen diliniň ähli ugurlar boýunça taryhyny, sözleriň taryhy köküni, etimologiýasyny öwrenmekde şiweleriň janly çeşme bolup durýandygyny subut etmekden;

– türkmen diliniň beýleki kowumdaş türki diller bilen arabaglanyşygyny açmaklykda şiweleriň hyzmatyny ýüze çykarmakdan;

– talyplary türkmen edebi diliniň we onuň şiweleriniň dürli meseleleri boýunça ylmy derňew işini alyp barmaklyga gözükdirmekden ybaratdyr.

Dialektologiýa iki sözden ybarat bolup, "dialekt" (gr. dialektos) – gepleşik, "logiýa" (gr. logos) – ylym diýmekdir. Diliň dialektleri hakyndaky ylma dialektologiýa diýilýär. Türkmen dialektologiýasynyň wezipesi türkmen diliniň dialektlerini öwrenmekden ybaratdyr.

Dil biliminde dialektler iki topara bölünip görkezilýär:

1) Terrotorial dialektler
2) Sosial dialektler

Territorial dialekt diýip belli bir territoriýada ýaşaýan ilatyň ýerli gepleşigine düşünilýär. Bu haýsy-da bolsa bir territoriýanyň ilaty üçin aragatnaşyk serişdesi bolup hyzmat edýär. Mysal üçin, saryk dialekti Tagtabazar, Ýolöten etraplarynda ýaşaýan saryk türkmenleriniň aragatnaşyk serişdesi bolsa, salyr dialekti Saragsdaky salyrlara hyzmat edipdir. Şunuň ýaly, her bir dialektiň öz hyzmat edýän territoriýasy bolupdyr. Ýöne türkmen dialektleriniň taýpa aýratynlyklaryny köp saklany üçin, käbir dialektleriň dürli territoriýalarda duş gelmegi hem mümkin. Mysal üçin, ärsary dialektiniň wekillerine Garabekewül, Halaç, Kerki, Hojambaz,

Çarşaňňy ýaly dürli etraplarda hem duş gelinýär. Şunuň bilen birlikde, bu etraplarda ärsary dialekti bilen aralaş olam, mukry, hatap, surhy ýaly beýleki dialektleriň wekilleri hem ýaşaýarlar. Dialekt aýratynlyklary diliň bütin gurluşyna: fonetikasyna, leksikasyna, morfologiýasyna we sintaksisine aralaşýarlar. Olaryň öz grammatik gurluşy we esasy sözlük fondy bolýar. Şoňa görä, milli edebi dil emele gelende, dialektler edebi dilden fonetik, leksik we grammatik aýratynlyklar bilen tapawutlanýarlar.

Sosial dialekt diýip haýsy-da bolsa bir jemgyýetçilik toparynyň dil aýratynlyklaryna aýdylýar. Bular territorial taýdan açyk araçäkleşmän, dürli sosial gatlaklar we aýry-aýry kärdäki adamlar üçin hyzmat edýärler. Sosial dialektler, esasan, leksikany we azrak frazeologiýany öz içine alýar. Muňa H. Derýaýewiň "Ykbal" romanynda din wekili hökmünde gatnaşýan Seýidahmet işanyň aşakdaky sözlerini mysal almak bolar: Ozal ebedinde allatagala adamzady enesiniň **wüjütinde katra** suwdan **surat eýlän** wagtda, onuň sanalgysyny sanap, mańlaýyna ýazyp goýarmyş. **Şu dünýeýi äleme** inip, tä **wepat bolynça,** näçe **nepes** almalylygy mańlaýynda ýazylgy bolarmyş (H. Derýaýew, Ykbal, 1-2, Aşgabat, 1962, sah. 262).

Ynha, şunda getirilen "ebedinde, wüjütinde, katra, surat eýlän, dünýeýi äleme, wepat bolynça, nepes", ýaly arap-pars sözleri ýönekeý halkyň gepleşigine mahsus bolman, din wekilleriniň diline häsiýetlidir.

Elbetde, umumyhalk dilinde ulanylýan sözler bilen deňeşdirende, bular örän ujypsyzdyr. Bu hili sözleriň ulanylmagy ýöne ýerden däldir. Belli bolşy ýaly, din wekilleri öz gepleşigini ýönekeý halkyň dilinden tapawutlandyryp, "keramatly" dilde geplemäge çalyşýarlar. Şeýle-de bolsa, olar umumyhalk türkmen diliniň kada-kanunlaryndan çykyp bilmeýärler. Sebäbi dil hemme synplar üçin umumydyr.

Sosial dialektlere žargonlar[1], professional sözler, ýagny dürli kärdäki adamlaryň sözlügindäki aýratynlyklar hem girýärler. Žargonlara mysal edip, H. Derýaýewiň "Ykbal" romanynda Eneküti elti bilen Gabak şyhyň arasynda bolan bir gürrüňi ýatlamak bolar. Elti bilen Gabak şyh Hudaýberdi aganyň goýnuny ogurlap gelýärler. Ony gazana salyp bişirip otyrkalar, Hudaýberdi aganyň aýaly gelýär. Şol wagt öýkene ýyly ötüp, suwuň ýüzüne galýar. Eneküti oňa bildirmejek bolup: – Işan, **öýken ellezine – gabaruma** – diýýär. Şyh bolsa oňa düşünip – **Çişiruma-a!!! Bassary-ym!!!** – diýip jogap berýär (sah.530).

Hudaýberdi aganyň aýaly bu sözlerden hiç zat düşünmän galýar. Şu sözler – hakykatda türkmen sözleri. Ýöne başga adam düşünmesin diýip, arap sözlerine çalymdaş üýtgedip, ýoýup aýdýarlar. Romanda Gabak şyhyň "Şol goýny şu gün agşam **çileli**" (sah. 526) diýen sözi bar. Şundaky "çileli" sözi hem "ogurlaly" manysynda ulanylýar. Şu söz has köpräk ogrularyň diline häsiýetli bolup, edebi dilde duş gelmeýär.

Şunlukda, sosial dialektler territorial dialektlerden tapawutlanýar, ýöne olaryň özbaşdak grammatik gurluşy we sözlük fondy bolmaýar. Olar umumyhalk diliniň grammatik gurluşyndan we sözlük fondundan peýdalanýarlar. Şoňa görä bular özbaşdak dil bolup bilmeýärler.

Territorial dialektler umumyhalk diliniň şahalary hökmünde belli bir territoriýada ýaşaýan ilatyň aragatnaşygyny ýola goýmak bilen milli edebi diliň döremegine we ösmegine daýanç bolup hyzmat edýärler. Emma sosial dialektlerde beýle mümkinçilik ýok.

Sosial dialektler, esasan, leksika degişli faktlary öz içine alýany üçin, käwagtlar bular professional leksika hem goşulýar. Ýöne professional leksika belli bir kär, hünär bilen baglanyşykly sözleri aňladýandygy bilen sosial dialektlerden tapawutlanýar. Mysal üçin,

[1] Fr, žargon – belli bir sosial toparyň dil aýratynlyklary

maldarçylyk, pagtaçylyk, ýüpekçilik, guşçulyk, senetçilik terminleri we beýlekiler şuňa degişlidir.

Türkmen dilinde “dialekt” diýip belli bir taýpanyň gepleşigine düşünilýär. Meselem, saryk dialekti, ärsary dialekti, ýomut dialekti we başgalar. Her taýnyň öz dialekti bar. Bularyň hemmesiniň wezipesi belli bir taýpanyň aragatnaşyk serişdesi bolup hyzmat etmek. Şu manyda “şiwe” sözi hem ulanylýar.

Ýöne, munuň asyl manysy “dialekte” dogry gelmeýär. “Şiwe” sözi has giň manyda, ýagny rus dilindäki “nareçiýe” sözüniň manysynda dialekleriň gepleşiklerini aňlatmak üçin peýdalanylsa amatly bolar.

Bir dialektiň içinde iki, ondan hem köp gepleşikleriň bolmagy mümkin. Olar umumy dil aýratynlyklary boýunça şol bir dialekte girýärler. Ýöne käbir aýratynlyklar bilen ondan hem, bir-birinden-de tapawutlanýarlar. Mysal üçin, saryk dialektiniň pendi gepleşiginde “çiýra:zy, peşşe, çakъyldakъ” diýilse, ýolöten gepleşiginde bu sözler “ça:l, çybyn, erik” ýaly ulanylýar.

Dialekt aýratynlyklarynyň möçberi dialektleriň hemmesinde birmeňzeş däl. Bu olaryň ilatynyň tutýan territoriýasy ýa sany bilen kesgitlenmeýär. Mysal üçin, teke dialekti san taýdan hem, territoriýa taýdan hem beýleki dialektlerden uludyr. Emma şunuň dialekt aýratynlygy ýeke Sarags etrabynyň öz içine alýan salyr dialektinden ýa-da birnäçe obadan ybarat bolan nohur dialektinden azdyr. Dialekt aýratynlyklaryň azlygy ýa köplügi şol dialketde gepleýän ilatyň başyndan geçiren taryhy-sosial şertleri bilen baglanyşykly düşündirilip bilner.

Türkmen dialektleri taýpa-tire hem territorial taýdan birnäçe gepleşiklere bölünýärler. Hatda gepleşigiň içinde hem maýda gepleşiklere duş gelinýär. Mysal üçin, pendi gepleşiginiň içinde mojy diýen **maýda gepleşik** bar. Munda, esasan, bard(y) ro:n, geld(y)ro:n ýerine baro:n, gelo:n (barýan, gelýän) ýaly aýdylýar. Mälim bolşy ýaly, her etrabyň, her obanyň hem öz gepleşigi bolup biler. Käwagtlar bir obada hem dürli hili geplenilişini görmek mümkin.

Munda olaryň taryhy taýdan taýpa-tire düzüminde tapawut bolýar. Şunlukda, her taýpanyp, tiräniň, urugyň, toparyň dilinde hem azda-kände tapawut ýüze çykýar. Şonuň ýaly tapawutlary öwrenmek üçin olaryň taýpa-tire bölünişini, şol ýerli ilatyň etnik düzümini gowy bilmek zerur.

Dialektler haýsy-da bolsa bir diliň içine girýärler. Dilden daşarda dialekt ýok. Şoňa görä dialekt aýratynlyklar diliň bitewi gurluşyndan üzňe derňelmän, eýsem onuň tutuş sistemasy bilen berk baglanyşyklylykda öwrenilmelidir.

Dialektologiýanyň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy

Dialektologiýa taryh, arheologiýa, etnografiýa ýaly taryhy ylymlar bilen gös-göni baglanyşyklydyr. Türkmen dialektleriniň materiallary taryhçylar üçin gymmatly çeşme bolup hyzmat edip bilerler. Geçmişde türkmen taýpalarynyň nirelerde ýaşanyny, haýsy halklar bilen aragatnaşykda bolanyny bilmek üçin dialekt materiallaryna ýüzlenmek bolar. Türkmen dialektlerinde ugurçylyk jemgyýetiniň galyndylaryna hem duş gelinýär. Türkmen halkynyň taryhynyň irki döwürlerine degişli ýazuw ýadygärliklériniň doly saklanyp galmazlygy dialekt materiallarynyň gymmatyny has-da artdyrýar.

Dialektologiýa hem öz gezeginde taryh ylmyna daýanýar. Belli bolşy ýaly, diliň dürli dialektlere dargamagyny, olaryň territorial taýdan ýerleşişini, dialekt aýratynlyklaryň ýüze çykyşyny, goňşy halklaryň dilleriniň ýetiren täsirini, taryhy faktlary nazara alman çözmek mümkin däl. Şundan hem türkmen dialektlerini ülkämiziň taryhy bilen berk baglanyşykly öwrenmeli diýen netije çykýar.

Dialektologiýa ylmy taryhyň bir bölümi bolan arheologiýa bilen hem baglanyşyklydyr. Arheologiýa ýazuwdan has öňki döwürler barada hem düşünje berýär. Munuň özi öň şol ýerlerde haýsy halklaryň ýaşanyny, olaryň dilini, medeniýetini öwrenmäge mümkinçilik döredýär. Bir mysal. Galaýmor stansiýasynyň ýanynda ýörite gazuw geçiripdirler, şol ýerde uly galanyň, köşgüň bolandygy

anyklanypdyr. Şu fakt “Galaýmor” sözüniň etimologiýasy bilen hem gabat gelýär. halk etimologiýasyna görä, munuň asly “Gala-i-myr” sözünden bolup, “Garynja galasy” diýmekdir. Halkyň aýtmagyna görä, şol galany almakda garynjalar gatnaşypdyr. Elbetde, halk etimologiýasynyň dogry bolmazlygy hem mümkin. Emma, muňa garamazdan, şunuň “gala”, bilen baglanyşykdygyny arheologiýa hem tassyklaýar.

Dialektologiýanyň etnografiýa bilen arabaglanyşygy has-da güýçli. Muny dialekt hem etnografik aýratynlyklaryň köp babatda gabat gelmegi hem subut edýär. Bular bir-biriniň üstüni dolduryp, biri beýlekisine kömekçi bolýar. Bu ýagdaý şol ilatyň dilini, etnografiýasyny has çuňňur özleşdirmäge ýardam edýär.

Diliň taryhyny öwrenmekde dialektologiýanyň roly

Dialektologiýa ylmy diliň taryhyny öwrenmekde gymmatly çeşmedir. Belli bolşy ýaly, diliň taryhyny öwrenmekde, esasan, iki çeşmeden: dialektlerden we ýazuw ýadygärliklerinden peýdalanylýar.

Gynançly ýeri, türkmen diliniň taryhyna degişli ýazuw ýadygärlikleri asyl nusgasynda ýeterlik derejede saklanmandyr. Munuň üstesine hem, olaryň arap grafikasynda ýazylmagy fonetik maksatlar üçin peýdalanmaga doly mümkinçilik bermeýär. Şonuň üçin hem diliň ses sostawyny we ondaky bolýan üýtgeşmeleri öwrenmekde janly halk gepleşigi aýratyn ähmiýete eýedir.

Dialekt materiallary taryhy fonetikany, grammatikany öwrenmekde hem giňden peýdalanylýar. Mysal üçin, işligiň häzirki zaman formasynyň gelip çykyşyny derňemek üçin türkmen dialektleri örän baý material berýär. Hut şu material esasynda hem prof. A. P. Poseluýewskiý “-ýar, -ýär” häzirki zaman goşulmasynyň “ýörmek” işliginden emele gelendigini açdy[1].

Türkmen dialektlerinde käbir sözleriň gadymy bolşy saklanyp galypdyr. Mysal üçin, “äýnek” sözi saryk dialektinde “a:ýnek”

[1] А. П. Поцелуевский, К вопросу о происхождении формы настоящего времени в тюркских языках юго-западной группы, Ашхабад, 1948.

şekilinde ulanylýar. Şunuň asly arap dilindäki “aýn” sözünden bolup, “göz” diýmekdir. “A:ýnek” sözi fonetik özgerişlere sezewar bolup, edebi dilde “äýnek” şekilinde gelipdir.

Başga bir mysal, “gurçuk” sözüniň, şu durşuna seretseň, haýsy sözden emele gelenini bilmek kyn. Emma dialekt materiallaryna salgylansak, şunuň gadymy formasyna hem duş gelýäris. Saryk dialektinde şu söz “gъu:rtçykъ” görnüşinde ulanylýar. “Gurçuk” sözi “gurt” sözünden emele gelipdir. Şunlukda, bu söz aslynda “gurt-jyk”, ýagny “kiçijik gurt” manysynda ulanylypdyr. Soň “j” sesi “t” sesine assimilleşip, “ç” sesine öwrülipdir. Iki çekimsiziň arasyndaky “t” bolsa düşüp galypdyr. Muňa has aýdyň göz ýetirmek üçin şu düşünjäniň özbek dilinde we kyraç dialektinde aňladylyşyna üns bermek bolýar. Özbek dilinde şuňa derek “kurt”, kyraç dialektinde hem “kъurdakъ” sözleri ulanylýarlar. Şularyň hemmesi asyldaş bolup, “gurçuk” sözüniň “gurt” sözünden gelip çykanyny subut edýär. Çärjew gepleşiklerinde bolsa ýer gurçugyna hem “kurt” diýilýär. Häzirki zaman türkmen dilinde goýnuň ýarasyna düşýän möjege hem goýunlara daraýan möjege, ýagny “möjek” sözüniň sinionimine hem “gu:rt” diýlip aýdylýar. Şularyň hemmesiniň asly bir bolup, diňe soň bularyň manysy bölünişipdir.

Görnüşi ýaly, dialektologiýa türkmen diliniň taryhyna degişli köp meseleleri anyklamakda ynamdar çeşme bolup hyzmat edýär. Emma dialektologiýanyň ähmiýeti diňe munuň bilen çäklenmeýär.

Dialektleriň ýeterlik derejede öwrenilmegi edebi diliň praktiki meselelerini düzgüne salmakda hem ähmiýetlidir. Mysal üçin, 1936-njy ýylda geçirilen Türkmenistanyň Birinji lingwistik gurultaýynda türkmen diliniň orfigrafiýasyny düzgünleşdirmekde dialektologik materiallar uly ähmiýete eýe boldy.

Häzirki wagtda hem türkmen edebi diliniň orfografiýasyny, orfoepiyasyny, terminilogiýasyny kämilleşdirmekde, düşündirişli sözlük düzmekde, terjime işinde dialekt materiallarynyň ähmiýeti uludyr.

Dialektologiýanyň praktiki ähmiýeti

Mekdeplerde türkmen dilini okadýan mugallymlaryň dialektologiýany bilmeginiň örän uly praktiki ähmiýeti bar. Mälim bolşy ýaly, mekdep okuwçylary dialekt aýratynlyklardan aňsat saplanyp bilenoklar. Olar edebi dilde geplänlerinde hem ýazanlarynda, öz dialektlerine degişli örän köp ýalňyş goýberýärler. Şular ýaly ýalňyşlaryň sebäbini bilmän, olaryň öňüni alyp bolmaz.

Dialektologiýa ylmy halk döredijiligi, çeper edebiýat bilen hem ýakyndan baglanyşykly. Halk döredijiliginde hem ýerli gepleşik aýratynlyklary belli bir derejede şöhlelenýär. Halk döredijiliginiň, çeper edebiýatyň diline gowy düşünmek hem analiz bermek üçin dialektologiýa ylmy bilen tanyş bolmak zerur.

Ýazyjylar öz eserlerinde dialektizmlerden ussatlyk bilen peýdalanýarlar. B. Kerbabaýewiň, B. Seýtäkowyň, H. Deryaýewiň we beýleki ýazyjylaryň dilinde çeperçilik serişdesi hökmünde ulanylýan dialektizmleri näçe diýseň tapmak boljak. Mysal üçin, B. Seýtäkowyň "Doganlar" romanynyň birinji kitabynda bir çowdur bilen uşagyň özara gepleşigi bolşy ýaly berilýär: **Ýaman gazaply geledir-ow! – diýdi. Beýleki biri, oýny ýaňsy gören ýaly bolup, murtlary syh-syh ýüzüne siňe syn etdi-de.**

- Sen çowdur bolymyň? – diýip, uşak şiwesinde sorady.

- Hawa, uşak aga, men çowdur boladyryn – diýip, Çäşem gülüp jogap berdi. (sah. 127-128).

Bulardan **geledir-ow, boladyryn** çowdur dialektine, **bolymyň** hem uşak gepleşigine degişli aýratynlyk bolup, gahrymanlaryň dilini indiwiduallaşdyrmak üçin getirilipdir.

Dialektizmler ýazyjynyň öz dilinde hem ulanylyp bilner. Ýöne munuň özi edebi dili hapalaman, ony ösdürmelidir, baýlaşdyrmalydyr. Mysal üçin, B. Seýtäkowyň "Doganlar" romanynyň üçünji kitabynda **petik, gözara** sözleri ýerlikli ulanylypdyr: **Garaňkyda gözüni petige** (tamyň üsti) **dikip, çilim çekip ýatyşyna pikire gitdi** (sah. 205). **Ol Seýidi bir çete ýuwaşja iterip, gözaranyň** (garawulçylyk çekilende, seredilýän ýer) öňüni eýeledi (sah. 222).

Ý. Pirgulyýewiň “Jeýhun tolkunlary” (1962) atly liriki poemasynda hem edebi dili baýlaşdyrmaga hyzmat edýän dialektizmleriň, professional sözleriň köp ulanylýandygyny bellemek gerek. Meselem: **Hojaýgyr** – Amyderýanyň sag kenaryndaky gyryň ady (sah. 4), **şogap** – Amyderýanyň içindäki ada; **jaglak** – derýanyň zarply akýan ýerlerinde suwuň ýüzünde döreýän hokuran (sah. 5) **budar** – gaýypyň bir görnüşi; **teneçir** – gyz balyk diýilýär; **guwwas** – suwda ýüzüji, suwa çümüji (sah. 9); **gübser** – öküzjäniň ýa-da goç-tekäniň tulumlaýyn ýüzülen hamyndan ýasalýar. Içine el berip, ýagşy çişirmeli. Öňler derýadan gübser münüp hem ötüp-geçer ekenler (sah. 10); **ahyra (ahyr)** – ýaplaryň belent raýyşynyň orta bilinde laý zyňmak üçin edilýän çukur (sah. 35).

Şu hili sözleriň ýerlikli ulanylmagy edebi dile zyýan ýetirmän, gaýta, ony baýlaşdyrýar.

1. Dialektler we milli diller

Dialektler we milli diller taryhy kategoriýa bolup, olaryň döreýşi, ösüşi jemgyýetiň ösüşi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Hemme döwürlerde jemgyýetiň ösüşiniň bir bolmaýşy ýaly, umumyhalk dili bilen territorial dialektleriň özara gatnaşygy hem meňzeş däl. Jemgyýetiň ösüşiniň belli-belli döwürlerinde diliň bölünişmegi netijesinde köp sanly dialektler emele gelse, beýleki döwürlerinde dialekt aýratynlyklaryň kemelip, olaryň birleşmek, birigişmek tendensiýasy güýçlenýär. Ýöne jemgyýetiň ösüşiniň köp döwürlerinde şularyň ikisi hem dowam edýär.

Dil öz ösüşiniň hemme döwürlerinde umumyhalk häsiýetini saklap, jemgyýetiň ähli agzalaryna birden hyzmat edipdir. Territorial dialektler hem umumyhalk diliniň şahalary hökmünde aýry-aýry territoriýanyň ilaty üçin aragatnaşyk serişdesi bolup ulanylýarlar. Umumyhalk dili we territorial dialektler bir-birinden düýpgöter aýry zat däl. Bularyň ikisi hem şol bir diliň taryhy ösüş prosesiniň

önümidir[1].

Dialektleriň iki tarapy bolýar. Olaryň biri – dialektleriň hemmesini birleşdirýän umumy tarapy bolsa, ikinji aýratynlyklarydyr. Umumyhalk dili dialektleriň umumy tarapyny öz içine alýar. Dialektler bolsa hususy aýratynlyklary bilen ondan tapawutlanýarlar.

Diliň birligi we dialektlere bölünmegi onuň jemgyýetçilik roly bilen baglanyşyklydyr. Belli bolşy ýaly, haýsy-da bolsa bir jemgyýetçilik kollektiwiň içinde aragatnaşygyň gowşamagy bilen umumyhalk diliniň bölünişmegi netijesinde territorial dialektler ýüze çykýarlar.

Umumyhalk diline tabyn bolan dialektler diňe bir bölünişmek däl, eýsem goňşy dialekt wekilleriniň aragatnaşyk etmegi netijesinde belli bir derejede birigişmek prosesini hem başdan geçirýärler. Olaryň aslynyň birligi bolsa dialektlerde ugurdaş ýa meňzeş üýtgeşmeleriň ýüze çykmagyna alyp barýar[2].

Şuňa görä umumyhalk dili bilen territorial dialektleriň arasynda tapawut ol diýen uly bolmaýar. Bularyň arasyndaky ýüze çykýan tapawut, esasan, fonetik üýtgeşmelere, leksik we azrak morfologik aýratynlyklara syrygýar. Olaryň grammatik gurluşynda we esasy sözlük fondunda düýpli tapawut ýüze çykmaýar.

Dialektleriň umumy tarapy mydama olaryň hususy aýratynlyklaryndan agdyklyk edýär. Dialekt aýratynlyklar şol halkyň özara düşünmegine päsgel berip bilmeýär. Sebäbi diliň grammatik gurluşy we esasy sözlük fondy dialektleriň hemmesi üçin umumydyr.

Dialektleriň arasyndaky gatnaşyk uzak wagtlap gowşasa ýa düýpden kesilse, dialekt aýratynlyklar köpelip, umumy taraplary

[1] Р. И. Аванесов, Обенародный язык и местные диалекты. Изд. МГУ, 1954, сах. 13.

[2] В. М. Жирмунский, Немецкая диалектология. Изд. АНСССР, Москва – Ленинград, 1959, сах. 10

azalyp başlaýar. Şeýle bolanda, soňy bilen şol dialektleriň esasynda özbaşdak dilleriň hem döremegi mümkin.

Dialektleriň döreýşi urugçylyk jemgyýeti bilen baglanyşyklydyr. Urugçylyk jemgyýetinde adamlar uly bolmadyk aýry-aýry uruglara, taýpalara bölünip ýaşapdyrlar. Soňabaka taýpa bileleşikleri döräpdir. Her taýpa öz dialektinde gepläpdir. Taýpanyň ösüp, ulalyp bölünişmegi netijesinde täze taýpalar emele gelipdir. Bularyň dillerinde hem aýratynlyk ýüze çykyp, garyndaş taýpa dialektleri döräpdir. Şeýlelikde, urugçylyk jemgyýetinde dilleriň bölünişmek prosesi güýçli bolup, täze-täze dialektler ýüze çykypdyr. Emma garyndaş taýpalaryň birleşip, taýpa bileleşikleriniň emele gelmegi bilen, bularyň arasynda birigişmek prosesi hem dowam edipdir. Bu ýagdaý taýpa dialektleriniň arasynda umumylygyň ýüze çykmagyna sebäp bolupdyr.

Synpy jemgyýetiň ýüze çykmagy bilen döwlet döreýär. Täze-täze etnik, dil birleşmeleri emele gelýär. Taýpa bileleşikleri diňe bir garyndaşlyk prinsipinde düzülmän, garyndaş däl taýpalary, hatda çet dilli taýpalary hem özünde birleşdirýär.

Feodolizm eýýamynda taýpa-tire bölünişiginiň ýerine feodal hanlyklar, döwletler emele gelýärler. Indi hanlyklar taýpa-tire bölünişigi esasynda däl-de, ýer-suw bölünişigi esasynda düzülýärler. Bularyň düzümine belli bir taýpanyň wekilleri girmän, eýsem dürli taýpalaryň, halklaryň wekilleri hem gatnaşýarlar.

Feodalizm jemgyýetinde öňki taýpa dialektleriniň ýerine territorial dialektler emele gelýär. şunda taýpa dialektleriniň aýratynlyklary ýitip, olaryň hemmesi üçin umumy ýerli aýratynlyklar ýüze çykýarlar.

Türkmenler birnäçe taýpalara bölünipdir. Her taýpanyň öz dialekti bolupdyr. Olar oturymlylyga geçenlerinde hem, her taýpa özbaşdak territoriýany eýeläpdir. Diňe käbir ownuk taýpalaryň özbaşdak ýeri bolman, güýçli taýpalaryň içinde dagynyk ýaşapdyrlar.

Türkmen dialektleri, esasan, taýpa dilleri bilen meňzeş gelýär. Ýöne soňky döwürlerde türkmen taýpalarynyň oturymlylyga geçmegi

hem ýerleriň territorial toparlanyşyklaryň arasynda täzeden paýlaşylmagy netijesinde käbir ýerli aýratynlyklar hem ýüze çykyp ugrapdyr. Mysal üçin, XIX asyrda teke taýpasy eýýäm territorial toparlanyşyk esasynda mary we ahal tekelerine bölünipdir[1]. Şu bölünişigiň taýpa-tire bölünişigine laýyk gelmeýändigi bellidir. Çünki Murgap sebitinde we Ahalda ýaşaýan tekeleriň taýpa-tire düzümi meňzeşdir.

Mary hem ahal tekeleriniň ikisiniň hem bir taýpa bolmagyna garaman, ýüz-ýüz elli ýylyň içinde olaryň dillerinde käbir fonetik, leksik we morfologik aýratynlyklar ýüze çykypdyr.

Türkmenistanda taýpa dialektleri territorial dialektlere doly geçip bilmändir. Türkmen taýpalarynyň ýarym göçme-ýarym otutymly ýagdaýda güzeran görmegi, häli ol hanlygyň, häli beýleki hanlygyň goluna düşüp, bir-birinden üzňe ýaşamagy trritorial taýdan birleşmäge mümkinçilik bermändir. Şu dagynyklyk bolsa dialekt aýratynlyklaryň köpelmegine sebäp bolupdyr.

Dialekt aýratynlyklar iki hili ýol bilen emele gelýär:

1. Dialektleriň öz içki ösüş kanunlary esasynda meňzeş üýtgeşmeler ýüze çykýar.
2. Goňşy dilleriň täsiri netijesinde dialekt aýratynlyklar döreýär.

Dialektleriň özünde ýüze çykýan meňzeş ýa ugurdaş üýtgeşmeler şol diliň içki kanunlary bilen düşündirilýär. Türkmen dialektlerinde işligiň häzirki zamanynyň dürli hili aňladylyşy içki üýtgeşmä mysal bolup biler.

Dialektlere goňşy dilleriň, hatda öz bir-biriniň hem täsiri ýetýär. Şunuň netijesinde dialektlerde täze aýratynlyklar ýüze çykýar. Bu köplenç dialektleriň sözlük düzümine degişlidir. Şu hili aýratynlyklary Owganystan bilen araçäkleşýän saryk dialektinden, Özbegistan bilen goňşy ýerleşýän ärsary dialektiniň gündogar we demirgazyk gepleşiklerinde tapmak mümkin.

[1] История Туркменской ССР, том I книга вторая, Ашхабад 1957, сах. 14-15.

Şunlukda, feodalizm zamanynda öňki taýpa-tire aýratynlyklaryň üstbne ýerli aýratynlyklar ýüze çykyp, dialekt aýratynlyklar azalman, gaýta, çuňlaşypdyr, çylşyrymlaşypdyr.

Türkmen taýpalary giň territoriýada dagynyk ýaşan hem bolsalar, bularyň arasynda ykdysady, medeni, syýasy gatnaşyk bütinleý kesilmändir. Umumyhalk türkmen dili aragatnaşyk serişdesi hökmünde türkmen taýpalarynyň hemmesine birmeňzeş hyzmat edipdir. Başgaça bolmagy mümkin hem däl. Sebäbi diliň esasy hyzmaty özara düşünişmegi ýola goýmakdan ybaratdyr. Türkmen taýpalary syýasy, medeni we hojalyk taýdan bir-birleri bilen baglanyşykly bolupdyrlar. Şol baglanyşyk bolsa ýeke-täk umumyhalk dili arkaly amala aşyrylýar.

Umumyhalk türkmen dili ähli taýpalar üçin düşnükli. Muny türkmen dialektleriniň garyndaşlygy, gelip çykyşy taýdan asyldaşlygy bilen düşündirmek mümkin. Bularyň esasy süňňi, grammatik gurluşy hem sözlük fondy, içki ösüş kanunlary meňzeş. Umumyhalk dili ähli türkmen dialektlerini özünde birleşdirýär. Şu dil umumylygy şol halkyň medeni birliginiň hem esasy bolup durýar.

Magtymguly, Kemine, Seýdi, Zelili, Mollanepes ýaly klassyky şahyrlar haýsy dialektiň wekilidigine garaman, öz ölmez-ýitmez eserlerini umumyhalk türkmen dilinde döredipdirler. Şu eserler belli bir dialekt şertinde ulanylman, bütin Türkmenistan çäginde dilden-dile geçip aýdylypdyr.

Türkmenleriň tanymal bagşylary Körgojaly, Şükür bagşy, Nobat bagşy, Annaesen bagşy, Oraz Salyr, Garly bagşy we beýlekiler ýeke öz obalarynda däl, eýsem giň türkmen sährasynyň hemme ýerinde diňlenipdir.

Umumyhalk dil birligi bolmasa bir taýpanyň medeni mirasy beýlekä ýaýramazdy, halkyň birligi gowşardy. Ýöne şu birlik esasynda “hemme dialekt meňzeş, dialekt aýratynlyk ýok” diýen netije çykarmak bolmaz. Umumyhalk dil birligi şol bir wagtyň özünde dialekt aýratynlyklaryň köp dürlüligini hem aňladýar.

Dil umumylygy milletiň ýüze çykmagynda esasy şertleriň biridir. Ol gysga möhlet içinde birden emele gelmän, uzak döwürleriň dowamynda kemala gelýär. feodalçylyk jemgyýetçilik gatnyşyklarynyň gowşap, şäherleriň, senagat kärhanalarynyň, söwdanyň ösüp başlamagy netijesinde milli hereketler güýçlenip ugraýar. Öňki feodal dagynyklygy zerarly böleklere bölünen aýry-aýry welaýatlaryň arasynda ykdysady, syýasy, medeni gatnaşyklar giň gerim alýar. Ownuk feodal oblastlary iri döwletlere birleşip, olaryň arasynda gatnaşygy ýola goýmak üçin dil umumylygy emele gelýär.

Milli dil taýpa we halk dillerinden tapawutlanyp, bütin millete hyzmat edýär. Onuň ýokary formasy bolan edebi dil dialet dagynyklygyna garşy hereket edýär. Milli edebi diliň esasynda adatça haýsy-da bolsa territorial dialetleriň biri ýatýar. Ol edebi diliň ösmegi üçin daýanç bolýar. Edebi dil şonuň esasynda ösýär, rowaçlanýar. Beýleki dialektlerden hem käbir goşantlar goşulýar. Galanlary bolsa dialekt aýratynlygy hökmünde ýitip gidýärler. Şunlukda, edebi dil umumy milli medeniýetiň guraly hökmünde hyzmat edip, şol milletiň bitewiligini alamatlandyrýar. Onuň syýasy, medeni taýdan ösüşini ýola goýýar. Öň umumyhalk diline tabyn bolan dialektler milli diliň ýüze çykmagy bilen özboluşlylygyny ýitiryärler we milli diliň içinde kem-kemden eräp, ýok bolup gidýärler.

Synpy jemgyýetde ýurduň merkezi we çet ýerleri birden ösmeýär. Edebi dil, esasan, iri şäherlerde, senagat merkezlerinde ornaşyp, çet-gyraklara täsirini oňly ýetirip bilenok. Oba bilen şäheriň, akyl zähmeti bilen fiziki zähmetiň arasynda uly tapawut bar. Şular hem dialekt şertlerinde edebi diliň normalarynyň çuň ornaşmagyny bökdeýär.

Häzirki wagtda gülläp ösýän türkmen milli edebi dili tarapyndan dialekt aýratynlylar kem-kemden gysylyp çykarylýar we bütinleý ýok bolmaga tarap barýar.

Bütin türkmen milleti üçin aragatnaşyk serişdesi hökmünde milli edebi dil hyzmat edýär. Türkmen milli dili diýlende, muňa

edebi dil-de, könäniň galyndysy hökmünde dialektler-de girýär. Edebi dil – milli diliň ýokary formasy, söz ussatlary tarapyndan işlenen dil. Dialektler bolsa milli diliň pes formasy hökmünde kem-kemden ulanylyşdan galýarlar.

Adatça milli edebi diliň esasynda öňde baryjy bir dialekt ýatýar.

Türkmen edebi diliniň esasynda haýsy dialektiň ýatýandygy baradaky mesele köpden bäri adamlaryň ünsüni çekip geldi.

Munuň özi, elbetde, türkmen diliniň gadymlygy, dürli taryhy döwürlerde dürli dialektleriň esas bolandygy türkmen dialektleriniň ýeterli derejede öwrenilmändigi bilen baglanyşyklydyr.

Şeýlelik bilen, bu mesele tä soňky wagtlara çenli doly anyklanman geldi.

Edebi dil sözlük düzüminiň baýlygy, köptaparlylygy, grammatik gurluşynyň kämilligi, orfoepik we orfografik normalarynyň işlenendigi, bütin millet üçin düşnüklidi bilen her bir dialektden artykmaçlyk edýär. Ol döwlet dilidir. Ähli döwlet edaralarynda edebi dilde sözlenilýär. Radioda, telewideniýede we beýleki medeni ojaklarda edebi dilde geplenilýär. Mekdeplerde okuw-terbiýeçilik işleri edebi dilde alnyp barylmagyndan başga-da, milli dil ýörite sapak hökmünde okadylýar. Gazet-žurnallar, kitaplar edebi dilde çykarylýar. Bular edebi diliň normalarynyň giň halk köpçüliginiň arasynda çuň ornaşmagyna we dialekt aýratynlyklarynyň azalmagyna ýardam edýärler.

3. Türkmen dili we beýleki türki diller

Mälim bolşy ýaly, türkmen dili türki diller toparyna girýär. Bularyň asly çykyşy, ösüşi umumydyr. Şonuň üçin hem olaryň sözlük fondunda we grammatik gurluşynda köp sanly umumylyklaryň, meňzeşlikleriň barlygy tebigydyr. Emma şunuň bilen birlikde, türki dilleriň her biriniň özboluşly aýratynlyklary hem bar. Bu aýratynlyklar olaryň ses sostawynda, sözlük fondunda we grammatik gurluşynda ýüze çykýar. Mysal üçin, **baş** sözi türkmen, azerbaýjan, türk, gyrgyz, gumuk, tatar, uýgur dillerinde **baş**, gazak, garagalpak, nogaý, ýakut dillerinde **bas**, özbek dilinde **boş**, şor

dilinde **paş,** hakas dilinde **pas**, çuwaş dilinde **pus** ýaly aýdylýar. Görnüşi ýaly, **baş** sözi türki dilleriň hemmesi üçin umumy bolup, diňe fonetik taýdan formalanyşy bilen tapawutlanýar. Türkmen dilindäki **-lar** köplük goşulmasynyň ulanylyşy hem çunuň ýalydyr. Meselem: türkmen, azerbaýjan, türk, gumuk, garagalpak, nogaý, tatar dillerinde **atlar**, gazak, gyrgyz, altaý, başgyrt, tüwi, hakas, şor, ýakut dillerinde **attar**, özbek dilinde **otlar**, çuwaş dilinde **utsem**. Şu mysallaryň hemmesinde köplük düşünjesi şol bir goşulmanyň üsti bilen aňladylyp, diňe fonetik özgerişlere sezewar bolandygy bilen häsiýetlenýär.

Türkmen diliniň formirlenmegi, N. A. Baskakowyň pikirine görä, esasan, VIII-XI asyrlara degişli bolup, günbatar oguz taýpalarynyň arasynda emele gelipdir [1]. Şunlukda, türkmen dili günbatar oguz diller toparyna giryär. N. A. Baskakow oguz dillerini gypjak dilleri bilen deňeşdirip, aşakdaky ýaly häsiýetli aýratynlyklary belleýär:

1) fonetik gurluşy boýunça: a) sekiz sany gysga çekimli fonemanyň bolmagy; b) **ýapyk** ýerine **ýapuk** ýaly goşulmalarda dar dodak çekimlileriň gelmegi; ç) **beg, dagъ** ýaly sözleriň soňunda **g** we **gъ** sesleriniň saklanyp, käbir goşulmalarda düşündirilmegi: **kälgän – gälän, algъan – alan**; d) başky **t, k** çekimsizleriniň aşyklaşmagy: **kör – gör, til – dil;** e) **ol** sözünde başky **b/p** sesiniň düşüp galmagy **bol-, pal-, pul-** ýerine; g) käbir sözlerde dar çekimlilerden öň we soň **ý** sesiniň düşürilip ulanylmagy: **ýyr – ir (aýdym) ýit – it.**
2) grammatik gurluşynda: a) eýelik hem ýeňiş düşümleriň **-nyň/-niň, -ny/-ni** doly formasy bilen bir hatarda, olaryň **yň/-iň, -yn/-in** we **i** gysgalan formalarynyň ulanylmagy; b) çekimsizden soň, mysal üçin, **adama** diýende, ýöneliş düşümiň gysgalan görnüşiniň getirilmegi; ç) köplük sanyň 1-nji ýöňkemesiniň gysgaldylyp aýdylmagy: **bärärmiz – bäräris**; d) **-gu-gu** isleg formasyna derek **-asy/-esi** goşulmasynyň ulanylmagy: **kälgü-käläsi**; e) hökmanlyk formasynyň **-maly/-mäli**

[1] Н. А. Баскаков. Тюркские языки, Москва, 1960, сах. 98.

bilen aňladylmagy; g) **-gan/-gen** gypjak formasyna derek ortak işligiň **-myş/-miş** formasynyň ulanylmagy.

3) bularyň esasy sözlük fonduny deňeşdirende, gypjak dillerindäki **burun, böri, kol, maňlaý, iýt, başka/baska, üý, esik/eşik, jaksy/ýagşy** sözlerine derek oguz dillerinde **ilgeri, kurt, el, alyn, köpäk, özgä, ew, kapu, iýgi, eýi** sözleriniň ulanylmagy[1].

Bu aýratynlyklar oguz dilleriniň hemmesine degişli bolup, olary bulgar, gypjak we garlyk dillerinden tapawutlandyrmaga hyzmat edýärler. Emma şunuň bilen birlikde, oguz dillerine girýän toparlaryň hem her biriniň özüne mahsus aýratynlyklary bar. Mysal üçin, oguz-türkmen topary oguz-seljuk toparyndan birnäçe aýratynlyklar bilen tapawutlanýar.

1) Fonetik gurluşynda: a) türkmen dilinde dişara "s/z" sesleriniň bolmagy; b) türkmen dilinde **b** sesiniň **ber-wer**; ç) ilkinji uzynlygyň saklanmagy; d) dodak sazlaşygynyň giň çekimlilere ýaýramagy; e) türk dilindäki **ol** – ýerine **bol-/ol-** görnüşde ulanylmagy; g) at çalyşmalarynyň başynda **b** ýerine **m** sesiniň ulanylmagy: **ben-men**; h) sözüň başynda dymyk **k** derek zarply açyk **g** sesiniň bolmagy: **kyz-gyýz**;
2) grammatik gurluşynda: a) türk dilindäki **-dyk/-dik** we **-myş/-miş** formasyn derek öten zaman ortak işligiň **-an/en (-gan/-gen)** formasynyň aktiwleşmegi; b) türkmen diliniň dialektlerinde geljek zaman ortak işligiň **-mar/-mer** we **-maz/-mez** goşulmalarynyň parallal görnüşde ulanylmagy; ç) häzirki zaman formasynyň **-ýar** görnüşinde ulanylmagy: **gelýor-gelýar (gelýär);** d) **-jak/-jek** geljek zaman ortak işliginde **a** sesiniň ýitmegi: **werejek-berjek**; e) çekimlä gutaran sözlerde hal işlik goşulmasyndaky **ý** sesiniň düşüp galmagy: **okuýup-okup** (okap), **wermeýip-bermep** (bermän)[2].

Görnüşi ýaly, türkmen dili günbatar oguz diller toparyna girýän hem bolsa, gündogar dillerine, hususan-da gypjak diller toparyna

[1] Н. А. Баскаков. Тюркские языки, Москва, 1960, сах. 117-118.

[2] Şol ýerde, сах. 119-120.

degişli köp aýratynlyklary özünde saklapdyr. Gypjak dilleriniň häsiýetli aýratynlyklaryna, öňde oguz dilleri bilen deňeşdirilenlerden başga-da, fonetik gurluşy boýunça şu aşakdakylar degişlidir: a) dokuz çekimli bolup, şolardan **y, i, u, ü** dar çekimlileriň özboluşly häsiýetde aýdylmagy; b) çekimlileriň dodak sazlaşygynyň gowşak bolup, onuň hem diňe dar çekimlilerde saklanmagy; ç) uzyn çekimlileriň bolmazlygy; d) çekimli hem **gъ/g** seslerinde ybarat bolan gadymy ses birikmelerine täze ses birikmeleriniň gabat gelmegi**: ar-ав; eg>iý:ög>üý;** meselem: **tag>taw, teg>tiý, ögren>üýren;** e) sözüň başynda **p** ýerine aşyk **b (palta>balta),** emma **d, g** ýerine dymyk **t, k (dil>til. Gel>kel)** we **bän** ýerine **män** ulanylmagy; g) başky orunlarda **ý-ž-j** sesleriniň durnuksyzlygy); h) **p>b, kъ/k>gъ/g** görnüşinde açyklaşmagy ýa-da **p>b we kъ/k>gъ/g** şekilinde iki çekimliniň aralygynda süýkeşlenmegi, şeýle hem zarply çekimsizlerde öň **k>h** ýaly süýkeş sese geçmegi we ş.m.[1]

Gypjak dillerine degişli şu hili aýratynlyklar türkmen dialektleriniň hem birnäçesinde duş gelýärler. Türkmen dili bilen beýleki türki dilleriň özara gatnaşygy entek ýeterlik öwrenilmäni üçin, häzirlikçe şu aýdylanlar bilen çeklenmeli bolduk.

TÜRKMEN DILINIŇ DIALEKTLERI WE GEPLEŞIKLERI

Türkmen dialektleriniň öwrenilişi

Türkmen dialektleriniň öwrenilişi esasan, XIX asyryň ortalaryndan başlanýar[2].

1845-1848-nji ýyllarda prof. I. N. Berezin [3] Astrabatdaky türkmenleriň diline degişli makalalaryny çapdan çykarýar. Ol Astrabatda bolanda, şol ýerli türkmenleriň dili bilen tanyş bolupdyr.

[1] Н. А. Баскаков. Тюркские языки, Москва, 1960, сах. 114.

[2] А. П. Поцелуевский, Диалект туркменского языка, Ашхабад, 1936, сах. 12.

[3] И. Н. Березин, Извлечение из годичного отчета. ЖМНП, ч. 14 отд. IV, Спб. 1845. “Recherches sur les dialects musulmans” 1, Казань, 1848.

Ýöne I. N. Berezinň ýörite lingwistik taýýarlygynyň bolmany üçin, onuň toplan materriallary düýpli kemçiliklerden halas däl[1].

N. I. Ilminskiý hem ýomut we esenili gepleşikleri bilen tanyş bolup, şolara degişli köp material toplapdyr. Onuň toplan gymmatly maglumatlary 1859-njy ýylda akademik A. Şifnere ýazan hatynda berilýär[2].

Türkmenistan Russiýa birigenden soň, praktiki häsiýetli gollanmalar çykyp ugraýar. 1893-nji ýylda Aşgabatda Dranowskiý we onuň ýoldaşlary tarapyndan "Руководство для обучения туркмен русскому языку" diýen iş çykarylýar. Munda esasy maksat – rus dilini türkmenlere öwretmek bolsa-da, rus sözleriniň, tekstleriniň gapdalyndan türkmençesi hem berlipdir.

Bu işde rus ýa türkmen diliniň fonetik-morfologik aýratynlyklaryny bermek göz öňünde tutulmandyr. Onsoňam, türkmençe bölegi janly gepleşigiň sintaktik gurluşyndan uzak bolup, rus dilinden ýasama terjime edilipdir.

1899-njy ýylda Aşgabatda P. Şimkewiç tarapyndan düzülen "Практическое руководство для ознакомления с наречием туркмен Закаспийской области" diýen gollanma çykýar. Munuň ahyrynda rusça-türkmençe we türkmençe-rusça sözlük ýerleşdirilýär.

1904-njji ýylda S. Agabekowyň "Учебник туркменского наречия с приложением сборника пословиц и поговорок туркмен Закаспийской области" 1913-nji ýylda I. A. Belýaýewiň "Русско-туркменский словарь" we 1915-nji ýylda şonuň "Грамматика туркменского языка" diýen işleri Aşgabatda çap edilýär.

Bu işleriň esasy kemçiligi janly halk dilinden daş bolup, emeli grammatik shemalardan çykyp bilmänligidir. I. A. Belýaýewiň

[1] А. П. Поцелуевский, Диалект туркменского языка, Ашхабад, 1936, сах. 12-13.

[2] Н. И. Ильминский. "Über die Sprache der Turkmenen". "Melanges Aslatiques", T. W. 1860. сах. 63-74.

grammatikasynyň uly bir artykmaçlygy onuň ýeke ahal teke gepleşigi bilen çäklenmegidir[1].

Akademik A. N. Samoýlowiçiň hyzmatlaryny bellemän geçmek bolmaz. Ol Orta Aziýa üç gezek (1902, 1906 – 1907 we 1908 ý.ý.) syýahat edip, türkmen dialektleri bilen içgin tanyşýar, türkmen edebiýatyna we folkloryna degişli baý material toplaýar.

1912-nji ýylda A. N. Samoýlowiç stawropol türkmenleriniň dilini öwrenýär. Onuň "Наречия ногайцев и туркменов Ставропольской губернии"[2], "Среди ставропольских туркменов и ногайцев и у крымских татар" diýen işleri şoňa bagyşlanypdyr.

A. N. Samoýlowiçden öň stawropol türkmenleriniň dilini A. Wolodin öwrenipdir. Onuň "Из туркменской народной поэзии" diýen folklor nusgalaryny, dili barada "Трухменская степь и трухмены" diýen işlerini görkezmek bolar[3].

Akademik F. Ý. Korş "Происхождение формы настоящего времени в западно-турецких языках"[4] diýen makalasynda işligiň häzirki zaman formasynyň gelip çykyşyny düşündirmekçi bolanda, türkmen dialektlerine degişli käbir farktlardan hem peýdalanypdyr. Ýöne onuň özi dialektleri gönüden-göni öwrenmänsoň, käbir faktlary nädogry beripdir. Mysal üçin, "-ýo:r" goşulmasyny salyr dialektine degişli edip alypdyr. Emma onuň ärsary dialektinde ulanylýandygy jedelsizdir[5].

Ýörite türkmen dialektlerini öwrenmek bilen 1926-njy ýyldan Türkmenistanyň Halk magaryf komissarlygynyň Döwlet alymlar Sowetiniň milli medeniýet sektory, 1928-nji ýyldan Türkmen medeniýeti institutynyň dil we edebiýat seksiýasy meşgullanýar. 1932-nji ýylda munuň ýerine Türkmen ylmy-barlag instituty

[1] А. П. Поцелуевский, Диалект туркменского языка, Ашхабад, 1936, сах. 15.

[2] Записки Восточного отд. Имп. русск. арх. Общества, т. 21, Спб., 1913.

[3] Сборник материалов для описания местностей и племени Кавказа, вып. 38, Тифлис, 1908.

[4] "Древности восточные", т. III, вып. 1, Москва, 1907.

[5] А. П. Поцелуевский, Диалект туркменского языка, Ашхабад, 1936, сах. 16.

döredilýär. Bularyň esasy wezipesi has iri türkmen dialektleriniň dil aýratynlyklaryny öwrenmek bolýar. Telim gezek etnologiýa-lingwistik ekspedisiýalar guralýar[1]. 1927-nji ýylda ýomut we gökleň dialektlerini öwrenmek üçin Krasnowodsk, Esenguly, Garrygala etraplaryna, 1928-nji ýylda änew dialektini öwrenmek maksady bilen Änewiň Manyş obasyna ekspedisiýalar iberilýär.

1929-njy ýylda Amyderýa ýakasynda ýaşaýan ärsarylaryň, 1930-njy ýylda mary tekeleriniň, saryklaryň, salyrlaryň dilini öwrenmek üçin ýörite ekspedisiýalar guralýar.

Şunuň ýaly ekspedisiýalar 1930-1931-nji ýylyň gyşynda Nohur obasyna, 1931-nji ýylda Garrygala etrabyna hem barýar.

1932-nji ýylda bolsa türkmen zähmetkeşleriniň diliniň ösüş tendensiýasyny anyklamak maksady bilen ýörite Baýramala gelýärler.

Şunlukda, 1927-1932-nji ýyllaryň içinde jemi ýedi gezek ekspedisiýa guralyp, türkmen dialektlerine degişli baý material toplanýar. Dialektleriň häsiýetli aýratynlyklaryny öwrenmekde bu geçirilen ekspedisiýalaryň hyzmaty uludyr.

Türkmen dialektlerini öwrenmek işinde Russiýa Ylymlar akademiýasynyň beren doganlyk kömegi ýörite bellenmäge mynasypdyr. Mälim bolşy ýaly, 1927-nj ýylda akademik A. N.Samoýlowiçi Türkmenistana iberýärler. Ol Türkmenistanda bolanda, edebi ýadygärliklerden, halk döredijiliginden başga-da salyrlaryň, mary tekeleriniň, saryklaryň gepleşiklerine degişli dialektologik materillary ýygnaýar. Ol 1930-njy ýylda türkmen dilçileriniň Birinji ylmy konferensiýasynyň işine gatnaşýar.

Şol ýylda prof. N. K. Dmitriýewiň ýolbaşçylygynda öňki SSSR YA-nyň ekspedisiýasynyň lingwistik-folklor topary Türkmenistana gelýär. Olar Mary etrabynda bolup, ylmy işgärler O.I.Şaskaýanyň we N.F.Lebedowyň gatnaşmagynda N.K.Dmitriýewiň ýörite taýýarlan programmasy esasynda mary tekeleriniň diline hem folkloryna

[1] Şol ýerde, cax. 17.

degişli gymmatly material toplaýarlar. Şunuň özi ylmy-dialektologik ýazgylaryň ilkinji tejribesidir. Munda folklor materialynyň esasynda dialekt ýazylyp alynýar. Bu usulyň gowy tarapy – sözleýän adam öz diliniň öwrenilýändigini bilmeýär. Şu usul bilen işlenende, dialektologik materiallary üzlem-saplap däl-de, baglanyşykly, yzygiderli, tebigy bolşunda ýazyp almaga mümkinçilik bolýar. Galyberse-de, şu hili materiallaryň halk döredijiligini öwrenmek üçin hem peýdalanyp bilinjekdigi düşnüklidir.

N.K.Dmitriýewiň ýolbaşçylygynda geçirilen ekspedisiýanyň materiallary has dolurak görnüşinde 1954-nji ýylda Türkmenistanyň YA-synyň Dil we edebiýat instituty tarapyndan "Туркменские народные сказки Марыйского района" diýen at bilen çapdan çykaryldy. Munda mary tekeleriniň diline degişli toplanan halk rowaýatlary, ertekileri fonetik transkripsiýada berlipdir. Işde olaryň rusça terjimesi hem ýerleşdirilipdir. Kitapda N.K.Dmitriýewiň "Язык туркменских сказок Марыйского района"[1] diýen uly makalasy hem bar. Bu makalada beýleki türkmen dialektleri birinji nobatda hem ahal gepleşigi bilen deňeşdirilmek arkaly mary gepleşiginiň esasy aýratynlyklary görkezilipdir.

Bu işde aýry-aýry faktlaryň derňelişinde nätakyklara hem ýol berlipdir[2]. Mysal üçin, **bişmek, buz** sözlerindäki **b** sesiniň dymyk **p** sesine öwrülişi[3], **şäher, zäher** sözlerinden **ä** sesiniň **e** sesine geçmegi[4] **kabullamak**[5] ýaly ýasama formanyň ulanylmagy mary gepleşigine häsiýetli däl. Ähtimal, bu meselelerde Mary raýonynda

[1] Туркменские народные сказки Марыйского района, Москва – Ленинград, 1954, сах. 28-63.

[2] M. Atajanow, Türkmen dialektleriniň öwrenilişiniň taryhyndan gysgaça maglumat, Aşgabat, 1958, sah. 7-9.

[3] Туркменские народные сказки Марыйского района, Москва – Ленинград, 1954, сах. 32.

[4] Туркменские народные сказки Марыйского района, Москва – Ленинград, 1954, sah. 39-40.

[5] Şol ýerde, sah. 52.

ýaşaýan ilatyň territorial, sosial we taýpa-tire bölünişiginiň we şol döwürdäki dowam eden orfografiýanyň täsir eden bolmagy mümkin. Sebäbi Mary etrabynda diňe tekeler ýaşaman, burkaz, müjewür, ata ýaly dürli entik toparlara hem duş gelinýär. Bularyň dilinde käbir fonetik, leksik, grammatik aýratynlyklaryň barlygy bellidir. Ýokarky "**bişmek\\ pişmek, buz \\ puz, şäher** \\ şeher, zäher \\ **zeher**" ýaly mysallaryň hem şol toparlaryň dilinden alnan bolmagy mümkin. **Kabullamak** bolsa şol döwrüň orfografiýasynyň gönüden-göni täsiridir. Belli bolşy ýaly, 1030-njy ýylyň Birinji lingwistik konferensiýasynda **habar etmek** ýerine **habarlaşmak, mälim etmek** ýerine **mälimlemek** ýaly, kömekçi işlikleriň terjimede ulanylmazlygy karar edilipdir[1]. Şular ýaly käbir ownuk ýetmezçilikleri hasaba almasaň, bu iş 1930-njy ýylda degişli geçirilen dialektologik ýazgylaryň dokumentleşdirilen ilkinji tejribesi bolup, türkmen dialektleriniň taryhyny öwrenmekde aýratyn ähmiýete eýedir. Bu ýygyndy, dialektologik ýazgylaryň ajaýyp nusgasy bolmak bilen, diňe mary gepleşigi boýunça däl, eýsem umuman, türkmen dialektlerini öwrenmek boýunça ýem ýol görkeziji gollanma bolup hyzmat edýär.

1935-1936-njy ýyllarda türkmenleriň öňdebaryjy işçileriniň, kolhozçylarynyň sözleýiş dilini hemmetaraplaýyn öwrenmek maksady bilen Bütinsoýuz täze elipbiý merkezi komiteti Täze türkmen elibiýiniň merkezi komiteti bilen birlikde uly ekspedisiýa guraýar[2]. Muňa BTEMK-nyň ylmy işgäri M.I.Bogdanowa ýolbaşçylyk edýär. Bu ekspedisiýa Aşgabadyň iri senagat kärhanalarynda bolup, sözleýiş diline degişli köp material toplaýar. Munuň beýleki bölegi prof. S.E.Malowyň ýolbaşçylygynda

[1] Постановление ITуркменской научной конференции по литературному языку, терминологии и орфографии, Ашхабад, 1930, сах, 5.

[2] А. П. Поцелуевский, Диалект туркменского языка, Ашхабад, 1936, сах. 17-18.

Türkmenistanyň esasy etraplarynda bolup, oba ilatynyň dilini öwrenýär.

Türkmen diliniň teoretiki we praktiki meselelerini işlemekde, ýerli kadrlary taýýarlap ýetişdirmekde A.P.Posuleýewskiniň (1894-1948) uly hyzmatlar bitirendigini bellemek gerek[1]. Ol türkmen dilini we onuň dialektlerini ylmy taýdan öwrenmegiň fundamentini goýýar[2].

A.P.Poseluýewskiý 1927-1932-nji ýyllarda geçirilen etnologiýa-lingwistik ekspedisiýalaryň işine ýolbaşçylyk edip, türkmen dialketlerine degişli baý material ýygnaýar. Onuň 1936-njy ýylda çykan "Диалекты туркменского языка" diýen işi şol materiallaryň esasynda ýazylýar. Bu türkmen dialketlerini öwrenmek boýunça ilkinji jemleýji işdir[3]. Munda dialekt aýratynlyklaryň umumy harakteristikasy berilýär[4]. Bu işde türkmen diliniň häsiýetli aýratynlyklary barada söz açylyp, onuň türki dilleriň arasynda tutýan orny aýdyňlaşdyrylýar. Soňra türkmen diliniň we onuň dialketleriniň öwrenilişi barada gysgarak durlup geçilýär. Işiň soňky bölümlerinde türkmen dialketleriniň ses sostawy, sesleriň assimilleşmek we düşüp galmak häsiýetleri, düşümler, işlikleriň üýtgeýişleri, sözleriň formasynyň ösüş tendensiýasy yzarlanýar.

Işiň has ähmiýetli bölümlerden biri hökmünde ses sostawynyň derňelýän bölümini almak bolar. Bu bölümde birinji bolup, A. P. Poseluýewskiý türkmen diliniň we onuň dialektleriniň ses sostawyny inçeligi bilen yzarlaýar, olaryň akustik, fiziologik aýratynlyklary dialekt materiallarynyň deňeşdirilmegi arkaly giňden düşündirilýär.

---

[1] M. Hamzaýew, Türkmen sowet dil biliminiň ösüş ýoly, TSSR YA-nyň Dil we edebiýat institutynyň işleri, II goýberiliş, Aşgabat, 1957, sah. 9.

[2] Н. А. Баскаков, К истории изучения туркменского языка, Ашхабад, 1965, сах. 4-5.

[3] Е. И. Убрятова, Изучения диалектов тюркских языков. Вопросы диалектологии тюркских языков, т. П. Баку, 1960, сах. 15.

[4] Н. К. Дмитриев, Предисловие, Туркменские народные сказки Марыйского района, Москва – Ленинград, 1954, сах. 4.

Işde çekimlileriň gysga-uzyn aýdylmak häsiýeti, **s, z** sesleriň dialektlerde iki hili aýdylýyşy, **ý, f, w** ýaly aýry-aýry sesleriň artikulýasiýasynyň örän inçeden yzarlanmagy, seslerde ýüze çykýan fonetik üýtgeşmeleriň lingwistik taýdan dogry düşündirilmegi şu bölümiň ähmiýetini has hem artdyrýar.

Dialektleriň morfologik aýratynlyklary gysgarak berlen hem bolsa, umuman alanyňda, türkmen dialektleriniň häsiýetli aýratynlyklary: düşümler, işlik zamanlary gowy yzarlanypdyr.

A.P. Poseluýewskiniň bu işinde käbir kemçilikleriň duş gelýändigini hem aýtmak gerek. Ol, esasan, dialekt wekilleriniň geografik taýdan ýerleşişiniň we aýry-aýry dil hadysalarynyň dialektlerde ýaýraýşynyň dogry görkezilmänliginden ybaratdyr [1]. Mysal üçin, onuň salyr dialektiniň wekilleriniň Sarags etrabyndan başga-da, Çärjewiň demirgazygynda ýerleşýändigi, [2] beýleki dialektlere garanda assimilýasiýanyň ýomut dialektinde gowşaklygy,[3] **alma:na, gelmä:ne** formasynyň ýomut, teke dialektlerine häsiýetli däldigi[4] baradaky pikirleri bilen ylalaşmak mümkin däl.

Mälim bolşy ýaly, salyr dialektiniň wekillerine Çärjewiň demirgazygynda däl-de, günortasynda, Kerki topar etraplarynda duş gelinýär. Assimilýasiýa we **alma:na, gelmä:ne** ýaly formalary diňe haýsy-da bolsa bir ýa birnäçe dialekte häsiýetli edip görkezmek, olary doly öwrenmän, bir dialektde güýçli, beýlekide pes diýip netije çykarmak dogry däl. Bu, elbetde, hemme dialektleriň şol döwürde birmeňzeş ýeterlik derejede öwrenilmýndigi zerarly ýüze çykandyr diýip düşünmek gerek. Soňky ýyllarda aýry-aýry dialektleriň ýörite derňelmegi netijesinde hadysalarynyň dialektlerde neneňsi

[1] J. Amansaryýew, Türkmen diliniň ýomut şiwesiniň demirgazyk gepleşikleri. Dissertasiýa. Aşgabat, 1954, sah. 67, 145-148.

M. Atajanow, Türkmen dialektleriniň öwrenilişiniň taryhyndan gysgaça maglumat, Aşgabat, 1958, sah. 13.

[2] А. П. Поцелуевский, Диалект туркменского языка, Ашхабад, 1936, сах. 29.

[3] Şol ýerde, sah. 45.

[4] Şol ýerde, sah. 30.

ulanylýandygyny bilmäge mümkinçilik berdi. Ýöne entek hem dil hadysalarynyň dialektlerde neneňsi ýaýrandygyny doly görkezmek kyn. Munuň üçin türkmen dialektleriniň deňeşdirilmegi we olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ýüze çykarylmagy zerur.

1943-nji ýylda A. P. Poseluýewskiniň şu işi esasynda "Türkmen dili we onuň şiweleri" diýen gollanma taýýarlanyp, steklografik ýazgyda türkmen dilinde çykarylýar.

Türkmen dialektleriniň köp böleginiň Beýik Watançylyk urşundan soňky döwürde öwrenilendigini aýtmak gerek. 1945-1954-nji ýyllarda TSSR Ylymlar akademiýasynyň Dil we edebiýat instituty tarapyndan türkmen dialektlerini giňden öwrenmek maksady bilen birnäçe gezek ekspedisiýa guraldy[1].

Şeýle işleriň ilkinjisi 1949-njy ýylda H. A. Maşakow tarapyndan goralan çowdur dialekti baradaki işdir[2].

Şol ýylda Stawropol türkmenleriniň diline degişli N. A. Baskakowyň "Об особенностях говора северо-кавказких туркменов (трухменов)[3]" diýen oçerki çykýar.

1950-nji ýylda N. Durdumyradow[4] alili dialektine degişli iş ýazýar. Ondan bir ýyl soň, 1951-nji ýylda Garagalpagystan ASSR-niň Dörtgül etrabynda ýaşaýan türkmenleriň diline degişli ilkinji maglumatlar we uly bolmadyk tekstleriň ýazgylary N. A. Baskakow[5] tarapyndan çap edilýär.

---

[1] M. Hamzaýew, Türkmen sowet dil biliminiň ösüş ýoly, TSSR YA-nyň Dil we edebiýat institutynyň işleri, II goýberiliş, Aşgabat, 1957, sah. 25.

[2] Х. А. Машаков, Човдурский диалект туркменского языка. Автореферат, Ашхабад, 1949.

[3] Языки Северного Кавказа и Дагестана, вып. 2,Москва – Ленинград, 1949.

[4] Н. Дурдымурадов. Диалект алили туркменского языка. Автореферат, Ашхабад, 1950.

[5] Н. А. Баскаков, Каракалпакский язык, т. 1 (Материалы по диалектологии), Москва, 1951, сах. 283-286, 302-306.

1954-nji ýylda J. Amansaryýew[1] ýomut dialektiniň demirgazyk gepleşiklerinden kandidatlyk dissertasiýasyny gorady.

Bu işler aýry-aýry türkmen dialektlerine degişli ýazylan ilkinji monografiýalar bolmak bilen, türkmen dialektleriniň öwrenilişiniň taryhynda ýörite bellenmäge mynasypdyr. Bu monografiýalar aýratynlykda alnan türkmen dialektlerini hem gepleşiklerini ýazyp görkezmek boýunça ilkinji synanyşyklar bolmagyna garamazdan, teoretiki hem praktiki taýdan gürrüňsiz, uly ähmiýete eýedir.

Türkmen dialektlerini monografiýa görnüşinde öwrenmek soňky ýyllarda giň gerim aldy. Bularda öňki ýyllarda goýberlen kemçilikler hasaba alnyp, dialektler, mümkin bodugyça, yzygiderli ýazylyp görkezilýär.

Diňe 1959-1960-njy ýyllarda türkmen diliniň salyr[2], nohur[3], saryk[4], gökleň[5] dialektlerine, ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerine[6] degişli ylmy işler gorlady.

Dialektleri öwrenmek Türkmenistanyň çäginden daşa çykyp, 1959-njy ýylda Stawropol[7], 1962-nji ýylda hem Garagalpagystan

[1] Дж. Амансарыев, Северные говоры ёмудского диалекта туркменского языка. Автореферат, Ашхабад, 1954.

[2] М. Атаджанов, Салырский диалект туркменского языка. Автореферат, Ашхабад, 1959.

[3] Х. Мухыев, Нохурский диалект туркменского языка. Автореферат, Ашхабад, 1959.

[4] Н. Нартыев, Сарыкский диалект туркменского языка. Автореферат, Ашхабад, 1960.

[5] Г. Кулманов, Геокленский диалект туркменского языка. Автореферат, Ашхабад, 1960.

[6] К. Шамурадов, Западные говоры ёмудского диалекта туркменского языка. Автореферат, Ашхабад, 1960.

[7] С. Курсанов, Особенности туркменского говора Северного Кавказа (Ставронолья), Автореферат, Ашхабад, 1959.

ASSR-niň Dörtgül etrabyndaky türkmenleriň gepleşikleri[1] ýazylyp alyndy.

Dialektleri ekspedisiýa arkaly öwrenmek işi soňky ýyllarda hem dowam etdirilýär. Türkmenistanyň YA-nyň Dil we edebiýat institutynyň dialektologiýa sektorynyň işgärleri tarapyndan ärsary dialekti öwrenilýär[2].

1964-1965-nji ýyllarda türkmen diliniň mary gepleşigine[3], sakar dialektine[4], teke dialektine[5], änew dialektiniň manyş gepleşigine[6], olam[7] we hasar[8] dialektlerine degişli ylmy işler ýazylýar. ýazylýar.

Türkmen dialektlerini öwrenmekde bu işleriň uly ähmiýetiniň bardygy şübhesizdir. Bularda aýry-aýry dialektler, köplenç hem olaryň häsiýetli aýratynlyklary ýazylyp görkezilýär. Şu işler esasynda

[1] С. Аразкулыев, Говоры туркмен Туртульского района Каракалпакской АССР. Автореферат, Ашхабад, 1962.

[2] A. Annnurow, Türkmen diliniň ärsary dialektinde uzyn we gysga çekimlileriň ulanylyş aýratynlyklary II TSSR YA-nyň Dil we edebiýat institutynyň işleri, IV goýberiliş, 1962, sah. 207-214. K. Şamyradow, Türkmen diliniň ärsary dialektinde assimilýasiýa. Şol ýerde, sah. 215-225. A. Annanurow, R. Berdiýew, N. Durdyýew, K. Şamyradow, Türkmen diliniň ärsary dialekti, Aşgabat, 1972.

[3] О. Чорлиев, Марыйский говор туркменского языка, Автореферат, Ашхабад, 1972.

[4] Г. Менглиева, Сакарский диалект туркменского языка. Автореферат, Ашхабад, 1964.

[5] Б. Байрамдурдыев, Ахалский говор текинского диалекта туркменского языка. Автореферат, Ашхабад, 1965.

[6] Н. Атамедов, Манышский говор анауского диалекта туркменского языка. Автореферат, Ашхабад, 1965.

[7] Х. Багыев, Оламский диалект туркменского языка. Автореферат, Ашхабад, 1865.

[8] Г. Сапаров, Диалект хасарлы туркменского языка. Автореферат, Ашхабад, 1970.

türkmen diliniň köp sanly dialektleriniň fonetik, morfologik, leksik aýratynlyklaryna göz ýetirmek mümkin.

Emma bu işler käbir teoretiki we metodik kemçiliklerden hem halas däl.

Birnäçe işlerde dialektiň tutuş sistemasyny däl-de, diňe onuň häsiýetli aýratynlyklaryny ýazyp görkezmäge ýykgyn edýärler. Şunlukda, onuň edebi dil bilen umumy taraplary bolsa doly görkezilmeýär. Şunda dialekt aýratynlyklary üzlem-saplam bolup, belli bir sistema girmeýär.

Dialekt aýratynlyklaryny köpräk tapjak bolup, oňa mahsus bolmadyk zatlaryň hem, hemme dialektler üçin umumy faktlaryň hem aýratynlyk hökmünde görkezilýän halatlaryna-da duş gelinýär.

Käbir işlerde bolsa dialektiň ses sostawy derňelende, olaryň fiziologik, akustik aýratynlyklary görkezilýär-de, fonematik taýdan ýeterli derejede öwrenilmeýär. Şu sebäpden dialektde näçe çekimli we çekimsiz fonemanyň bardygy belli bolman galýar.

Dialektlere degişli ýazylan işlerde taryhy materiallaryň az peýdalanylýandygyny bellemek gerek. Taryhy materiallar alnanda hem, köplenç halatda dialekt aýratynlyklaryň ýüze çykyş, ösüş prosesi bilen berk baglanyşmaýar. Dialektiň ýüze çykyşyny, ösüşini şol taýpanyň halkyň taryhy bilen ykjam baglaşdyryp öwrenmek ähmiýetlidir.

Türkmen dialektleri bir-biri bilen şonuň ýaly hem edebi dil bilen ýeterli derejede deňeşdirilmeýär. Deňeşdirilende hem, adatça "faktlar deň gelýär" ýa "tapawutlanýar" diýmek bilen çäklenilýär. Beýle deňeşdirmäniň peýda bermejegi bellidir. Deňeşdirme formal görnüşde ulanylman, haýsy-da bolsa bir meseläniň anygyna etmek üçin getirilmelidir. Şeýle deňeşdirmeler gadymy ýazuw ýadygärliklerden, beýleki türki dilleriň materiallaryndan hem köpräk getirilse peýdaly bolardy.

Häzirki wagtda türkmen dialektleriniň esasylary öwrenildi diýmek boljak. Emma munuň özi geljekde dialektleri ýazyp almak işini bes etmegi aňlatmaýar. Eýsem, tersine, heniz öwrenilmedik

dialektleriň we gepleşikleriň hemmesi, Türkmenistanyň içinde ýa daşynda ýerleşýändigine garamazdan, doly ýazylyp alynmalydyr. Çünki olary ýazyp alman, ähli türkmen dialektleri barada doly gürrüň etmek bolmaz.

Soňky ýyllarda türkmen dialektleriniň umumy hem häsiýetli aýratynlyklaryny ýüze çykarýan umumylaşdyryjy işler[1] ýüze çykyp ugrady.

Türkmen dialektleriniň özara gatnaşygy, olaryň taryhy ösüşi, häzirki ýagdaýy, edebi dili baýlaşdyrmakda dialektleriň roly, edebi diliň dialektlere ýetirilýän täsiri, dialektleriň toparlara bölünişi ýaly meseleler geljekde ýörite işlenilmelidir.

Türkmen dialektlerini toparlara bölmek meselesi

Türkmen dialektlerini toparlara bölmäge ilkinji gezek prof. A. P. Poseluýewskiý[2] synanyşyk etdi. Ol türkmen dialektlerini iki topara topara bölüp, birinji topara teke, ýomut, ärsary, saryk, salyr ýaly esasy türkmen dialektlerini, ikinji topara hem Eýran we Özbegistan bilen goňşulykda ýerleşýän nohur, änew, hasar, nerezim, bujak ýaly ownuk dialekt hem gepleşikleri goşýar. Şunuň bilen birlikde, A. P. Poseluýewskiý her toparyň fonetikasynda, morfologiýasynda we leksikasynda duş gelýän häsiýetli aýratynlyklaryň birnäçesini görkezýär. Şunda ol birinji topara giryän dialektleriň fonetik sostawynyň köp babatda meňzeşdigini, leksikasynda hem uly tapawudyň ýokdugyny belläp, ýöne häzirki zamanyň formalanyşynda

[1] J. Amansaryýew, Türkmen dialektologiýasy. Aşgabat. 1970. R. Berdiýew, S. Kürenow, K. Şamyradow, S. Arazkulyýew, Türkmen diliniň dialektleriniň oçerki, Aşgabat. 1970. R. Berdiýew. Türkmen diliniň dialektlerinde we gepleşiklerinde işlikler. Aşgabat, 1988. O. Çommadow. Türkmen diliniň Kerki topar dialektleri. Aşgabat, 1991.

[2] А. П. Поцелуевский, Диалект туркменского языка, Ашхабад, 1936, сах. 29-30.

güýçli tapawudyň ýüze çykýandygyny mysallar üsti bilen düşündirýär.

Ikinji topara girýän dialektleriň häsiýetli aýratynlyklary hökmünde diş düýbi **s, z** sesleriniň ulanylmagyny, çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygynyň köpçülikleýin bozulmagyny, häzirki zamanyň **alamän** görnüşinde formalanmagyny we leksikasynda **ýaz** ýerine **боhar, agaç** ýerine **deräxt, gazan** ýerine **чödän** ýaly arap-pars sözleriň köp ulanylýandygyny belleýär. A. P. Poseluýewskiniň klassifikasiýasy doly hem gutarnykly işlenen bolmasa-da, başlangyjynda dogrudyr.

Türkmen dialektlerinde oguz hem gypjak dilleriniň alamatlarynyň duş gelýändigi bellidir. Şu alamatlary soňky döwürlerde goňşy halklaryň, aýdaly, özbek, garagalpak, azerbaýjan dilleriniň ýetiren täsiri bilen düşündirmek bolmaz. Eýsem bu alamatlar örän irki döwürlerden bäri türkmen halkynyň taýpa-tire gatnaşyklaryndan saklanyp galypdyr. Şeýlelikde, oguz ýa gypjak alamatlaryny özlerinde saklandyklaryna garap, türkmen dialektlerini "oguz dialektleri" hem "gypjak dialektleri" diýen iki topara bölüp görkezmek boljakdygy barada şu setirleriň awtorynyň pikiri bolupdy[1]. Bu hem A. P. Poseluýewskiniň klassifikasiýasyndan öňakly tapawutlanmaýar. Ýöne munda dialektleri toparlara bölmekde olaryň dil alamatlaryna, ýagny oguz ýa gypjak dilleriniň alamatlarynyň saklanyp galandygyna esaslanylýar. A. P. Poseluýewskiý hem türkmen dialektlerini iki topara bölýär. Şol bölünişik biziň toparlara bölüşimiz bilen, esasan, meňzeşdir. Ýöne ol "oguz-gypjak" diýip atlandyrmaýar.

Soňra A. P. Poseluýewskiniň klassifikasyýasyny aýdyňlaşdyrmak we üstüni doldurmak maksady bilen Ata

[1] N. Nartyýew, Dialekt şertlerinde edebi dili öwrenmegiň taryhyndan, Çärjew, 1965, sah. 14

Annanurow [1] çykyş edýär. Ol türkmen dialektlerini toparlara bölmekde esasy aýratynlyk hökmünde fonetika boýunça **s, z** sesleriniň aýdylyşyny we morfologiýa boýunça hem häzirki zaman işliginiň formalaryny alýar. Şu esasda hem türkmen dialektlerini iki topara bölýär. Birinji topara girýän dialektlerde dişara **s, z** sesleri ulanylyp, häzirki zaman işliginiň esasynda **ýörmek** kömekçi işligi ýatýar. Muňa teke, ýomut, salyr, saryk, ärsary, alili, gökleň, garadaşly, ýemreli, ata, sakar, mehin, mürçe, burkaz, kyrköýli ýaly dialekt hem gepleşikler girýärler. Ikinji topara girýän dialektlerde bolsa diş düýbi **s, z** sesleri ulanylyp, häzirki zamanyň esasynda "durmak" işligi ýatýar. Muňa änew, hasar, nohur, olam, surhy, hatap, mukry, çowdur, eski, kyraç, baýat, saýat, nerezim, bujak, igdir, düýeji we beýlekiler girýärler[2].

A. Annanurowyň klassifikasiýasy ep-esli derejede dolulygy hem degişli dialektologik materiallar bilen üpjün edilendigi bilen tapawutlanýar diýmeseň, A. P. Poseluýewskiniň beren klassifikasiýasy bilen prinsipinde meňzeşdir. A. Annanurowyň klassifikasiýasynyň ýene bir artykmaçlygy – munda türkmen dialektlerini toparlara bölmäge taryhy taýdan synanyşyk edilýär. Onuň ýazmagyna görä, teke, ýomut, salyr, saryk, ärsary, alili, gökleň ýaly iri türkmen taýpalary geçmişde umumy geografik, jemgyýetçilik-syýasy şertlerde bir-birleri bilen gös-göni ýakyn ýaşapdyrlar. Beýleki ownuk taýpalar, mysal üçin, änewli, nohurly, hasarly – Köpetdag eteginde, hataplar, olamlar, surhular we beýlekiler – Amyderýanyň iki ýakasynda, çowdurlar, igdiler, abdallar bolsa Demirgazyk Maňňyşklakda oturypdyrlar. Bular gypjak-garlyk hem-de eýran dilli taýpalar bilen goňşy ýaşansoňlar, olaryň dilleriniň

[1] А. Аннануров, К вопросу о классификации диалектов туркменского языка, Известия Академии наук Туркменской ССР, Серия общественных наук, №2, 1967, сах. 52-60.

[2] Şol ýerde, sah. 59-60.

täsiri ýetirpdir [1] . A. Annanurowyň klassifikasiýasynyň esasy ýetmezçiligi türkmen dialektlerini toparlara bölmekde diňe iki sany alamata: **s, z** seslerine hem häzirki zaman goşulmasyna salgylanyp, beýleki alamatlary hasaba almaýandygyndan ybaratdyr. Eger diňe häzirki zamanyň **du:r** goşulmasyna esaslanjak bolsaň, onuň saryk dialektinde hem duş gelýändigini aýtmak gerek. Olam gepleşiginde hem **s, z** sesleri diş sesi bolman, apikal sesleridir. Şoňa görä onuň ikinji topara goşulmagy hem şübhe döredýär. Şunlukda, dialektler toparlara bölünende, diňe az sanly aýry-aýry alamatlara esaslanman, iki topary bir-birinden tapawutlandyrýan düýpli aýratynlyklaryň hemmesi nazarda tutulmalydyr.

Dialektleri toparlara bölmek barada käbir işleriň edilendigine garamazdan, şu mesele türkmen dialektologiýasynyň örän kyn we ýeterlik işlenmedik bölümidir. Entek türkmen dilinde jemi näçe dialektiň bardygy, olaryň atlary, ýerleşýän territoriýasy, araçäkleri, dil aýratynlyklary doly anyklanyp gutarylanok. Türkmen diliniň esasy dialektleri işlenen hem bolsa, birnäçe ownuk dialekt hem gepleşikler entek öwrenilmegine garaşýar. Muňa Gündogar Türkmenistanda ýerleşýän surhy, mukry, eski, arabaçy mysal bolup biler. Şeýle bolansoň, käwagtlar bularyň haýsyny şiwe, haýsyny dialekt, haýsyny gepleşik diýip atlandyrjagyny hem biler ýaly däl. Edebiýatlarda **mary şiwesi, mary dialekti, mary gepleşigi** ýaly – hemmesiniň bir manyda, **saryk dialektiniň ýolöten gepleşigi** diýen ýaly, **dialekt** we **gepleşik** terminleriniň aýry-aýry manylarda ulanylyşyna hem gabat gelinýär.

Dialektleriň atlandyrylyşynda hem birlik ýok. Käbir dialektler **salyr dialekti, çowdur dialekti** ýaly taýpanyň ady bilen berilse, birnäçesi **pendi dialekti, stawropol gepleşigi, dörtgül gepleşikler** ýaly ýer-ýurt ady bilen **günbatar gepleşikler, demirgazyk**

[1] А. Аннануров, К вопросу о классификации диалектов туркменского языка, Известия Академии наук Туркменской ССР, Серия общественных наук, №2, 1967, сах. 52-60.

gepleşikleri ýaly atlandyrylsa, başga, birnäçesi **lebap gepleşikleri, sumbar gepleşikler** ýaly, derýanyň adyny göterýär. Käbir gepleşikleriň iki ýa üç hili atlandyrylyşyna hem duş gelinýär. Mälim bolşy ýaly, bir obanyň ýa oazisiň iki hili: köne we täze adynyň bolmagy mümkin. Mysal üçin, häzirki Tagtabazar etrabynyň tutýan territoriýasyna öň **Pendi** diýýän ekenler. Emma häzirki wagtda **Tagtabazar** ýörgünli. Şoňa görä birnäçe işlerde **pendi gepleşigi** diýilse, başgasynda **tagtabazar gepleşigi** diýlip alynýar. **Ahal gepleşigi** ýa **aşgabat gepleşigi** şekilinde iki hili atlandyrmak hem şunuň ýalydyr.

Şularyň haýsy amatly? Biziň pikirimizçe, taryhy taýdan yzarlamak, dialektiň taryhyna göz ýetirmek üçin köneden gelýän adyny ulanmak peýdaly. Onsoňam, bularyň köne we täze atlary mydama bir territoriýany öz içine alyp durmaýar. Hatda onuň köne adyna nädogry düşünilýän halatlary hem gyt däl. Mysal üçin, käwagtlar **Pendä** Ýolöteni hem goşýarlar. Emma **Pendi** sözi Tagtabazar oazisini öz içine alýar. Şunuň ýaly düşünişmezlik bolanda, elbetde, onuň täze adyndan hem peýdalanmak bolar.

Dialektlere derýa atlarynyň goýulmagy maksada laýyk däl. Çünki **lebap gepleşikleri** diýlende, konkret bir obanyň ýa etrabyň gepleşigi däl-de, şonuň ýakasynda ýaşaýan ähli ilatyň gepleşikleri düşünilýär.

Türkmenistanyň haýsy künjeginde ýerleşýändigine garap, dialektleriň we gepleşikleriň tutuş toplumyny görkezmek gerek bolanda, **demirgazyk gepleşikleri, gündogar gepleşikleri** ýaly ugur-tarap bildirýän sözler bilen ulanmak bolar.

Dialektleri ýer-ýurt we taýpa-tire atlary bilen atlandyrmakda hem belli bir prinsipden ugur alynmalydyr. Mysal üçin, **pendi dialekti** hem **saryk dialekti** diýip, ikisini bir wagtyň özünde ulanmak bolmaz. Bularyň birinjisinde geografik, ikinjisinde etnik alamatyň haýsyny almak oňaýly?

Bu meselede her bir dialekt barada aýratyn netijä gelmek mümkin. Mysal üçin, dialekt belli bir taýpa dogry gelýän bolsa, şol

taýpanyň ady bilen aňladylyp bilner. Eger şol dialekt ýa gepleşik taýpa bilen däl-de, Nohur, Änew, Mary, Ahal ýaly, aýry-aýry territoriýalaryň atlary bilen baglanyşykly bolsa ýer-ýurt atlarynyň goýulmagy amatlydyr.

Şu hili soraglara jogap bermek hem-de dialektleri dogry toparlara bölmek üçin ilkibada onuň prinsipleri bilen tanyş bolmak zerur.

Dialketleri toparlara bölmekde üç prinsipe esaslanylýar:

1) geografik;
2) taryhy;
3) lingwistik.

Geografik prinsip bolanda, dialektleriň ýerleşýän territoriýasy, dialekt wekilleriniň ýaşan ýerleri, araçäkleri göz öňünde tutulýar. Taryhy prinsipde şol dialektde gepleýän ilatyň taryhy, etnik gelip çykyşy öwrenilýär. Lingwistik prinsipde bolsa dialektleriň dil aýratynlyklary, umumyhalky dili bilen dialektleriň özara gatnaşygy hasaba alnýar.

Geografik prinsip türkmen dilaketleri babatynda gaty oňaýsyzdyr. Sebäbi türkmen taýpalary ykdysady, syýasy şertlere görä belli bir ýerde uzak wagtlap oturmandyrlar. Diňe XVIII asyryň aýaklarynda türkmen taýpalary, esasan, häzirki oturan ýerlerinde ornaşýarlar. Aýry-aýry taýpalaryň ýer-suw üstündäki göreşi bolsa tä XIX asyryň ahyrky çärýegine çenli dowam edipdir. Oňa çenli türkmen taýpalarynyň Kaspiden başlap, Amyderýa deňeç otyrmadyk ýeri galmandyr. Bularyň arasynda urugçylyk galyndylary saklanyp, olar oturymlylyga geçende hem esasan, şol prinsipde ornaşypdylar. Şu jähetden alanda, türkmen dialektlerini toparlara bölmekde geografik karta, A.P.Poseluýewskiniň görkezişi ýaly, ep-esli möçberde öz ähmiýetini ýitirýär[1]. Şunlukda, dialektleriň geografik ýerleşişi däl-de, eýsem olaryň taryhy gelip çykyşy, şol dialketde

[1] А. П. Поцелуевский, Диалект туркменского языка, Ашхабад, 1936, сах. 27.

gepleýän ilatyň başyndan geçiren sosial-ykdysady şertleri, ýerli taýpa-tire bölünişigi öwrenilmelidir.

XIX asyryň başlarynda türkmenler häzirki Türkmenistanyň territoriýasynda, Eýranyň we Owganystanyň käbir raýonlarynda ýaşapdyrlar. Türkmenleriň bir bölegi Üstýurtda we Maňňyşlakda oturypdyr. XIX asyrda ýaşan has iriräk taýpalardan: teke, ýomut, ärsary, saryk, salyr, gökleň, çowdur, alili taýpalaryny görkezmek bolar. Bulardan başga-da, garadaşly, emreli, nohurly, mehinli, mürçeli, änewli, ogurjaly, baýat, sakar, olam, arabaçy, sünçeli, hydyrili, kyraç, çandyr, hatap, mukry, garkyn, eski, ata, şyh, seýit, hoja, müjewür, burkaz, surhy, düýeji we beýleki ownuk taýpalar bolupdyr[1].

Türkmenleriň easy bölegi ekerançylyk bilen meşgul bolsa-da, ep-esli bölegi çarwaçylyk bilen gün görüpdir. Olar ýylyň köp bölegini meýdanda geçiripdirler. Türkmen dialketlerinde ulanylýan **ýazlag, gyşlak** sözleri hem şundan galypdyr.

XIX asyryň birinji ýarymynda Günbatar Türkmenistanda, esasan, ýomutlar, gökleňler we çowdurlar ýaşapdyrlar. Bu ýerde ýomutlaryň garaçoka diýen bölegi ýerleşipdir. Bulardan başga-da, ogurjaly, şyh, hoja, abdal, igdir, ýaly aýry-aýry tireler we toparlar bolupdyr[2].

Gökleňler günorta-günbatar Türkmenistanda, gürgen deryasynyň ýokarky, orta akymynda, Garrygalada Çandyr hem Sumbar deryalarynyň kenarynda ýerleşipdir. Bular bilen goňşulykda kireýli, ata, gökleň araplary hem ýaşapdyrlar.

Ýomut taýpasynyň baýramşaly diýen beýleki uly bölegi Horezm oazisinde ýerleşipdir. Ýomutlardan başga-da XIX asyrda Horezm sebitinde çowdurlar, emreliler, käwagtlar bolsa gökleňler, alililer hem oturypdyrlar[3].

---

[1] История Туркменской ССР, том I, книга вторая Ашхабад, 1957, сах. 7-8.

[2] Şol ýerde, sah. 9-10.

[3] Şol ýerde, sah. 12.

Ärsarylar Amyderýa ýakasynda ýerleşipdirler. Bu ýerde sakar, baýat, olam, garkyn, mukry, eski, hatap, hydyrili ýaly ownuk türkmen taýpalary we şäherlerde özbekler oturypdyrlar[1].

XVIII-XIX asyryň aralygynda Murgabyň boýunda salyrlar ýaşapdyrlar. Emma olar Buhara emiriniň raýaty hökmünde Amyderýa kenaryndan gelen saryklar hem tekeler tarapyndan gysylyp çykarylýar. Saryklar Murgabyň sag kenaryny, tekeler bolsa çep kenaryny eýeleýärler. XIX asyryň 50-nji ýyllarynda saryklar Ýolöten, Pendi oazislerine tarap çekilýärler.

Tejen, Sarags oazisleriniň ilaty XIX asyrda telim gezek çalyşýar. Saragsda XIX asyryň başyndan 1832-nji ýyla çenli salyrlar, soň tekeler, 1850-nji ýyldan soň ýene salyrlar ýaşaýarlar. Tejende tekeler ýerleşýär. XIX asyryň 70-80-nji ýyllarynda şu ýerde alililer hem oturypdyr. Sarags bilen Tejeniň arasynda ata taýpasynyň obasy bolupdyr[2].

Etekde, häzirki Kaka etrabynda, esasan, alililer hem azrak tekeler ýaşapdyrlar. Bulardan başga-da, şu ýerde mehinliler, magtymlar, kürtler we eýranlylar hem oturypdyrlar.

Ahalda, Gäwürs – Gyzylarbat aralygynda, esasan, tekeler oturypdyr. Emma bu ýerlerde öňki ýerli ilatlerdan alili, ýemreli, mürçeli, änewli, sünçeli, mehinli, magtym ýaly ownuk taýpalar we kürtler hem bolupdyr. Günbatar Köpetdagyň jülgelerinde, tekeler bilen gökleňleriň arasynda nohurly taýpasy hem-de mürçelileriň bir bölegi ýaşapdyr. Şyh, seýit, hija, müjewür, magtym ýaly taýpalar Türkmenistanyň ähli etraplarynda hem gabat gelýärler. Bular haýsy ýerde otursalar, şol ýeriň dialektine belli bir derejede assimilleşirpdirler.

Bir obanyň özünde ýedi-sekiz urugyň wekiline, hatda garyndaş däl taýpalaryň, halklaryň wekillerine hem duş gelinýär. Bagyrda tekeler, magtymlar we kürtler ýaşapdyrlar. Şunuň özi urug-taýpa

[1] Şol ýerde, sah. 12-13.

[2] История Туркменской ССР, том I, книга вторая Ашхабад, 1957, сах. 13-14.

bölünişiginiň ýitmegine, ýerli aýratynlyklaryň ýüze çykmagyna alyp barýar[1].

Türkmen dialektleriniň köpüsiniň taýpalar bilen, hatda käwagtlar aýry-aýry gepleşikleriň uruglar bilen gabat gelýändigini aýtmak bolar. Mysal üçin, saryk dialekti – saryk taýpasy bilen, mojy gepleşigi – mojy urugy bilen gabat gelýär.

Ýöne häzirki wagtda her urugyň bir gepleşigini ýüze çykarmak kyn. Sebäbi urugçylyk bölünişiginiň galyndylary soňky döwürlerde ep-esli gowşap, belli bir derejede gatyşypdyr. Uruglar örän maýda bölünişik bolany üçin, olar territorial taýdan bir-birinden onçakly aýrylyşmandyrlar. Onsoňam, uruglaryň arasynda gatnaşyk kesilmändir. Şeýle-de bolsa, bularda örän ujyypsyz aýratynlyklaryň duş gelýändigini bellemek gerek. Olaryň hem köprägi gepleşigiň fonetikasyna we käbir sözleriň aňladylyşyna degişlidir. Mysal üçin, birinde **i:şli:du:r**, beýlekisinde **i:şla:du:r**, birinde **höjegöldi:r** beýlekisinde **öldürgüç** görnüşinde ulanylýar. Aýratynlyklaryň sanlyja sözlere degişli bolany üçin, bulara aýratyn gepleşik hökmünde garamak bolmaz. Olary diňe şol dialektiň içinde belläp geçmek amatlydyr.

Häzirki wagtda uruglaryň däl, eýsem taýpalaryň hem araçäklerini kartada görkezmek ýeňil däl. Mysal üçin, Murgap oazisinde, mary tekelerinden başga-da, ärsarylar, sakarlar, saryklar, byrkazlar, müjewürler, atalar, hojalar, şyhlar ýaly ençeme taýpalaryň we etnik toparlaryň wekilleri ýaşaýarlar. Ärsary dialektiniň wekilleri Çarşaňňydan başlap, Darganata çenli ýaýrapdyr. Şu aralykda birnäçe ownuk dialektler we gepleşikler hem bar. Bularyň käbiri iri dialektleriň içine siňip gidipdir.

Türkmen dialektleriniň ugurçylyk galyndylaryny özlerinde saklamagy dil aýratynlyklaryny geografik taýdan yzarlamaga onçakly ýardam etmeýär. Şoňa görä dialekt aýratynlyklary taýpa-tire bölünişigi esasynda yzarlansa peýdaly bolar.

[1] Şol ýerde, sah. 14-15.

Elbetde, dialektleriň geografik ýerleşişini düýbünden nazara almazlyk nädogrydyr. Sebäbi türkmen taýpalarynyň hem geçmişde ýerden üzňe ýaşamany belli. Onsoňam, olar ýerli taýpalardyr. Şonuň üçin olaryň nirelerde oturanyny, kimler bilen goňşulykda ýaşanyny, geografik araçäklerini hem bilmek möhümdir. Munuň özi dialekt aýratynlyklaryň ýüze çykyş, ösüş prosesini bilmege, dialektleriň özara we goňşy diller bilen bolan gatnaşygyny öwrenmäge kömek eder.

Galyberse-de, soňky döwürlerde türkmen dialektlerinde ýerli aýratynlyklaryň has köp ýüze çykyp ugrandygyny bellemek gerek. Ýöne munuň özi öňden dowam edip gelýän taýpa aýratynlyklarynyň bütinleý ýok bolmagy netijesinde emele gelmän, eýsem şonuň üstüne ýerli aýratynlyklaryň goşulmagy arkaly ýüze çykýar. XVIII asyrdan bäri Amyderýa boýunda ýaşap gelýän ärsary, sakar, olam we beýleki birnäçe dialektleriň wekilleriniň dilinde köp sanly ýerli aýratynlyklar emele gelipdir.

Mundan hem başga, käbir dialektler taýpa-tire boýunça däl-de, territorial esasda bölünişipdirler. Muňa saryk dialketiniň pendi, ýolöten we teke dialketiniň mary, ahal gepleşikleri mysal mysal bolup biler. Käbir änew, nohur ýaly birnäçe dialketler bolsa bütinleý territorial esasda ýüze çykypdyrlar. A.A.Roslýakowyň aýtmagyna görä, Günorta Türkmenistanyň birentek şäherleriniň urug-taýpa gurluşyny bireýýäm ýitiren köne ilaty aýratyn taýpalar hökmünde görlüp ugrapdyr. Meselem, änewliler (Änew ilaty), mehinliler (Mehin ilaty), mürçeliler (Mürçe ilety) taýpalarynyň we ş.m. gelip çykyşy ýalydyr[1].

Dialketleri toparlara bölmekde taryhy-lingwistik prinsipe easlanmak has ähmiýetlidir. Şu iki prinsip köplenç ýagdaýlarda bir-birine dogry gelýär.

[1] A. Roslýakow, Türkmen taryhynyň gysgaça oçerki (Russiýa birikdirilmegine çenli), Aşgabat, 1956, sah. 134.

Türkmen dili günbatar türki dilleriň oguz toparyna girmek bilen, oguz dillerine degişli köp aýratynlyklary özünde saklapdyr. Emma türkmen dili formirlenmek prosesinde, oguz diliniň esasyndan başgada, gypjak, gadymy horezm we beýleki käbir dilleriň elemnetlerini hem özüne siňdiripdir[1]. Şonuň üçin hem türkmen diliniň bütinleý günbatar oguz dillerine goşulmagy, A.P.Poseluýewskiniň aýdyşy ýaly, ep-esli derejede şertlidir[2].

Türkmen taýpalarynyň gelip çykyşynyň heniz ýeterlik öwrenilmäni üçin, olaryň taryhy we etnik düzümi barada açyk bir zat aýtmak kyn. Ýöne lingwistik taýdan seredende, türkmen dilinde has köpräk oguz we azrak gypjak dilleriniň alamatlarynyň saklanyp galandygyny bellemek gerek. Şu aýratyn hem türkmen dialketleriniň mysalynda has aýdyň görünýär. Türkmen dialketleriniň bir topary – oguz dilleriniň, ikinji topary hem gypjak dilleriniň alamatlaryny köp saklapdyr. Gypjak dilleriniň alamatlary, bir tarapdan, türkmenleriň etnik düzüminde bolsa, ikinji tarapdan, N.A.Baskakowyň aýtmagyna görä, XII – XV asyrlarda horezm özbekleriniň garyşyk gepleşikleri arkaly türkmen diline geçipdir[3]. Şunlukda, dil alamatlary boýunça türkmen dialektlerini, esasan, iki topara bölüp görkezmek boljak.

1) Oguz;
2) Gypjak.

Oguz toparyna: ýomut, teke, ärsary, saryk, salyr, gökleň, çowdur, alili, garadaşly, ýemreli, ata, çandyr, sakar, olam, surhy, hatap, baýat, mehin, mürçe, burkaz, müjewür, arabaçy ýaly oguz dilleriniň alamatlaryny köpräk özlerinde saklan türkmen dialketleriniň we gepleşikleriniň esasy bölegi degişlidir. Bular etnik taýdan oguzlar bilen asyldaş bolup, XIV –XV asyrlada Demirgazyk Türkmenistanda ýaşapdyrlar. A.A.Roslýakowyň pikirine görä, şol döwürde türkmen halkynyň iki şahasy: demirgazyk hem günorta

[1] Н. А. Баскаков, Тюркские языки. Москва, 1960, сах. 117.

[2] А. П. Поцелуевский, Диалект туркменского языка, Ашхабад, 1936, сах. 20.

[3] N. A. Baskakow, agzalan iş, sah. 123.

şahalary bolan bolmaga çemeli[1]. Şu bölünişik olaryň dilinde hem yz galdyrypdyr.

Gypjak toparyna Eýran hem Özbegistan bilen araçäkde ýerleşýän nohur, änew, hasar, nerezim, mukry, bujak, igdir, düýeji, eski, hydyrili, çärjew, kyraç ýaly azrak türkmen dialektleri hem gepleşikleri girýärler. Şular taryhy taýdan taýpa-tire aýratynlyklaryny bireýýäm ýitiren territorial oturymly we ýarym oturymly günorta taýpa toparlanyşyklaryndan emele gelipdir. Bularyň arasynda täjik elementleri köp bolup, antropologik tipi, dili we durmuşy boýunça göçme we ýarym göçme halda ýaşaýan teke, ýomut, ärsary, saryk, salyr ýaly demirgazyk türkmen taýpalaryndan tapawutlanypdyrlar[2].

XVI – XVIII asyrlarda teke, ýomut, ärsary, saryk, salyr ýaly demirgazyk türkmen taýpalarynyň günorta süýşmegi netijesinde ýazyr, alili, mreli, baýat ýaly günorta türkmen taýpalary we soňky döwürlerde taýpa hökmünde görlüp başlan müjewür, magtym, hoja, şyh, mehinli, nohurly, mürçeli ýaly sosial we territorial toparlanyşyklar gysylyp çykarylýar we assimillleşdirilýär. Bu hem öz gezeginde demirgazyk türkmen taýpalarynyň arasyna täjik-horasan elementleriniň giňden aralaşmagyna sebäp bolýar[3].

Oguz toparyna girýän dialketleriň häsiýetli aýratynlyklary hökmünde şu aşakdakylary görkezmek mümkin:

F o n e t i k a b o ý u n ç a :

1) Ilkinji uzynlygyň saklanyp galmagy. Çekimli fonemalaryň sostawy boýunça oguz toparyna girýän dialektler bir-birine gapma-garşy, gysga-uzyn çekimlileriň bolmagy bilen tapawutlanýarlar: **al – a:l,**

[1] A. Roslýakow, Türkmen taryhynyň gysgaça oçerki (Russiýa birikdirilmegine çenli), Aşgabat, 1956, sah. 13.

[2] A. Roslýakow, Türkmen taryhynyň gysgaça oçerki (Russiýa birikdirilmegine çenli), Aşgabat, 1956, sah. 13.

[3] Şol ýerde, sah. 13-14.

gъol – gъo:l, uç – u:ç... bular sözleriň manysyny tapawutlandyrmaga gatnaşýarlar;

2) Dişara ýa apikal **s, z** sesleriniň ulanylmagy: **sa:wyn, zo:r;**

3) Başky **t, k** çekimsizleriniň açyklaşmagy: **til-dil, kel-gel.** Oguz toparyna girýän dialektlerde dymyk çekimsizlere derek has köpräk açyklaryň ulanylýanlygyny görkezmek gerek;

4) **da:ГЪ** sözünde **ГЪ** sesiniň saklanyp, **-gan/-gen** goşulmasynda düşüp galmagy: **kalgan-gъa:lan.**

G r a m m a t i k g u r l u ş y b o ý u n ç a :

1) Eýelik hem ýeňiş düşümlerinde soňy çekimsize gutarýanlar üçin **-nyň/-niň, -ny/-ni** ýerine **-yň/-iň, -y/-i** ýaly gysgalan formalarynyň ulanylmagy: **Meretniň-Merediň, Meretni-Meredi;**

2) Ýöneliş düşümiň **-a/-e** gysgalan formasynyň bolmagy: **adamga-a:dama;**

3) Köplük sanyň birinji ýöňkemesiniň gysgaldylyp aýdylmagy: **berermiz > bereris;**

4) Öten zaman ortak işliginiň ýoklugy üçin **-maГЪan/-meГen** ýerine **-madykъ/-medik** goşulmasynyň ulanylmagy: **almaГЪan-almadykъ, kelmeГen-gelmedik.**

S ö z l ü k s o s t a w y b o ý u n ç a :

1) **ileri, el, a:lyn, köpök, özgö, öý gъapy, eý (görmek)** ýaly öguz dillerine häsiýetli sözleriň ulanylmagy;

2) Gypjak topary bilen deňeşdirende, arap-pars sözleriniň azrak duş gelmegi.

Ikinji topara girýän dialektler gypjak dillerine degişli aşakdaky ýaly häsiýetli aýratynlyklary saklap galypdyrlar:

F o n e t i k a b o ý u n ç a :

1) Uzyn çekimlileriň bolmazlygy ýa seýrek ulanylmagy. Gypjak toparyna girýän dialektlerde uzyn çekimliler gysga çekimliler bilen çalyşýarlar: 1) **di:ş-diş, o:t-ot, çü:şe-çüşe (man.), ýöri:te-ýörüte, müdi:r-müdür, umy:t-umut, uky:ply-ukъuply (noh.); 2) a-ä,**

pagta-pähtä, palçyk-pälçih, tagta-tähtä(noh.), arman-ärma:n, maşgala-maşgъala (man.); 3) ä-a, kär-kъa:r, tiken-tikъan, käse-kъasa, täze-taza (noh.) näz-naz, näkes-nä:kes, käl-kъa:l (man.) kän-kъan (kyr.). 4) i-e, pil-pel, git-get, bil-bel (man.); 5) e-ä, degirmen-däýirmän, der-där, bil-bel (man.); 6) dodak sazlaşygynyň gowşak bolmagy. Oguz toparyna giryän dialektlerde dodak sazlaşygy sözüň soňky bogunlaryna çenli ýaýraýan bolsa, gypjak dialektlerinde köplenç sözüň birinji, ikinji bogunlaryndan aňry geçmeýär: **börek-börex, çörek-çörex, köýnek-könäx, rugsat-urushät (noh.);** 7) açyk sesleriň dymyklary bilen çalyşmagy: **d-t: düýe-tüýe, dol-tol (kyr.), dökülmek-töhülmäx; b-p: bölüşmek-pölüşmek; j-ç: damja-damçy (noh.); k-g: geç-keç (man.);** 8) dymyk sesleriň gelýän ýerinde açyklaryň ulanylmagy: **p-b: "palta-balta, pil-bel (kyr.), pişme-beşme; t-d: tamdyra-damdyra, tör-dör; k-g: karar-gъarar, kowmak-gъovmak, kuwwatly-gъuvvatly (noh.);** 9) **ý** sesiniň sözüň başyndan artdyrylmagy: **agla-ýygъla, agaç-ýagъaç (man. kyr.), utdurmak-ýütdürmex, üýtgeşik-ýütgeşix (noho.); 10) b-v: sabyn-savyn, ýaby-ýavy, çorba-şorva, bilbil-bilvil (noh., kyr.);** 11) dorsal **s-z** sesleriniň ulanylmagy: **sizki, süt (man.);** 12) **w** sesine derek gadymy **g** sesiniň saklanyp galmagy: **öwretmek-ögretmäx (noh.);** 13) **ş** sesine derek **ç** sesiniň gabat gelmegi: **şugul-çugъul (noh. kyr);** 14) assimilýasiýanyň häsiýetli görnüşleriniň duşmagy: **zj-jj: Orazjemal-Orazjjemal; zç-çç: kolhozçy-gъalъoççi; ls-ss: alsa-alsyn – assa-assyn; şç-çç: ýolbaşçy-ýolvaççi (noh.);** 15) **p, k** sesleriniň açyklaşmagy ýa süýkeşlenmegi: **tapyp-томup, sabyr-sovur, tekiz-tegiz, kyrk iki-gyrg iki (kyr.);** 16) **ý** sesiniň sözüň başynda **j** bilen çalşyrylmagy: **ýegen-jiýen//je:n, ýigde (igde)-jigde (kyr.).**

G r a m m a t i k g u r l u ş y b o ý u n ç a :

1) Eýelik, ýeňiş düşümleri üçin **nyň/-niň, -ny/-ni** gypjak formasynyň ulanylmagy: **ýigidiň-ýigitniň, jöweni-jügerni** (DTG, P); 2) ýöneliş düşümi üçin soňky çekimliden soň **гъa/-ge, -ýa/-ýe** goşulmasynyň ulanylmagy: **guýa-kъuýygъa** (DTG, P); **Bama-Bamyýa, geçä-**

geçiýä (man.); 3) häzirki zamanyň üçünji ýöňkemesi üçin **-dy/-di,** birinji we ikinji ýöňkemelerinde bolsa degişli at çalyşmalarynyň ulanylmagy: **men alýaryn-men alamän, sen alýarsy-sän alasän, ol alýar-u alady (noh.);** 4) öten zaman ortak işligi üçin **-gъan/-gen** goşulmasynyň ulanylmagy: **işlän-äşligen (kyr.).**

S ö z l ü k s o s t a w y b o ý u n ç a :

1) **burun, böri, kъol (gol), maňlaý, it, başkъa, üý, eşik, ýaxъşy** ýaly, gypjak giline häsiýetli sözleriň ulanylmagy 2) bu topara giryän dialektleriň sözlük sostawynda **kündük** ýerine **aftuva, ary** ýerine **zamyr, gazan** ýerine **çödän, kendirik** ýerine **sürɸä** ýaly arap-pars sözleriniň örän köp ulanylýandygyny bellemek gerek[1].

Ýokarda oguz hem gypjak toparlaryna giryän türkmen dialektleriniň esasy häsiýetli aýratynlyklaryny görkezdik. Dil alamatlaryndan belli bolşuna görä, bularyň birinji toparynda oguz, ikinji toparynda hem gypjak dillerine degişli aýratynlyklar köp saklanypdyr. Emma munuň özi oguz toparyna giryän dialektlerde – gypjak alamatlarynyň ýa, tersine, gypjak toparynda – oguz alamatlarynyň ýokdugyny aňlatmaýar. Eýsem, tersine, oguz toparyna giryän dialektlerden gypjak dilleriniň alamatlaryny, gypjak toparyna giryän dialektlerden hem oguz dilleriniň alamatlaryny tapmak mümkin. Mysal üçin, oguz toparynda "bolmakъ" işliginde başky **b** sesiniň saklanyp, gypjak toparyna giryän manyş gepleşiginde **olmakъ** ýaly oguz wariantynyň ulanylmagy ýa-da şol gepleşikde bar-var ýaly aýdylmagy oguz dilleri üçin häsiýetli aýratynlyklardyr.

Sözüň başynda **ý** sesiniň düşüp galmagy hem oguz dilleriniň häsiýetli aýratynlyklary hasaplanýar. Emma şu alamat gypjak toparyna giryän türkmen dialektlerinde berk ornaşypdyr. Meselem: **ýüz-üz, ýüzük-üzük, ýiti-iti, Ýusup-Usup (noh.).** Şu aýratynlyk oguz toparyna giryän alili, gökleň, ýomut dialektlerinde hem gabat gelýär.

[1] Oguz hem gypjak dilleriniň häsiýetli alamatlary barada seret.: N. A. Baskakow, agzalan iş, sah. 117-118, 144.

Oguz toparyna giryän alili, çowdur dialektlerinde, stawropol türkmenleriniň gepleşiklerinde ýöneliş düşümiň formalanyşynda, **b-v** sesleriniň çalşyrylyp ulanylyşynda, dorsal **s, z** sesleriniň aýdylyşynda (muňa alili dialekti girmeýär) gypjak elementleriniň saklanyp galandygyny bellemek gerek. Emma diňe käbir elementlere esaslanyp, olary gypjak toparyna goşmak nädogry bolar. Dialektleri toparlara bölmekde diňe aýry-aýry alamatlar göz öňünde tutulman, eýsem esasy aýratynlyklaryň jemi hasaba alynmalydyr.

Bir topara giryän dialektler hem öz aralarynda fonetik, leksik we grammatik taýdan tapawutlanýarlar. Bu ylaýta-da häzirki zamanyň formalanyşynda has açyk duýulýar. Mysal üçin, oguz toparyna giryän dialektlerde işligiň häzirki zamany dürli hili aňladylýar: ärsary dialektinde **al(i)ýo:r**, saryk dialektinde **alo:r**, teke dialektinde **al(i) ýa:...**

Şu hili aýratynlyklar gypjak toparyna giryän dialektlerde hem bar. Mysal üçin, **k-h** ses çalşygy nohur dialektine häsiýetli: **ak-ah, ýok-ýoh, almak-almah, barmak-barmak, ýaka-ýyha, börek-böreh**. Manyş gepleşiginde **p-v** görnüşindäki ses çalşygy özboluşlydyr: **Gaýyp-Гъыйyv, jorap-jyrrov, kitap-kitav.**

Türkmen dialektleriniň häzirki ýerleşýän territoriýasy barada aýdylanda, olaryň, esasan, XIX asyrda ýaşaýan ýerleri bilen gabat gelýändigini bellemek bolar.

Günbatar Türkmenistanda, esasan, ýomut dialektiniň günbatar gepleşikleri we gökleň dialekti ýerleşýär.

Ýomut dialektiniň günbatar gepleşikleri Kaspi deňzinden Gyzylarbada çenli aralygy öz içine alýar. Olar Kaspi deňziniň gündogar kenarynda, Gyzyletrekde, Esengulyda, Gazanjykda, Türkmenbaşy, Nebitdagda we beýleki ilatly ýerlerde ornaşypdyrlar.

Gökleň dialekti Garrygalada ýerleşýär. Ol gündogardan nohurlar, günbatardan we günorta-günbatardan ýomut bilen araçäkleşýär. Mundan başga-da, gökleňler ýylanly etrabynda, Türkmenistandan daşarda: Garagalpagystanyň Dörtgül etrabynda Azerbaýjanda, Eýranyň Astrabat welaýatynda duş gelýär.

Gyzylarbatdan Repetek stansiýasyna çenli aralygy teke dialekti tutýar. Şu aralykda nogur, änew, mürçe, mehin, hasar, alili, burkaz, ata, müjewür ýaly birnäçe ownuk dialektlere hem duş gelinýär.

Teke dialekti iki uly bölege: mary hem ahal gepleşiklerine bölünýär. Mary gepleşigi Mary sebitinde, häzirki Mary, Murgap, Sakarçäge, Baýramaly, Türkmengala etraplarynda ýerleşýär. Şu ýerde ata, burkaz, müjewür, şyh ýaly dürli etnik toparlaryň gepleşikleri bolup, olar teke dialektiniň içine bütinleý dilleri bolup, olar teke dialektiniň içine bütinleý diýen ýaly siňip gidipdirler. Teke dialektiniň mary gepleşigi bulara oňaýly täsir edip, dialekt aýratynlyklarynyň azalmagyna sebäp bolupdyr.

Ahal gepleşigi Gyzylarbatdan Gowşut stansiýasyna çenli aralygy öz içine alýar. Şu aralykda ahal tekelerinden başga-da, nohurly, mürçeli, mehinli, garadaşly, alili, ata, şyh, magtym, änewli, hasarly we kürtler ýaly dürli etnik toparlar ýaşaýarlar.

Bularyň içinde has dolurak öwrenileni – alili, nohur dialektleri we änew dialektiniň manyş gepleşigidir. Alili dialekti, esasan, Kaka etrabynda ýerleşýär. Nohur dialekti bolsa, esasan, Bäherden etrabynyň Nohur we Garrygala etrabynyň Tutlygala bilen Könekesir obalarynyň arasynda duş gelýär.

Änew dialektiniň manyş gepleşigi, esasan, Aşgabat etrabynyň Manyş obasynda ýerleşýär. Şunuň wekillerine Kaka etrabynyň Mehin, Çukurgala obalarynda, azrak Aşgabat etrabynyň Änew obasynda we Aşgabat şäheriniň özünde duş gelinýär.

Türkmenistanyň günortasynda salyr, saryk dialektleri ýerleşýär. Salyr dialekti esasan, Sarahs etrabynda duş gelýär.

Saryk dialekti Ýolöten, Tagtabazar, Guşgy etraplaryny öz içine alyp, ýolöten hem pendi gepleşiklerine bölünýär. Pendi gepleşigi günortada Owganystan bilen serhetleşýär.

Ýolöten gepleşiginiň demirgazygyny we demirgazyk-gündogaryny Murgap, Baýramaly, Türkmengala etraplary tutup, teke dialektiniň mary gepleşigi bilen goňşulykda ýerleşýär.

Gündogar Türkmenistanda ýerleşýän belliräk dialektlerden: ärsary, sakar, olam, dialektlerini görkezmek bolýar. Ärsary dialektiniň wekilleri has köpräk Garabekewül, Halaç, Kerki, Hojambaz etraplarynda ýerleşip, azrak Köýtendag, Saýat we beýleki käbir etraplarda hem duş gelýärler.

Sakar dialekti Sakar etrabynda ýerleýär. Olam dialektiniň wekilleri, esasan, Hojambaz etrabynyň aýry-aýry daýhan birleşiklerinde ýaşaýarlar.

Bulardan başga-da, Gündogar Türkmenistanda ata, çandyr, arabaçy, eski, surhy, murky, hatap, hydyrili, kyraç, çowdur, garkyn, nerezim, çärjew, baýat, ýaly heniz doly öwrenilmedik birnäçe maýda dialekt hem gepleşikler bar.

Demirgazyk Türkmenistanda, esasan, ýomut dialektiniň demirgazyk gepleşiklerine we çowdur, emreli, garadaşly, çandyr, düýeji ýaly birnäçe dialektlere duşulýar.

Türkmenistandan daşarda ýerleşýän dialektlere, esasan, Demiragzyk Kawkazda (Stawropolda) we Garagalpagystanyň Dörtgül etrabynda ýerleşýän türkmenleriň gepleşikleri girýär.

Türkmenleriň Demirgazyk Kawkaza süýşmegi XVII asyra degişli bolup, üç asyrdan gowrak wagtyň dowamynda Stawropol ülkesinde ýaşap gelipdirler. Muny şol döwrüň ykdysady-syýasy, taryhy şertleri bilen düşündirmek mümkin. Mälim bolşy ýaly, XVI – XVII asyrlarda ýomut, çowdur, teke, gökleň, igdir, saryk, salyr, abdal ýaly türkmen taýpalarynyň esasy topary Demirgazyk Türkmenistanda, Maňňyşlakda, Üstýurtda, Uzboýuň ýakasynda, Balkanda ýaşap, daşary ýurtly basybalyjylar tarapyndan häli-şindi talanyp durupdyr. Şoňa görä igdir, çowdur, söýünjajy, abdal ýaly birnäçe türkmen taýpalary ruslaryň garamagyna geçmegi makul bilipdirler. Şunlukda, XVII asyryň ikinji ýarymyndan başlap, türkmenleriň bir bölegi Demirgazyk Kawkaza süýşüp başlaýar. Häzir olar Stawropol ülkesiniň aýry-aýry obalarynda ýaşaýarlar.

Köp wagt dowamynda stawropol türkmenleriniň Türkmenistandan üzňe ýaşamagy we nogaý, tatar, gazak, gyrgyz ýaly

türki dilli halklar bilen ýakyn aragatnaşykda bolmagy bularyň gepleşiginde köp sanly özboluşly aýratynlyklaryň ýüze çykmagyna getiripdir.

Stawropol gepleşigine goňşy halklaryň dillerinden, aýratyn hem nogaý, tatar dilleriniň üsti bilen köp söz giripdir. Meselem: **tereze** – tatarça **täräzä** (penjire), **ça:gyrym** – tatarça **çakrym**, nogaýça **şakyrym** (menzil), **gъu:rtgъa:** – nogaýça **kurtka** (kempir).

Garagalpagystanyň Dörtgül etrabyndaky türkmenler XIX asyryň ortalarynda Türkmenistanyň günorta-günbatar etrablaryndan göçüp gelipdirler. Bularyň köpüsi ata taýpasyna degişli bolup, azrak igdir, düýeji we gökleňler hem bar. Mundan hem başga, türkmenler Garagapagystanynyň Biruny, Amyderýa, Hojeýli doganlyk özbek, garagalpak, gazak halklarynyň wekilleri bilen el-ele berip zähmet çekýärler. Şoňa görä bularyň dillerine özbek, garagalpak dilleriniň täsir edeni ikuçsyzdyr. Ylaýta-da igdir, düýeji, gökleňler özbekleriň arasynda ýaşany üçin, olaryň gepleşiklerine özbek dilinden **kъaldyrgъaç** (kaldirgoç), **gö:ş** (guşt), **ha:tyn** (hotin), **kemmagъal** (kambagal) ýaly köp sözler giripdirler. Şu gepleşiklerde azrak garagalpak, gazak dillerinden geçen sözler hem bar. Muňa **kontora** manyda ulanylýan **keňse** (kengse\\keňse), **tohum** manyda gelýän **züra:t** (züraat) sözleri mysal bolup biler.

Ata gepleşigi birneme özbaşdaklygyny saklap, goňşy dilleriň täsirine azrak düşüpdir. Şu tarapdan dörtgül gepleşiklerini iki topara bölmek boljak. Birinji topara – ata türkmenleriniň, ikinji topara hem igdir, düýeji, gökleňleriň gepleşikleri girýär. Türki dilleriň haýsy toparynyň aýratynlyklaryny köp saklanyna esaslanmak, bularyň birinjisi – oguz, ikinjisi hem gypjak toparyna degişlidir.

Bulardan başga-da Özbegistanyň, Täjigistanyň, Gazagystanyň aýry-aýry etraplarynda, Eýranda, Owganystanda, Yrakda we beýleki käbir gündogar ýurtlarda heniz öwrenilmedik türkmen gepleşikleriniň duş gelýändigini aýtmak gerek. Türkmenistanyň içindäki hem daşyndaky dialektleriniň barynyň hemmetaraplaýyn doly

öwrenilmegi we olaryň ylmy taýdan gutarnykly toparlara bölünmegi ýakyn geljegiň gaýragoýulmasyz wezipesidir.

Fonetik transkripsiýa

Fonetik transkripsiýa dildäki sesleri bolşy ýaly bermek üçin ulanylýar. Häzirki elipbiý sesleri aýdylyşy ýaly, ähli inçeligi bilen doly aňladyp bilmeýär. Bu onuň wezipesine hem girenok. Sesleriň aýdylyşyny bolşy ýaly görkezmek üçin häzirki elipbiýiň üstüne aýry-aýry harplar, belgiler artdyrylyp, fonetik transkripsiýa düzülýär. Munuň maksady dildäki sesleri, olaryň wariantlaryny, dürli fonetik üýtgeşmeleri has aýdyň görkezmekden ybaratdyr. Şu hili transkripsiýada ýazylyp alnan dialektologik materiallar diliň içki ösüş kanunlaryny öwrenmekde aýratyn ähmiýete eýedir.

Fonetik transkripsiýa düzülende, her diliň öz içki fonetik aýratynlyklaryndan ugur alynýar. Ýöne şunda, baş-başdaklyk bolmaz ýaly, halkara fonetik elipbiýe esaslanylýar. Şeýle edilende, ol ýazgylardan giň möçberde peýdalanmak mümkinçiligi bolýar.

Irki döwürlerde türkmen dilinde kämil fonetik transkripsiýa bolmandyr. Her awtor özüçe transkripsiýa düzünipdir. Transkripsiýa belgilerini düzmekde we ulanmakda berk birlik saklanmandyr. Elbetde, munuň düşünişmezlige, bulaşyklyga getirjekdigi gümansyzdyr. Mysal üçin, **b** fonemasynyň süýkeş wariantyny aňlatmak üçin **b, w, v** ýaly telim harpyň alnandygy mälimdir. Beýleki belgiler barada hem şuny aýtmak bolar. Munuň iki hili sebäbi bar. Biri – berk işlenen fonetik transkripsiýanyň bolmazlygy. Ikinjisi – çaphanalarda häzire çenli dowam edip gelýän tehniki ýetmezçilik.

Soňky elli ýylyň içinde türkmen dialektleriniň köpçülikleýin öwrenilmegi mynasybetli, ýeke-täk fonetik transkripsiýa düzmek zerur boldy. Şeýle fonetik transkripsiýa düzülip tassyklandy. Şondan bäri transkripsiýa meselesi belli bir derejede tertibe mündi. Emma, şeýle-de bolsa, häzirki dowam edýän fonetik transkripsiýada hem käbir ýetmezçilikler duýulýar. Mysal üçin, çekimsizleriň inçe-ýogyn aýdylyşy **k, g** ýaly seslerde bellenip, şolar bilen ugurdaş **h, ň** seslerinde görkezilmeýär. Ýogyn çekimsizleriň **kъ, gъ** ýaly aýyrma

belgili alynmagy hem göwnejaý däl. Muňa derek olaryň inçe wariantlaryny ýumşaklyk alamaty bilen bellemek amatlydyr.

Transkripsiýda alnan belgileriň birnäçesi çaphanalarda ýok. Şoňa görä beýleki alamatlar bilen çalşyrmaly bolýar. Belli bolşy ýaly, uzynlyk, gysgalyk belgileri harpyň üstünden goýulýar. Emma şeýle belgileri ulanmak mümükinçiligi bolmansoň, olar, köplenç, iki nokat, ýaý bilen çalşyrylýarlar.

Zarply **b, g** sesleriniň süýkeş wariantlarynyň berlişi hem göwnejaý däl. Şunuň ýaly ýetmezçilikler başga-da ýok däl. Bu bolsa ýakyn wagtda şu meselä ýörite üns berlip, türkmen dili üçin has kämil fonetik transkripsiýanyň düzülmegini talap edýär.

Häzir dowam edýän elipbiýiň üstbne aşakdaky ýaly belgileriň artdyrylmagy bilen düzülen fonetik transkripsiýadan peýdalanylýar. Şunda tehniki sebäplere görä uzynly, gysgalyk belgileri çalşyrylyp, iki nokat, ýaý bilen berilýär:

:– çekimliniň uzyn aýdylýanyny bildirýär: **a:dam, dünýä:**;

() – has gysga aýdylýan ýa düşüp galýan sesleri görkezmek üçin ulanylýar: (**b(i)r, b(i)lek, alo:p**);

ýa, e, ýu, ýo – aýry-aýrylykda berilýär: **ýa:ş, ýel, ýumuş, ýo:l**;

g – dilorta, zarply, açyk çekimsiz: **gel, getir**;

G – ýokarkynyň süýkeş warianti: **eGer, beGenç**;

gъ – dilardy, zarpl,y açyk ses: **gъalam**;

GЬ – ýokarkynyň süýkeş warianty: **da:GЬ, ba:GЬ**;

k – dilorta, zarply, dymyk ses: **kelem, kä:şir**;

kъ – dilardy, zarply, dymyk ses: **a:kъ, kъa:kъa**;

h – dilorta, süýkeş, dymyk ses: **ähtiýa:ç**;

hъ – dilardy, süýkeş, dymyk ses: **parhъ, pahъta**;

h – damakda hasyl bolýan süýkeş, dymyk ses: **hemme, heni:z**;

b – **b** fonemasynyň süýkeş wariantyny görkezmek üçin ulanylýar: **o:ba, sa:byn**;

v – dodakda emele gelýän süýkeş, sonorly ses: **a:v, suv**;

z – dorsal, açyk, dilalny-diş sesi: **biz**;

s – ýakorkynyň dymyk taýy: **sän**;

// – bir faktyň parallel görnüşde ulanylýanyny bildirýär: **derýa:// deýra:**;

⟹ – progressiw assimilýasiýany görkezmek üçin ulanylýar: **mende > menne**;

⟸ – regressiw assimilýasiýany görkezmek üçin hyzmat edýär: **gitse > gisse**;

– çylşyrymly assimilýasiýany görkezýär: **gitjek > gitçek > giççek**;

> – bir sesiň başga bir sese geçýänini aňladýar: **adakъ > aýakъ**;

< – bir sözüň başga bir sözden emele gelenini bildirýär: **gelenokъ, geleni ýokъ**;

TÜRKMEN DILINIŇ DIALEKTLERINIŇ FONETIK SISTEMASY, GRAMMATIK GURLUŞY WE SÖZLÜK SOSTAWY

Dialekt aýratynlyklarynyň häsiýeti

Türkmen dialektleriniň fonetikasynda, morfologiýasynda, sintaksisinde we leksikasynda ýüze çykýan aýratynlyklaryň häsiýeti birmeňzeş däl. Dialektleriň grammatik gurluşyna garanda aýratynlykda fonetikasynda hem leksikasynda köp ýüze çykýar.

Dialektleriň aýratynlyklaryň has köp ýüze çykýan ýeri fonetikadyr. Munda aýry-aýry sözleriň telim hili aýdylyşyna duş gelinýär. Mysal üçin, edebi dilde hem teke dialektinde ulanylýan "çüýşe" sözi saryklarda – **şiýşe**, ýomutlarda – **süýşe,** sakar dialektinde – **şüýşe\\ süýşe** we manyş gepleşiginde hem **çüşä** görnüşinde ýüze çykýar.

Dialektlerde ses çalyşmagyna, sesleriň artdyrylmagyna, düşüp galmagyna, uzalmagyna ýa gysgalmagyna, assimilleşip-assimilleşmezligine we ş.m. degişli örän köp dürli fonetik aýratynlyklar duş gelýärler. Ýöne bular aýry-aýry seslere degişli bolany üçin, düşünişmezlik döretmeýär. Onsoňam, fonetik üýtgeşmeler asyl sözlerde däl-de, köplenç, degişli goşulmalary kabul

eden düýp sözlerde, has köpräk hem beýleki dillerden: arap-pars we rus dillerinden gezen sözlerde ýüze çykýar.

Leksik aýratynlyklar boýunça hem türkmen dialektleri bir-birinden ep-esli tapawutlanýarlar. Meselem, teke dialektinde **gölö**, ärsary, saryk dialektlerinde **höjek**, ýomut dialektinde **ta:na**.

Käwagtlar leksik aýratynlyklar düşünişmezlik hem döredip biler. Ärsary dialektinde ulanylýan **nu:ry** (ders), **bö:rdeki** (baggoýun) ýaly sözlere teke, ýomut dialektleriniň wekilleriniň düşünmezligi mümkin. Emma, köplenç, leksik aýratynlyklar hem düşünişmäge päsgel berip durmaýar. Ol sözleriň manysy sözlem içinde anyklanýar. Olaryň manysy asylky manysyndan öncakly daşlaşman, şoňa golaý bolýar; ýa dar manyda, ýa giň manyda, ýa-da şoňa ýakynrak başga bir manyda gelip biler. Käte öňküsine ters manyda hem ulanylýar. Ýöne şunda hem olaryň manysynda berk baglanyşyk, umumylyk duýulýar. Şoňa görä bularyň manysyny saýgarmak öncakly kyn bolmaýar.

Leksik aýratynlyklaryň köpüsi özboluşly sinonim emele getirip, diliň sözlük sostawyny baýlaşdyrýar. Muňa mysal edip, **mö:jö:k, gъu:rt, bö:ri, ýasgъa, güzer, olum; asta, ýuvoş, haýal; çalt, basym||bahym, çakъkъan, çalasyn, terk** ýaly köp sözleri görkezmek bolar. Bular türkmen dialektleriniň hemmesinde diýen ýaly düşnüklidir.

Leksik aýratynlyklar asyl sözlerde örän az duşýar. Çünki bular belli bir dialekte degişli bolman, umumyhalk dilini hasyl edýän sözlerdir. Asyl sözler diliň özeni bolup, täze-täze sözleriň döremegi, diliň sözlük sostawynyň baýlaşmagy üçin esas bolup hyzmat edýärler. Şoňa görä bu sözler hemme dialektlerde diýen ýaly şol görnüşlerinde ulanylýarlar.

Leksik aýratynlyklaryň ep-esli bölegi beýleki dillerden giren sözlere degişlidir. Sebäbi diliň sözlük sostawy özgerişlere örän tiz duýýar. Dialektleriň leksikasyna häli-şindi beýleki dillerden täze-täze sözleriň geçip durmagyny, öz içki resurslarynyň hasabyna baýlaşmagyny şunuň bilen düşündirmek mümkin.

Elbetde, dialektlerdäki beýleki diller bilen meňzeş geläýjek sözleriň hemmesini şol dillerden alnypdyr diýip, daşky meňzeşlik esasynda netije çykarmak dogry däl. Ýöne, her niçik-de bolsa, Amyderýa ýakasynda we Daşoguz sebitinde ýaşaýan türkmenleriň diline özbek diliniň belli bir derejede täsir edendigini inkär etmek bolmaz. Çünki bu ýerli ilatyň durmuşynda, medeniýetinde, däp-dessurlarynda käbir özbek elementleriniň duş gelýändigi şübhesizdir.

Dialektleriň morfologik gurluşynda düýpli tapawut ýüze çykmaýar. Morfologik aýratynlyklaryň köpüsi fonetik-morfologik häsiýetli bolup, esasan, käbir grammatik kategoriýalarda ýüze çykýan fonetik üýtgeşmeler bilen baglanyşyklydyr. Meselem: meniň – meň, mende – menne, baryny – baryn.

Sap morfologik aýratynlyklar saryk, ärsary, salyr ýaly bir topara giryän dialektlerde azdyr. Olaryň bolanjasy hem soňky döwürlerde ýüze çykan işligiň häzirki zaman formasy ýaly käbir grammatik kategoriýalara degişlidir.

Sintaksis boýunça dialekt aýratynlyklaryň has hem az ýüze çykýandygy bellidir. Söz düzüminde, ýönekeý hem goşma sözlemleriň gurluşynda, baglaýjylaryň ulanylyşynda käbir dialekt aýratynlyklaryň duş gelmegi mümkin. Ýöne olaryň hem köpüsi ähli dialektler we ýönekeý halk gepleşigi üçin umumydyr.

FONETIKA

Çekimliler

Çekimlileriň sostawy

Türkmen dilinde we oguz toparyna giryän dialektlerde, esasan, 16 çekimli fonema bolup, şolaryň sekizi: **a, e, o, ö, i, y, ü** – gysga, sekizi hem: **a:, e:, o:, ö:, i:, y:, ü:** uzyn çekimlilerdir.

Gysga **ä** we uzyn **e** sesleri özbaşdak fonema bolup bilmeýär. Sebäbi bular türkmenleriň asyl sözlerinde duş gelmän, käbir arap-pars hem gysgalan sözlerde gabat gelýärler. Gysga **ä** sesi türkmen dilinde we onuň dialektlerinde, esasan, **äht, ähtiwar:, ähtimal** ýaly apar-pars sözlerinde, **päh, wäh** kimin azrak ümlüklerde duş gelýär.

Bulardan başga-da, **äkel** (<alyp gel), **äkit** (<alyp git), **äber** (<alyp ber) ýaly käbir gysgalan sözlerde we rus dilinden geçen **äpişge** (<okoşka) sözünde gysga **ä** sesiniň ulanylmagy mümkin. Ýöne bu mysallarda **ä** sesi sözüň manysyny tapawutlandyrmaga gatnaşmaýar.

Galyberse-de, türkmen dialektlerinde **äkel\\ akel, şäher\\ şeher** ýaly sözlerde **ä** sesiniň **a, e** bilen çalşyrylyp ulanylmagy hem munuň durnukly däldigini bildirýär. Umuman, gysga **ä** sesiniň ulanylyş geriminiň daralaýanyny bellemek gerek. Bu, köplenç, sesleriň düşüp galmagy netijesinde uzyn **ä** sesine geçýär: sähelçe > **säl:çe**, edähet > **edä:t**, zähmet > **zä:met**, mähnet > **mä:rem** (sar.); rähmet > **rä:met**, säher > **sä:r** (noh), şäher > **şä:r**, zäher > **zä:r**, mähel > **mä:lle** (sak.)

Sözüň manysyny tapawutlandyrmak türkmen dilinde hem onuň esasy dialektlerinde uzyn **ä** sesi hyzmat edýär. Bu ses gysga **e** sesine garşy goýlup, **pä:l – pel, dä:l – del, kä:l – kel, gä:r – ger, ä:k – ek** ýaly sözleriň manysyny tapawutlandyrmakda uly rol oýnaýar. Türkmen dilinde we onuň dialektlerinde uzyn **ä** sesiniň ulanylyş gerimi gysga **ä** sesine garanda has giň bolup, köp mukdardaky asyl hem düýp sözlerde, şeýle-de goşulmalarda duş gelýär: **bä:ş, bä:wek, bä:ri, gä:dik, gä:z, enä:niň, enä:.**

Uzyn **ä** sesi hem türkmen diline we onuň dialektlerine öňçakly mahsus däldir[1]. Ol diňe **ge:r (<geler), be:r (<berer)** ýaly birki sözde işliginiň nämälim geljek zaman formasynyň gysgalmagy netijesinde ýüze çykýar. Emma asyl hem düýp sözlerde şonuň ýaly-da goşulmalarda uzyn "ä" sesine gabat gelinmeýär.

Türkmen dialektlerinde **e** fonemasynyň uzyn wariantynyň ulanylyşy ol diýen durnukly däl. Hatda şunuň has aktiw ýüze çykýan ýeri bolan teke dialektinde hem **geler** ýerine **ge:r** ýaly aýdylýan-da bolsa, **berer** ýerine **be:r** däl-de, has köpräk **bi:r** şekilinde uzyn **e**

[1] Н. К. Дмитриев, долгие гласные в туркменском языке. Исследования по сравнительной грамматике тюркских языков. ч. I, Фонетика, Москва, изд. АН СССР, 1955, сах. 185.

sesine derek **i** çalşyrylyp ulanylýar. Käbir sözlerde bolsa, **e** sesi uzyn aýdylmaly bolanda, ýa uzyn **i**, ýa-da uzyn **ä** seslerine geçýär. Mysal üçin, teke dialektiniň mary gepleşiginde **deňeç** ýerine **deňi:ç,** ahalda – **deňä:ç** ýaly çalşyrylýar. Saryk dialektinde bolsa uzyn **e** sesi **ä** bilen çalşyp, **ge:r** ýerine **gä:r, be:r** ýerine **bä:r// bi:r** ýaly ulanylýar.

Türkmen diliniň stawropol gepleşiginde asla **e** fonemasynyň uzyn warianty duş gelmeýär. Käbir **bilen** ýerine **bilä:n//bilä:ni, eken** ýerine **ekä:n//ekä:ni//ikä:n//ikä:ni, ilerki** ýerine **ilä:rki** ýaly sözlerde, uzyn aýdylmaly ýerinde hem **e** sesi bilen däl-de, **ä** bilen ýüze çykýar. Oguz toparyna giryän dörtgül gepleşiklerinde hem **be:r, ge:r** kimin sözlerde uzynlyk duş gelenok. Ahal we dörtgül gepleşiklerinde **höwes** ýerine **hövä:s** ýaly aýdylyp, garaşylýan uzyn **e** derek **ä** sesi ulanylýar. Dörtgül gepleşiklerinde **zäher** sözünde hem **e** sesi uzyn aýdylmagyň deregine **zähä:r** görnüşinde uzyn **ä** sesi bilen ýüze çykýar.

Käbir dialektlerde beýleki sesleriň çalyşmagy netijesinde ýek-tük sözlerde uzyn ýa uzynrak aýdylýan **e** sesine duş gelinýär. Mysal üçin, gökleň dialektinde **sö:v (<sög)** ýerine **se:v**, ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde **sö:vüş (<sögüş)** ýerine **se:viş**, sakar dialektinde **Bä:şim, bä:ş** ýerine **Be:şim, bä:ş** ýaly **e** sesi – uzyn, olam dialentinde hem **Beşim, beş** görnüşinde uzynrak aýdylýar. Emma bu entek türkmen dialektlerinde uzyn **e** fonemasynyň bardygyny aňlatmaýar. Munuň özi ýok-ýarym sözlerde duş gelýän ses çalşygydyr. Bu bolsa dürli fonetik sebäpler bilen düşündirilýär.

Gökleň we ýomut dialektlerindäki **se:v, se:viş** sözleriniň asly bir bolup, ses çalşygy netijesinde **sög, sögüş** sözlerinden emele gelipdir. Şunda **g** sesi dodak çekimlileriniň täsiri bilen **v** sesine öwrülýär. Onuň öňündäki uzyn **ö** sesi bolsa şol dialektleriň fonetik aýratynlyklaryna laýyklykda **ü** sesiniň täsiri netijesinde dodaklamadan çykyp, **e** sesine geçipdir.

Sakar we olam dialektlerindäki **Be:şim, be:ş** sözleriniň hem asly **be:ş** sözünden bolup, mundaky **e**-niň uzyn ýa uzynrak aýdylmagy ses çalşygynyň netijesidir. Bu ýerde uzyn **ä** sesiniň

gysgalak tendensiýasy duýulýar. Şunda **ä** sesi gysgalyp, **e>ä** seslerine öwrülýär.

Şeýlelik bilen, oguz toparyna girýän teke, ýomut, saryk, salyr, gökleň, ärsary, alili, sakar, olam ýaly esasy türkmen dialektleri çekimlileriň sostawy boýunça bir-birinden we edebi dilden öncakly tapawutlanmaýarlar. Bularyň arasyndaky esasy tapawut **e, ä** sesleriniň ulanylyşy bilen baglanyşyklydyr. Beýleki sesler boýunça ýüze çykýan aýratynlyklar bolsa gelýän orunlary hem degişli fonetik kanunlar bilen düşündirilýär.

Oguz toparyna girýän dialektlerde uzyn çekimlileriň bolmagy bularyň häsiýetli aýratynlyklaryndan biridir. Bu dialektlerindäki uzyn çekimliler fonematik häsiýete eýe bolup, sözleriň manysyny tapawutlandyrmaga hyzmat edýärler. Şoňa görä bularyň her biri aýratyn fonema bolup ulanylýar: **a-a, at-a:t, aç-a:ç, al-a:l, e-ä, ek-ä:k, çek-çä:k, pel-pä:l, o-o, ot-o:t, gъol-gъo:l, ýol-ýo:l, ö-ö, öt-ö:t, öl-ö:l, öç-ö:ç, y-y, gъyz-gъy:z, gъyr-gъyr, i-i, bil-bi:l, pil-pi:l, u-u, uç-u:ç, dul-du:l, ü-ü, (üý), gül-gü:l (güýl), dür-dü:r (düýr).**

Türkmen diliniň gypjak toparyna girýän dialektlerde çekimli fonemalaryň sany oguz dialektlerine garanda has azdyr. Bularda çekimli fonemalaryň mukdary 8 – 12 aralygynda bolup, dialektlerde dürli hili ýüze çykýar. Çärjew gepleşiklerde – 8, änew dialektiniň manyş gepleşiginde – 11, dörtgül türkmenleriň gypjak gepleşiklerinde 12 çekimli fonema bar.

Şunlukda, çekimli fonemalaryň sosrawy boýunça oguz hem gypjak toparlaryna girýän dialektleriň arasynda uly tapawut ýüze çykýar. Oguz toparynda çekimli fonemalaryň sany gypjak gepleşikleriniň käbirine garanda iki esse köpdür. Mysal üçin, çärjew gepleşiklerinde 8 çekimli fonema **a, e, o, ö, y, i, u, ü** bolup, olaryň hemmesi gysga aýdylýar. Emma oguz dialektlerinde bularyň uzyn taýlary hem bar. Gypjak toparyna girýän dialektlerde çekimli fonemalaryň azlygyny bularda uzyn çekimlileriň bolmazlygy ýa örän seýrek ulanylmagy bilen düşündirmek bolar.

Gypjak dialektlerinde çekimlileriň uzynlygy, köplenç, fonematik häsiýete eýe däl. Diňe käbir gepleşiklerde uzyn çekimlileriň fonematik many aňladyşyna duş gelinýär. Mysal üçin, manyş gepleşiginde 11 fonema: **a, a:, o, o:, u, ü, y, ä, ö, e** bolup şolardan ikisi **a,o** sesleriniň uzyn aýdylmagy netijesinde ýüze çykypdyr.

Manyş gepleşiginde **ä** fonemasy agzyň giň açylmagy bilen emele gelip, artikulýasiýasy boýunça türkmen edebi dilinden we oguz toparyna girýän beýleki dialektlerden tapawutlanýar. Bu, köplenç, başga sesleriň deregine çalşyp gelýär: Abdylla > **Ävdullä**, degirmen > **däýirmän**.

Edebi dilde we oguz toparyna girýän dialektlerde çekimlisi uzyn aýdylýan **di:ş, gъy:z, bu:z, bi:l, i:l, o:t, ö:l, ço:rwa, küýze, çüýşe** ýaly sözler, manyş gepleşiginde fonematik uzynlygynyň bolmany üçin, **diş, gъyz, buz, bel, el, ot, hol, şorva, küzä, çüşä** ýaly gysga aýdylýarlar.

Şunuň özi nohur dialektine hem degişlidir. Uzyn çekimliniň gysga bilen çalşyrylmagy bu dialektiň esasy aýratynlyklaryndan biridir. Mysal üçin, edebi dilde **a:z, a:ý, bi:l, ga:z, gy:z, ja:ý, kä:r, ma:ý, nä:z, o:n, o:t, pi:l, tu:t, u:n, çi:g** ýaly uzyn aýdylýan sözler nohur dialektinde **az, aý, bil, bäş, gъaz, gъyz, jaý, kъr, maý, naz, on, ot, pil, tut, un, çig** görnüşinde aýdylýarlar.

Bu ýeke asyl sözler üçin häsiýetli bolman, düýp sözlere, goşulmalara hatda beýleki dillerden giren sözlere hem mahsus. Edebi dilde we oguz toparyna dialektlerde **büti:n, gündi:z, güni:n, ýogъy:n, ýöri:te, ýüzi:n, mövri:t, müdi:mi, müdi:r, mümki:n, ogъry:n, öňli:n-soňly:n, sözli:te, uzy:n, ukъy:ply, umy:t, usly:p, üçi:n, husy:t** ýaly sözleriň ikinji bogny uzyn aýdylýar. Nohur dialektinde bolsa **bütin, günnüz, günün, ýoъun, ýörüte, ýüzün, mövrüt, müdümi, müdür, müňkün, ogъyrn, öňlün-soňlun, sölüte, uzun, ukъyply, umut, uslup, üçün, husut** ýaly gysga çekimli bilen çalşyrylýar.

Dörtgül türkmenleriniň gypjak gepleşiklerinde hem 12 çekimli fonema: **a, a:, o, o:, e, ä, ö, ö:, y, i, u, ü** bolup şolardan: **e, ä, y, i, u, ü** seslerinde fonematik uzynlyk ýüze çykmaýar. Uzyn **ä:** sesiniň ulanylyş gerimi hem örän çäkli. Ol **a, e, i** sesleriniň birden-biri bilen çalyşýar. Muňa mysal edip, **häli** ýerine **haly**, **bäş** ýerine **beş**, **näçe** ýerine **niççe** ýaly ulanylyşyny görkezmek bolar.

Gypjak toparyna giryän dialektlerde çekimli fonemalaryň sanynyň deň bolmazlygy fonematik uzynlygyň ýüze çykyşyna baglydyr.

Çekimlileriň uzyn aýdylmak häsiýeti

Türkmen dilinde we onuň dialektlerinde ulanylýan uzyn çekimlileriň köpüsi sözüň aslynda bolsa, birnäçisi soň ýüze çykypdyr. Şu tarapdan olary iki topara bölmek boljak:

1) Birinji uzynlyk;
2) Ikinji uzynlyk.

Sözüň aslynda uzynlyk bolsa, oňa **birinji uzynlyk** diýilýär: **di:ş, i:ş**. Eger ol soň ýüze çykan bolsa, oňa **ikinji uzynlyk** diýilýär: degil > **dä:l**, pygyl > **pä:l**. Birinji uzynlyga – **asyl, etimologik** ýa **fonematik**, ikinji uzynlyga **pozision** ýa **kombinator** uzynlyk hem diýilýär.

Birinji uzynlygyň näwagt, neneňsi emele geleni belli bolmasada, ikinji uzynlygyň ýüze çykyşyny, köplenç, halatda anyklamak mümkin. Bu barada türkmen dialektologiýasy baý material berýär.

Ikinji uzynlyk, easasan, iki çekimliniň, çekimli bilen sonorly ýa süýkeş sesiň arasynda gelen **l, p, v, ý, h, w...** ýaly sonorly ýa-da süýkeş çekimsiziň düşüp galmagy netijesinde emele gelýär:

v sesiniň düşüp galmagy bilen ýuwun > **ýu:n** (sar.), towuk > **to:kъ,** sowuk > **so:kъ** (gökl.), howp > **ho:p,** owgan > **o:gъan** (sal.), owkalady > **o:kъalady**, toplap > **tu:la:p** (stawr.);

n sesiniň düşüp galmagy bilen: aňry > **a:ry** (stawr.);

n sesiniň düşüp galmagy bilen: neneňsi > **ne:ňsi** (gökl.);

ý sesiniň düşüp galmagy bilen: iým > **i:m**, diýip > **di:p**, köýnek > **kö:nek** (sal., ÝDDG), öýke > **ö:kö** (sal.);

bu ýerde > **bö:rde**, şu ýerde > **şö:rdö** (ÝDDG);

l sesiniň galmagy bilen: alyn > a:n (DTG);

r sesiniň düşüp galmagy bilen: barar > **ba:r**, görer > **gö:r** (sar., ÝDDG);

m sesiniň düşüp galmagy bilen: gymmat > **gъymat** (ÝDDG);

h sesiniň düşüp galmagy bilen: şahadatnama > **şa:datna:ma**, peşehana > **peşa:na**, peşehorda > **peşo:rda** (teke), sähelçe > **sä:lçe**, zähmet > **zä:met**, söhbet > **sö:wet**, mährem > **mä:rem** (sap.), rähmet > **rä:mät**, mählet > **mö:lät** (noh.), gahar > **gъa:r**, bahasy > **ba:sy**, bahana > **ma:na**, mahal > **ma:l**, şäher > **şä:r**, zäher > **zä:r**, mähelle > **mä:lle** (sak.), jähennem > **jä:nnem** (gökl.), mähüm > **mö:m** (DTG), şöhlat > **şö:la:t** (ol.), bu mahal **> by:ma:l, by:ma:t** (ÝDDG);

gъ sesiniň düşüp galmagy bilen: ugursyz > **u:rsyz**, bugurçy > **bu:rçy**, ýugur > **ýu:r** (sar,);

Şunda zarply **gъ** çekimlileriň täsirine düşüp, süýkeş **GЪ** sesine öwrülýär. Ol hem öz gezeginde dodak çekimlileriň assimilleşip, sonorly **v** sesine geçýär. Soň bolsa iki çekimliniň arasynda bütinleý düşüp, öz yzynda uzynlyk galdyrýar. Munuň geçiş prosesini **gъ** > **GЪ** > **v** (:) şekilinde görkezmek boljak.

Käbir "mübärek > **mä:rek**, subhan > **su:ha:n** (gökl.)" ýaly sözlerde süýkeş **w** sesiniň düşüp galmagy bilen hem uzynlyk ýüze çykýar. Ýöne munda hem zarply **b** sesi ilki süýkeş **w**, soň bolsa **v** sesine geçen bolmagy mümkin. Sebäbi süýkeş **gъ, w** sesleri zarply **gъ, b** sesleriniň wariantlary bolup, dodak çekimlileriniň täsiri netijesinde, köplenş, **v** sesine öwrülýärler. Şunlukda, süýkeş **GЪ, w** sesleri şol duruşlaryna düşüp galman, adatça, sonorly **ý, v** seslerine öwrülip, soň galdyrylyp ulanylýarlar.

Dialektlerde çekimlileriň uzalmagy yzygiderli kadaly häsiýete eýe däl. Ol diňe käbir sözlerde uzalyp, şoňa meňzeş başga birnäçe sözlerde uzalmazlygy hem mümkin. Munuň dialektlerde ýüze çykyşy hem birmeňzeş däl. Teke, saryk, salyr, ärsary dialektlerinde **tovukъ, sovukъ** ýaly aýdylsa, gökleň, alili, garadaşly, sakar dialektlerinde çekimsizi düşürilip, **to:kъ, so:kъ** ýaly uzyn aýdylýar. Manyş

gepleşiginde **tagam** ýerine **ta:m** ýaly aýdylmagy hem şol dialektiň aýratynlygydyr. Emma, köplenç, ýagdaýlarda çekimlileriň uzalmagy dialektlerede gabat gelýär. Mysal üçin, **zä:met, tö:met, şö:le, Zö:re, ba:sy, gъa:r, mä:rek, mi:man** ýaly ençeme sözleriň aýdylyşy ärsary, ýomut, saryk, salyr, gökleň, olam dialektlerinde, stawropol we dörtgül türkmenleriniň gepleşiklerinde meňzeş. Bu bolsa türkmen dialektlerinde çekimlileriň uzalmagy boýunça käbir tapawutlaryň bardygyna garaman, olaryň hemmesinde hem meňzeşräk üýtgeşmeleriň ýüze çykýanyny bildirýär. Munuň sebäbi türkmen dialektleriniň aslynyň birligi we içki kanunlarynyň umumylygy bilen düşündirilýär.

Türkmen edebi dilinde gysga aýdylýan çekimlilere derek birnäçe dialektlerde uzyn çekimliler ulanylýar. Bu uzynlyk şol sözleriň aslynda bolupmy ýa näbelli sebäbe görä soň ýüze çykypmy, ony aýtmak kyn. Ýöne häzirki zaman türkmen edebi dili bilen deňeşdirende, olar gysga çekimlilere gabat gelýär:

a > a adyl > **a:dyl**, baha > **baha**, şaha > **şaha**, asyr > **a:syr** (DTG, ärs.), tanamak > **ta:nymakъ** > **ta:namakъ**, gaýa > **gъa:ýa** (gökl.), taýpa > **ta:ýpa**, nas > **na:s**, zaýem > **za:ýym** (sar.), mazut > **ma:zut**, aýat > **a:ýa:t**, aýlandyk > **a:ýlandykъ**, arkaýyn > **a:rkъaýyn**, derweze > **da:rvaza**, mart > **ma:rt**, tarnaw > **ta:rnav**, kassir > **kъa:ssir** (sal.);

o > o gonmak > **gъo:nmakъ** (gökl., ärs.), çopan > **ço:pan\\ ço:fan** (gökl.), ýolbars > **ýo:lbars** (ärs.), ýoldaş > **ýo:ldaş** (ärs., sar., sal.), boý > **bo:ý**, boýag > **bo:ýagъ,** boýly > **bo:ýly**, boýunda > **bo:ýunda**, toý > **to:ý**, ýoluk > **ýo:lukъ**, ýorunja > **ýo:runja**, horjun > **ho:rjun**, possun > **po:stun** (sal.);

e > e: (> ä: // i:) erin > **e:ren** // **ä:ren** // **ä:rin** (ärs.), mesi > **mä:si** // **messi**, entek > **intä:k** (sar.), bilen > **b(i)lä:n** (gökl.), neşe > **niýşe** (DTG);

> y(> i:): sagdyn > **sagъdy:n** (gökl.); galyň > **gъaly:ň** (gökl., ärs.); kagyz > **kagъy:z** // **kъa:gъa:z** (sar., ärs.); pyçak > **py:çakъ** // **pi:çakъ** (sar.); boýunça > **boýu:nça**, many > **ma:ny**: (ärs.);

u > u: (> y:): gurçuk > **gъu:rtçykъ // gъurçykъ**, ýorunja > **ýory:nja** (sar.); Burdalyk > **Bu:rdalykъ** (ärs.); burun (öň) > **bury:n**" (DTG); sugun > **sugъun** (ah.):

i>i: kempir > **kempi:r** (sar., ärs. DTG); iň > **i:ň**, häzir > **hä:zi:r** (ärs., DTG); islemek > **i:slemek**, müňkür > **müňki:r**, mälim > **mä:li:m** (sal.); mugallym > **mugъally:m**, gizlemek > **gi:zlemek** (ÝDDG); > gizlin > **gi:zli:n** (sal., ÝDDG).

Şu getirilen mysallaryň birnäçesinde uzyn çekimlileriň aslynda bolanyny subut etmek mümkin. Mysal üçin, ýomut, ärsary, saryk, salyr, sakar, olam we beýleki käbir dialektlerde uzyn aýdylýan **a:za:t, a:za:r, a:za:p, a:ýa:n, na:s** ýaly ençeme arap-pars sözlerinde aslynda uzynlyk bolup, dialektlerde hem şol hili ornaşyp galypdyr. Emma teke dialektinde we edebi dilde bu sözler degişli fonetik üýtgeşmelere sezewar bolup, olaryň birinji bogunlaryndaky uzyn çekimliler gysgalypdyrlar.

Edil şunuň ýaly, ýomut, gökleň, saryk, salyr, ärsary we başga-da birnäçe dialektlerde **ýo:ldaş, ýo:lwars, gъo:nmakъ** kimin köp sözlerde uzynlygyň aslynda bolanyny inkär etmek mümkin däl. Bularda etimologik uzynlyk saklanyp galypdyr. Muny **ýol** sözüniň häzire çenli uzyn aýdylmagy hem tassyklaýar. **Ýoldaş** sözüniň bolsa şundan ýasalany bellidir. Emma şu hili sözleriň hemmesinde uzynlyk aslynda bolandyr diýip pikir etmek nädogry bolar. Mysal üçin, saryk dialektinde **mesi** ýerine **mä:si // messi** ýaly çekimliniň uzyn aýdylmagy goşalandyrylyp ulanylýan **ss** sesleriniň biriniň düşüp galmagy bilen bagly ýüze çykýar. Belli bolşy ýaly, çekimsizleriň ikilenmegi çekimliniň gysga aýdylmagyna sebäp bolýar. Mysal üçin, **çakъkъy** sözi aslynda **çaky** sözünden bolup, ikilenme soň ýüze çykypdyr. Saryk dialektinde şunuň **ça:kъy** ýaly çekimsiziniň goşalandyrylman, öň ýanyndaky çekimliniň uzyn aýdylyşyna duş gelinýär. Bu bolsa uzynlygyň ýüze çykmagynda çekimsizleriň ikilenmeginiň ýa düşüp galmagynyň belli bir derejede täsiriniň bardygyna şaýatlyk edýär.

Salyr dialektinde zaýem>**za:ýym,** mazut>**ma:zut,** mart>**ma:rt,** kassir>**kъa:ssir** ýaly sözlerde uzynlygyň ýüze çykmagy rus dilinde şol sözlerdäki çekimlileriň birneme uzynrak aýdylýandygy bilen baglanyşyklydyr. Şoňa görä bu sözlerdäki **a** sesi salyr dialektinde uzyn çekimli hökmünde kabul edilipdir.

Gysga çekimlileriň uzalmagynda sözleriň many taýdan bölünişiginiň hem tasiri bardyr. Mysal üçin, **sypmakъ** sözi gysga aýdylanda, **gaçmak, gutulmak** manysynda ulanylýar. Şu söz **sy:pmakъ** ýaly uzyn aýdylanda bolsa, "taýyp düşmek" ýaly manysy bar. Emma şularyň asly bir bolup, olaryň manysynda bölünişme soň ýüze çykypdyr. Şunuň esasynda olaryň aýdylyşynda bölünişme hem tapawut emele gelýär. **Biri-bi:ri, duran-dura:n** ýaly sözleriň iki hili aýdylyşy hem şuňa mysal bolup biler. Çekimlileriň uzalmagy basymyň orny bilen hem azrak baglanyşyklydyr. Mysal üçin, **ýigrimi bir**>**ýigrim(i) mi:r** diýende, basymyň soňky bogna düşýändigi üçin, **bir** sözi uzyn aýdylýar.

Bularda başga-da, bir düşünjäni has güýçlendirip aňlatmak zerur bolanda hem, onuň çekimlisi uzaldylýar. Ýöne bu uzynlyk öňkä garanda hem dowamly bolup, has çekilip aýdylýar. Meselem: şol>**şo:...l,** gaçyp>**gъaçy:p.**

Gysga çekimlileriň uzalmagy netijesinde käbir sesler hil taýdan üýtgäp, başga seslere öwrülýärler. Mysal üçin, ärsary dialektinde **e** sesi uzynlyk alanda, **ä:** sesine geçýär: öýken>**üýkä:n,** bilen>**b(i)lä:n,** tekje>**tä:kçe,** hepbik>**hä:ppik**, teler-**tä:lä:r.**

Saryk dialektinde käbir sesler uzyn aýdylanda hem, edil şunuň ýaly üýtgeşme ýüze çykýar. Mysal üçin, **y** sesi uzyn aýdylanda – **i:** sesine (pyçak>**py:çakъ:>pi:çakъ),** **u** sesi hem **y:** sesine (ýorunja>**ýory:nja)** geçýär.

Çekimlileriň gysga aýdylmak häsiýeti

Käbir sözlerde edebi dildäki uzyn çekimlilere derek türkmen dialektlerinde gysga çekimlileriň çalşyrylyp ulanylyşyna duş gelinýär. Şuňa çekimlileriň gysgalmagy hökmünde garamak bolar. Sebäbi

bularyň köpüsi öň uzyn aýdylyp, dürli sebäplere görä soň gysgalypdyr:

a:>a – a:ýa>**aýa,** ha:l>**hal** (gökl.); a:ýna>**aýna** (gökl., ÝDDG, ÝDDG, sal.); ma:ý>**maý** (gökl., ÝDDG, DTG); a:nna>**arna,** ka:ry>**kъarýa,** sypa:>**sypa** (sar.); pa:ýlamak>**paýlamakъ** (sal.); ýa:rdam>**ýardam** (DTG);

o:>o – o:ý>**oý,** jo:ýa>**joýa** (gökl.); o:ýmak>**oýmakъ,** to:rba>**torwa,** ço:rba>**çorwa** (sal.); mo:lla>**molla** (DTG):

ä:>e – bä:ş>**beş** (sar., ärs., ol., DTG); çäýnek>**çeýnek** (sar., sal., ärs.); günä:kä:r>**günekkъa:r** (sal.); çä:rъýek>**çeýrek,** lä:kin>**leýkin** (DTG); bö:lek>**bölek** (gökl., sar.); ö:de>**öde** (sal.);

y:>y – gy:myldama > **gъymyldama,** y:zarla > **yzarla** (gökl.); zo:rgy:nçylyk>**zo:rgъylç(y)lykъ** (sar.);

i:>i (>ü) – bi:je>**bije,** i:njik>**injik** (DTG); mümkinçilik>**müňkülç(i)lik** (sar.).

Uzyn çekimlileriň gysgalmagy sözleriň manysyny tapawutlandyrmaga gatnaşmaýany bilen hem düşündirilip bilner. Ýokarky sözlerde uzyn çekimlileriň gysgalmagy bilen sözleriň manysyna uly zyýan ýetip durmaýar. Bu hili sözlerde çekimliniň uzyn ýa gysga aýdylmagynyň fonematik ähmiýeti ýok.

Uzyn çekimlileriň gysgalmagy ýanaşyk gelýän sesleri bilen hem baglanyşyklydyr. Şu mynasybetli olaryň köplenç sonorly seslerden öň gelýändigini bellemän geçmek bolmaz.

Galyberse-de, uzyn çekimlileriň gysgalmagy, esasan, birinji bogunda ýüze çykýar. Türkmen dilinde bolsa basymyň ahyrky bogna düşýändigi bellidir. Şuňa görä çekimlileriň gysgalmagy basymyň şol bogna düşmeýändigi bilen hem bagly bolmagy mümkin.

Uzyn çekimlileriň gysgalmagy **ý, v** ýaly käbir sesleriň ýüze çykmagy zerarly hem bolup biler: so:py>**sovpy** (ýom.), lä:kin>**leýkin** (DTG). Käbir ka:ry>**kъarýa** (sar.), çärъýek>**çeýrek** (DTG) ýaly sözlerde bolsa uzyn çekimlileriň gysgalmagy bogun galypynyň üýtgemegi, sesleriň ýerleriniň çalyşmagy netijesinde bolup geçýär.

Uzyn çekimlileriň gysgalmagy bilen dodaklanmadyk çekimliler dodak sazlaşygyna laýyklykda dodak çekimlilerine öwrülýärler. Mysal üçin, salyr dialektinde Ora:z ýerine **Oroz,** ullaka:n ýerine **ulokъon** ýaly aýdylýar.

Türkmen dialektlerinde çekimlileriň gysgalmagy ysgynsyzlanma zerarly ýüze çykýan fonetik hadysadyr. Çekimlileriň ysgynsyzlanmagy köplenç açyk bogunda, zarply sesler bilen syzyjylaryň arasynda ýüze çykýar: **b(i)lek, gъ(y)pov** (sar.).

Ysgynsyzlanma hemme çekimlilerde birmeňzeş däl. Bu çekimlileriň hiline we mukdaryna bagly. Uzyn çekimlilere garanda gysga çekimliler has tiz ysgynsyzlanýar. Uzyn çekimliler ysgynsyzlanma örän az duçar bolýar. Sebäbi türkmen dilindäki uzyn çekimlileriň poliftong häsiýeti bar. Olar diňe mukdar taýdan däl, hil taýdan hem gysga çekimlilerden tapawutlanýarlar. Bular gysga çekimlilere garanda telim mertebe uzyn aýdylýar. Uzyn çekimliler kem-kemden, emma yzygiderli suratda bir-birine geçýän köp sesden düzülip, artikulýasiýanyň hili boýunça hem tapawutlanýarlar. Uzyn çekimlileriň ysgynsyzlanmazlygy hem şunuň bilen baglydyr. Hatda bularyň uzyn aýdylmagy gapdalyndaky bogunlaryň gowşamazlygyna hem ýardam edýär.

Uzyn çekimliler ysgynsyzlananda hem, öňürti gysga çekimlä öwrülýär. Soň bolsa ysgynsyzlanyp, bütinleý düşüp galýar: **ýöri:te>ýörite>ýör(i)te>ýörte** (çärj.).

Gysga çekimliler hem birmeňzeş ysgynsyzlanmaýarlar. Dar çekimlilere garanda giň çekimlileriň has gowşak ysgynsyzlanýandygy bellidir. Sebäbi mukdar taýdan gysga çekimli bilen uzyn çekimliniň bir bolmaýşy ýaly, dar çekimli bilen giň çekimli hem meňzeş däl. Dar çekimlileriň ysgynsyzlanma örän köp sezewar bolup, giň çekimlileriň az duçar bolmagy hem şonuň üçindir.

Giň çekimliler ysgynsyzlananda, degişli dar çekimlilere geçýärler. Türkmen diliniň saryk dialektinde giň çekimliler käbir düýp işliklerde sonorly **r, l, m, n, ň, ý, v** sesleri bilen zarpçy **t** sesiniň

arasynda güýçli ygynsyzlanyp, dar çekimlilere öwrülýärler: ýarat>**ýar(y)t, tanat>tany(y)t,** ýöret>**ýör(i)t** (sar.).

Ysgynsyzlanma dar çekimlilerde has güýçlüdir. Olar örän dar aýdylýandygy hem ysgynsyz eşidilýändigi bilen giň çekimlilerden tapawutlanýarlar. Bularda hem ysgynsyzlanmanyň ýüze çykyşynda käbir aýratynlyklar göze ilýär. Mysal üçin, dodak çekimlilerine garanda dodaklanmadyk çekimliler güýçli ysgynsyzlanýarlar. Şonuň üçin hem **y, ü** sesleri ysgynsyzlananda, adatça dodaklanmadyk **y, i** seslerine öwrülýärler. Munuň tersine **y, i** sesleri hem güýçli ysgynsyzlananda, dodak sazlaşygyna eýermeýärler: goltuk>**gъoltykъ,** bulut>**bul(y)t,** orus (rus)>**or(y)s,** köpräk>**köp(i)rä:k** (sar.); öldüripdir>**ölt(i)ript(i)r** (ol.)

Ýöne **u** sesine garanda **ü** sesiniň has gysga aýdylýandygy zerarly, ol köplenç öz bolşuny saklap, **i** sesine öwrülmeýär. Emma **u** sesi ysgynsyzlananda, hökman **y** sesine geçýär. Şeýlelikde, belli fonetik orunlarda **y, i, ü** sesleriniň has gysga, ysgynsyzlanan wariantlarynyň bardygyny hem bellemek gerek.

Çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygy

Türkmen dilinde bolşy ýaly, onuň dialektlerinde hem çekimli sesler progressiw assimilýasiýa boýunça inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna eýeryärler. Bu kanun ýeke düýp sözlerde däl, goşulmalarda hem saklanýar: **a:damlar, geldiler.** Bu babatda türkmen dialektleri edebi dilden öncakly tapawutlanmaýar. Aýratyn hem çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygynyň teke dialektiniň mary gepelşiginde berk saklanýandygyny aýtmak gerek. Ýöne türkmen dialektlerinde bu kadanyň aýry-aýry sözlerde we goşulmalarda bozulýan ýerleri hem bar.

Käbir arap-pars sözleri dialektlerde taryhy bolşuny saklap, çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna boýun etmeýärler: daýhan-**deýha:n,** haýwan-**heýva:n,** taýýar>**teýýa:r,** haýran>**heýra:n** (sar., sal., ärs., ol.); äýnek>**a:ýnek,** äpet:>**ä:pet,** näbelet>**nä:welet,** mäkäm>**mehkъa:m** (sar.): haraý-**heraý,** garasar>**gъaraser,**

maslahat>**meslähat** (sal.); dünýä>**dünýa:** (ärs., ol., sak.); galandar>**gъalander** (çand.).

Rus dilinden giren sözlerde **k, g** ýaly sesleriň inçe aýdylmagy zerarly käbir sözler çekimlileriň inçelik-ýogunlyk sazlaşygyndan çykýarlar: galoş>**kelo:ş** (sary.); kolhoz>**kelho:z** (ärs.); gastronom>**gest(i)rono:m** (çärj.); kanal>**kena:l** (ol.).

Rus dilinden giren sözlerde bogun galypy bilen bagly artdyrylýan sesler käbir dialektlerde çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygynya boýun egmeýärler: stol>**isto:l**, stul>**istu:l**, klas:**k(i)las**, sprawka>**isp(i)ra:mke** (sar.).

Käbir sözlerde **y** sesiniň poliftong häsiýetine görä **i:** sesine öwrülmegi bilen çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygy bozulýar: yzda-**i:zda,** dynman-**di:nman,** yzlap-**i:zlä:p**, yslanypdyr-**i:slanypt(y)r** (sar.); hasap-**hasi:p,** myhman-**mi:ma:n** (sal.).

Türkmen dialektlerinde **y** sesi **ý** çekimsizinden öň gelende, şonuň täsiri bilen **i** sesine öwrülip, çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyndan çykýar: syýa-**siýa:**, pyýada-**piýa:da**, barlaýar-**ba:rliýa:** (teke.); yýa (<yýa)-**iýa** (sar.).

Y sesi söz ahyrynda gelende hem **i** ýaly edşidilip, çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna eýermeýär: **Ýawi gъazar, ýel gömer** (nak.). **Kükürdiň ýo:mi?** (sal.).

Käbir söz ýasaýjy goşulmalar çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna boýun egmeýärler: galtaman-**gъaltemen,** saltman-**saltmen** (sar.); guýrukman-**gъuýrykъmen** (ärs.). Annak-**Annek**, Atak-**Atdek** (ärs.).

Forma ýasaýjy we azrak üýtgediji goşulmalar hem aýry-aýry dialektlerde bu kadadan çykýarlar: gelýär-**gelo:r,** işleýär-**i:şli:dyr**, geläýse-**gela:sa,** işläýse-**i:şla:sa** (sar.); bilýär-**b(i)l(i)ýo:r**, gidýär-**gid(i)ýo:r** (ärs.).

Gypjak toparyna giryän nohur, änew, hasar, çärjew, hydyrili, kyraç ýaly dialektlerde hem gepleşiklerde çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygynyň has güýçli bozulýandygyny bellemek gerek: haýat-**heýat** (noh.); manyş-**maniş,** ata-**ateý**, hala (daýza)-**haleý//hale**,

pugtama-**puhъtämä** (man.); aýal-**eýa:l,** terezi-**tarazi**, tiken-**tikъan**, puşman-**peşma:n,** taýak-**teýakъ** (çärj.).

Çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygynyň bozulmagy, bir tarapdan, beýleki dilleriň (arap-pars we rus dilleriniň) täsiri bilen düşündirilse, ikinji ýandan, türkmen dialektleriniň fonetikasynynyň içki kanunlary: assimilýasiýa, sesleriň, uzalmagy, gysgalmagy we ş.m. bilen baglanyşykly derňelmelidir. Şunda soňkynyň kesgitleýjidigini ýatdan çykarmak bolmaz.

Şunuň bilen birlikde, türkmen dialektlerinde aýry-aýry arap-pars, rus sözleriniň inçelik-ýogynlyk sözlaşygyna eýerip gelşine hem duşulýar. Bu hili sözler edebi dilde çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna eýermeýärler. Emma türkmen dialektlerinde bulardaky çekimliler progressiw we has köpräk pegressiw assimilýasiýa kanunlaryna laýyklykda sazlaşyp gelýärler. Ýöne munuň özi, bozulýan ýerleri bilen deňeşdirende, örän ujypsyzdyr. Bu esasan, käbir arap-pars, rus sözlerinde, goşma sözlerde we söz düşümlerinde gabat gelýär. hökman>**hökä:n,** öten ýyl> **öte ýil** (sal.); enaýy>**ana:ýy**, esasy>**asa:sy** (ol.), şemal>**şama:l,** badereň>**ba:dereň,** hemaýat>**hama:ýat,** hemra>**hamra:,** hemsaýa>**hamsa:ýa,** esaslanmak>**asa:slanmakъ**, maşina>**mäşşi:n,** sowet>**sewet,** Akgül>**Ä:kgül**, bu gije>**bu giýje** (sar.).

Çekimlileriň dodak sazlaşygy

Çekimliler progressiw assimilýasiýa boýunça dodaklanma taýdan hem sazlaşýarlar. Türkmen dialektlerinde, aýratyn has giň gerim alandygyny görkezmek bolar. Bu diňe düýp sözlerde däl, goşulmalara hem ýaýraýar: çörek>**çörök,** börek>**börök,** öweý>**övöý,** sora>**so:ro,** töwerek>**tövörök,** çopan>**çopon,** orta>**orto,** ýorga>**ýorgъo**, gözel>**gözöl,** bular>**bulor**, munda>**munno,** bolmasa>**bolmoso,** bolanda>**bolonno,** görse>**görsö**, ýören>**ýörön,** sözüme>**sözümö,** ýüzünden>**ýüzünnön,** bolmajak>**bolmojokъ,** bökjek>**bökçök,** külden>**küllön**, öňünde>**öňünnö,** döwler>**dövlör,** mundan>**munnon,** bolmajak>**bolmojokъ,** möjekler>**möjöklör,**

töwereginde>**tövörügünnö,** bolan>**bolon,** düşünjek>**düşünjök** (teke.).

Çekimliler uzyn aýdylanda, dodak sazlaşygy geçmeýär: **Ora:z, dünýä:, usly:p**. Emma uzyn çekimlileriň gysgalmagy bilen dodak sazlaşygy olara hem geçip biler. Mysal üçin, gypjak toparyna girýän dialektlerde uzyn çekimlä derek gysga çekimliniň gabat gelýäni üçin, usly:p>**uslup,** uzy:n>**uzun** ýaly ikinji bogundaky çekimliler dodaklandyrylyp aýdylýarlar.

Dodak sazlaşygy hemme çekimlilere birden ýaýramaýar. Mysal üçin, giň çekimlilere garanda dodak sazlaşygynyň dar çekimlilere çalt girýändigini görkezmek bolar. **Orak, çörek** ýaly sözleriň ikinji bogunlaryndaky **a, e** sesleri doly dodaklanmaýan bolsa, **duluk, ýüzük** ýaly sözleriň ikinji bognunda **u, ü** sesleriniň aýyl-saýyl eşidilýändigi bellidir.

Hatda şunuň ýogyn we inçe çekimlilere hem birmeňzeş geçmeýändigini bellemek gerek. Ýogyn çekimlilere garanda dodak sazlaşygy inçe çekimlilere güýçli geçýär. Muny **y, i** sesleriniň mysalynda görmek mümkin. **Y** sesi söz ahyrynda gelende ýa uzyn aýdylanda, dodak sazlaşygyna eýermeýär: **uly, uzy:n**. Emma **i** sesi iki ýagdaýda hem dodak sazlaşygyna boýun egýär: çüri > **çürü**, ýüzin > **ýüzü:n**.

Türkmen dialektlerinde dodak sazlaşygynyň soňky bogunlarynda gowşap ugrandygy äşgär duýulýar. Bu ýagdaý diliň içki fonetik kanunlary bilen baglanyşykly ýüze çykýan dodaklanmazlyk häsiýetiniň güýçlenmegi bilen düşündirilýär. Dodaklanmazlyk, köplenç, sonorly sesler, bogun galyplary hem ysgynsyzlanma ýaly fonetik hadysalar bilen bagly ýüze çykýar. Meselem: ümsüm > **ymsym,** jülge > **j(y)lgъa** (sar., sal.), tüýsüz > **tüýsiz**, ýüwrüp > **ýüvrip**, öýümiz > **öýmiz**, ýüzüne > **ýüzine,** zülpüň > **zülpin** (sal.), suratyna > **surotyno**, tutarsyň > **turorsyň**, bolmadyň > **bolmodyň**, ýokarsynda > **ýokъorsyndo**, tozadyp > **tozodyp**, öňlerinden > **öňlörinden** (mar.), dutaryň > **dutor(y)ň**, urupdyr >

urupt(y)r, gutarsyn > **gъutorsyn,** görersiň > **görersin,** durdular > **durdylar** (sar.).

Mysallardan görnüşi ýaly, diňe bir ahyrky bogunlardaky çekimliler däl, hatda ikinji, üçünji bogunlardaky çekimliler hem dodak sazlaşygyndan çykýarlar. Edebi dilde "durdular" diýen sözde dodak sazlaşygy ikinji bogna geçýän bolsa, saryk dialektinde şu hili ýagdaýda hem **y** sesi dodaklanman, **durdylar** ýaly aýdylýar.

Dodak sazlaşygynyň ýaýraýyş gerimi boýunça hem gypjak toparyna giryän dialektler oguz dialektlerinden tapawutlanýarlar. Oguz toparyna giryän dialektlerde dodak sazlaşygy sözüň soňky bogunlaryna çenli ýaýraýan bolsa, gypjak gepleşiklerinde ol giň çekimlilerde birinji bogundan aňryk geçmeýär. Dar çekimlilerde hem, köplenç, sözüň ikinji bognunda çäklenýär. Meselem: şöhle > **şö:le**, köçe > **küçe,** jogap > **juvap**, düşek > **döşäh**, hormat > **hurmät**, öwretmek > **ögretmah**, üýtgeşik > **ýütgeşih** (noh.).

Ýöne gypjak dialektlerinde dodak çekimlisi birinji bogunda bolmasa-da, käbir sözleriň ikinji, üçünji bogunlarynda hem dodak çekimlileriniň ulanylýandygyny bellemek gerek. Meselem: altyn > **altun** (kyr.), garamyk > **gъaramugъ** (man.).

Çekimlileriň çekimsizlere uýgunlaşmagy

Türkmen dialektlerinde çekimliler çekimsiz sesler bilen ýanaşyk gelende, artikulýasiýanyň orny boýunça uýgunlaşýarlar.

Dodak **v** sesi özünden öň we soň gelýän çekimlileri assimilleşdirip, dodak çekimlilerine öwürýär: awa>**a:vo,** säwe>**sävö,** palaw>**palov,** derrew>**derröv** (sar.).

Çekimli ses uzyn aýdylanda, dodak **v** sesiniň täsirine düşmeýär: **a:v, va:jy:p**. Emma gypjak toparyna giryän dialektlerde uzyn çekimliniň gysga adylýany üçin, dodak **v** sesiniň täsirine düşüp, dodaklanmadyk çekimliler dodak çekimlileri bilen ýüze çykýarlar: gawun>**gъvun** (man.), **kъovun** (çärj.).

Ý sesi özünden öň gelýän giň çekimlileri degişli dar çekimlilere öwürýär. Bu köplenç işligiň häzirki zaman formasyndan öň we käbir düýp sözlerde gabat gelýär. işleýär>**i:şleýä:**, gelmeýär>**gelmeýä:** (teke.); Eýran>**Iýra:n** (sar., sal., ärs.); eýe (eýe)>**iýýä**, öýke>**üýkä** (ärs.).

Bu ses özünden öň delýän ýogyn çekimlileri ince çekimlilere hem öwrüp biler. Türkmen diliniň oguz toparyna giryän dialektlerinde ol, köplenç, **y** sesinde ýüze çykýar. **Y** sesi **ý** sesinden öň gelende, şonuň täsiri bilen **i** sesine öwrülýär: pyýada>**piada,** zyýan>**ziýa:n,** pyýala>**piýa:la,** syýrak>**siýrykъ** (teke.). Bu hadysa gypjak toparynda has güýçli bolup, giň çekimlileri hem öz içine alýar: aýal>**eýä:l//iýa:l,** taýak>**teýakъ>tiýakъ** (çärj.).

Aýal>**eýa:l>iýa:l,** taýak>**teýakъ>tiýakъ** sözlerinde ilki ýogyn çekimli – ince çekimlä, soň bolsa giň çekimli dar çekimlä öwrülýär. Bulardaky sesleriň geçişini **a>e>i** şekilinde görkezmek bolar.

Käbir sözlerde **ý** sesiniň täsiri bilen has çylşyrymly ses çalşygy hem ýüze çykýar. Mysal üçin, barlaýar>**ba:rlyýa:>ba:rliýa:** sözünde ilki giň çekimli dar çekimlä, ýogyn çekimli hem ince çekimlä geçýär. Muny **a>y>i** görnüşde aňlatmak mümkin.

Rus dilinden geçen sözlerde dilardy **k, g** sesleriniň dilorta **k, g** sesleri bilen çalşyrylmagy netijesinde olaryň ýanaşyk gelýän ýogyn çekimlileri hem ince çekimlilere öwrülýärler: galoş > **kelo:ş,** kartoşka > **kertişge,** dogowor>**dögövör// dövvör** (sar.), gastronom > **gest(i)reno:m,** bulka > **bö:lkä** (çärj.).

Çekimlileriň düşüp galmagy

Türkmen dialektlerinde çekimliler, aýratyn hem dar çekimliler sözüň başynda, ortasynda we ahyrynda ysgynsyzlanyp, bütinleý düşüp galýarlar.

Çekimlileriň düşüp galmagy sözüň hemme orunlarynda birmeňzeş däl. Mysal üçin, sözüň başynda çekimlileriň düşürilip ulanylyşyna seýrek duş gelinýär. Söz ahyryna garanda hem söz ortasynda we gep akymynda çekimlileriň düşüp galyşy has aktiwdir. Bu belli bir derejede sözleriň many tarapy bilen hem baglydyr. Sözüň

başyndan ýa aýagyndan aýry-aýry sesleriň taşlanmagy sözüň manysyna şikes ýetirip biler. Sesleriň düşüp galmagy bolsa sözleriň manysyna zyýan ýetirmeli däldir. Eger ol sözüň manysyny ýoýjak bolsa, dil ol hili üýtgeşmä ýol bermeýär.

Çekimlileriň düşüp galmagy bogunda ýanaşyk gelýän sesleriň häsiýeti: dymyk-açyklygy, zarply-süýkeşligi, gysga-uzynlygy, basymyň şol bogna düşüp-düşmezligi ýaly fonetik hadysalar bilen hem gönüden-göni baglanyşyklydyr.

Türkmen dilinde we onuň dialektlerinde çekimlileriň sözüň başynda düşüp galyşyna örän seýrek düş gelinýär. Sebäbi türkmen sözleriniň köpüsi bir bogunly asyl sözler bolup, ondaky çekimliniň düşürilmegi bütin sözi ýok etmek bilen barabardyr. Şoňa görä sözüň başynda çekimliniň düşüp galyşyna azrak arap-pars we rus sözlerinde gabat gelmek mümkin: Ymambaba>**Ma:mma:wy,** Ymamguly>**Ma:mgъuly**, uçatok>**çasgъa,** ukol>**kъo:l//ho:l** (sar.).

Söz düzüminde gelende, ikinji sözüň başky çekimlisi käbir sözde düşüp galyp biler. Emma ol sözüň manysyna täsir etmeýär: on iki>**on ki,** bir-iki>**bir-ki** (ÝDDG).

Sebäbi bu hili söz düzümlerinde ikinji sözüň ýeke özi bir many aňlatman, öňündäki söz bilen birlikde ulanylýar. Bular aýry-aýry söz şekilinde duýulman, basym taýdan birleşen bir söz şekilinde ýüze çykýarlar. Şonuň üçin munda düşüp galýan çekimli hakyky manyda sözüň başynda bolman, tertip boýunça söz ortasynda, gep akymynda gelýär.

Türmen dilinde we onuň dialektlerinde çekimlileriň söz ortasynda düşüp galmak häsiýeti örän güýçlüdir. Bu diňe düýp sözlerde duş gelmän, goşulmalarda hem ýüze çykýar. Çekimlileriň düşüp galmak häsiýeti, edebi diliň orfografiýasyndaky ýaly, belli bogun bilen çäklenmeýär, çekimli sesleriň, ylaýta-da dar çekimlileriň düşüp galmaýan bogny ýok diýerlikdir. Ol diňe sözüň birinji we käbir ýagdaýlarda ahyrky bogunlarynda düşüp galmaýar. Beýleki bogunlaryň hemmesinde diýen ýaly düşüp galýar.

Çekimliler has köpräk açyk bogunda düşüp galýarlar: gylyjy>**gъ(y)ljy**, alyjy>**aljy,** bilimi>**b(i)lmi,** kilidi>**k(i)ldi**, ülüňi>**ülňi**, nireden>**ni:rden** (sar.); ýanyna>**ýa:nna,** sanyna>**sa:nna,** ýüzüni>**ýüzün-ne**, ýüküni-de>**ýükün-ne**, dokument>**dökmet,** hökümet>**hökmet,** galapa>**gъalfa**, aralaşmak>**a:rlaşmakъ**, ýöneje>**ýönje,** üşek>**üşk**, göreş>**görş** (ÝDGG).

Çekimlileriň söz ahyrynda düşüp galmak häsiýeti türkmen dialektlerinde giň ýaýramandyr. Käbir ýöre ýerine **ýör,** gura ýerine **gъyr** ýaly sözleri hasap etmesek, türkmen sözleriniň soňunda çekimliniň düşüp galyşyna duş gelinmeýär diýmek boljak. Ýokarky sözlerdäki çekimlileriň düşürilip ýa düşürilmän ulanylmagy hem ep-esli derejede sözleriň manysynyň bölünişmegi bilen baglydyr.

Türkmen dialektlerinde çekimlileriň söz ahyryndan düşüp galmagy, esasan, käbir arap-pars we rus dilinden geçen sözlerde duşýar: minara>**mina:r,** brigada>**b(i)rgъa:t**, maşina>**mäşşi:n,** karta>**kъart,** kilo>**ki:l//ti:l** (sar.).

Bulardan başga-da, türkmen dialektlerinde bir ýerde ýanaşyk gelýän iki çekimliniň biri düşüp galýar. Belli bolşy ýaly, türkmen dilinde iki çekimliniň bir ýerde ýanaşyk gelmek häsiýeti ýok. Emma käbir goşma sözlerde, gep akymynda we beýleki dillerden giren sözlerde iki çekimliniň ýanaşyk gelmegi mümkin. Şeýle bolanda, adatça olaryň birinjisi, käbir halatda bolsa ikinjisi düşürilýär. Bularyň näwagt birinjisiniň we haçan ikinjisiniň düşüp galýanynyň görnüp duran alamaty ýok. Munda esasy zat – sözüň manysy üýtgemezligi. Haýsy düşende, sözüň manysy üýtgemeýän bolsa, kada boýunça şol hem galdyrylyp ulanylýar. Ýöne birinji çekimliniň düşmegi köpçülikleýin häsiýete eýedir: Arnaöwez>**Arnövöz,** Köneürgenç>**Kö:nürgenç** (sar.); altyatar>**altatar**, geçiemjek>**geçemjek** (teke.); zenan adam>**zena:n a:dam**, gara atly>**gъar atly,** jynly adam>**jyll a:dam**, ajy etme>**a:j etme,** näme iş>**nä:mi:ş,** käse al>**kä:s al**, kiçi oglum>**kiç ogъlym**, ýüzi ak>**ýüz a:kъ,** bu oba>**b o:wa** (ÝDGT).

Azrak ýerde ýanaşyk gelýän iki çekimliniň ikinjisiniň düşüp galşyna hem duş gelinýär. Mysal üçin, saryk dialektinde doly eken, işli eken ýaly formalar **do:ly ken, i:şli ken** görnüşinde aýdylyp, **eken** sözüniň **e** sesi düşüp galýar. Emma türkmen diliniň teke dialektinde **dol eken, i:şl eken** kimin birinji ses düşüp galýar.

Munda başga-da, **bi-, na-** goşulmalaryny kabul eden käbir arap-pars sözlerinde hem ikinji çekimli düşürilip ulanylýar: biabat>**biýwa:t,** biazar>**biýza:r,** naelaç>**na:la:ç,** naumyt>**na:my:t** (sar.).

Şunuň sebäbini hem sözüň many tarapy bilen düşündirmek mümkin. Mälim bolşy ýaly, **bi-, na-** ýokluk görkezýän goşulmadyr. Olardaky çekimliniň düşüp galmagy şol goşulmanyň ýok bolmagy bilen deňdir. Bu goşulmalaryň hemme sözlere birdeň hyzmat edýäni üçin, olaryň bitewi ses sostawynyň bolmagy şertdir. Elbetde, bu ýerde goşulýan sözüniň bogun sany hem ep-esli rol oýnaýar. Adatça, çekilileriň düşüp galmak häsiýeti iki ýa köp bogunly sözlerde ýüze çykýar. Çünki bu hili sözlerde bir çekimliniň düşüp galmagy sözüň manysyna täsir edip durmaýar. Eger "bi, na" sesleriň düşüp galmajagy gumansyzdyr. Munda, tersine, ses ýanaşyk gelýän iki çekimliniň arasynda degişli ses artdyrylýar: biab>**biýa:p>biýýa:p,** biugur>**biugъur>biuvur>biu:r>biýu:r>biýýu:r** (sar.). Sebäbi bir bogunly sözüň çekimlisi düşüp galsa, onuň asly dereginden zat galmaýar. Bu bolsa öz gezeginde sözüň manysyna zeper ýetirýär. Şoňa görä goşulma-da, onuň goşulýan sözi-de öz asylky bolşuny saklamaga çalyşýar.

Çekimlileriň artdyrylmagy

Türkmen dialektlerinde sözüň başyndan, ortasyndan we ahyryndan çekimlileriň artdyrylyp ulanylmak häsiýeti bar. Çekimlileriň artdyrylmagy, esasan, iki hili ýagdaýda: syzyjy **r, l** seslerinden we ýanaşyk gelýän çekimsizlerden öň ýa şolaryň arasynda ýüze çykýar.

Sonorly **r, l** seslerinden öň degişli çekimlileriň artdyrylyp ulanylmagy türki dilleriň, türkmen diliniň we onuň dialektleriniň

häsiýetli aýratynlygydyr. Munuň sebäbi sonorly **r, l** sesleriniň artikulýasiýasynyň özboluşly aýrayynlygy bilen baglanyşyklydyr. Şoňa görä türkmen dilinde sonorly **r, l** sesleri aýdylanda, şolaryň öňünden çekimli sesiň eşidilmegi tebigydyr. Aslynda **r, l** sesleri bilen türkmen sözleriniň başlanmaýandygyny hem aýtmak gerek. Şonuň üçin hem **r, l** sesleri sözüň başynda türkmen diline giren arap-pars we rus sözlerinde duş gelýär. bu hili sözleriň öňüden köplenç dar we azrak giň çekimliler artdyrylýarlar. Meselem: rejep>**(i)rejep**, reňk>**(i)reňk,** remont>**(i)remont,** rus>**or(y)s,** laý**>(y)la:ý,** laýyk**>(y)la:ýykъ** (sar.); roza>**ora:za** (teke.); radio>**(y)ra:diýa** (ÝDGG).

O sesiniň söz başynda artdyrylyşyna diňe rus>**or(y)s**, roza>**ora:za** ýaly azrak sözlede duş gelinýär. Ýomut dialektinde bu sözler ara:za, **Ara:z** ýaly aýdylýar. Munda düzgün boýunça, **o** sesi dodaklanmadan çykyp, **a** sesine öwrülýär.

Mundan başga-da, ýomut dialektinde **Irejep**>Rejep (teke.) ýerine **Erejep** ýaly, **i** sesine derek **e** giň çekimlisiniň artdyrylyp ulanylyşy has-da geň. Munuň sebäbini Ilýa:s>**Elýas** ýaly, ýomut dialektinde ulanylýan häsiýetli ses çalşygy bilen düşündirmek bolar.

Umuman, dialektlerde çekimlileriň artdyrylyp ulanylyşy meňzeş däl. Mysal üçin, teke dialektinde **Ora:z, ora:za** ýaly **o** sesi artydyrylyp aýdylsa, ýomut dialektinde **Ara:z, ara:za** ýaly **a** sesi ulanylýar.

Birinji bogun uzyn aýdylanda, türkmen diliniň saryk, ärsary, sakar, olam we beýleki käbir dialektlerinde **r** sesinden öň degişli çekimli artdyrylmaýar. Mysal üçin, teke dialektinde **ora:za, (y) ra:s, ürpüýe, (y) ra:zy//yrza, (y) ra:hat, (y) ra:diýa:** ýaly protezaly aýdylýan sözler saryk dialektinde **ro:za, ra:s, ruvpiýle, ra:zy, ra:hat, ra:diýa:** ýaly, degişli çekimliler artdyrylman ulanylýarlar.

Çekimli sesleriň, ylaýta-da dar çekimlileriň sözüň oratasynda **r, l** seslerinden öň iki çekimsiziň arasynda artdyrylyp ulanyşyna hem duş gelinýär. Taryhy taýdan seretseň, şu çekimlileriň käbir sözleriň aslynda bolup, soň düşüp galan bolmagy hem mümkin. Mysal üçin,

ogъ(y)lan sözüniň asly **ogul+an** görnüşinde bolup, ikinji bogundaky dar çekimli soň düşüp galypdyr. Emma "l" sesinden öň degişli çekimli sesiň eşidilmek häsiýetine görä şol düşüp galan ses häli-häzir hem özüniň bardygyny bildirýär. Emma bu hili sözleriň hemmesinde aslynda artdyrylýan ses bolandyr diýip pikir etmek nädogry bolar. Mysal üçin, **eş(i)ret** sözündäki artdyrylýan **i** sesi şol sözüň aslynda bolman, soň ýüze çykypdyr. Ýöne gepleşik dilinde şunuň iki hili ýagdaýda hem eşidilýändigini bellemek gerek. Meselem: ýaprak>**ýap(y)rakъ,** toprak>**top(y)rakъ,** haýalrak>**haýal(y)ra:kъ,** ozalrak>**ozol(y)ra:kъ,** deprek>**dep(i)rek**, beträk>**bet(i)rä:k,** gijräk>**gij(i)rä:kъ**, känräk>**kä:n(i)rä:k,** soňrak>**soňyra:kъ,** öňräk>**öňürä:kъ** (sar.).

Meňzeş **rr** sesleriniň arasynda epenteza ýüze çykmaýar: ozalrak>**ozol(y)ra:kъ, ozorra:kъ** (sar.). Sebäbi artikulýasiýa taýdan meňzeş sesler arasynda çekimliniň gelmegini islemeýär. Hatda çekimli bolaýanda hem, köplenç, halatda ony gysyp çykarýarlar: maşgalalary>**maşgъallary** (sar.).

Ýanaşyk gelýän çekimsizlerden öň ýa şolaryň arasyndan degişli çekimlileriň artdyrylyp ulanylmagy, esasan, beýleki dillerden giren sözlerde duşýar.

Türkmen diline geçen arap-pars we rus sözleri fonetik taýdan üýtgäp, giren diliniň bogun galyplaryna uýgunlaşýarlar. Belli bolşy ýaly, türkmen dilinde söz başynda birden artyk çekimsiziň gelmäge haky ýok. Söz içinde hem birnäçe çekimsiziň bir ýerde ýanaşyk gelşine seýrek duş gelmek bolýar.

Beýleki dillerden giren sözlerde bolsa bognuň başynda hem, ahyrynda hem birnäçe çekimsiz bir ýerde gelip bilýär. Şeýle bolansoň, bu hili sözler türkmen diliniň bogun galypyna uýgunlaşyp, ýanaşyk gelýän çekimsizleriň öňünden ýa ortasyndan degişli çekimli sesler artdyrylyp ulanylýarlar: stansiýa>**asta:nsiýa:,** şkola>**yşkъo:l//yşhy:l,** şkaf>**yşkъa:p//yşha:p,** sport>**isport,** smeta>**ismet** (sar.). stul>**yssu:l,** stol>**ysso:l** (teke.). traktor>**tarakъti:r//tarakti:l**, plaş>**p(y)la:ç**, turba>**turwo**, klas>**k(i)la:s**, srok>**s(ü)rök** (sar.).

Sözüň soňunda çekimlileriň artdyrylyp ulanylmagy dialektlerde köp duş gelmeýär. Bu, esasan, ýomut dialektine häsiýetli bolup, hal işligiň ýokluk formasyndan soň **y, i** dar çekimlileri artdyrylyp geplenýär: bakman>**bakъma:ny,** bilmän>**bilmä:ni,** görmän>**görmä:ni**. **O nä:me gъoýny bakъma:ny, üzi gъara wolon** – Ol näme goýny bakman, ýüzi gara bolan.

Çekimlileriň çalyşmagy

Çekimlileriň çalyşmagy türkmen dialektleriniň häsiýetli aýratynlyklaryndan biridir. Munda bir ses hakyky manysynda başga bir ses bilen çalşyp biler. Bu hili ses çalşygy şol sesiň taryhy ösüş prosesinde başyndan geçiren dürli fonetik özgerişleri bilen düşündirilýär.

Birnäçe ýagdaýlarda ol ses belli bir dialektde taryhy bolşuny saklap, beýleki dialektlerde we edebi dilde degişli fonetik özgerişlere sezewar bolmagy mümkin. Beýle bolanda, hakyky manyda ses çalşygy ýüze çykman, diňe bir sesiň ýerine başga bir ses gabat gelýär. şeýle-de bolsa, haçan hakyky manysynda ses çalşygynyň ýüze çykýanyny, näwagt bolsa sesleriň taryhy bolşuny saklaýanyny bilmek kyn. Şonuň üçin bularyň ikisi hem ses çalşygy hökmünde derňelip, mümkin bolan ýerinde, olaryň arasy açylyp görkezilýär.

Türkmen dialektlerinde çekimlileriň çalyşmak häsiýeti aşakdaky seslerde ýüze çykýar.

Ýogyn çekimlileriň inçe çekimliler bilen çalyşmagy:

a>e – haýwan>**heýva:n** (sar., ÝDGG, DTG); haýran>**heýra:n,** daýhan>**deýha:n**, gudrat>**gъydret**, galtak>**gъaltek**, nagmat>**nagъmet**, galtaman >**gъaltemen** (sar.); aýýar>**eýýa:r**, çaňňal > **çeňňel**, çaňňalamak > **çeňňerek** (sar.); maslahat > **meslagъa:t**, hasaplamak > **hesi:plemek** (ÝDGG); ýargъa:nat > **ýergъa:nat**, gaňşyrawuk>**keňşirevük**, arman>**erma:n**, Watan>**Veten**, çalam-çaş>**çelem-çäş**, hasrat>**hesret,** hatda>**hetde**, alaç>**ela:ç**, daraýy>**dera:ýy** (DTG, P).

Şulardan **heýva:n** (heýwan), **heýra:n** (heýran) **deýha:n** (dehkan) ýaly ençeme sözlerde hakyky manysynda ses çalşygy ýüze çykman, eýsem bu sözlerde sesler taryhy bolşuny saklapdyrlar.

a:>ä: - Amy>**Ä:mi**, wada<**vä:de** (sar., DTG), dana>**dä:ne** (DTG), **Vä:de werse, gъyş gelenseňem toý ediweryýek. Ogъly söýseň dä:ne wolor** (DTG).

A sesiniň inçe **ä** sesine geçmegi köplenç dilalny we dodak çekimsizleri bilen ýanaşyk gelende, uzyn çekimlilerde ýüze çykýar. Şu tarapdan seredende, ýogyn çekimlileriň inçelmeginde orun taýdan dilalny hem dodak sesleriniň täsiri bar bolmaga çemeli.

o-ö – howly>**hövli** (sar., sal., DTG, P); dowam>**döväm** (sar.); günorta>**günörte,** jowranmak>**jöverenmek** (DTG); owal>**övel** (DTG, U); nowruz>**növriz** (sal.).

Şularyň köpüsinde sözüň taryhy bolşunyň saklanyp galandygyny görmek bolýar. Mysal üçin, **hövli** (houli), **döväm** (dewam) **övel** (ewwal) ýaly sözlerde inçe çekimlileriň ulanylmagy sözüň asylky bolşy bilen deň gelýär. Emma şonuň, köplenç, **v** sesinden öň ýüze çykýany bellenmäge mynasypdyr. Sebäbi **o** sesiniň **ö** sesine geçmeginde ýanaşyk gelýän **v** sesiniň hem täsiri bolmagy mümkin. Mälim bolşy ýaly, **v** dodak çekimsizi orun taýdan **o** sesini assimilleşdirip, yzky hatar çekimlini alynky hatar çekimlä öwrüp biler. Dörtgül gepleşiklerindäki günorta>**günörte** sözünde **o** sesiniň **ö** sesine geçmegi bolsa çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygynyň netijesidir.

y>i – yz>**i:z**, ys>**i:s**, dyz>**di:z**, dyn>**di:n**, syn>**si:n** (sar.); çyrazy>**şiýra:zy**, çytyk>**çitik**, syl>**si:l** (DTG), Zyba>**Ziývo** (DTG, P); **Bu tüýs gülü gelen şiýra:zy. Nä ýüzü-gözüňi çitiw oty:rsyň** (DTG).

Ýokarky mysallardan görnüşi ýaly, **y** sesi köplenç uzyn aýdylanda, **i:** sesine geçýär. Munuň sebäbiniň türkmen dilindäki uzyn çekimlileriň poliftong häsiýeti bilen düşündirmek gerek. **Y** sesi uzyn aýdylanda, dil bir ýerde durman, kem-kemden öňe süýşýär. Şunlukda, yzky hatarda emele gelýän **y** sesi uzyn aýdylanda, dil öňe süýşüp,

alynky hatara – **i** sesiniň emele gelýän ýerine ýakynaşýar. Muny göz öňüne getirmek üçin **y:** sesini çekip aýdyp görmek bolar. Şunda onuň öňi **y:** sesinde başlanyp, soňy **i:** sesinde gutarýar.

Bu ýagdaý hemme sesler bilen ýanaşyk gelende bolmaýar. Mysal üçin, **gъy:z** sözünden **y:** sesiniň **i:** sesine geçmeýändigi düşnükli. Sebäbi munda **y** sesi dilardy **gъ** sesi bilen ýanaşyk gelýär. Dilardy sesleriň bolsa inçe çekimliler bilen ýanaşyk gelmeýändigi bellidir. Şoňa görä bu hili ýagdaýda **y:** sesiniň **i:** sesine öwrülmegi amatsyz.

Şeýlelikde, ýogyn çekimlileriň inçe çekimliler bilen çalyşmagynda diňe bir çekimliniň poliftong häsiýeti däl, eýsem ýanaşyk gelýän çekimsizleriň hem täsiriniň bardygyny aýtmak gerek. Şunda ýogyn çekimlileriň inçe çekimlilere geçmek häsiýetiniň köplenç dilalny çekimsizler bilen ýanaşyk gelende ýüze çykýandygyny bellemän geçmek bolmaz.

Ýogyn çekimlileriň inçe çekimliler bilen çalyşmagy käbir sözleriň manysyny differensirleşdirmäge hem gatnaşýar. Mysal üçin, **çytmak-çitmek, çy:gъ-çi:gъ** ýaly sözleriň iki manyda ulanylýandygy bellidir. Şularyň aslynyň birdigini, many umumylygyndan başga-da, dörtgül gepleşiklerinde **çytmak** ýerine **çitmek**, ärsary dialektinde **çig** ýerine **çy:gъ** ýaly bir wariantda ulanylmagy hem tassyklaýar. Bu sözleriň manysynda bölünişme ýüze çykyp, soň olar forma taýdan tapawutlanypdyrlar. Emma agzalan dialektlerde olaryň bölünişmedik formasy saklanyp galypdyr.

u>ü – ýurt>ýüvürt, ýumak>**ýümök** (sar.); uýan>**üýön** (sar., DTG); huwwa>**hüvvä,** Ýusup>**Ýüsüp** (DTG); **Bar, aýym, jigiýni hüvvä:le. Atyň üýönni getiriň wä:ri** (DTG).

Bu mysallarda hem **u** sesiniň **ü** sesine geçmeginde ýanaşyk gelýän **ý, v** sesleriniň täsiri bolmagy mümkin. Elbetde, bu fonetik kanun hemme sözleree birden geçmeýär. Ol birnäçe sözlere oz täsirini ýetirse, başga sözlerde bu kanun, dürli sebäplere görä, ýüze çykman galýar.

Munuň ýüze çykyşy hemme dialektlerde hem meňzeş däl. Mysal üçin, **ýüvürt, üýön** ýaly sözler türkmen diliniň saryk, ärsary, salyr dialektleri we dörtgül gepleşikleri üçin umumy bolsa, **Ýüsüp** diýip ýeke soňkuda ýadylýar. Emma weli şylaryň dilalektde dürli sözde, dürli möçberde duş gelýändigine garaman, hemme dialektde hem olaryň ýüze çykýan orny, esasan, meňzeşdir. Bu bolsa şu hili fonetik aýratynlyklaryň dialektlerde tötänleýin duş gelmän, belli bir kanunalaýyklyk esasynda ýüze çykýandygy şaýatlyk edýär.

Inçe çekimlileriň ýogyn çekimliler bilen çalyşmagy

Ä: > a: eýýäm > **eýýa:m**, işdä > **işta**: (ÝDGG), ädim > **a:rdym** (sar.), **a:dym** (ärs.), äňet > **a:ňet** (sar., ÝDGG), äýnek > **a:ýnek,** älem > **a:lam**, bikär > **biýkъa:r**, mäkäm > **mehkъ:m** (sar.), Näzbagt > **Na:zwagъt**, näwagt > **na:vagъt**, häsiýet > **ha: syýet** (ÝDGG).

Şu mysallardan **a:ýnek, a:lam, biýkъa:r, mehkъa:m** ýaly arap-pars sözleri özleriniň asylky bolşuny saklapdyrlar: **A:ňet** sözüniň asly **aň et** sözlerinden bolup, **seret** manysynda ulanylýar. Bu söz teke dialektinde we edebi dilde regressiw assimilýasiýa sezewar bolup, "äňet" ýaly çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna eýeripdir.

E < a – **wesýet > vasyýet** (ÝDGG).

Ö > a – **söwda > savda** (ÝDGG).

Munda ilki bilen **ö** sesi **v** sesinden öň geleni üçin, dodaklanmadan çykyp **e** sesine öwrülýär. Soň regressiw assimilýasiýanyň netijesinde ol **a** sesine geçýär.

I > y – hil > **hy:l** (sar.), hin < **hy:n** (ärs.). Şu sözlerde ses çalşygy ýüze çykman, **y** sesi bu dialektlerde asylky bolşuny saklapdyr. Sebäbi türkmen dilinde, uzyn çekimlileriň poliftong häsiýetine görä, **y** sesiniň **i** sesine geçişi örän aktiw. Emme, tersine, **i** sesiniň **y** sesine geçişi örän seýrek duş gelýär. Bu sözlerde hem **y** sesiniň ulanylmagy şol sözleriň taryhy bolşuna laýyk gelýär.

Ü > y –ümsüm > **ymsym** (sar.), jülge > **j(y) lgъa** (sar., sal.).

Şeýle ses çalşygy kadaly bolman, örän az sözde duş gelýär. Munda **ü** sesiniň göniden-göni **y** sesine geçmän, ilki **i** sesine, soň

bolsa **ü** sesine öwrülen bolmagy mümkin. Muny **ü > i > y** görnüşinde aňlatmak bolar.

Giň çekimlileriň dar çekimliler bilen çalyşmagy

a>y – harman>**h(y)rman** (sar.); barmak>**b(y)rmakъ,** çaýşak>**çaýşykъ** (DTG); aglamak>**ygъlamak,** jalbar>**jalvyr** (DTGP);

ä>i – änewüç>**iýnevüç,** näçe>**niçe//niççe** (DTG);

o>u – gowka > **gъuvky** (man.); bogun > **bugъun,** doktor > **dugъtor,** kontora > **kъantu:r** (ÝDGG); owratmak > **uvratmak,** sokulan>**sukъulan//sukъuldan** (sal.); aýbogdaş>**a:ýbugъdaş,** bogum>**bugъum,** nokat>**nukъat,** sokur>**sukъur,** Soltan>**Sulta:n** (DTG);

ä>e – ätiýaç>ehtiýa:ç, ähtibar>**ehtiwa:r,** ähtimal>**ehtima:l** (sar.). **Ä** sesi dar aýdylýar. Bu sözlerde **ä** derek **e** sesiniň çalşyrylmagyna belli bir derejede sözleriň asylky bolşuny saklamagy we saryk dialektinde gysga **ä** sesiniň aýratyn fonema hökmünde ulanylmazlygy sebäp bolýar.

e>i – Eýran>**Iýra:n,** kertmek>**k(i)rtmek,** entek>**intä:k,** nire>**niýri** (sar.);

ö>ü – hötde>**hüttä,** döwäýmeli>**düva:maly**, ökde>**ükde** (ÝDGG), meçber>**müçber,** örküç>**hürküç** (sal.).

Ö sesiniň **ü** sesine çalyşmagy dörtgül gepleşiginiň gypjak topary üçin häsiýetlidir: söýünji>**süýünji,** alajagözen>**a:lagüzen,** öýlenmek>**üýlenmek,** torpi>**türpi.**

Şu mysallaryň birnäçesinde çekimlileriň çalyşmagy ysgynsyzlanma we assimilýasiýa ýaly fonetik kanunlar bilen baglanyşyklydyr. Harman>**h(y)rman,** kertmek>**k(i)rtmek** ýaly sözlerde giň çekimliler sonorly seslerden öň gelip, ysgynsyzlanma netijesinde dar çekimlilere öwrülýärler. Gowka>**gъyvkъa,** gowy>**gъuvy** ýaly sözlerde bolsa giň çekimlileriň dar çekimlilere öwrülmeginde **v** sesiniň täsiri bardyr.

Dar çekimlileriň giň çekimliler bilen çalyşmagy

y>a – şykgy>şykъkъa, kary>**kъarýa** (sar.); çykar>**çakъar** (sar., ýom.); pylany>**pala:ny,** pylança>**pala:nça** (sar., ýom., ärs.).

Çykar>**çakъar** sözünde **y** sesini **a** sesine geçmegi ikinji bogundaky **a** sesiniň täsiri bilen baglanyşykly bolup biler. **Pala:ny** sözünde bolsa **y** derek **a** sesiniň ulanylmagy şol sözüň taryhy bolşy bilen bagly bolmagy mümkin. Teke dialektinde **a** sesi zarply sesler bilen syzyjy **l** sesiniň arasynda güýçli ysgynsyzlanyp, **p(y)la:ny** görnüşinde **y** sesine öwrülipdir.

y>e –ynsapsyz>**ensa:psyz,** ymyzganmak>**emizgъanmakъ,** Ylýar>**Elýa:s** (ÝDGG).

Şuny hakykatda **y>e** görnüşinde ses çalşygy ýüze çykandyr diýip pikir etmek bolmaz. Bu hili ses çalşygy türkmen dialektleri üçin häsiýetli däldir. Eýsem munuň özi edebi dil bilen deňeşdirende, şeýle bolup görünýär. Aslynda bolsa **i>e** ýa-da, tersine, **e>i** görnüşinde ses çalşygy ýüze çykýar.

u>o – toýnuk>**toýnokъ,** ury > **oro,** jomyrtyk>**jomortukъ** (sal.).

Toýnuk, ury sözleriniň hem asly **toýnokъ, oro** bolmagy mümkin. Jomurtyk>**jomortukъ** sözlerinde **u>o** ses çalşygy hem assimilýasiýanyň, ysgynsyzlanmanyň netijesidir.

i>e – kireý>**kereý,** içersi>**eçersi,** içege>**eçege** (ÝDGG); gämi>**ke:mi,** gürzi>**gürze** (sar.); ýigrimi>**ýigrime** (ärs.).

Saryk dialektinde **kä:me, gürze** ýaly şu sözleriň asly bilen meňzeşdir. Kireý>**kereý,** içersi>**eçersi,** içege>**eçege** ýaly sözlerde birinji orunda **e** sesiniň ýüze çykmagy ikinji bogundaky **e** sesiniň täsiri netijesindedir.

Inwalid>**enveli:t** sözünde **e** sesiniň ýüze çykmagy bolsa belli bir dialekte mahsus bolman, rus sözleriniň üýtgedilip aýdylmagy bilen baglydyr. Rus dilindäki **i** sesi türkmen dilindäkä garanda birneme aşagrakda emele gelmek bilen, uzynrak aýdylmaýar. Şoňa görä rus sözlerindäki **i** sesi türkmen dialektlerinde köplenç **e** sesi bilen çalşyrýarlar.

ü>e –düme>**deýme,** gürrüň>**gürreň** (sar.).

Saryk dialektinde şu sözleriň gadymy formasy saklanyp galypdyr. **Düme** sözüniň asly **deý/deými** şekilinde ulanylyp, soň **düme** görnüşinde üýtgäpdir. **Gürreň** sözüniň hem asly **gür,** ýagny ses aňladýan söz bolup, **-eň** goşulmadyr, **r** sesi bolsa iki çekimliniň arasynda goşalanypdyr. Soň bu söz inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna laýyklykda **gürreň>gürrüň** ýaly assimilleşipdir.

i>ä – külbike>**külwä:kke, wehim>vähäm** (ÝDGG).

ü>ö – tüketmek > **töketmek,** üsgürmek > **ösgermek** (ÝDGG); kükrek >**kökrek** (sal.).

Dodak çekimlileriň dodaklanmadyk çekimliler bilen çalşymagy

Dodak çekimlileriň dodaklanmadyk çekimliler bilen çalyşmagy türkmen dialektlerinde giň ýaýrapdyr. Bu beýleki ses çalşyklary ýaly ýok-ýarym sözlerde duş gelmän, örän köp sözde ýüze çykýar. Dodak çekimlileriň dodaklanmadyk çekimliler bilen çalyşmagy belli fonetik orunlarda duş gelýär. Ol, esasan, sonorly **r, l, m, n, ň, ý, v** seslerinden öň ýüze çykmak bilen, belli bir düzgüne esaslanýar. Ýöne munuň ýüze çykyşy hemme dialektlerde birmeňzeş däl. Mysal üçin, saryk, salyr, ärsary, sakar, olam dialektlerinde köplenç dar dodak çekimliler dodaklanmadyk çekimliler bilen çalyşýarlar.

u>y – bulanyk > b(y)lanykъ, Juma > **J(y)ma,** umruk > **ýymrykъ,** murdar >**m(y)rda:r,** ýumuş>**ýymyş,** uýa>**yýa>iýa,** umydygär>**ymy:digъa:r//imi:digъa:r,** munuň>**mynyň//myň,** ýumurtga>**ýymyrtgъa** (sal.); şunuň>**şynyň//şyň** (sal.);

ü>i – münmek>**minmek,** sümmek>**simmek,** hünär>**hinä:r**, üns>**ins,** düýe>**diýe** (sar.); düýnki>**diýnki.**

Emma bu dialektlerde käbir sözlerde giň dodak çekimlileriň hem çalşyrylyp ulanylyşy bar. Meselem, saryk dialektinde ýomak>**ýamagъ,** ärsary dialektinde bosaga>**basagъa,** salyr dialektinde ýorka>**ýarkъa** ýaly aýdylyp**, o** sesi **a** bilen çalşyrylýar. Şu sözleriň aslynda dodaklanmadyk bolmagy ähtimal. Sebäbi bularyň dodaklanan wariantlarynyň asyl sözi hiç hili many aňlatmaýar. Aslynda **ýomak** sözüniň **ýamagъ** (<ýama-gъ), **bosaga** sözüniň

basagъa (>bas-aga), **“ýorka”** sözüniň hem **ýarkъa (<ýar-ka)** sözlerinden emele gelen bolmagy mümkin. Muny olaryň manysy hem ýasalyşy subut edýär. Bularyň forma taýdan üýtgemegi zerarly emele gelipdir. Ýokarky dialektlerde bolsa bu sözleriň bölünişmedik formasy saklanypdyr.

Türkmen diliniň ýomut dialektinde, aýratyn hem onuň günbatar gepleşiklerinden dodak çekimlileriniň dodaklanmadyk çekimliler bilen çalşyrylyp ulanylyşy has giň gerim alypdyr. Munda ýeke bir dar dodak çekimliler däl, eýsem giň dodak çekimliler hem köplenç sonorly sesden öň gelende, dodaklanmadyk sesler bilen ýüze çykýarlar:

o>a – owal>**aval,** oraza>**ara:za**, owaz>**ava:z,** owlak>**avlakъ,** şowluk>**şavlykъ,** dowar>**davar,** towuk>**tavykъ**, towşan>**tavşan**, ýowşan >**ýavşan,** kowmak > **kъavmakъ,** gowy>**gъavy,** towusmak>**tavysmakъ** (ÝDGG); Oraz>**Ara:z,** ýok>**ýa:kъ** (ýom.).

ö>e – öten>**eten,** öwrenmek>**evrenmek,** öwran-öwran>**evra:n-evra:n,** sögüşmek>**se:vişmek,** göwün>**gevin,** köwek>**kevek,** döwür>**devir,** göwher>**gewher, töwerek>deverek**, döw>**dev** (ÝDGG).

V sesinden öň gelende, **o, ö** sesleri yzygiderli suratda **a, e** seslerine öwrülýärler. Emma Oraz>**Ara:z,** ýok>**ýa:kъ,** öten>**eten** ýaly sözlerde ýüze çykýan ses çalşygy şu hili hemme sözlere ýaýramaýar.

Dodak çekimlileriň dodaklanmadyk çekimlilere öwrülmeginde sonorly sesleriň täsiri bar bolmaga çemeli. Sebäbi bu ýagdaý hemme dialektlerde hem, esasan, sonorly seslerden öň ýüze çykýar: ýumruk> **ýymrykъ,** humar>**hyma:r,** ýumjuklatmak>**ýymjykъlatmakъ**, müň>**miň,** düýş>**diş,** hünji>**hinji,** hünär>**hinä:r,** süýji>**siýji,** dünýä>**dinýä**, düýe>**diýe** (ÝDGG, sar.).

Emma dodak çekimlileri diňe sonorly sesler bilen ýanaşyk gelende çalşyp, başga ýagdaýlarda dodaklanmadyk çekimlä öwrülmeýär diýmek hem dogry däl. Munuň käbir juda>**jyda:**, duşman>**dyşma:n** (sar.), çukur>**çakъyr,** düşek>**dişek** (ÝDGG) ýaly

sözlerde sonorly bilen ýanaşyk gelmedik ýagdaýynda hem, dodaklanmadyk çekimlä geçişini görmek bolýar. Şunlukda, çekimlileriň dodaklanmazlyk häsiýeti diňe sonorly sesler bilen däl, ysgynsyzlanma, dodaklanmadyk sesleriň täsiri we ş.m. bilen hem baglydyr.

Dodaklanmadyk çekimlileriň dodak çekimliler bilen çalyşmagy

a>o – çakmak>**çokъmokъ** (ary çakdy – **ary çokъty)** (sar.); kuwwat>**kъyvo:t** (ÝDGG).

e>ö – eýle>**öýlö,** beýle>**böýlö** (sar.); kejebe>**köjövö,** kerwen>**kervön,** hemra>**hömra:** (ÝDGG).

i>ü – millet>**müllet,** wiždan (wyždan)>**vüžda:n** (sar.); çilik>**çüllük** (DTG, P)

ÇEKIMSIZLER

Çekimsizleriň düzümi

Türkmen dialektlerinde, esasan, 21 çekimsiz fonema**: b, p, m, v, f, z, s, d, t, n, ž, ş, l, r, j, ç, ý, g, k, ň, h** bolup, sostawy boýunça edebi dilden ençakly tapawutlanmaýar.

Şulardan **f, ž** sesleriniň ulanylyşy çäklidir. Käbir ses aňladýan sözleri we ümlükler hasap etmesek, türkmen sözlerinde bular ulanylmaýar diýmek boljak.

F sesi türkmen dialektlerinde, esasan, **üf, çüf** ýaly ses aňladýan sözlerde duş gelýär. bulardan başga-da**, Efla:ty:n, uflas, gъaflat, tüfli** ýaly arap-pars we urs sözlerinde **l** sesinden öň gelip biler.

Saryk, salyr we beýleki käbir dialektlerde **f sesi üftük, kift, eft, jüft** ýaly sözlerde dymyk **t** sesiniň öňünden hem gelmegi mümkin. Munda belli bir derejede **t** sesiniň hem täsiri bardyr. Ol **b** fonemasynyň süýkeş **w** wariantyny dymyklaşdyryp, **f** sesine öwürýär. Sebäbi şu hili orunda gelende, teke dialektinde **w** sesi bilen ýüze çykyp, **üwtük, kiwit, ewit, jüwüt** ýaly ulanylýar. Ärsary dialektinde bolsa **üptük, kipt, ept, jüpt** ýaly aýdylyp, dymyk, **p** sesi bilen ýüze çykýar.

Manyş gepleşiginde **f** sesi sözüň başynda, ortasynda we ahyrynda gelýär: **fetir, afat, gъflat, Gъafur, tärif, ädäf.** Şunda pars diliniň täsiri bolmagy mümkin.

Ýomut, çowdur dialektlerinde, gökleň dialektiniň gerkez gepleşiginde, stawropol türkmenleriniň dilinde we başga-da birnäçe dialektlerde **f** sesiniň ulanylyş gerimi has giňäpdir. Bu dialektlerde **f** sesi belli fonetik orunlarda **p** fonemasynyň hasabyna ýüze çykýar: gapy>**gъafy,** arpa>**arfa,** telpek>**telfek** (gökl.).

Stawropol gepleşiginde **f** sesi belli-belli orunlarda **p, b** sesleriniň ýerine ulanylýar. Bu ses **p** sesiniň hasabyna ýüze çykanda, köplenç söz ortasynda iki çekimliniň ýa-da çekimli bilen sonorlynyň arasynda gelip, **f//w** görnüşinde ulanylýar: çapyp>**çafyp//çawyp,** çöpüň>**çöfüň//çöwüň**, sapy>**safy//sawy.**

Köp ýagdaýlarda bolsa **p** sesi stawropol gepleşiginde **w** bilen ýüze çykýar: depeleşip>**teweleşip,** kepek>**kewek,** depe> **tewe,** gapyrga>**gъawyrgъa.**

Munuň tersine, **b** fonemasy stawropol gepleşiginde **w, f** sesine geçýär: torba>**torfa,** kebelek>**köfölök.**

Görnüşi ýaly, bu dialektlerde **f** sesi **p, b** sesleriniň hasabyna ýüze çykýar. Şoňa görä bu hili ýagdaýda duş gelýän **f** sesine özbaşdak fonema hökmünde garamak bolmaz.

Nohur dialektinde bolsa **f** sesiniň düýbünden ulanylmaýandygyny bellemek gerek. Hatda beýleki dialektlerde "üflemek, tüflemek" sözlerinde duş gelýän **f** sesi hem bu dialektde **üvlemäx, tüvlemäx** görnüşinde **v** sesi bilen aýdylýar.

Umuman, **f** sesiniň türkmen dilinde we onuň dialektlerinde aktiw ulanylmaýandygyny görkezmek bolar. Bu aýratyn fonema hökmünde diňe käbir arap-pars we ses aňladýan sözlerde ulanylyp, türkmeniň asyl sözlerinde gabat gelmeýär. Rus dilinden geçen fason>**paso:n,** fabrik>**päwri:k** ýaly sözlerdäki **f** sesiniň **p** bilen çalyşmagynyň hem sebäbi şundadyr.

Ž sesi türkmen dilinde we onuň dialektlerinde diňe **aždarha:, vyžda:n** ýaly ýek-tük arap-pars sözlerinde **d** sesinden öň we ses

aňladýan sözlerden ýasalan **haždžykъ, myždžykъ** ýaly azrak türkmen sözlerinde duş gelmese, beýleki ýagdaýlarda özbaşdak fonema hökmünde ulanylmaýar. Ýöne **Mejnun** sözündäki**, Mežnun** ýaly aýdylýar. Sebäbi **j** sesi türkmen dilinde söz soňunda ýa bogun ahyrynda gelse, ol süýkeş **ž** ýa-da dymyk **ç** sesleriniň birden-biri bilen çalşyrylýar: mejbur>**meçwu:r** (teke).

Sakar dialektiniň Garamahmyt obasynda Hojamguly ýerine **Hožamgъuly,** janym ýerine **ža:nym** ýaly, **j** sesine derek **ž** sesiniň çalşyrylyp ulanylyşy hem bar. Her niçik-de bolsa, türkmen dialektlerinde **ž** sesiniň ulanylyşy örän çäklidir. Şonuň üçin hem rus dilinden geçen **žurnal, žiletka** ýaly sözler **jurna:l, j(i)liske** (teke) görnüşinde aýdylyp, **ž** sesi **j** bilen çalşyrylýar.

Oguz toparyna girýän dialektlerde dilardy **hъ** sesiniň ulanylyşynyň hem örän çäklidigini aýtmak gerek. Bu käbir **bahъy:l, sahъy, my:hъ, sy:hъ, çarhъ, parhъ, nyrhъ, nahъ** ýaly azrak sözleriň ortasynda we ahyrynda gabat gelýär. Sözüň başynda bolsa bu duş gelmeýär, **hъ** sesi dymyk bolup, has güýçli ses titremesi bilen aýdylýar. **Ehtiwa:r, ehtiýa:ç** (sar.) ýaly sözlerde munuň dilorta, niçe warianty hem ulanylýar.

Şunuň bilen birlikde, türkmen dialektlerinde damak **h** sesi hem bar. Bu türkmen dialektleriniň köpüsinde ulanylyp, sözüň başynda we ortasynda ýüze çykýar: **hä:zir, hi:ç, mahal, sähelçe.**

Gypjak dialektlerinde **h** sesiniň örän seýrek ýa-da käbir gepleşiklerde bütinleý ulanylmaýandygyny bellemek gerek. Oguz toparynda **h** fonemasy passiw ulanylýan bolsa, gypjak toparynda **h** sesi az ulanylýar. Mysal üçin, **h** sesi nohur dialektinde örän seýrek ulanylyp, diňe **hem, heç, heýp, heývan** ýaly sözleriň başynda gelýär.

Dörtgül türkmenleriniň gypjak toparyna girýän igdir, düýeji, gökleň ýaly käbir gepleşiklerinde **h** sesi ulanylmaýar.

Gypjak toparyna girýän nohur, çärjew, manyş, hasar ýaly dialekt we gepleşiklerde **p, b** sesleriniň süýkeş warianty bolan **w** sesi ulanylman, muňa derek sonorly **v** sesi getirilýär. Şu ýagdaý alili,

garadaşly ýaly beýleki käbir dialektlere hem degişlidir. Meselem, **oba** ýerine **o:va**, **ýaby** ýerine **ýavy**.

Gypjak toparyna giryän gepleşikleriň häsiýetli aýratynlygy hökmünde diş düýbi **s, z** sesleriniň ulanylyşyny görkezmek bolar. Edebi dilde we türkemn diliniň oguz toparyna giryän dialektleriň köpüsinde dişara **s, z** sesleri ulanylýarlar.

Dişara **s, z** sesleri aýdylanda, diliň ujy ýokarky dişlerimiziň etegine ýeňiljek galtaşýar. Meselem: **sa:ry, sa:gъat, zo:r, a:z.** Diş düýbi **s, z** sesleri aýdylanda bolsa, dilimiziň ujy aşaky dişlerimiziň düýbüne golaýlaşýar. Meselem: **sen, sämis, zinjir** (man.). Diş düýbi **s, z** seslerine nohur, çowdur, änew, çärjew dialektlerinde, stawropol, we gypjak täsirli dörtgül gepleşiklerinde duşmak bolýar. Türkmen diliniň teke, saryk, salyr, ärsary, ýomut, gökleň, alili ýaly esasy dialektlerinde bolsa dişara **s, z** sesleri ulanylýarlar.

Ýöne käbir ata, sakar, baýat ýaly ownuk dialekt we gepleşiklerde dişara **s, z** seslerine derek diş düýbi **s, z** sesleriniň ulanylyşynyň aktiwleşýändigini bellemek gerek. Mysal üçin, sakar dialektinde dişara **s, z** sesleri bilen bir hatarda, mekdep okuwçylarynyň, oba ýaşlarynyň dilinde diş düýbi **s, z** sesleriniň hem ulanylyşyna duş gelinýär. Şuny belli bir derejede Amyderýa ýakasynda ýerleşýän ärsary, olam, surhy, hatap we beýleki käbir dialektler barada hem aýtmak mümkin. Elbetde, munuň özi soňky döwürde ýüze çykan fonetik özgerişdir.

Çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygy bilen baglanyşykly, **g, k, h, ý, l** ýaly birnäçe çekimsizler iki hili: ýogyn hem ince aýdylýarlar. Meselem: **gъal – gel, ga:gъ – deg, akъ - ek**. Çekimsizleriň ince-ýogyn aýdylmagy sözüň manysyna täsir etmän, şol bir fonemanyň aýry-aýry wariantlary hökmünde ulanylýarlar.

Türkmen dialektlerinde çekimsizleriň ýumşaklanma tendensiýasy hem duýulýar. Mysal üçin, teke dialektiniň mary gepleşiginde **kъ, gъ** sesleriniň birneme inçerak aýdylýandygyny duýmak kyn däl. Şu gepleşikde **kъa:kъa, gъa:ýyn** sözlerindäki dilardy **kъ, gъ** sesleri inçelip, tas dilorta **k, g** seslerine golaýrak

ýumşak aýdylýarlar. Şunuň bilen birlikde, olaryň ýanaşyk dialektlerinde aýdylyşyny deňeşdirmek arkaly hem bilmek bolar.

Gypjak toparynda bolsa çekimsizleriň ýumşaklanma häsiýetiniň has güýçlüdigini aýratyn bellemek zerur. Muny **ý** sesiniň ulanylyşynda has aýdyň görmek bolar. **Ý** sesi bilen ýanaşyk gelen ýogyn çekimliler çärjew gepleşiklerinde jaýda > **jeýda** görnüşinde inçe çekimli bilen ýüze çykýar. Muňa **ý** sesiniň ýumşak aýdylmagy sebäp bolýar.

Stawropol türkmenleriniň gepleşiginde hem çekimsizleriň ýumşaklanma häsiýeti güýçlüdir. Bu gepleşiklerde **ç, ş** sesleri ýumşak aýdylýarlar. Stawropol gepleşiginiň çekimsizleri goňşy nogaý, tatar dilleriniň täsirine düşüp, şol dillerdäki çekimsizlere ýakynlaşypdyrlar. Türkmen edebi dili bilen deňeşdirilende, stawropol gepleşiginde **ň** sesiniň seýrek duş gelýändigini hem bellemek gerek. Ähtimal, bu azerbaýjan, türk dilleriniň ýetiren täsiri bolmagy mümkin.

Türkmen diliň oguz toparyna girýän dialektlerde sözüň ahyrynda ýa-da ýapyk bogunda zarply **b, j, d, g** sesleriniň gelmegi häsiýetli däl. Şu dialektlere giren arap-pars we rus sözlerinde hem ýokarky orunlarda gelen zarply **b, j, d, g** sesleri dymyk **p, ç, t, k** ýa-da süýkeş **w (v), f, j, g, gъ** ýaly sesler bilen çalşyrylýarlar.

Emma gypjak toparyna girýän dialektlerde, husun-da, manyş gepleşiginde **d, j** ýaly zarply sesleriň söz ahyrynda gelmegi hem mümkin: Aşgabat – Agъşavad, Haýyt – Eýid, paç – ba:j, saç – sa:j.

Türkmen dilinde we onuň oguz toparyna girýän dialektlerinde **b, g** fonemalarynyň süýkeş wariantlary **a (v), GЂg** sözüň başynda gelip bilmeýärler. Emma gypjak toparynda käbir sözlerde şularyň süýkeş wariantlarynyň hem sözüň başynda ulanylyşyna duş gelinýär. Manyş gepleşiginde **bar** ýerine, azerbaýjan, türk dillerindäki ýaly, **va:r**, çärjew gepleşiklerinde **gъolum** (erigiň şänigi) ýerine **GЂolum** ýaly ulanylmagy şuňa mysal bolup biler. Umuman, türkmen sözlerinde **v, GЂ** sesleriniň sözüň başynda gelmeýändigi nazar alynsa, ýokarky faktlar ýiti üns berilmegine mynasypdyr.

B fonemasynyň süýkeş warianty bolan **w** sesi hem adatça sözüň ortasynda gelip bilýär. Sözüň başynda we ahyrynda bolsa ulanylmaýar. Emma käbir **leb** ýerine **lew** ýaly azrak arap-pars sözleriniň ahyrynda gelmegi mümkin. Bu ýagdaý süýkeş **w, v, GЬ, G** sesleriniň ulanylyş geriminiň giňelýändigine ýaşaýtlyk edýär.

Çekimsizleriň uzyn aýdylmak häsiýeti

Türkmen dilinde we onuň dialektlerinde birnäçe sözlerde goşalandyrylyp aýdylýan sesler çekimsizleriň uzalmagy netijesinde soň ýüze çykypdyr. Mysal üçin, **hemme** söz parsça **häme**[1] sözünden bolup, Magtymgulynyň dilinde hem gysga, ýagny bir m sesi bilen ulanylypdyr: **Magtymguly, bu dünýäniň namysyn; Ýygyp-düýrüp ýele berdim hamysyn**[2]. Şu söz türkmen dilinde we onuň aglaba dialektlerinde **hemme** görnüşinde ulanylyp, iki çekimliniň arasynda gelýän **m** sesi uzynrak alýar.

Türkmen dilinde çekimsizleriň uzalmagy hemme sözde duş gelenok. Munuň ýüze çykyşy hem ähli dialektlerde birmeňzeş däl. Mysal üçin, teke dialektine garanda, saryk, ärsary dialektlerinde çekimsizleriň uzalmak häsiýeti güýçli. Teke dialektinde we edebi dilde **çöňürtge, haladyňmy, jorap, mesi, uzyn, günäkär** ýaly sözlerdäki **ň, l, r, s, z, k** sesleri gysga aýdylýan bolsa, saryk dialektinde **çöňňürtge, ha:lly:dyňmy, jorra:p, messi, uzzy:n, günekkъa:r** ýaly uzyn aýdylýarlar. Ärsary dialektinde **şüle** ýerine **şülle**, **ulanmak** ýerine **"ullanmakъ"** ýaly köp sözlerde çekimsizleriň uzaldylyp aýdylyşyna duş gelinýär.

Çekimsizler hemme ýerde uzalman, diňe iki çekimliniň arasynda gelende, käbir düýp sözleriň ortasynda uzyn aýdylýarlar. Munuň sebäbini öňi bilen bogun galypyndan gözlemek gerek. Sebäbi çekimsizleriň uzalmagy bilen bogun galypy üýtgäp, açyk bogun

[1] Персидско-русский словарь. Составил проф. Б. В. Миллер, Москва, 1960, сах. 597.

[2] Magtymguly, Saýlanan eserler, Aşgabat, 1959, tom II, sah. 273.

ýapyk bogna öwrülýär. Umuman, türkmen dilinde we onuň dialektlerinde ýapyk bogun emele gelmek häsiýetiniň örän güýçlüdigini bellemek bolar. Mälim bolşy ýaly, çekimlileriň düşüp-düşmezligi häsiýeti hem şunuň bilen gös-göni baglydyr. Galybersede, şunda çekimsizleriň hil taýy hem täsir edip biler. Türkmen dialektlerinde, esasan, sonorly hem süýkeş sesler uzalýarlar. Bular zarply dymyk seslere garanda çekimlilere ýakyn bolup, iki çekimliniň arasynda özbaşdaklyklaryny doly saklap bilmeýärler. Şonuň üçin hem köp sözlerde düşüp galýarlar, birnäçe sözlerde bolsa özleriniň pozisilasyny saklamak üçin uzalýarlar:

l>**ll:** – hala>**halla**, ulanmak>**ullanmakъ** (sal.); ulanmak>**ullonmakъ** (DTG); mele-**melle**, pile>**pille**, çile>**çille** (DTG).

r>rr: – jykyryk>jykъyrrykъ (sal.); gury>**gъurry** (noh., man.).

m>mm: – küme>**kümme** (sal.).

ş>şş: – aşyk>aşşykъ (gökl. ata); teşe>**teşşe**, hyşa>**hyşşa** (DTG, P); kişi>**kişşi** (sal.); maşyn>**maşşin** (sal., gökl., sar.).

s>ss: – ýasy>**ýassy** (sal., gökl., çärj.); ysytma>**yssytma** (gökl.).

z>zz: – dazarylmak > **dazzarylmakъ** (gökl.); uzyn > **uzzy:n**, mazaly >**mazza:ly** (ÝDGG).

Emma käbir sözlerde zarply dymyk **k, kъ, p, t, ç** sesleri hem uzalyp bilerler. Bular hem iki çekimliniň arasynda gelende, belli-belli orunlarda şolaryň täsirine düşüp, açyk seslere öwrülýärler. Mysal üçin, söwdakär>**söwda:gä:r** sözünde **k** sesi **g** sesine öwrülýär, emma **günäkär** sözünde **k** sesi **g** sesine öwrülmän, saryk dialektinde, tersine, **günekkъa:r** görnüşinde uzalypdyr. Garadaşly, ýomut, ata we beýleki käbir dialektlerde, **sakar** ýerine **sakъkъar** ýaly uzyn aýdylmagy hem şuňa mysal bolup biler.

Gökleň dialektinde zarply, dymyk **k** sesiniň uzaldylyp aýdylyşy köp sözlerde duş gelýär: şeker>**şekker**, tokaý>**tokъkъaý**, çokaý>**çokъkъaý**, çöket>**çökket**, çeki>**çekki**, toka>**tokъkъa**.

Bulardan başga-da dörtgül türkmenleriniň gepleşiginde söz ortasynda gelýän **k** sesiniň goşalandyrylyp ulanylyşy bar:

alaka>**alakъkъa**, dokuz>**dokъkъuz**, kakyn>**kъakъkъyn,** sakar<**sakъkъar**, sakyz>**sakъkъyz.**

Nohur dialektinde **takyr, tokaý, nokat, çöket, çukur, sokur** ýaly sözleriň ortasyndaky **k** sesi hem uzaldylyp aýdylýar.

Dymyk **kъ, k, t** sesleriniň uzaldylyp aýdylyşyna ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde hem duş geliýär: tokaý>**tokъkъaý**, dokuz>**dokъkъuz**, sakar>**sakъkъar**, tokar>**tokъkъar**, şikes>**şikkes**, sekiz > **sekkiz**, götinjeklemek >**götti:nçeklemek**, kütelmek>**küttelmek.**

Söz içinde ýanaşyk gelýän meňzeş çekimsizleriň hemmesine soň ýüze çykan uzaklyk hökmünde garamak bolmaz. Olaryň birnäçesi arap-pars we rus sözlerinde aslynda bolmagy mümkin. E**lbette, hatta, emma:, kъammu:na** birnäçesi bolsa assimilýasiýa, sesleriň çalyşmagy, düşüp galmagy ýaly fonetik üýtgeşmeler arkaly soň ýüze çykypdyr: anbar>**ammar**, adyna>**anna**. Şonuň ýaly hem, birnäçe sözlerde meňzeş ses bilen başlanýan goşulma goşulmagy bilen uzyn aýdylyp biler: **ýol+la, el+lik...**

Çekimsizleriň uzalmagy zarply, açyk **gъ, g, d, j, b** seslerinde ýüze çykmaýar. Bularda uzynlyk ýüze çykanda, ýapyk bogna düşüp, dymyk **kъ, k, t, ç, p** seslerine öwrülýärler we progressiw assimilýasiýa laýyklykda ikinji sesleri hem dykymlaşýarlar: eje > **eçje > eççe** (teke), ýedi > **ýetti** (ÝDGG).

Çekimsizleriň uzalmagy sözüň manysyna täsir etmeýär. Eger ol sözüň manysyny üýtgetjek bolsa, uzynlyk ýüze çykmaýar. Şonuň üçin uzyn çekimsizleri özbaşdak fonema hasaplamak bolmaz.

Çekimsizleriň uzalmagy oguz hem gypjak şiwesine giriýän dialektlerde bir däl. Mysal üçin, manyş gepleşiginde, easan, sonorly **m, ň, l, p** we dymyk **kъ, k, s, t, ç, ş** sesleri uzyn aýdylsalar, azrak ýagdaýda, oguz şiwesine giriýän dialketleriň tersine, açyk **j, d, z** sesleri hem uzynlyk alýarlar: omur > **ommur,** öňi > **öňňi**, ýaňak > **ýaňňagъ**, uly > **ully**, takyr > **takъkъyr**, iki > **ikki**, hasa > **hassa**, otuz > **ottuz**, paçak > **poççagъ**, gaşyk (çemçe) > **gъaşşygъ**, ýedi > **ýeddi**, gazyk > **gъažygъ.**

Dörtgül türkmenleriň oguz şiwesine girýän gepleşikleri bilen deňeşdirip göreniňde hem çekimsizleriň uzalamak häsiýetiniň dialektlerde bir däldigine göz ýetirmek kyn däl.

Mysal üçin, **azzy, pille, melle, messi, pittik, teşşe, hyşşa, niççe** ýaly ençeme sözleriň çekimsizleri dörtgül türkmenleriniň gypjak şiwesine girýän igdir, düýeji, gökleň gepleşiklerinde uzyn aýdylýar. Oguz şiwesine girýen ata dialketinde bolsa, bu hili sözlerde uzynlyk ýüze çykmaýar.

Çekimsizleriň uzalamagy käbir seslerde gep akymynda hem ýüze çykyp biler: iň öňde > **iňň öňde** (teke).

Galyberse-de, çekimsizleriň uzalmagy sözleriň manysy güýçlendirmek (uzyn > **uzy:n**), differensirleşdirmek eşek > **eşşek** bilen hem bagly bolmagy mümkin.

Çekimsizleriň gysga aýdylmak häsiýeti

Türkmen dialektlerinde çekimsizleriň uzyn aýdylmagy bilen bir hatarda, uzyn çekimsizleriň gysga aýdylmak häsiýeti hem bar. Munuň özi çekimsizleriň uzyn aýdylmagyna garanda azrak sözde duş gelýär we sözüň manysyna täsir etmeýär.

Çekimsizleriň gysgalmagy aşakdaky seslerde düýp sözleriň ortasynda, iki çekimliniň arasynda gabat gelýär:

mm > m: Mämmetjan > **Mä:metja:n**, gymmaty > **gъy:maty** (ÝDGG);

ll > l: gelleje (<gelneje) > **geleje**;

kk > k: çakky > ça:kъy (sar. ÝDGG).

Uzyn aýdylýan **kk** sesiniň gysgalmagy ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde başga-da birnäçe sözde gabat gelýär: **muşakъkъat > myşakъat, sakъkъal > sakъal, sakъkъyç > sakъyç.**

Elbetde, bularyň hemmesinde uzyn çekimsiz aslynda bolup, soň gysgalandyr diýmek hem dogry däl. **Sakъkъkal, sakъkъyç** ýaly sözlerde uzyn çekimsizleriň soň ýüze çykman bolmagy hem ähtimal. Beýle bolanda, uzyn çekimsizleriň gysgalmagy ýüze çykman, aslynda gysga aýdylypdyr diýip çaklamak bolar. Edebi dilde we

beýleki dialektlerde bolsa bu hili sözlerdäki çekimsizlere degişli uzynlyk soň ýüze çykypdyr.

Munuň tersine, sesleriň gysgalmagynyň has çylşyrymly görnüşi bomagy hem mümkin. Mysal üçin, ilki çekimsiz ses uzalyp ýa-da ýanyndaky ses bilen assimilleşip, soň gysgalyp hem biler. Sebäbi dilde sesleriň gysgalmak – uzalmak tendensiýasy bir-birinden üzňe, mydamalyk zat boman, olara özara bagly bolup, bir-birine geçip hem bilerler. Muny subut etmek üçin ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde ulanylýan **geleje** sözüni alyp göreliň. Şu söz **gelneje** (< gelin + eje) sözünden bolup, **gelneje > geleje** görnüşinde **ln** sesleri assimilleşip, **ll** seslerine öwrülipdir. Başgaça aýtsak, **ln** sesleriniň artikulýasiýasy birleşip, **ll** görnüşinde uzalýar. Soň bolsa çekimsizleriň gysgalmak prosesi bolup geçýär. Ärsary dialektindäki **keleke** (< kelneke < kelin eke) sözündäki gysgalma hem şunuň ýalydyr.

Manyş gepleşiginde ulanylýan **meçit** sözünde hem edil şunuň ýaly şylşyrymly assiliýasiýa ýüze çykyp, ýanyşyk gelýän çekimsizler meňzeşlenýärler. Soň bolsa çekimsizleriň gysgalmak häsiýetine laýyklykda olaryň biri düşüp galýar: **mesjid > metjit > meçjit > meççit > meçit**. Mundaky sesleriň geçiş prosesini **sj > tj > şj > çç > ç** görnüşinde görkezmek boljak.

Şuňa seredeniňde, ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerindäki **sakъyç** sözüniň hem ilki **sakъkъyç** görnüşinde aýdylýan bolmagy biçeme däl. Şeýle bolanda, çekimsizleriň gysgalmak prosesi soň ýüze çykýar. Her niçik-de bolsa, edebi diliň gepleşik normasyna esaslananymyzda, şu hili sözlerdäki ses üýtgeşmesini hem çekimsizleriň gysgalmagy hökmünde garamak boljak.

Çekimsizleriň çekimsizlere assimilleşmegi

Türkmen dialektlerinde çekimsizleriň çekimsizlere assimilleşmegi örän güýçli bolup, progressiw, regressiw we çylşyrymly asimilýasiýa kanunlaryna laýyklykda ýüze çykýar.

Çekimsizlerde progressiw assimilýasiýa. Türkmen dialektlerinde progressiw assimilýasiýa has köp ýaýrapdyr. Ol düýp

sözlerde hem goşulmalarda duş gelip, öňki sesiň yzkyny özüne meňzedýändigi bilen häsiýetlenýär. Mysal üçin, **k, p, t, ç, s, ş** sesleri yzysüre gelýän açyk **g, b, d, j, z** seslerini dymyklaşdyryp, özlerine meňzedýärler. Elbetde, şunda käbir sesleriň dymyk seslere doly öwrükmezligi hem mümkin. Ýöne, her niçik-de bolsa, dymyklardan soň gelen açyk sesleriň güýçli dymyklaşýandygy duýulýar. Şonuň üçin dymyk seslere assimilleşen açyk sesleri hem dymyk görnüşinde bellemek dogry bolar: topbak > **toppokъ**, çakgy > **çakъkъy,** gapdal > **gъptal**, gapjyk > **gъapşykъ**, başdan > **baştan**, kepder > **kepteri**, kesjek > **kesçek**, aş zat > **aş sa:t** (sar., teke).

Burun sonorly **m, n, ň** sesleri hem yzysüre gelen **b, g** seslerini burunlaşdyryp, özlerine meňzedýärler: eginbaş > **eginmaş** (sar.), gyşyň güni > **gъyşyň ňüni** (ÝDGG).

Çärjew we stawropol türkmenleriniň gepleşiklerinde **g, b** sesleri burun sonorly **m, n, ň** seslerinden soň gelende hem köplenç, olara assimilleşmän, taryhy bolşuny saklaýarlar. Emma düýp sözlerde bu hili sesler edebi dilde hem assimilleşen görnüşinde ulanylýar: teňňe > **teňge**, öňňe >**öňge.**

Munuň tersine, çärjew we manyş gepleşiklerinde garaňky > **gьaraňňy** ýaly sözlerde **k** sesiniň burun sonorly **m, n, ň** seslerine assimilleşip gelşini görmek bolýar. Şeýle mysallara, azrak hem bolsa, saryk, salyr dialektlerinde hem duş gelinýär: iň kiçi (iň giçi) > **iň ňiçi** (sar.), öňki > **öňňi,** süňki > **süňňi** (sal.).

Şeýle-de bolsa, **nk > nň** görnüşinde assimilleşmek esasan, gypjak şiwesine häsiýetlidir.

Bulardan başga-da, nohur dialektinde **n** sesi hem burunlaşmak taýyndan **m** sesine assimilleşip biler: ezemler > **ezemner**, daýymlar > **daýymnar.**

P sesinden soň gelende bolsa, **m** sesi öňündäki sese assimilleşip, munuň tersine, burunlaşmadan çykyp, **b** sesine öwrülýär: alypmy > **alypby**, gelipmi > **gälipb**" (noh.).

Ş sesi yzyndaky **ç** sesini assimilleşdirýär: işçi > **i:şşi** (sar.).

Türkmen diliniň teke, alili, gökleň, ýomut we başga birnäçe dialektlerinde **l, n, s, z** sesleri yzyndan gelen **d** sesini assimilleşdiriň, özlerine meňzedýärler: ýolda > **ýo:lla**, mende > **menne**, Nepesde > **Nepesse**, Orazda > **Ora:zza**. Saryk ärsary dialektlerinde bolsa, bu hili orunlarda assimilýasiýa ýüze çykmaýar.

Türkmen diliniň teke dialektinde we edebi dilde söz ortasynda gelýän **st** ses birikmesi **ss** görnüşinde assimilleşýär: usta > **ussa**, hasta > **hassa**.

Emma **st** ses birikmesi ýokarky ýaly sözlerde saryk, ärsary, salyr, nohur, änew dialektlerinde, çärjew stawropol türkmenleriniň gepleşiklerinde assimilleşmedik görnüşinde ulanylýar.

Türkmen diliniň ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde **z, r** sesleri hem özlerinden soň gelen **l** sesini assimilleşdirip, **zz, rr** şekilinde ýüze çykýarlar: gözle > **gözze**, derle > **derre**. Türkmen dilinde we onuň dialektleriniň köpüsinde bu hili sesler assimilleşmeýärler.

Çekimsizlerde regressiw assimiliýasiýa. Munda yzky ses öňkini özüne meňzedýär. Regressiw assimilýasiýanyň ýüze çykyşy hem ýaýaraýyş gerimi hemme dialektlerde meňzeş däl. Mysal üçin, **nl** ses birikmesi türkmen diliniň ýomut, ärsary, saryk, nohur ýaly birnäçe dialektlerinde regressiw assimilýasiýa kanunyna laýyklykda **ll** görnüşinde assimilleşýär: günlükçi > **güllükçi**, ýagynly > **ýagъylly**.

Teke dialektinde we edebi dilde bolsa **nl > nň** görnüşinde progressiw assimilýasiýa ýüze çykýar: günlükçi > **günnükçi**, ýagynly > **ýagъylly**.

Saryk dialektinde **ln** ses birikmesi **nn** görnüşinde regressiw assimilýasiýa boýunça meňzeşlenýär: dalnamaz > **dannamaz**, gelneje > **genneje**.

Ýomut dialektiniň günbatar hepleşiklerinde bolsa hut şu ses birikmesinde progressiw assimilýasiýa ýüze çykyp, **nl>ll** görnüşinde ulanylýar: gelneje>**gelleje**, bulnatnmak>**bullatmakъ** (bizar etmek).

Gadymy türki ýazuw ýadygärliklerиniň dilinde hem öňünden gelýän **t, z** seslerini assimilleşdiri, özüne meňzedýär: ýatsa>**ýassa**, gitse>**gisse,** gözsüz>**gössüz**, gezse>**gesse** (teke., sar., ärs.).

Saryk dialektinde **r** sesi hem öňünden gelýän **l, z** sesleriniň özüne meňzedýär: haýalrak>**haýarra: kъ**, işsizräk>**i:şs(i)rrä: kъ**.

Türkmen dialektlerinde **ç** sesi dilalny-dişara we dişdüýbi seslerden öň gelende, şolara assimilleşip, **ş** sesine öwrülýär: uçsa>**uşso**, agaçlyk>**agъaşlykъ** (teke., ärs.).

Azrak sözlerde **n** sesi **k** sesine assimilleşip, **ň** sesine öwrülýär. Şu hili assimilýasiýa artikulýasiýanyň orny boýunça bolup geçýär: hünkär>**hüňkä:r,** gelmänkä>**gelmä:ňkä:** (sar.).

Ärsary, saryk, salyr we beýleki birnäçe dialektlerde dymyk **t** sesi öňündäki açyk, süýkeş **gъ** sesini assimilleşdirip, dymyk **hъ** sesine öwürýär: tagta>**tahъta**, pagta>**pahъta,** bagt>**bahът**, nagt>**nahът**.

Muny taryhy boşuny saklapdyr diýip düşünmek bolmaz. Hakykatda, bu sözlerde dymyk **t** sesiniň täsiri bilen **gъ** sesi dymyk **hъ** sesine öwrülýär. Olam dialektinde bolsa **hъ** sesine derek **kъ** sesi ýüze çykýar: tagta>**takъta,** pagta>**pakъta,** bagt>**bakът**, nagt>**nakът**.

Gypjak şiwesine girýän dialektlerde çekimsizleriň regressiw assimilýasiýa boýunça assimilleşmeginde hem käbir aýratynlyklar ýüze çykýar. Mysal üçin, nohur dialektinde we manyş gepleşiginde **n** sesi regressiw assimilýasiýa boýunça **m** sesine assimilleşýär: on manat>**om manat**, ýalanmy>**ýalammi** (noh.); Hanmürze>**hammyrza** (man.).

Oguz toparyna girýän türkmen dialektlerinde bu hili orunlarda assimilýasiýa ýüze çykmaýar.

Nohur dialektinde **ls** ses birikmesi hem käbir sözlerde **ss** görnüşinde assimilleşýär: **alsa-alsyn>assa-assyn**. Türkmen diliniň oguz şiwesinde assimilýasiýanyň şu görnüşi hem aktiw däl.

Nohur dialektinde **ç** sesi özünden öň gelýän **z, ş** seslerine assimilleşdirýär: kolhozçy>**gъalhoççi**, ýolbaşçy>**ýolbaççy**. Şu

aýdylanlar gypjak şiwesiniň beýleki dialektleri üçin hem häsiýetli bolup, oguz toparyna degişli däl.

Oguz şiwesinde **zç>sç** ýaly assimilleşip, **z** sesi dymyklaşyp, **şç** ses birikmesinde bolsa progressiw assimilýasiýa ýüze çykýar, **şş** görnüşinde meňzeşlenýär: kolhozçy>**kъalho:sçy**, ýolbaşçy>**ýo:lwaşşy** (teke).

Bulardan başga-da, nohur dialektinde **zj** ses birikmesi **jj** görnüşinde assimilleşýär: Orazjemal>**Orazjjamal**, Oraz jan>**Oraj jan**.

Oguz şiwesine girýän türkmen dialektlerinde bu hili assimilleşmek mahsus däl. Ýöne ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde **zj** ses birikmesini **žž** ýaly assimilleşmek häsiýeti bar: ýazjak>**ýažžakъ**, Orazjan>**Ara:žža:n**.

Şunlukda, assimilýasiýa türkmen dialektleriniň hemmesinde aktiw ulanylýan-da bolsa, aýry-aýry seslerde ýüze çykyşy boýunça dialektler bir-birinden tapawutlanýarlar.

Çekimsizlerde çylşyrymly assimilýasiýa

Bu – assimilýasiýanyň ýokarky ýaly sada görnüşlerinden çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar. Munda assimilleşmek prosesi birbada bolup geçýär. Munda progressiw assimilýasiýa-da, regressiw assimilýasiýa-da gatnaşýar. Şeýle bolansoň, sesleriň täsir ediş sferasy has giňelýär we olaryň bir-birine geçiş prosesi ep-esli çylşyrymlaşýar. Käbir halatda haýsy sesiň haýsyna täsir edendigini anyklamak hem kyn.

Çekimsizlerdäki çylşyrymly assimilýasiýany öwrenmek üçin sesleriň özara täsir ediş ugurlaryny gowy bilmek zerur. Mysal üçin, **ýaşjak>ýaşçakъ>ýaşşakъ** sözlerini alyp göreliň. Munda öňi bilen **j** sesi öz öňündäki dymyk **ş** sesine assimilleşip, dymyk **ç** sesine öwrülýär, soň bolsa şonuň täsiri bilen bütinleý meňzeşleşip, **ş** sesine geçýär. Mundaky sesleriň geçişini **şj>şç>şş** görnüşinde görkezmek bolar: **gitjek>gitçek>giççek** sözündäki **tj>tç>çç** sesleriniň assimilleşişi hem şuňa meňzeş.

Munda ilki **j** sesi dymyk **t** sesine assimilleşip, dymyk **ç** sesine öwrülýär, soň bolsa, tersine, **ç** sesi öňündäki **t** sesine özüne meňzedýär.

Assimillýasiýa bir ýerde ýanaşyk gelýän çekimsizlerde ýüze çykman, bognara ýanaşyk gelýän seslerde hem bolup biler: gulan>**gъunon,** salyr>**saryr** (sar.). Şulary hem çylşyrymly assimilýasiýa goşmak mümkin.

Assimilleşýän çekimsizleriň arasyndaky dar we azrak giň çekimlileriň düşüp galmagy bilen hem çylşyrymly assimilýasiýa ýüze çykyp biler: **azajyk>a:jajykъ>a:çjykъ>a:ççykъ** (sar.).

Türkmen dialektlerinde çylşyrymly assimilýasiýanyň başga-da dürli görnüşleri duş gelýär. bularyň derňelmegi köp sözleriň gelip çykyşyny hem taryhy ösüşini anyklamaga ýardam eder.

Çekimsizleriň çekimlilere assimilleşmegi

Türkmen dilinde we onuň dialektlerinde çekimsiz sesler diňe öz bir-birlerine assimilleşmän, çekimlilere hem sazlaşýarlar. Mysal üçin, **g, k** ýaly birnäçe sesler ýogyn çekimliler bilen ýanaşyk gelende – yzky kentlewükde, inçe çekimliler bilen ýanaşyk gelende bolsa ortaky kentlewükde hasyl bolýarlar: **gъal-gel, akъ-ek.** Başgaça aýtsak, çekimlileriň emele gelýän ornuna laýyklykda artikulýasiýa taýdan şolara assimilleşýärler. Şu hili assimilleşmek dilorta-alynky kentlewük **ý** sesinde hem, dilalny-dişdüýbi **l, r** we beýleki çekimsizlerde hem belli bir derejede duýulýar. Bu sesler ýogyn çekimliler bilen gelende, birneme yzrakda hasyl bolsalar, inçe çekimlilerde, munuň tersine, öňäkdäki ýüze çykýarlar. Muny şol sesleriň ýogyn-nçe aýdylyşyndan hem aňmak bolar: **gъal-gel, bar-ber.** Bu getirilen mysallarda çekimliler inçelik-ýogynlyk taýdan çekimsizlere täsir edýärler.

Edil şunuň ýaly, çekimliler dodaklanma taýdan hem ýanaşyk gelýän çekimizlerine täsir edip bilerler. Muny **g** sesiniň dodak çekimlilerine assimilleşmeginde has aýdyň görmek bolýar. **G** sesi **ö, ü** çekimlilerinden öň gelende, şolara assimilleşip, **gw** görnüşinde kem-käsleýin dodaklanýar: görse>**gwörse**, gün>**gwün.** Gep

akymynda şunuň bütinleý dodaklanyp, o gün>**övün** ýaly aýdylyşy hem bar.

Türkmen dialektlerinde **gъ, b** sesleri **u** dodak çekimlisinden öň gelende, şoňa assimilleşip, **v** sesi bilen ýüze çykýarlar. Şunda zarply **gъ, b** sesleri süýkeşkenip, **GЪ, w** seslerine geçýär, soň bolsa dodak çekimlisiniň täsirine düşüp, **v** sesine öwrülýär. Bularday sesleriň geçişi **gъ>G Ъ>v** hem **b>w>v** görnüşinde aňlatmak bolar: **ygъur>uGЪyr>uvur, kabul>kъawu:l>kъavu:l** (sar.).

Çekimlilere assimilleşip, **k, p, t, ç** sesleri açyk **g, b, d, j** seslerine öwrülýärler. Şunda **k, p** sesleri açyklaşmak bilen birlikde **k>g>G** we **p>b>w** görnüşinde süýkeş seslere hem öwrülýärler. Bu ýagdaý diňe düýp sözleriň ahyryna goşulma goşulanda däl, eýsem goşma sözlerde we gep akymynda hem ýüze çykýar. Keýik eke>**KeýiG eke**, ak atly>**a:GЪ atly**, sürüp otyrt>**sürüw oty:r** (sar., ärs.). Bularda dymyk çekimsizler owazlanma boýunça çekimlilere assimilleşip, degişli açyk seslere göçýärler.

Gypjak şiwesinde dymyklaryň açyklaşmagy we zarplylaryň süýkeşlenmegi oguz şiwesini giryän dialektlerinden tapawutlanýarlar. Umuman, bularda dymyklaryň açyklaşmagy oguz şiwesine garanda gowşakdyr. Emma käbir sözlerde, tersine, dymyk sesler oguz dialektlerinde açyga öwrülmeýän bolsa-da, gypjak şiwesinde açyk ses bilen ýüze çykýarlar: kyrk iki>**kъyrGЪ iki** (çärj.); aşaky howdan>**aşşaGЪ oudan** (man.).

Manyş gepleşiginde käbir sözleriň ahyrynda we ýapyk bogunda gelende hem, **kъ** sesine derek süýkeş, açyk **gъ** sesi ýüze çykýar: pudak>**pudagъ,** owlak>**ovlagъ**, akja>**agъja**.

Nohur dialektinde bolsa bu hili orunlarda köplenç **“k”** sesine derek süýkeş, dymyk **“h”** sesi ulanylýar: “börek>**böräh**, çörek>**çöräh**”.

Birnäçe sözlerde bolsa **k** sesine derek manyş gepleşiginde **ý** sesi ulanylýar: güjük>**küçüý**, erik>**eriý**. **K** sesine derek **ý** sesiniň ulanylmagy **GЪ** sesine garanda soňraky özgerişe degişli diýip

düşünmek bolar. Sebäbi **k, g** sesleri süýkeşlenip, ilki **G** sesine öwrülýär. Soň bolsa, **kükürt>güGürt>güýürt** sözündäki ýaly, **ý** sesine geçýär. Aslynda **g** sesiniň **ý** sesi bilen çalyşmagy manyş gepleşigi üçin häsiýetlidir: degirmen>**däýirmän**. Türki dillerde **g>ý** ses çalşygy türk, azerbaýjan dillerinde köp duş gelýär.

Gypjak şiwesinde **b** fonemasynyň süýkeş warianty bolan **"w"** sesine derek hem sonorly **v** ulanylýar: Abdylla>**Ävdillä**. Türkmen diliniň oguz toparyna girýän teke, ýomut, saryk, salyr ýaly köp dialektlerinde bu hili orunda süýkeş **w** sesi ýüze çykýar. Ärsary dialektinde bolsa, umuman, **b** fonemasyna derek söz ortasynda süýkeş **w** sesiniň ulanylýandygyna garamazdan, **Abdylla** sözünde **b** sesi ýapyk bogna düşüp, **Äpd(i)lle** görnüşinde dymyk **p** sesi bilen aýdylýar. Şunlukda, bu sesleriň owazlanma boýunça ösüşini **k>g>G>ý** hem-de **p>b>w>v** ýaly görkezmek bolar. Şu orunda gypjak şiwesi oguz toparyna girýän dialektlere garanda owazlanma taýdan birneme öňe gidendigi bilen häsiýetlänýer.

Çekimsizleriň düşüp galmagy

Belli bolşy, ýaly çekimsizleriň düşüp galmagy ikinji uzynlygyň ýüze çykmagynda esasy sebäpleriň biridir. Ýöne çekimsizleriň düşüp galmagy hemme ýerde uzynlygyň ýüze çykmagyna sebäp bolýandyr diýip düşünmek bolmaz. Bu ýerde, esasan, olaryň öz yzynda uzynlyk galdyrmadyk ýagdaýy barada gürrüň edilýär. Türkmen dialektlerinde çekimsiz sesler sözüň başynda, ortasynda we ahyrynda düşüp galýarlar.

Sözüň başynda düşüp galmagy

Çekimsizleriň sözüň başynda düşüp galmagy azrak sözde gabat gelýär. Ol köplenç, **ý, h, n** ýaly süýkeş ýa sonorly seslere degişli bolup, sözüň manysyna täsir etmeýär. Ýöne munuň az duş gelýändigini sözüň asyl manysynyň köplenç sözüň başyndaky ses bilen baglanyşykly bolýandygy bilen düşündirmek dogry bolmaz. Sözüň manysynyň üýtgäp-üýtgemezliginiň elbetde, täsiri bar. Bu sözüň başyna degişli bolşy ýaly, ortasyna we aýagyna hem degişlidir.

Şoňa görä bu kesgitleýji sebäp bolup bilmez. Munuň düýp sebäbini türkmen diliniň fonetikasynyň içki kanunlaryndan gözlemek gerek.

ý: ýilik>ilik (sar.);

h: hin>i:n (sar., ÝDGG), hepde>**epte** (ÝDGG), hüpüpik>**üpüpik** (sar.).

ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde **ý** sesiniň düşüp galmagy has aktiw ýüze çykýar. Ol köplenç **i, ü, y, u** dar çekimlilerden we azrak **e** sesinden öň duş gelýär: ýitmek>**itmek**, ýitigçi>**itigçi**, ýüz>**üz**, ýük>**ük**, ýürek>**ürek**, ýüzärlik>**üzä:rlik**, ýumlandan>**umlanan**, ýençmen>**ençmen**.

Sözüň başynda **ý** sesiniň düşüp galmagy alili, garadaşly, mürçeli, sakar ýaly ençeme dialektlere hem degişlidir. **Ý** sesi şu sözleriň başynda aslynda bolupmy ýa soň artdyrylypmy, ony aýtmak hem kyn. Mahmud Kaşgarynyň aýtmagyna görä, beýleki türki dillerde sözüň başynda gelýän **ý** sesi oguz we gypjak dillerinde gelip **a, e, i, y** we ş.m. sesler) ýa jim (j) seslerine deň gelýär. Türk dillerinde **ýelkin** diýilse, oguz hem gypjaklarda **elkin** diýlip aýdylypdyr[1].

Ýöne gadymy türki ýazuw äadygärlikleriniň dillerine hem-de edebi dile salgylananymyzda, edebi dildäki **ýürek, ýyldyz, ýük, ýüz** sözleriniň aslynda **ý** sesiniň bolandygyny görmek bolar[2]. Şuňa esaslansak, ýokarky sözlerde **ý** sesi soň düşüp galypdyr diýen netijä gelmek mümkin.

Ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde käbir sözde **n** sesiniň galdyrylyp ulanylyşy hem bar: näme>**eme**, nirede>**i:rede**.

Käbir sözlerde sesleriň düşüp galmagy sözleriň manysyny differensirleşdirmäge hem hyzmat edýär. Mysal üçin, ärsary, saryk dialektinde **dymykъ//ymykъ, gъopormak/opormokъ** sözleri iki hili aýdylýar. Şunda ilki olaryň manysynda bölünişme ýüze üykýar, soň

[1] S. Ahally, Mahmud Kaşgarynyň sözlügi we türkmen dili, Aşgabat, 1958, sah. 17.

[2] С. Е. Малов. Памятники древнетюркской писменности, Москва-Ленинград, 1951, сах. 383.

bolsa başky **gъ** sesiniň düşüp galmagy netijesinde olar forma taýdan hem tapawutlanýarlar. Şularyň asly bir söz bolup, başky "gъ" sesi soň düşüp galypdyr. Emma dialektlerde şunuň düşürilip we düşürilmän ulanylyşy hem bar. Bularyň ikisiniň hem ulanylmagy olaryň manysynda belli bir tapawudyň bardygy bilen düşündirilýär. Mysal üçin, **dymykъ** köplen **petiş** manysynda gelip**, howa** sözi bilen ulanylýar. **Ymykъ** bolsa şemal düşmeýän ýeri aňldaýar. Deň: **dymykъ hova.ymykъ ýer.**

Sözüň ortasyndan düşüp galmagy

Sözüň ortasynda köplenç süýkeş hem sonorly sesler düşüp galýarlar. Çekimsizler sözüň ortasynda birmeňzeş orunda düşüp galmaýarlar. Şonuň üçin olaryň düşüp galýan ýerlerini, esasan, dört topara bölüp görkezmek boljak.

1. Iki çekimliniň arasynda:

gъ: Agageldi>**Ä:geldi** (sal.).

l: Ätäňenä:let (<ataňa nälet) – **ätäňenä:t** (sar.).

Iki çekimliniň arasynda çekimsiziň düşüp galmagy bilen köplenç uzynlyk ýüze çykýar. Ýöne ýokarky mysallarda çekimlileriň uzyn aýdylmagy şol sözleriň aslynda hem bolupdyr.

2. Çekimli bilen çekimsiziň arasynda:

gъ: ýaglyk>**ýa:lykъ** (sar.).

l: bolsa>**bosa**, hälki>**hä:ki** (sak.).

n: mandy>**ma:da** (sar.).

ç: hiç kim>**hi kim**, hiç kişi>**hi k(i)şi** (gökl.).

Çekimli bilen çekimsiziň arasyndaky ses düşüp galanda, uzynlyk ýüze çykýan-da bolsa, ýokarky mysallardaky uzynlyk onuň bilen düşündirilip bilinmez. Çünki bu sözlerde uzynlyk aslynda bolup, çekimsiz düşüp galmadyk ýagdaýynda hem, uzyn aýdylypdyr. Diňe mandy>**ma:da** sözündäki uzynlyk, aňlyk hakykatdan-da, **n** sesiniň düşüp galmagy netijesinde ýüze çykypdyr.

Emma çekimsiziň düşüp galmagy, öňde bellenişi ýaly, hemme ýagdaýda uzynlyk galdyrmaýar. Mysal üçin, sakar dialektinde **r** sesi taşlanyp, **berk** ýerine **bek** ýaly ulanylsa-da, öz yzynda uzynlyk

galdyrmandyr. Onsoňam, türkmen dialektlerinde **berk/bek** sözleriniň manysynyň belli bir derejede differensirleşendigini bellemek gerek. Mysal üçin, teke dialektiniň mary gepleşiginde **berk** köplenç, **gaty, pugta** sözleriniň manysynda gelse, **bek** adatça **bekle** görnüşinde ulanylyp, **ýapmak, böwetlemek** sözleriniň sinonimi bolup gelýär. Mysal üçin, **suvy berkledim** diýilmän, **suvy bekledim** diýilýär. Şoňa görä, bu sözde **r** sesiniň düşüp galmagy ýönekeý fonetik üýtgeşme bolman, eýsem sözleriň manysy tapawutlandyryjy serişdedir.

3. Çekimsiz bilen çekimliniň arasynda:

g: ataşgir > **ataşi:r** (sar.);

h: howuthaky > **hovtakъy**, seýishana > **seýisa:na** (sar), gulakhalka > **gъulagъa** (gökl.).

Türkmen dialektlerinde söz ortasynda bogun ahyryndaky çekimsiziň düşüp galyşyna köp duş gelinýär. Bu köplenç öz orunda uzynlyk hem galdyrýar. Emma bogun başynda çekimsiziň düşüp galmagyna örän seýrek bolup, esasan, goşma sözlerde duş gelýär. Özi hem uzynlygyň ýüze çykmagyna sebäp bolmaýar. Ataşgir > **ataşi:r**, seýishana > **seýisa:na** sözlerindäki uzynlyk bolsa çekimsiziň düşüp galmagy bilen bagly bolman, şol sözleriň aslyna degişlidir.

4. Iki çekimsiziň arasynda:

Iki çekimsiziň arasynda **t** sesiniň düşüp galyşyna degişli saryk dialektinden çekirtge > **çekirge**, sakyrtga > **sakъyrgъa**, tokurtga > **dokъurgъa** ýaly mysallary getirmek bolar. Munuň sebäbini türkmen diliniň bogun galyplarynyň örän sadalygy bilen düşündirmek mümkin.

Türkmen dilinde hem onuň dialektlerinde üç çekimsiziň bir ýerde ýanyşyk gelmek häsiýeti ýok diýerlikdir. Olar käbir sözlerde ýanaşyk gelende, hem olaryň arasyndan ysgynsyz dar çekimli artdyrylýar, ýa bolmasa, çekimsizleriň biri, adatça ortakysy düşüp galýar. Ýokarky mysallarda bolsa iki çekimsiziň ortasyndaky "t" sesi düşüp galyp, bogun galypy ýönekeýleşidir. Şunuň ýaly fonetik üýtgeşme rus dilinden geçen rentgen > **(i)riňňi:n** (sar.) ýaly sözlere

hem degişlidir. Muňa türkmen diliniň bogun galypyna uýgynlaşma hökmünde garamak bolar.

Türkmen diliniň nohur dialektinde üç çekimsiz bir ýerde ýanaşyk gelende, ortakysy däl-de, başky syzyjy **l** sesi düşüp galýar: altmyş > **atmyş**, gulpla > **gъupla.**

Sözüň ahyrynda düşüp galmagy

Sözüň ahyrynda, köplenç, **l, p** syzyjy sesleri düşüp galýarlar. Bu sesler owazlylygy we emele gelşi boýunça çekimlilere örän ýakyn. Şoňa görä bular "ýör > **ýö**, gel > **ge** (sar.) ýaly sözlerde aňsatlyk bilen düşüp galýarlar. Bu ýagdaý türkmen dialektleriniň köpüsi üçin häsiýetlidir. Çekimsizleriň söz ahyrynda düşüp galmagy uzynlygyň ýüze çykmagyna sebäp bomaýar. Ýörmüň > **ýö:müň**, bormy > **bo:my** (sar.), däl > **dä:** sözlerindäki çekimlileriň uzyn aýdylmagy hem **l, p** sesleriniň düşüp galmagy zerarly däl. Çunki bu sesler düşüp galmanka hem uzyn aýdylýarlar.

Bulardan başga-da, arap-eýran dillerinden geçen şah>**şa:**, Hemrah>**Hemra:** (sar.) ýaly sözleriň ahyryndaky süýkeş **h** sesi düşüp galypdyr. Bu ýagdaý oguz şiwesinde giriýän türkmen dialektleriniň hemmesi üçin mahsusdyr. Ýöne bulardaky çekimliniň uzyn aýdylmagy **h** sesiniň düşüp galmagy bilen bagly däl. Sebäbi bu sözlerdäki **a** sesi hem sözüň aslynda uzyn aýdylýar. Diňe çykgyt hökmünde sakar dialektinde arwah>**arva:** ýaly aýdylýandygyny görkezmek gerek. Munda, göräýmäge, **h** sesiniň düşüp galmagy bilen uzynlyk ýüze çykan ýaly. Biziň pikirimizçe, şunuň pozision üýtgeşme bolmagy ähtimal. Sebäbi şeýle fakt beýleki dialektleriň hiç birinde duş gelmeýär. Şoňa görä geljekde munuň has anyklanmagy zerur.

Arap-eýran we rus dillerinden geçen sözleriň ahyryndaky ýanaşyk gelýän sesleriň ikinjisi düşüp galýar. Muňa mysal edip, pest>**pes**, dost>**do:s**, rast>**ra:s**, haýyşt>**ha:ýyş**, post>**po:s**, most (köpri)>**mo:s** (sar.); trest>**t(i)ri:s**, oblast>**owlos,** kommunist>**kemnu:s,** traktorist>**tarakъt(i)ri:s**, artist>**ärti:s** (ÝDGG) ýaly sözlerde **t** sesiniň düşüp galyşyny görkezmek bolar.

Munuň sebäbi düşnükli. Türkmen diliniň bogun galypyna görä, söz ahyrynda **st, şt** ýaly iki çekimsiz bir ýerde ýanaşyk gelip bilmeýär. Bu ýagdaý türkmen dialektleriniň aglabasy üçin häsiýetli bolsa-da, gypjak şiwesine girýän nogur dialektinde saklanmaýar. Bu dialektde **pes, mes** ýaly sözler asylky bolşunda **pest, mest** görnüşinde ulanylýar.

Çekimsizleriň artdyrylmagy

Türkmen dialektlerinde çekimsizleriň artdyrylyp ulanylyşyna örän az duş gelinýär. Bularyň hem köpüsi, düýbüni yzarlasaň, artdyrylan ses bolman, şol sözleriň aslynda bolupdyr. Muny subut etmek üçin saryk dialektinde ulanylýan **gъu:rtçykъ** sözüne salgylanmak ýeterlikdir. Edebi dilde we türkmen dialektleriniň köpüsinde şu söz **gurçuk** görnüşinde ulanylýar. Eger şuňa esaslansak, dogrudan-da, saryk dialektinde **t** sesi artdyrylan bolup çykýar. Emma şu sözi taryhy taýdan derňesek, munuň asly **gurt** sözünden bolup, **t** sesi şunuň aslynda bolupdyr. Saryk dialektinde ulanylýan çuň>**çuňkъ** sözünde hem **kъ** sesiniň aslynda bolmagy mümkin. Sebäbi **ň** sesi türkmen dilinde köplenç **k, g** seslerinden öň ýüze çykýar. Galybersede, bu söz türkmen dialektlerinde çuňgul>**çuňňul** ýaly hem ulanylýar.

Şeýle-de bolsa, artdyrylýan çekimsizleriň hemmesi sözüň aslynda bolandyr diýip güman etmek hem bolmaz. Sebäbi türkmen dilinde sesleriň uzalmagyny aýtmanymyzda hem, birnäçe çekimlileriň, aýratyn-da sonorly **ý, v** sesleriniň belli-belli orunlarda artdyrylyp ulanylýandygy gizlin däl. Muňa sözüň başynda, ortasynda we ahyrynda gabat gelinýär: igde>**ýigde**, urmak>**vurmokъ**, düme>**deýme**, hökümet>**höküvmet** (sar.).

Türkmen dialektlerinde **ý** sesi iki çekimliniň arasynda hem artdyrylýar. Bu, esasan, käbir arap-eýran we rus dillerinden geçen sözlerde ýanaşyk gelýän çekimlileriň arasynda ýüze çykýar: naynsap>**na:ýynsa:p**, biagyry>**biýa: gъ(y)ry,** pioner>**piýani:r** (teke).

Hazaryň ýakasynda ýaşaýan ýomutlaryň gepleşiginde **ý** sesi gep akymynda görkezme çalyşmalaryndan soň hem artdyrylyp ulanylýar: bu oba>**biýo:wa**, şu oba>**şüýo:wa**, bu oglan>**biýogъlan**,

Biýo:wa:nyň a:dy Gъyýanly. Öň-de w(i)r gelend(i)r şu ýogъlan diýýä:n.

Türkmen dialektlerinde **ý, v** sesleriniň artdyrylmagy köplenç halatlarda uzyn çekimlileriň poliftong häsiýeti bilen hem düşündirilýär. Mälim bolşy ýaly, uzyn aýdylýan **y:, i:, ü:** seslerinden soň **ý, u:** sesinden soň bolsa adatça **v** artdyrylýar. Bu aýratyn hem açyk bognuň ahyrynda güýçli duýulýar. Şunda hem üýtgeşme ýüze çykýar. Bu ýagdaý oguz şiwesine giriýän türkmen dialektleriniň hemmesine degişlidir: bi:ri>**biýri**, diri>**diýri,** gury>**gъuvry**, Baku>**Bakъuv** (teke, sar.).

Käbir sözlerde **ý, v** sesleriniň ýüze çykmagy bile uzyn çekimliniň gysga aýdylýandygyny hem bellemek gerek: kö:ne>**köýne** (ÝDGG), so:py>**sovpy** (sar.).

Bulardan başga-da, türkmen dialektlerinde köplenç giň çekimlilerden öň söz başynda **h** sesiniň artdyrylyp ulanylmak häsiýeti bar: ol>**hö:l**, akyl>**hakъyl,** aňňyrmak>**haňňyrmakъ** (sar.), arma>**ha:rma** (sak.).

Ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde **h** sesi ömür>**hömür,** öwgüli>**hövgüli,** Öwez>**Hövez**, akmak>**hakъmakъ** ýaly sözlerde artdyrylýar. Şu hili mysallary ärsary, gökleň, nohur we beýleki dialektlerden hem getirmek mümkin. Ärsary, salyr dialektlerinde öl>**hö:l**, arma>**harma** teke dialektinde akylly>**hakъylly**, olaryk>**holary:kъ**, manyş gepleşiginde agla>**ýygъla,** agaç>**ýagъaç** ýaly sözlerde artdyrylyp ulanylyşyny görkezmek bolar.

Elbetde, çekimsizleriň artdyrylyp ulanylýan ýerleri bular bilen çäklenmeýär. Mysal üçin, diňe saryk dialektinde erkeç > **serke**, **amakъlatmakъ //samakъlatmakъ, entemek // tentemek,** eleme-deşik > **deleme-deşik**, ädim>**a:rdym**, alaka>**alaňkъa** ýaly birnäçe sözlerde **s, t, d, r, ň** sesleri artdyrylyp ulanylýarlar.

Ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde hem atlaz>**artlaz**, birje>**b(i)rtje**, ulanmak>**gъyllanmakъ** ýaly sözlerde hem **r, t, g"** sesleriniň artdyrylyşyna duş gelinýär.

Bu sesler şol sözleriň arasynda bolup, arhaik görnüşinde saklanyp galypmy ýa näbelli sebäbe görä soň ýüze çykypmy, ony häzirlikçe aýtmak kyn. Hatda käbir sözleriň formasy tanalmaz ýaly üýtgäp, olaryň aslanyň birdigini kesgitlemek hem ýeňil däl. Mysal üçin, teke dialetinde we edebi dilde **ine** diýlip aýdylsa, saryk, ärsary dialektlerinde **mana** diýip ulanylýar. Şularyň dialektlerde birmeňzeş many aňladýandygyny nazara almasaň, olaryň asly bir diýer ýaly hem däl.

Onsoňam, şu hili ses artdyrylmasyn käbir **äkel**>alyp gel, **äkit**>alig git, **äwer**>alyp ber ýaly gysgaldylan goşma sözler ýa-da **na:la:ç**>na-laç ýaly gysgalan goşulmalar bilen garyşdyrmak bolmaz. Bu hili sözlerde ses artdyrylmasy ýüze çykman, eýsem sesleriň düşüp galmagy netijesinde degişli sözler we goşulmalar gysgaldylyp ulanylýarlar.

Käbir sözlerde çekimsizleriň artdyrylmagy sözleriň manysyny differensirleşdirmäge hem gatnaşýar.

Mysal üçin, türkmen dilinde we onuň dialektlerinde **ä:vmek/sä:vmek, indi/şindi** sözleriniň manysynda azda-kände bölünişme ýüze çykypdyr. Şu zerarly olaryň iki görnüşi hem dilde aktiw ulanylýar. Emma şularyň manysyndaky üýtgeşmä esaslanyp, artdyrylýan sesleri aýratyn goşulma (prefiks) hasaplap bolmaz. Bular sözleriň manysyny differensirleşdirmek üçin hyzmat edýän fonetik serişdedir.

Çekimsizleriň artdyrylmak häsiýeti beýleki dillerden giren sözlerde hem ýüze çykýar. Mysal üçin, arap dilinden geçen käbir sözlerde **aýyn** sesine derek **gъ** sesi artdyrylýar: mu'allym>**mugъallym**, ma'lumat>**magъlumat**. Bu ýagdaý türkmen dialektleriniň köpüsi üçin umumydyr.

Ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde **"täret, töwür"** ýaly arap-pars sözleriniň **"dähret, tövhi:r"** kimin, **"h"** sesiniň artdyrylyp aýdylyşyny hem şunuň bilen düşündirmek mümkin.

Rus dilinden geçen **“kran”** sözüniň türkmen dialektlerinde **“gъ(y)rant”** (teke) görnüşinde **“t”** sesiniň artdyrylyp ulanylyşy hem muňa mysal bolup biler.

Çekimsizleriň çalyşmagy

Çekimsizleriň çalyşmagy türkmen dialektlerinoň häsiýetli aýratynlyklaryndan biri bolup, örän köp sözde duş gelýär. bularda hakyky ses çalşygy ýüze çykýarmy ýa bir sese başga bir ses gabat gelýärmi, onuň arasyny açmak aňsat däl. Şoňa görä olaryň ikisine hem ses çalşygy hökmünde seredilýär.

Türkmen dialektlerinde çekimsizleriň çalyşmak häsiýeti örän ökp dürli bolup, çekimsizleriň hemmesine diýen ýaly mahsusdyr. ol aşakdaky sesleriň arasynda ýüze çykýar.

Açyk çekimsizleriň dymyk çekimsizler bilen çalyşmagy

Açyk **g, d, j, b** sesleri degişli dymyk **k, t, ç, p** sesleri bilen çalyşýarlar: gadyr>**kъadyr**, gadym>**kъdy:m**, dört>**tö:rt**, jylaw>**ç(y)lov**, jykyr>**çykъyr**, batrak>**patrakъ**, lybas>**lypa:s** (sar.); biýara>**piýa:ra**, gemre>**kemre**, deşmek>**teşmek**, düňder>**tüňter**, dürtmek>**türtmek**, gorkuly>**kъorkъuly**, gassap>**kъassa:p** (sal.); bütin>**püti:n**, byçgy>**pyçъy** (ÝDGG). Stawropol türkmenleriniň gepleşiginde açyk **b** sesi käbir sözleriň başynda dymyk **p** sesi bilen ýüze çykýar: burçunda>**purçunda**, bulut>**pult**, balyk>**pa:lykъ**, büre>**pürçe**, bükür>**pükür**. Munuň iki hili sebäbi bolmagy mümkin. Birinjiden, şol bogunda köplenç sonorly ýa azrak açyk sesleriň gelýäni sebäpli, dissimilýasiýa kanunyna laýyklykda açyk sesler owaazsyzlanýarlar. Beýleki dialektlerde hem çu hili orunlarda açyk sesleriň dymyklar bilen çalşyrylmagy tötänleýin bolman, belli bir kanunalaýykly ýüze çykýar. Muňa mysal edip, ärsary dialektinden gelin>**kelin**, sakar dialektinden Gammar>**Kъambar**, gudrat>**kъudret**, saryk, sakar dialektlerinden gämi>**kä:me**, güjük>**küjük** sözlerini getirmek bolar.

Ikinjiden bolsa, şu sözleriň birnäçesi forma taýdan sözüň asly bilen gabat gelýändigi üçin, taryhy bolşuny saklapdyr diýmek boljak. Mysal üçin, sakar dialektinde ulanylýan kъydrat, **kъady:m** sözleri,

daşdan göräýmäge, arapça ulanylyşyny saklan ýaly. Ýöne şuňa esaslanyp, bu hili sözleriň hemmesine taryhy bolşuny saklapdyr diýmek hem bir taraply bolar. Sebäbi dilde üýtgemän, bir durşuny saklaýan zat ýok. Sözler hem, olaryň formasy hem türkmen diliniň içki kanunlary esasynda üýtgäp, özgerip duráarlar. Şoňa görä bu sözleriň hem asyrlar boýy üýtgemän durmajagy belli zat. Eger şu sözler asylky bolşuny saklap, degişli üýtgeşmä sezewar bolmandyr diýlende hem, onuň sebäbini düşündirmek gerek.

Galyberse-de, sesleriň çalşygy diňe arap-pars sözlerinde däl, eýsem dört>**tö:rt**, dartmak>**tartmakъ,** dikip>**tikip** (sak.), ýaly köp sanly türkmen sözlerinde hem duş gelýär. Ynha, bu hili sözlere gezek gelende, ýokarky deliliň güýçsüzdigi has hem açyk duýulýar.

Dymyk çekimsizleriň açyk çekimsizler bilen çalyşmagy

Dymyk **k, p, t, ç** sesleri hem käbir sözlerde açyk **g, b (w), d, j** sesleri bilen çalşyrylyp ulanylýarlar: derkar>**dergъa:r**, tigir>**digir,** çydamsyz>**jydamsyz**, çigildem>**jigildem**, sypyrylmak>**sywrylmakъ**, paç>**ba:ç** (sar.); kejebe>**gejewe**, kebelek>**gewelek**, gopuz>**gъowyz** (sal.).

Stawropol türkmenleriniň gepleşiginde dymyklaryň açyk sesler bilen çalyşmagy örän köp sözde ulanylyp, beýleki türkmen dialektlerinde duş gelmeýändigi ýa-da seýrek gabat gelýändigi bilen tapawutlanýar: kişi>**gişi,** kömür>**gömür**, köz>**gö:z**, tam>**da:m**, tüwi>**dügi**, töhmet>**dömöt**, pudak>**bu:dakъ**, pälwan>**bähliva:n,** pitne>**bitne**.

Ýöne bu hem, açyklaryň dymyklaşmagyndaky ýaly, köplenç sonorly we azrak dymyk sesler bilen bognara ýanaşyk gelende, şolaryň täsiri bilenýüze çykýan bolara çemeli. Şunda, bir tarapdan, sonorly sesler owazlylyk taýdan dymyk sesleri açyga öwürse, ikinji ýandan, dissimilýasiýa boýunça bognara ýanaşyk gelýän dymyk sesleriň biri açyk ses bilen çalşyrylýar.

Elbetde, bu hili ses çalşygy hemme sözlerde kadaly ýagdaýda ýüze çykman, aýry-aýry sözlerde gabat gelýär. ol sözleriň birnäçesi

dialektlerde meňzeş bolsa, köpüsi tapawutlanýar. Emma olaryň ýüze çykýan orunlary hemme dialektde diýen ýaly birdir.

Gypjak şiwesine girýän dialektlerde açyk seslere derek dymyk sesleriň ulanylyşy örän güýçli bolup, ol gypjak topar dillerine mahsusu bolan gadymy hadysadyr.

Oguz toparyna girýän türkmen, azerbaýjan, türk, gagauz we beýleki käbir dillerde hem açyk çekimsizleriň aktiw ulanylmagy bilen bir hatarda, dymyk sesleriň hem seýrek duş gelmeýändigini bellemek gerek. Şeýle-de bolsa, umumy alanda, gypjak topar dillerinde dymyklaryň agdyklyk edýändigi şübhesizdir.

Şu aýratynlyk bolsa türkmen dialektleriniň gypjak toparynda saklanyp galypdyr. Açyk seslere seýrek dymyk sesleriň ulanylmagy hasköpräk sözüň başynda we azrak beýleki orunlarynda duş gelýär: dökülmek > **töhülmäh**, bölüşmek > **pölüşmäh**, damja > **damça** (noh.), daýhançylyk > **tiýhançylygъ**, depe > **täpbä**, geç > **keç** (man.).

Stawropol türkmenleriniň gepleşigi oguz şiwesine girýän-de bolsa, goňşuçylykda ýaşaýan gypjak dilleriniň täsiri netijesinde bu gepleşikde hem dymyk çekimsizler aktiw ulanylýarlar.

Emma, şunuň bilen birlikde, gypjak şiwesine girýän dialektlerde, edebi diliň we oguz şiwesine girýän dialektleriň tersine, dymyk sesleriň gelýän ýerinde açyk sesler hem ulanylýarlar. Bu, esasan, sonorly ses gelen bogunda ýüze çykýar: karar > **gъarar**, kowmak > **gъovmah**, kuwwatly > **gъuvvatly**, pişme > **bişme**, tamdyra > **damdyra**, tör > **dör** (noh), tanyş > **daniş**, kümüş > **gümüş** (amn.), pil > **bel**, palta > **balta** (çärj.).

Dodak çekimsizleriniň burun çekimsizleri bilen çalyşmagy

Türkmen dialektlerinde dodak sesleriniň burun sesleri bilen, ylaýta-da **b** sesiniň **m** sesi bilen çalyşmak häsiýeti bar. Bu, köplenç, şol bogunda ýa sözüň bir ýerinde burun sonorly **m, n, ň** sesleri gelende ýüze çykýar. Muny şol sesleriň ýetirýän täsiri bilen düşündirmek bolar: boýny > **moýny**, mejbur > **mejmu:r** (ÝDGG), beýni > **meýni**, benewşe > **menövşe** (sar.).

Dodak çekimsizleriniň dodak çekimsizleri bilen çalyşmagy

Bir ýerde emele gelýäni üçin, dodak çekimsizleriniň arasynda bir-birine geçmek häsiýeti beýleki seslere garanda has güýçlüdir. Bir **p** sesiniň özi **w, b, m, f** sesleri bilen çalşyp gelýär: kerpiç > **kerwiç**, süpürip > **süwrüp**, sapanlaşma > **sawanlaşma**, pikir > **bikir**, şapak > **şamakъ**, pişik > **mişik**, ýapynja > **ýafynja**, gulpak > **gъulfokъ** (ÝDGG).

Ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde güw > **güp**, çuw > **çüp**ýaly sözlerde **v** sesine derek **p** sesiniň çalşyp gelmegi has hem geňdir. Munuň özi aslynda **v** sesi **p** sesinden emele gelendir diýip çaklamaga mümkinçilik berýär.

Taryhy ses çalyşygynyň saklanmagy

Türkmen dialektlerinde gadymy türki dillerine degişli **z, d, ý, j** ýaly taryhy ses çalşygynyň käbir sözlerde saklanyp galandygyny görmek bolýar. Mysal üçin, stawropol türkmenleriniň gepleşiginde oýadyp > **oýazyp**, gadar > **gъzar**, azaşyp > **a:daşyp** (deň.: ärs., ad(y)raşmakъ), azajyk > **a:dajykъ**, aýra düşdük > **aj(y)ra düşdük** ýaly sözleriň ulanylmagy şuňa şaýatlyk edýär.

Türkmen diliniň saryk, salyr, ärsary ýaly birnäçe dialektlerinde **h** sesine derek käbir sözlerde **kъ** sesi çalşyrylyp ulanylýar: haýsy > **kъaýsy**, haçan > **kъaçan**. Şu bolsa sözüň asylky bolşy bilen deň gelýär. türkmen klassyky edebiýatynyň dilinde hem şunuň ýaly ulanylyşyna duş gelinýär.

Emme, geň galmaly, stawropol türkmenleriniň gepleşiginde sözüň başynda ulanylýan **kъ, gъ** seslerine derek köpsanly sözlerde **h** sesi çalşyrylyp aýdylýar. Bu kada hökmünde, ýogyn çekimlilerden öň ýüze çykýar: kyrk > **hyrkъ**, kuwwat > **huvat**, kowdy > **hovdy**, gaýçy > **haýçy**, gadyr > **hadyr**, gyjalat > **hyjalat**, gorkdy > **horkdy**, gykylyk > **hyýkъ(y)lykъ**, gymmat > **hymmat**.

Türkmen dialektlerindäki ses çalşygy birnäçe sözlerde sözüň taryhy bolşy bilen gabat gelip, aýry-aýry sesleriň ýüze çykyşyny, ösüşini derňemekde gymmatly material bolup hyzmat edýär. Mysal üçin, türkmen dilinde we onuň dialektlerinde ulanylýan **ň** sesiniň, esasan, **k, g, n** sesleriniň hasabyna ýüze çykandygyny subut etmek

mümkin. Sebäbi birnäçe dialektlerde **ň** sesine derek aýry-aýry sözlerde **k, g, n** sesleri ulanylýarlar: maňlaý > **magъlaý**, erňek > **ergek,** ýalňyz > **ýalgъyz**, kişňäpdir > **kişgäpd(i)r** (stawr.), zyňmak > **zygъmakъ**, maňyz > **magъyz**, meňzemek > **megzemek** (sar.).

Gadymy türki ýazyw ýadygärliklerиniň dilinde hem **ýalňyz** ýerine **ýalguz** ýaly ulanylandygyny görkezmek bolar[1].

Şu hili ses çalşygyň dialektlerde soň ýüze çykan bolmagy hem mümkin. Emma, şeýle bolanda hem **ň** sesiniň **k, g, n** sesleri bilen taryhy asyldaşdygyny inkär edip bilmeýär.

Galyberse-de, **ň** sesiniň **k, g, n** sesleriniň ýerine çalşyp ulanylmagy käbir dialektlerde häzirki wagtda hem dowam edýär: topalak > **doňuztopoloň**, duluk > **d(y)luň**, palan > **palaň** (sar.), egnim > **eňňim** (stawr.).

Häzirki türkmen dilinde ulanylýan **talaň** sözüniň hem **talan** sözünden emele gelendigini subut etmäge türkmen klassyky edebiýatynyň dili mümkinçilik berýär. Mysal üçin, Mätäjide: "Jismimiň şährine talan salan ýar" diýen setir bar[2]. Şunda "talaň" ýerine "talan" görnüşinde öňdäki sözler bilen sazalaşyp gelipdir. **Ň** sesini **k, g, n** sesleri bilen birleşdirýän zat olaruň artikulýasiýasynda umumylygyň bolmagydyr: **k, g** sesleri bilen artikulýasiýanyň orny taýdan meňzeş bolsa, **ň** sesi bilen burunlaşmak boýunça birleşýär. Şuňa görä bular bir-birine aňsatlyk bilen geçip bilýerler. Şunda, gürrüňsiz, assimilýasiýa hem uly rol degişlidir.

Türkmen dialektlerinde ulanylýan **v** sesi hem taryhy taýdan **k\ g, p\ b** sesleri bilen asyldaşdyr. Häzir hem birnäçe dialektlerde, husasan, hem gypjak şiwesinde **v** sesine derek **k\g** sesleri ulanylýar: öwretmek > **ögretmäh**, zubala > **dugъala** (noh.), öwüt > **üküt**, ýüwür > **ýügür**, owlak > **ogъlakъ** (DTG, P).

[1] С. Е. Малов. Памятники древнетюркской писменности, Москва-Ленинград, 1951, сах. 383.

[2] Mätäji, Goşgular, aşgabat, 1954, sah. 63.

Birnäçe sözlerde bolsa oguz şiwesinde **gъ** ulanylýan ýerinde hem nohur dialektinde **v** sesi çalşyrylyp aýdylýar: doga > **dova**, sögüşmek > **sövüşmäh**, oglum > **ovlum,** jogap > **juvap**. Şolardan **dova, juvap** sözlerindäki **v** sesi nohur dilaketinde taryhy bolşy bilen gabat gelýär. türkmen diliniň oguz toparyna giryän beýleki dialektlerinde bu hili orunlarda hem, umumy düzgün boýunça **v** derek **gъ** çalşyrylyp ulanylýar.

Stawropol türkmenlerimiň gepleşiginde diňe sogap>sova:p, doga>**dova,** jogap>**jovap,** togap>**tova:p** ýaly taryhy taýdan **v** sesi ulanylýan sözlerde däl-de, eýsem gyşlag>**gъyşlav**, ýolagçy>**ýolovçy,** jülge>**jilve**, ýazylgy>**ýazylyvy**, ýamagly>**ýamavly** ýaly başga-da köp sözlerde **g/gъ** seslerine derek **v** sesi ýüze çykýar.

Bulardan başga-da, türkmen dialektlerinde dymyklaryň bilen, sonorlylaryň sonorlylar bilen, sonorly, zarply sesleriň süýkeşler bilen ýa-da tersine, şonuň ýaly hem zarplylaryň zarplylar bilen we süýkeşleriň süýkeşler bilen çalşyrylyp ulanylyşy bar.

METATEZA

Türkmen dialektlerinde sesleriň ornuny çalşyp ulanylyşyna hem duş gelinýär. Sesleriň ornuny çalşyp ulanylmak häsiýeti köplenç ýanaşyk gelýän çekimsizleriň arasynda ýüze çykýar. Şunuň özi, esasan, sonorly hem süýkeş seslere degişlidir. Meselem, saryk dialektinde **derýa://deýra:, ýorgъon//ýogъron, ýap(y)rakъ//ýarpakъ, ylga//ygъ, urugъsot//urugъsor** şularyň iki hili aýdylyşy hem bar. Muny bu hili sözlerde metatezanyň doly ýüze çykyp bilmänidigi bilen düşündirmek bolar.

Saryk, ärsary, ýomut dialektlerinde ulanylýan daňylgy**>daňygъly,** ýazylgy**>ýazygъly** sözlerinde bolsa metateza gutarnykly ýüze çykyp, şu tipli sözleriň hemmesi şeýle aýdylýar. Ýöne bularyň haýsysy sözüň taryhy bolşy bilen gabat gelýärkä? Edebi diliň normasyna salgylansaň, **daňylgy, ýazylgy** has gadymy bolup, **daňygъly, ýazygъly** metateza netijesinde soň ýüze çykan ýaly. Käbir alymlaryň pikirine esaslansaň bolsa, bularda metateza ýüze

çykman, aýry-aýry morfemalara syrykdyrylýar[1]. Biziň pikirimizçe, bu ýerde hem **b(i)lgeşli//bigleşli** (sar.) kysymly metateza ýüze çykypdyr. Ýöne munuň ýüze çykmasy has irki döwürlere degişli bolany üçin, olaryň haýsysynyň gadymlygyny seljermek hem ýeňil däl. Gadymy türki ýazuw ýadygärlikleriniň we XVIII-XIX asyr türkmen edebiýatynyň diline ýüzlenenimizde bolsa, elbetde, **daňylgъy, ýazygъly** formasynyň ulanylýandygyny görkezmek bolar. Şunda **-ygъ** at ýasaýjy goşulma bolup, **-ly** hem sypat ýasaýar. **daň+ygъ+ly, ýaz+ygъ+;ly.** Daşdan göräýmäge, **daňylgy, ýazylgy** sözlerindäki **-yl** goşulmasy gaýdym derejesiniňki ýaly bolup hem duýulýar. Ýöne işlik derejelerinden sypat ýasalmaýandygy bellidir. Şoňa görä taryhy taýdan **daňygъly, ýazygъly** formasy gadymy bolup, metateza hakyky manysynda ýokarky dialektlerde däl-de, eýsem teke dialektinde hem edebi dilde ýüze çykypdyr.

Edebi dilde ulanylýan **ýalňyş** sözi hem, taryhy taýdan seretsek, edil ýokarky ýaly, sesleriň ýerlerini çalyşmagy netijesinde şu forma gelip ýetipdir. Munuň asly **jaňyl**[2] sözünden bolup, gadymy türki ýazuw äadigärlikleriniň dilinde **ýalňyşmakъ** manysynda ulanylypdyr. Soň bu söz **ýaňylyş>ýa(y)lyş>ýaňlyş //ýalňyş** görnüşinde üýtgäp, **ňl** sesleriniň arasyndaky dar çekimli düşüp galypdyr, **ňl** sesleri bolsa **lň** şekilinde ýerlerini çalşypdyr. Häzir hem bu söz saryk dialektinde **ýalňyş//ýaňlyş** ýaly parallel görnüşde ulanylýar. Şunuň ikinjisi, öňde aýdyşymyz ýaly, sözüň taryhy bolşuna ýakyn gelýär.

Metateza türkmen diliniň beýleki dialektlerinde her dürli hili sözlerde gabat gelýär. Mysal üçin, gökleň dialektinde esgi>**eňsi,** kişňemek>**kiňşemek**, salyr dialektinde lezgi>**legzi**, tahýa>**taýha** ýaly, metateza dialektleriň hersinde bir hiliräk sözde ýüze çykýar. Şeýle-de bolsa, **başgъ//bagъşa, tahýa//taýha** ýaly belliräk sözler dialektleriň köpüsinde metateza uçraýarlar.

---

[1] M. N. Hydyrow, Türkmen diliniň taryhyndan materiallar, Aşgabat, 1956, sah. 70.

[2] С. Е. Малов. Памятники древнетюркской писменности, Москва-Ленинград, 1951, сах. 383.

Emma öwrenmek>**örgenmek** ýaly ses çalşygy, esasan, gypjak şiwesine häsiýetli bolup, bularyň haýsynyň gadymlylygyny anyklamak hem aňsat däl. Gadymy türki ýazuw ýadygärliklerineň dilinde **ögren/örgen** [1] görnüşinde şularyň ikisi hem ulanylypdyr. Ýöne **örgen** şekilinde ulanylmagy, S. E. Malowyň belleýşi ýaly, metatezanyň netijesidir. Şeýlelikde, şunuň **ögren** formasy gadymy bolup, ol soň metateza sezewar bolupdyr. Galyberse-de, **ör** diýen asyl söz ýok emma **ög**[2] diýen söz bar. Bu sözüň manysy – pikir. Häzirki zaman türkmen dilinde **ök** sözi duş gelmeýär. Ýöne **ökde, öwüt>ögüt** sözleriniň şundan ýasalan bolmagy mümkin. Saryk dialektinde **ýadyma düşdi, ýat** manysynda ulanylýar. **Öwrenmek>ögrenmek** sözüniň hem aslynda şundan emele gelendigini subut etmek boljak. Şeýle ses çalşygy käbir sözlerde gökleň, ýomut, nohur dialektlerinde hem duş gelýär: öwrenmek>**ögrenmek** (gökl.); ýigrenmek>**ýigrenmek** (ÝDGG, deň., gökl., d.); **irgenmek,** ugratmak>**urgъatmak** (gökl., noh.).

Käbir sözlerde zarply dymyk sesleriň arasynda hem metatezanyň ýüze çykmagy mümkin. Mysal üçin, sakar dialektinde ykbal>**ygъwa:l>ywgъa:l** görnüşinde dymyk **k** sesi açyk sesiň täsiri bilen owazlanyp, süýkeş **gъ** sesine geçýär, soň bolsa yzyndaky ses bilen ornuny çalyşýar. Gökleň dialektinde hem ökde>**ökte>ötke** görnüşinde ulanylyp, **d** sesi dymyk **k** sesine assimilleşýär, soň hem onuň bilen ýerini çalyşýar.

Çekimsizleriň ýerlerini çalyşmak häsiýeti diňe bir ýerde ýanaşyk gelýän seslerde bolman, bognara ýanaşyk gelýän seslerde hem ýüze çykyp biler. Muňa mysal üçin edip, saryk dialektinden **turuz//tuzur, arawa//awara, dä:l(i)remek//dä:r(i)lemek,** b(i)lezik//**bizelik** ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinden häzir>**hä:riz**, dabara>**darawa** sözlerini almak bolar.

[1] С. Е. Малов. Памятники древнетюркской писменности, Москва-Ленинград, 1951, сах. 406-407.

[2] Şol ýerde, sah. 405.

Käbir sözler epenteza we degişli fonetik özgerişlere sezewar bolup, şeýle bir üýtgäpdir weli, olaryň aslyny anyklaýmak hem uly iş. Bu aýratyn hem beýleki dillerden giren sözlere degişlidir. Saryk dialektinde ulanylýan **mazarda:t** sözi şuňa mysal bolup biler. Şuny ýörite derňemeseň, pars dilindäki **maderzat** (eneden dogma) sözünden emele gelendigini bilmek hem kyn.

Metateza çekimsiz bilen çekimliniň arasynda hem ýüze çykyp biler. Bu köplenç syzyjy **r, l** sesleri bilen dar çekimlileriň arasynda ýüze çykýar. Muňa mysal edip, saryk dilaewktinden tejribe > **tejirwe,** dogruçyl > **dogъurç (y)l**, oňly zat > **oňňul zat**, toklutaý > **tokъkъultaý** dörtgül gepleşiginde "aýylganç > **aýlygъanç,** suwulgan > **suvulgъa:n** sözlerini görkezmek bolar.

Bulardan başga-da, saryk, ärsary dialektlerinde ýazgy > **ýazygъ,** görgi > **görvg//görüv** ýaly ulanylyşy bar. Şular hem, biziň pikirimizçe, aýry-aýry morfemalar bolman, şol bir goşulmanyň metateza netijesinde üýtgän wariantlarydyr.

Gypjak şiwesine giryän dialektler metatezanyň şu görnüşi boýunça hem oguz toparyndan tapawutlanýarlar. Bularda sözüň başynda, köplenç, **ý, n, l, ç** ýaly sesleriň öz yzynlaryndaky çekimliler bilen ýerlerini çalyşmak häsiýeti bar. Mysal üçin, çärjew gepleşiklerinde inçe > **niçkä** nohur dialektinde üýtgeşik > **ýütgeşih**, manyş gepleşiginde ýigrimi > **iýrime**, ülje > **lüjä** dörtgül gepleşikleriniň gypjak şiwesine giryän gepleşiklerinde içýan > **çiýa:n** ýaly çalşyrylyp ulanylýarlar.

Şular gypjak şiwesiniň häsiýetli aýratynlyklary bolmagyna seretmezden, käbir sözlerde oguz toparyna giryän dialektleriň hem birnäçesinde duş gelýärler. Mysal üçin, içýan > **içýa:n** ýaly ulanylyşy türkmen diliniň saryk, salyr, ärsary, alili ýaly birnäçe dialektlerine mahsusdyr.

Sakar dialektinde bolsa, mundan hem başga, "üýtgeşik > **ýütgeşik**, inçe > **ni:çgä**" ýaly aýdylyşy hem bar. Bu ýagdaý türkmen diliniň oguz hem gypjak şiweleriniň arasynda üýtgewsiz serhediň bolmagynyna şaýatlyk edýär. Olardaky dil aýratynlyklary bütin taryh

boýy bir-birine täsir edipdir. Bu bolsa öz gezeginde olaryň aslynyň birligi, ösüş kanunlarynyň hem umumylygy bilen düşündirilýär.

MORFOLOGIÝA

Atlar

Atlaryň ýasalyşy

Atlaryň ýasalyşy türkmen dialektleri üçin umumy bolsa-da, käbir goşulmalaryň ulanylyşynyň aktiw-passiwligi, aýry-aýry sözlere goşulup-goşulmazlygy, seýrek duş gelýän goşulmalaryň bomagy bilen häsiýetlenýär. Mysal üçin, türkmen diliniň ärsary, saryk, salyr dialektlerinde eýran dillerinde geçen "-ma:n" ýasaýjynyň teke dialektine garanda köpräk ulanylyşyny bellemek bolar. Bu goşulma, köplenç, türkmen dilindäki **-çy, -çi** at ýasaýjysynyň ýerine ulanylýar: "harazçy" ýerine **a:s(i)ýama:n,** sakçy ýerine **sakъma:n**, "palçy" ýerine **palma:n** (deň: ärs.d. **palmi:n**). Dörtgül gepleşiklerinde "hazarçy" – **harazma:n**, güzerçi – **güzerma:n**, tereziçi – **terezma:n** ýaly ulanylýar. Şu goşulmanyň hyzmaty has geňelip, dörtgül gepleşiklerinde **pa:jyma:n\ba:jyma:n** (gum we tokaý ösümliklerini goraýan adam), **peşma:n** (jaýa pagsa goýujy), **taraşma:n** (jaýyň pagsasyny we ýap-salmalaryň iç gapdallaryny oňaryp gyrýan adam) ýaly manylary hem aňýadýar. Sowat -**sovatman** sözünde bolsa, **-ly, -li** goşulmasynyň hyzmatyny ýerine ýetirýär. Bulardan hem başga, şu gepleşiklerde **-çy, -çi** goşulmasynyň manysynda **"goý, -maý"** (baý) bölekleri hem getirilýär: arzaçy – **arzagöý**, nançy – **na:mma:ý** (nanbaý).

Bu goşulma **pa:da** sözüniň yzyna goşulyp, salyr dialektinde **pa:dyma:i,** dörtgül gepleşiklerinde **pa:dama:n** görnüşinde hem ulanylýar. Bu **sygyr çopan"** manyny berýär. Umuman, şu goşulma **padywan, sarwan** sözlerinde klassyky edebiýatyň dilinde hem aktiw ulanylypdyr. Häzirki türkmen dilinde bolsa bu goşulma halys arhaizmleşip, bütinleý diýen ýaly ulanylyşykdan düşüp galypdyr. Onuň ýerine bolsa edebi dilde aktiw **-çy, -çi** goşulmasy eýeläpdir.

Salyr dialektinde asly parsça **keş** goşulmasy hem käbir sözleriň yzyna goşulyp, **çy** goşulmasynyň manysynda gelýär. Mysal üçin, "telefon sakçy" diýmegiň ýerine **t(i)lpunkeş**, "ýolçy" diýmegiň ýerine **ýo:lkeş** ýaly aýdylýar.

Edebi dildäki **-çi** goşulmasynyň manysynda azrak sözde **-pez** goşulmasy hem ulanylýar. Bu hem asly eýran dillerinden geçen goşulma bolup, ilki **bişirmek** manysynda ulanylýan sözden emele gelipdir. Türkmen edebi dilinde hem **aşpez** ýaly şuňa ýakynrak manydaky atlary ýasaýar. Emma salyr dialektinde munuň has daşlaşyp, **ç(i)limpez** görnüşinde çilim tutup berýäni hem aňladýar. Türkmen diliniň teke dialektinde we edebi dilde muňa derek **çilimçi** ulanylýar. Umuman, edebi dilde we türkmen dialektlerinde **-çy, -çi"**goşulmasynyň ulanylyş geriminiň giňelýänini aýtmak bolar. Bu goşulma saryk dialektinde dwižok – **düvüžokъçy**, kino – **kino:çy**, maşyn- **maşy:nçy** görnüşinde edebi dilde goşulmaýan ýerlerinde hem duş gelýär. edebi dilde şu hili orunlarda **-çy, -çi** ulanylman, **dwižok işledýän, kinomehanik, maşinist** ýaly sözler getirilýär.

Çärjew gepleşiklerinde **çöpçi** sözi ulanylyp, agaçlary goraýan adamy aňladyp gelýär. türkmen diliniň mary gepleşiginde bolsa **çöpçi** diýip, çagalaryň bokurdagyndan **çöp almak** (elbetde, bu -aldawçylyk) bilen meşgullanýan adama aýdylýar. Şu goşulma manyş gepleşiginde **odun – odunçy, tüfäň -tüfäňçi** görnüşinde şol iş bilen gümra bolan adamy görkezmek üçin hyzmat edýär.

Gypjak şiwesine girýän dialektlerde, hususan hem manyş gepleşiginde **-gär, -gir, -da:r, -da:n, vän** ýaly pars ýasaýjy goşulmalarynyň ulanylyşy oguz toparyna garanda giň gerim alypdyr diýmek bolar: **mis – misgär, nil - nilgär** (boýagçy), **haş – haş +gir** (pile gurçugyny basyrmak üçin ulanylýan çöp), **ýa:n – ýa:n+da:r** (işiksöýe), **gъan** (gant) – **gъant+da:n**, täjä – **tä-jä-van** (perdiwal), künä (künde) – **kü-nävan** (tirkişiň azala ildirilýn ýerindäki kese çöp).

Atlaryň söýgülik hem kiçilik derejelerini ýasamak üçin **-ja, -he, -ça, -çe, -çyr; -jykъ, -jik, -çykъ, -çik** ýaly goşulmalar ulanylyp, olar diňe dereje ýasamak bilen çäklenmän, täze sözleriň emele gelmegine

hem gatnaşýarlar. Bularyň birnäçesi öz goşulan sözleri bilen şeýle bir bitişipdir, hatda olaryň haýsynyň goşulmadygyny hem bilmek kyn. Mysal üçin, türkmen dilinde we onuň dialektlerinde ulanylýan **zamça** sözüni alyp göreliň. Şuny häzirki durşuna böleklere bölüp, goşulmany ýüze çykarmak mümkin däl. Sebäbi munda goşulma bilen düýp söz bütinleý bitişipdir. Sebäbi şunuň çärjew gepleşiklerinde ulanylyşyna salgylananymyzda, "zamy" sözüniň asyl **-ça** böleginiň hem goşulmadygy belli bolar. Bu dialektde **zamy** edebi dildäki **zamça** sözüne derek ulanylýar, yzyna **-ça** goşulanda bolsa, gawunyň kiçiräk bir görnüşini – kyrkgünligi aňladýar. Edil şunuň ýaly, **alça** (<aly-ça), **syrça** sözlerindäki **-ça** böleginiň hem aslynda kiçeltmegi bildirýän goşulma bomagy mümkin. Şu goşulma **düşek – düşekçe, ýorgan –ýorgъan-ço, çuwal – çuvol-ço, sa:l – şa:l-ça** ýaly sözlerde häzir hem aktiw ulanylýar.

Salyr dialektinde azrak sözde **-ç(y)r** goşulmasy hem duş gelýär. bu hem öz goşulan sözüne kemlik düşünjesini berýär. Meselem: **na:n – na:n-ç(y)r.** Şu **u:nnan b(i)r na:n-ç(y)r çykъar**. Teke dialektiniň mary gepleşiginde şu manyda "**mo:llo – mo:llo-çor** sözünde **çor** (< çar) goşulmasy ulanylýar. Şularyň hemmesine **(-ça\çe < ç(y)r, ç(i)r< çor\çör< çar\ -çer)** bir goşulmanyň wariantlary hökmünde garasa bolar.

Dialektlerde kiçeltmegi görkezýän **-jykъ, -jik, -çykъ, -çik** goşulmasy hem ulanylýar. Bu goşulma hem öz goşulýan sözlerine kiçeltmek manysyny bermekden başga-da, **gъ(y)l – gъ(y)lçykъ, ýel - ýeljik** görnüşinde töze sözleri ýasamaga hem gatnaşýar. Bulardan hem başga kemlik aňlatmak bilen bagly **-da, -de, -ta, -te** goşulmasy hem käbir sözde duş gelýär. Ýöne ol **ýo:l > ýo:lta > ýo:da** görnüşinde asyl söz bilen goşulyp gidipdir.

Edebi dilde seýrek ulanylýan **-sa, -se** ýaly käbir goşulmalar dörtgül türkmenleriniň gepleşiklerinde **boýun – boýunsa, burun – burunsa, eňek –eňekse, ýelin -ýelinse** görnüşinde birnäçe sözde gabat gelýär.

Edebi dilde duş gelmeýän ýa-da örän seýrek uçraýan **-şe, -pur, -ma:n\ müýn,-went, -ňi\gi (<i), -gъa:r** ýaly goşulmalar hem dörtgül türkmenleriniň gepleşiklerinde ulanylyp, beýleki dialektlerden azda-kände tapawutlanýarlar. Bulardan başga-da **gül pa:ýa** ýaly özbaşdak manyly sözler goşma sözüň bir bölegi bolup gelýärler. Beýlekileri bolsa wagtyň geçmegi bilen özbaşdaklygyny ýitirip, täze sözler ýasamaga gatnaşýarlar. Meselem: **taraş –gültaraş, myh – gülmy:h, bent – gülbent, ýaka – gülýakъa, leb – lewşe** (ýara ady), kise – keýsepur (kise kesen), **çyra – ç(y)rapa:ýa** (çyragoýguç), gowaça – **gъovaçapaýa** (gowaça çöp), künji – **künjipa:ýa** (künji çöp), pal – **palmi:n (palçy)**, das – dasgъa:r (serçäniň bir görnüşi). Munuň asly parsça **destgir** sözünden bolup, **dest – el, gir** (< giriften) tutmak manysynda ulanylyp, ele gondurylan guşy aýladypdyr.

Dörtgül gepleşiklerinde **-v, -en, -enek, -dek, -gek, -gъov, -gъyn\ gin** goşulmalarynyň üsti bilen işliklerden hem atlar ýasalýarlar: daýa – **daýav – daýov** (gämini hereketlendirmekde daýanmak üçin ulanylýan uzyn agaç), silte – **s(i)ltöv** (salgy bermek), et – **eden** (törüň antonimi), tart – **tartenek** (düşdüş), iş – **i:şgek** (gäminiň küregi), syz - **syzgъov** (suwuň syzyp akmagy), ýyk – **ýykъkъyn** (ýykgyn – derýanyň opuryp almagy), çyk – **çykъkъgyn** (< çykgyn) –çykdajy, kes – kesgit (odun üçin ýörite kesilip taýýarlanan a:gaç).

Türkmen dialektlerinde aýry-aýry goşulmalara derek bir goşulmanyň ulanylmak häsiýeti hem bar. Mysal üçin, saryk dialektinde “görgülik” ýerine **görgütç(i)lik**, “iýerlik” ýerine **iýmeklik**, “ýaş ösdürim” ýerine **ýa:ş ösrüm**, “ýamanlyk” ýerine **ýamana:rç(y)lykъ**, “demrew” ýerine **demretgi**, “ösüş” ýerine “**ösüm**” ýaly käbir sözlerde **-gülik, -ýerlik, -dürim, -lyk, -ýew, -üş rek-gütç(i)lik, -melik, -mür, -arç(y)lykъ), -ýetgi, üm** çärjew gepleşiklerinde hem **-in>iş** goşulmalaryna derek **-gütç(i)lik, -melik, -mür, -arç(y)lykъ), -ýetgi, üm** ulanylýar. Şular ýaly bir goşulma derek başga bir goşulmanyň ulanylyşyna degişli mysaly dörtgül, çärjew gepleşiklerinden hem getirmek mümkin. Dörtgül

gepleşiklerinde **-lemek > löv\-lev, diriş > ük**, çärjew gepleşiklerinde hem **in >iş** gosulmalarynyň käbir sözlerde ulanylyşy görmek bolýar: ýekelemek – **ýekelöv**, üçlemek – **üşlöv\üşlev**, düşündiriş – **düşnük**, tikin maşyn – **tikiş maşyn**.

Şunuň bilen birlikde, dörtgül gepleşiklerinde goşma affiksiniň gysgaldylyp, sadalaşdyrylyp ulanylyşyny hem bar: gatnaşyk – **gъatnaş**.

Şu gepleşikde **-çy, -çi** goşulmasynyň has aktiw ulanylýanyny hem aýtmak gerek. Mysal üçin, edebi dilde ulanylýan goýun çopan, sygyr çopan (:sar.d.) **gъoýyn bakъan, sygyr bakъan** ýerine stwaropol türkmenleriniň gepleşiklerinde **gъoýunçy, sygъyrçy** ýaly aýdylyp, sintaktik serişdä derek morfologik serişde gatnaşýar. Hatda "ogry" sözü hem **ogъryçy** ýaly ulanylýar. Şunda belli bir derejede nogaý diliniň täsiri bolmagy mümkin.

Adam atlary

Adam atlary, köplenç, iki sözden ybarat bolup, birinjisi adatça esasy manyny aňladyp, ikinjisi köpräk jyns aýratynlygyny görkezmäge hyzmat edýär. Aslynda bolsa ikinji sözüň ulanylyşy hem birinji sözüň manysy bilen ugurdaş bolup, ikisi birlikde bitewi many aňladypdyrlar. Ýöne soňy bilen ikinji söz kömekçilik hyzmatyny ýerine ýetirip, erkek hem aýal-gyzlaryň atlaryny bir-birinden tapawutlandyrmaga gatnaşýar.

Gъurba:n Muhammet Gъurba:n gözel

m(y)ra:t jema:l

gъuly solta:n

berdi bagъt

geldi biýke

gъ(y)lyç

gül

nazar

a:ý.

Şularyň ikisiniň hem esasynda ýatýan düşünje bir. Diňe bular yzky sözleriň gatnaşmagy bilen tapawutlanýarlar. Adam atlarynyň ikinji taýy, ýokarky mysallardan görnüşi ýaly, belli sözlerden bolup, olaryň haýsysyny goşup ulansak hem, şol adyň aňldaýan asyl manysy ýitmeýär. Mysal üçin, erkek adamlaryň atlarynyň ikinji sözi **muhammet, m(y)ra:t, gъuly, berdi, geldi, gъ(y)lyç, nazar** ýaly sözlerden bolýar.

Aýal-gyzlaryň atlarynyň ikinji sözi bolsa **gözöl, jema:l, solta:n, bagъt, biýke, gül, a:ý** ýaly sözlerden bolup, bularyň esasy manysy gözellik, owadanlyk, bagt bilen baglanyşyklydyr.

Türkmen dialektlerine göz gezdirseň, adam atlaryndaky aýratynlyk, esasan, ikinji sözde ýüze çykýar. Munuň özi bütinleý tebigy zat. Sebäbi birinji söz, öňde aýdyşymyz ýaly, esasy manyny aňladýar. ikinji söz bolsa köpräk kömekçilik hyzmatyny ýerine ýetirýär. Şonuň üçin "gözöl" ýerine **jema:l, jema:l** ýerine "biýke" ýa **gül** bolanynyň ullakan tapawudy ýok. Munuň bilen ol sözüň manysy ütgemeýär. Şoňa görä dialektlerde hem esasy sözlerde üýtgeşme bolman, köpräk kömekçi sözlerde üýtgeşme ýüze çykýar. Mysal üçin, teke dialektiniň mary gepleşiginde erkek adamlaryň atlarynyň ikinji sözi **muhammet, my(y)ra:t, berdi, durdy** ýaly sözlerden bolup gelse, saryk dialektinde **niýa:z, nazar, j(y)ma:,** ärsary dialektinde "gъuly", çärjew gepleşiklerinde **kъuly, kъul** ýaly sözler ulanylýarlar: **A:nnamuhammet, A:nnam(y)ra:t, A:nnaberdi, A:nnadurdy** (mary); **Ö:deniýa:z, J(y)ma:nazar, A:gъaj(y)ma:** (sar.); **A:nnagъuly** (ärs.); **Işa:ngъuly, Juma: kъul** (çärj.).

Aýal-gyzlaryň atlarynyň ikinji sözi bolup, teke dialektinde **gözöl, jema:l,** saryk dialektinde **solta:n**, ärsary dialektinde **biýke** (<bik-e), **beg** ýomut dialektinde **bagъt**, çärjew gepleşiklerinde **gül** sözleri köp ulanylýar: **Biýwigözöl, Biýwijema:l** (teke); **A:gъsolta:n,**

Ýa:ssolta:n (sar.); **A: gъaweg, Gъurwa:nwiýke** (ärs.); **Ara:zwagъt, Ogъulwagъt** (ýom.); **Rozygül, Jümägül** (çärj.).

Aýal-gyzlaryň atlarynyň ikinji sözünde sinonimlik häsiýet güýçli duýulýar. Mysal üçin, teke dialektiniň mary gepleşiginde **Gözöl, Jema:l** sözleri manydaş ulanylsalar, ahal dialektinde **Ovodon, Ajap (<Ajaýyp)** sözleri şularyň sinonimi bolup gelýär. **Solta:n** sözüniň sinonimleri bolan "pa:şa(>pa:dişa:h), **ha:n, beg, biýke** (bik-e)" sözleriniň ulanylmagy hem şuňa mysal bolup biler. Bularyň manysy "gözelligiň şasy, soltany" diýmekdir. Ähli gözelligi özünde jemläп diýen manyny aňladýar. Şu mynasybetli "Görogly" eposynda Harmandälä at dakylyşyny ýatlasak artykmaç bolmasa gerek. Adamlar maslahatlaşyp: "akylyň, huşuň hem-de güýjüň harmany bolsun" diýip, oňa **Gülhyrman** at goýýarlar[1]. Ärsary dialektinde ulanylýan **Gyzlargül** adynyň dakylyşy hem şunuň bilen meňzeşdir. Munda "gyzlaryň güli" şekilinde jemleme esasynda at goýulýar. Şunlukda, at dakmakda dialektlerde umumylyk bolup, diňe birinde bir sözüň, ikinji birinde bolsa şonuň bilen manydaş başga bir sözüň ulanylýany bilen tapawutlanýarlar.

Şunuň ýaly aýratynlyk diňe adam atlarynyň ikinji sözünde duş gelmän, ýekebara ulanylýan adam atlarynda hem gabat gelýär. meselem, mary gepleşiginde hem-de saryk, ärsary, salyr, ýomut we beýleki birnäçe dialektlerde dördünji ogluna **Ça:ry** diýip at goýýarlar. Bu parsça **ça:r** (<çahar) sözünden bolup, "dört" diýmekdir. Teke dialektiniň ahal gepleşiginde şuňa derek onuň türkmençe sinonimi **Dö:rtgъuly** ulanylýar. **Bä:şim** sözüne derek ärsary dialektinde **Penji** sözüniň ulanylyşy hem edil şuňa meňzeş. Bularyň ikisi hem bäşinji ogla goýlup, bir manyny aňladýar. Olaryň bar tapawudy şundan ybarat: **Bä:şim** sözi türkmençe, **Penji** sözi hem parsça.

Dialektlerde sinonimdeş adam atlarynyň ulanylyşy has giň ýaýrapdyr. Mysal üçin, ärsary dialektinde has köpräk **Jo:ra, Hemra:** sözleri ulanylsa, çärjew gepleşiklerinde **Ýoldaş**, alili dialektinde **Do:s,**

[1] Görogly. Aşgabat, 1958, sah. 462.

Dossov (<Dostmämet) ýaly şolar bilen manydaş atlar dakylýarlar. Bularyň hemmesiniň manysy bir bolup, öňki bolan ogluna ýoldaş bolsun diýip, kiçisine şeýle at goýýarlar.

Gъary:p, Gъalandar, Geda:ý, Gul, Dervüş, Awdal, Pakъy:r, Mö:mü:n ýaly atlar hem din bilen baglanyşykly dakylýan atlardyr. Bularyň türkmen dialektlerinde ulanylyşy dürli hili. **Awdal** – ýomutlarda, **Gul** – tekelerde, **Pakъy:r** – saryklarda, **Geda:ý** – çärjew gepleşiklerinde köpräk duş gelýär. Elbetde, bir dialektde ulanylýan adam atlary beýleki dialekrlerde düýbünden duş gelmeýär diýip bolmaz. Beýleki dialektlerde hem köp ýa az mukdarda ulanylmagy mümkin. Hiç bolmanda, şonuň bilen manydaş başga söz ulanylýar. Käbir atlar bolsa hemme dialektlerde hem azrak duşýar. Mysal üçin, **Gъalandar** sözi ýomut, teke, çärjew dialektlerinde adam ady bolup gelýär.

Ýöne her dialektiň özüne mahsus bolan atlary hem bar. Olar şol dialektde has ýörgünli ulanylýany, beýleki dialektlerde duşmaýany ýa bolmasa örän seýrek uçraýany bilen tapawutlanýarlar. Mysal üçin, teke dialektinde, aýratyn hem mary gepleşiginde ata-enä ýanap at dakmak örän güýçli: **Atam(y)ra:t, Ataja:n, Kъa: kъaja:n, Enegъy:z, Ejegъy:z** ýaly atlar mary gepleşiginde häli-şindi duşýar. Sanlara ýanap, mary gepleşiginde **Ýeddi, O:n**, ýomut dialektinde "Otuz", hepdäniň günlerine baglap, çowdur dialektinde **Ýegşem, Düvşem** ýaly atlar ulanylýarlar.

Bulardan başga-da, mary gepleşiginde yrym etmek bilen bagly, **Kürre, Eşek, Güjük, Köpök** ýaly, ýakymsyz haýwanlara ýanalyp hem at dakylýar. Bulardan **Eşek, Güjük, Köpek** sözleri **Eşekgъuly, Güjükgъuly, Köpökm(y)ra:t** ýaly goşma at şekilinde hem ulanylýarlar. Şunuň özi belli bir derejede şol atlaryň sypaýylaşmagyna kömek edýär. **"Eşek"** sözi bolsa hem differensirleşdirmek, hem birneme sypaýylaşdyrmak üçin **Eşşek, Eşşe** ýaly **ş** ikilendirilip aýdylýar. Şeýle bolanda, ýörite pikir etmeseň, onuň **eşek** sözünden gelip çykany göwnüňe-de gelenok.

Saryk, ärsary dialektlerinde **Güjük, Köpök** sözlerine derek **Italmaz** goýulýar. Bu hem, manysyna seretseň, ýokarkylardan enaýy däl. Ýöne muny birneme sypaýylaşdyrmak hem ýeňilleşdirmek maksady bilen "it" sözüni taşlap **Almaz** diýip ulanyberýärler.

Her niçik-de bolsa, häzirki wagtda ýokarky hili at dakylyşynyň has gödekligi belli zat. Şonuň üçin hem soňky döwürde halkyň aň-düşünjesiniň ösmegi netijesinde bu hili atlar türkmen dialektlerinde täze dakylmaýarlar, bolany hem esasan, orta we ýokary ýaşlarda duş gelýär.

Çärjew gepleşiklerinde aýal-gyzlara **Almagül, Ena:rgül** ýaly at goýýarlar. Teke, ýomut dialektlerinde bu hili atlar kän duş gelmeýär. Ýöne şuňa ýakynrak manyda teke dialektinde **Miýve, Şeker,** ýomut dialektinde hem **Üzümgül** diýlip goýulýar. **Ena:r** sözüne ýakyn **Na:rgül, Na:rly, Na:rm(y)ra:t** ýaly atlar çärjew gepleşiklerinde sataşýar. Emma bu mysallardaky **na:r** sözi edebi dildäki **hal, meň, täç** sözleriniň manysynda gelýär. Ýöne türkmen dialektlerinde bu sözler many hem forma taýdan bölünişipdir.

Teke dialektiniň mary gepleşiginde **Injir** diýip erkek adamyň adyna duş gelinýär. Ýöne munuň özi miwe manysynda ulanylýan **injir** sözünden bolman, rus dilinden geçen **inžener** sözünden emele gelipdir. Munuň hakyky ady başga bolup, ýöne ata-enesi: "Oglum injina:r bolar" diýip arzuw etmegi bilen, hakyky adynyň ornuny lakamy tutup galýar.

Käbir sözler adam atlary bolup gelende, forma taýdan tapawutlanýarlar. Mysal üçin, mary gepleşiginde **gara, garaman** ýaly sözler adam ady bolup gelenlerinde, **Къara, Къaraman** ýaly hem aýdylýarlar.

Türkmen dialektlerinde **Gъy:rt, Bö:ri, Mö:jök** ýaly atlar adatça erkeklere dakylýan bolsa, ärsary dialektinde **"Gъu:rt"** diýip gyzlara hem goýýarlar. Şunuň asly **Gъu:rtbiýke** bolup, gysgalan görnüşinde has köpräk **Gъu:rt** diýip aýdýarlar. Kerki töwereginde ýaşaýan özbekleriň dilinde şunuň sinonimi **Böraý** ulanylýar. Şunuň **Baýböri** ýaly erkerlere dakylyşy hem şol ýerlerde duş gelýär.

Saryk dialektinde **Satlykъ**, ýomut dialektinde **Satlykъgъ(y)lyç,** çärjew gepleşiklerinde hem **Satywaldy** ýaly atlary çagasy bolmaýan ýa durmaýan adamlar öz ogullaryna dakýarlar. Şu hili atlar beýleki dialektlere häsiýetli däl diýse boljak.

Bulardan hem başga, saryk dialektinde **Perdeli, Perdek** ýaly özboluşly atlar ulanylýarlar. Bu adyň goýulmagy, belli bolşy ýaly, çaga bolandaky fiziki aýratynlyk bilen baglanyşyklydyr. Saryk diakeltinde bu atlar oglanlara goýulýar. Emma çärjew gepleşiklerinde **Perde** diýip, oglanlara hem gyzlara hem at dakylýar. Ýöne şunda köplenç, **Perdegül, Perdem(y)rat** ýaly jyns aýratynlygyny bildirýän sözler bilen ulanylýarlar.

Türkmen diliniň teke, ýomut dialektlerinde muňa **Tuvakъ** sözi bap gelýär. Teke dialektinde **Tuvakъ** ady gyzlara dakylýar. Ýomut dialektinde bolsa **Tuvakъ** gyzlara hem, oglanlara hem goýulýar. Ol **A:nantuakъ, Ogъultuvakъ** ýaly ulanylanda, jyns taýdan tapawutlanýar, emma ýeke özi gelende bolsa, jyns aýratynlygyny görkezýän serişde ulanylmaýar. Bulardan hem başga, **Ta:gъan, Övöz** diýip, teke dialektinde oglanlara at goýulýar. Emma ärsary, ýomut dialektlerinde **Tagъangül, Ta: gъanbiýke, Övözgül, Övözwiýke** ýaly gyzlara hem dakylýar: **Övöz** sözüniň sinonimi – **Orun** hem, edil şunuň ýaly, ärsary, sakar dialektlerinde, çärjew gepleşiklerinde oglana hem, gyza hem goýlup biler.

Umuman, oglan hem gyz atlarynyň käbir sözde gabat gelýän ýerleri bar. Bu, esasan, gysgalma netijesinde ýüze çykýar. Goşma sözlerdäki jyns aýratynlygyny görkezmäge hyzmat edýän söz taşlanyp ulanylýar. Esasy söz bolsa, belli bolşy ýaly, ikisi üçin hem meňzeş. Mysal üçin, ärsary, salyr we azrak teke dialektlerinde **Gъurwa:n, Baýram, A:nna** ýaly sözler bilen gyzlaryň atlandyrylyşyna gabat gelinýär. Elbetde, bularyň aslynda **gözöl, jema:l, gül** ýaly sözler bolandyr. Ýöne soň ýeňillik üçin we, has dogrusy, gyz-oglana parh goýmazlyk üçin şeýle atlandyrylan bolmagy mümkin. Galyberse-de, ärsary dialektinde çagasy bolmaýanlar **A:nnadurdy** diýip, gyzlaryna hem at goýýarlar.

Gypjak toparyna girýän dialektlerde adam atlarynyň ulanylyşy boýunça käbir aýratynlyklar ýüze çykyp, oguz şiwesinde duş gelmeýäni bilen tapawutlanýar. Mysal üçin, çärjew gepleşiklerinde **Asta:n, Novruz, Mustakъ, Mustafa** ýaly atlar köp ulanylýarlar. Nohur dialektinde bolsa **Muhammetgъuly, Emirgъuly, Seýitnur, Dövletsähet, Alla:nur** ýaly atlaryň ulanylyşy has aktiwdir. Bulardaky atlaryň köpüsi arap-pars sözlerinden bolup, aslynda dini düşünjeler bilen baglanyşyklydyr.

Şeýle-de bolsa, öňki döwürde duşýan adam atlarynyň hemmesini dini düşünje bilen baglanyşyklydyr diýip düşünmek bolmaz. Dini düşünjeler bilen baglanyşykly dakylýan atlar has köpräk molla-işanlaryň maşgalasynda ulanylypdyr. Olar özlerini "keramatly" saýyp, öz çagalaryna at dakanlarynda hem, dini bir ýanlaryndan goýmandyrlar. Şeýlelik bilen, özlerini "garaçy" halkdan ýokary tutupdyrlar. Şonuň üçin hem molla-işanlaryň maşgalsynda **Awdysamat, Awdylla, Awdyrahma:n, Hojamuhammet, Suvha:n, Ha:şym, Remeza:n** ýaly atlara köp duş gelinýär.

Sowatsyz zähmetkeş halk bolsa öz çagalaryna gowy arzuw-niýetler bilen baglanyşykly **Ba:tyr, Ýolwors** (teke), **Şi:r, Arslan, Hoşvahът** (ärs.) ýaly atlar goýupdyrlar.

Onsoňam, din bilen baglanyşykly adam atlarynyň erkeklerde duşup, aýallarda, esasan, duş gelmeýändigini hem bellemek gerek. Şunuň özi hem din bilen baglanyşyklydyr. Olara hudaýyň, pygamberiň atlaryny goýmagy laýyk görmändirler. Şonuň üçin hem aýal-gyzlaryň atlary **Ä:şe, Pa:tma** ýaly azrak sözleri hasap etmesek, tutuşlygyna diýen ýaly dini düşünjelerden halasdyr. Bulara has köpräk owadan haýwanlaryň, gülli ot-çöpleriň, planetalaryň, ýyldyzlaryň we beýleki nepis zatlaryň atlary dakylýarlar: **Keýik, Jeren, Maral, Ovlakъ, Gül, Gülä:lek, Menövşe, A:ýnawat, A:ýjema:l** (teke). Çärjew gepleşiklerinde **Aýha:n, Günha:n, Къamar, Къuýaş, Şemsegül, Zöhre** ýaly atlara hem duş gelinýär.

Türkmen dialektlerinde adam atlary **çyn at, ýalan at** ýaly toparlara hem bölünýär. **Çyn at** diýlende, ene-atasynyň goýan adyna

düşünilýär. “Ýalan at” bolsa öz deň-duşlarynyň dakan ady. Meselem, **Gъurwa:ndurdy** ýerine **Duşşy, Nu:rmä:mmet** ýerine **Düvmen** (mary). Bu sözleriň arasynda baglanyşyk bolup hem, bolman hem biler. Käwagtlar **çyn adyň** ýerine **ýalan adynyň** tutup galýan halatlary hem bolýar. Sebäbi ýaşlykda **çyn ada** garanda deň-duşlaryň arasynda **ýalan at** has ýörgüli bolýar. Her niçik-de bolsa, **ýalan at** uzaga gitmän, ýigit kämillik ýaşyna ýetip, öýli-işikli boluberende, öz-özünden ýitip gidýär.

Lakam belli bir derejede **ýalan atdan** tapawutlanýar. Ol köplenç adamyň gylyk-häsiýeti, fiziki ýetmezçiligi we ş.m. bilen bagly bolýar. Onsoňam, lakam hemme kişä dakylyp hem durmaýar. Ol köplenç bir obada meňzeş atly köp bolanda, şolary bir-birinden tapawutlandyrmak üçin goýulýar. Mysal üçin, mary gepleşiginiň bir obasynda telim **Ça:ry** atly bolup, olary bir-birinden aýyrmak üçin: **Ça:ry kö:r, Ça:ry çitenek, Ça:ry joýt, Ça:ry kel, Ça:ry gъotur, Ça:ry şypana , Ça:ry agъsakъ, Ça:ry A:hu:n, Ça:ry k(i)rs** ýaly lakamlary bilen aýdylýarlar. Halys lakam tapylmasa, **Ça:ry Bal, Ça:ry Ba:wa** ýaly, öz atasynyň ady bilen ulanylýar. Azrak ýagdaýda **Uçar Ça:ry, Heleý Ça:ry, Gъara Ça:ry** ýaly degişli lakamlar adam atlarynyň öňünden hem getirilip bilner.

Türkmen dialektlerinde adam atlarynyň gysgaldylyp ulanylmak häsiýeti has aktiwdir. Bu aýratyn hem teke, saryk dialektlerinde köp duş gelýär. meselem, teke dialektiniň mary gepleşiginde **Muhammet”** sözi **Mä:mmet, Mä:mme, Mä:mi>Hommot, Homma, Hommy** görnüşinde gysgalypdyr. **“Rejep”** sözi bolsa **Irre, Irje, Irri** ýaly formalara öwrülip, tanalmaz ýaly üýtgäpdir. Bu mysallar düýp sözlerde adam atlarynyň gysgalan formasyna degiuşlidir.

Goşma atlaryň gysgalan formasyna mary gepleşiginde has köp duşmak bolýar: Sähetmyrat>**Sä:tm(y)ra:t,** Ogulsoltan>Ogъsolta:n, Akgözel>Akъkъa, Amanmyrat>**Amma:t**, Gurbanmyrat>**Gъumma:t**, Ýazmyrat>**Ýamma:t**.

“Muhammet” sözüniň ýomut, ýemreli, ata dialektlerinde gysgalyp ulanylyşy has hem giň. “Orazmuhammet>**Ara:zmä:t**,

Gurbanmuhammet>**Gъurwa:nmä:t**, Saparmuhammet>**Saparmä:t**, Muhammetjan>**Mä:ççа:n**". Adam atlary gysgaldylyp ulanylanda, her dialektde bir hilirăk sesleriň artdyrylyp aýdylyşy hem bar. Şular käbir halatda goşulma hem ýakynlaşýar. Şuňa esaslanyp, olary goşulma hasaplanýanlar hem bar. Emma olar goşulmadyk funksiýasynyň ýerine ýetirmeýärler. Şonuň üçin bulara gysgalmak netijesinde ýüze çykan sesler hökmünde garamak bolar. Mysal üçin, teke dialektinde, köplenç, **k**, alili dialektinde **v,** ýomut dialektinde hem **ş** sesleri ýüze çykýar: **Atakъ, Jumakъ, Mamakъ, Durdokъ** (teke), **Atov, Kъa:kъov, Do:ssov** (al.), **Ejeş, Jumaş** (ýom.).

Käbir sözlerde bütin bir bogun hem artdyrylyp ulanylýar. Meselem, saryk dialektinde **Ýazmuhammet** ýerine **Ýa:zym**, teke dialektinde **A:kъmuhammet** ýerine **A:kъym\\ A:kъy\\A:kъ** ýaly **-ym, y** sesleri artdyrylyp ulanylaýr. Ärsary dialektinde **A:nnek, Atdek, Ba:ýek** şekilinde **-ek,\\ -k** artdyrylyp, çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna eýermeýärler.

Elbetde, adam atlary häzirki wagtda **çyn at** ýa **ýalan at** diýip topara bölünmän, easasn, dokument boýunça ýöredilýän atlar ulanylýarlar. Şonuň ýaly hem, adyň gapdalyna kemsidiji lakam tirkemek ýa bolmasa gysgaldyp, ýoýup aýtmak medeniýetsizlik hasaplanýar.

Türkmen dilalektlerinde adam atlary ýeke gurluşy, ýasalyşy boýunça tapawutlanman, fonetik taýdan hem aýratynlaşýarlar. Mysal üçin, **Ora:z** sözi ýomut dialektinde **A:raz**, salyr, çowdur dialektlerinde **Oroz**, saryk, ärsary, sakar, olam dialektlerinde we çärjew gepleşiklerinde **"Ro:zy"** görnüşinde ulanylýar. Adam atlarynyň şunuň ýaly dürli hili aýdylmagy şol dialektleriň fonetik aýratynlyklary bilen düşündirilýär.

Wagtyň geçmegi bilen adam atlarynyň dakylyşynda hem özgeriş bolýar. Türkmen dialektlerinde soňky ýüze çykýan wakalar bilen baglanyşykly **Ýeňiş, front, Kanalgeldi** (teke) ýaly adam atlaryna hem duş gelinýär. Käbir atlaryň bolsa öňki manysy üýtgäp, täze many alypdyr. Mysal üçin, **Ýa:z** (ärs.) **Ýa:zgъuly** (sar.),

Ýa:zm(y)ra:t, Ýa:zgelli (teke) ýaly atlaryndaky **ýa:z** sözüniň asly **niýa:z** sözünden bolup, **haýyr-yhsan, sadaka** manysynda ulanylýar. Şu söz **Niýa:z> Ýa:z** görnüşinde üýtgäp, **bahar** manysynda ulanylýan **ýa:z** sözi bilen gabat gelýär. indi at dakanlarynda, şu sözüň **niýa:z bermek** ýaly asylky dini manysyny nazara alman, eýsem bahar paslynda bolan çaga hem **Ýa:zgъuly** diýip at dakýarlar. **Baýram** adynyň goýluşy hem şunuň ýalydyr. Şu at öňler baýram aýynda ýa dini "baýramlarda" bolan çaga dakylypdyr. "Baýram" sözüniň sininomi şekilinde ärssary dialektinde **haýyt,** ata dialektinde **Aýyt** sözleri ulanylýarlar. Emma häzirki wagtda **Baýram** diýip, maý, oktýabr baýramlarynda bolan çaga hem at goýulýar. Şunlukda, bularyň dini manysy aýrylyp, täze mana eýe bolýar.

Köplük kategoriýasy

Türkmen dialektlerinde köplük aňlatmak üçin **-lar, -ler, -lor, lör** goşulmasy ulanylýar. Munuň dodaklanan warianty dodak çekimlisi bolan bogundan soň goşulýar: guş **– gъuşlor**, öý **- öýlör.**

Köplük goşulmasyndan soň 1-nji we 2-nji ýöňkemeleriň, eýelik düşümiň goşulmalary gelende, **-lar, -ler, -lor, -lör** goşulmasyndaky **r** sesi iki çekimliniň arasynda düşüp galýar. Bu ýagdaý türkmen diliniň teke, saryk, salyr, gökleň, alili, nohur ýaly köp dialektlerine mahsus: adamlaryň>**a:damlaň,** kitaplarym>**kita:plam.**

Gypjak şiwesine degişli dialektleriň käbirinde, hususan-da dörtgül türkmenleriniň şu topara girýän gepleşiklerinde bu düzgüniň doly saklanmaýanyny aýtmak bolar: **Eşekleriňem ha:ly kъaşty.** Bu bolsa türkmen dialektlerinde aýry-aýry grammatik derejede ýüze çykmaýanyny şaýatlyk edýär.

Dörtgül türkmeleriniň gypjak şiwesine girýän gepleşiklerinde käbir sözlerde **-lar, -ler** goşulmasyna derek şunuň doly däl "-ar, -er" görnüşiniň ulanylýanyny hem bellemek gerek: gyzlar>**gъyzar//kъyzar,** dyzlar>**dyzar/tyzar,** gözler>**gözer/közer.** Elbetde, muny aýratyn bir goşulma hasaplamak bolmaz.

Eýsem bu nähili ýüze çykýar? Munuň emele gelşi örän ýönekeý. Ilki bilen gyzlar>**gъyzzar/kъyzzar** görnüşinde ýanaşyk gelýän **zl** sesleri progressiw assimilýasiýa laýyklyda meňzeşlenip, **zz** görnüşinde uzyn aýdylýarlar. Soň bolsa uzyn çekimlileriň gysgalmak häsiýeti boýunça ikilenen sesleriň biri düşüp, galyp, **gъyzar/kъyzar** ýaly gysga aýdylýarlar.

Gökleň dialektinde köplük goşulmasyndaky **r** sesiniň sözüň ahyrynda düşüirilip ulanylyşy hem bar Maşynlar>**maşşy:nla,** itler>**ýitle**. Şu hili aýratynlyk has köpräk gypjak topary üçin häsiýetli. Mysal üçin, nohur dialektinde we manyş gepleşiginde **-lar, -ler** goşulmasyndaky **r** sesiniň sözüň ahyrynda galdyrylyp ulanylyşyna häli-şindi duş gelinýär: geçiler>**geçilä**, bular>**bula** (noh.); "daýhanlar>tiýhalla" (man.).

Eýelik düşümiň goşulmasy goşulanda bolsa, gökleň dialektinde **r** sesiniň düşp galmagyndan başga-da, köplük goşulmalarynda uzynlyk ýüze çykýar. Şunda köplük goşulmalarynda uzynlyk ýüze çykýar. Şunda gysga **a, e** sesleri uzalyp, **a:, ä:** seslerine öwrülýärler. güjüleriň>**küçüklä:ň**, myhmanlaryň>**mi:ma:lla:ň.**

Şunuň bilen birlikde, seýregräk-de bolsa, gökleň dialektinde köplük goşulmasynyň doly formasy hem ulanylýar.

Degişlilik kategoriýasy

Degişlilik kategoriýasy üçin "-ym, -im..." ýaly goşulmalar ulanylyp, predmetiň kime, nämä degişlidigini aňldaýar.

Türkmen dialektlerinde degişlilik goşulmasyny kabul eden sözüň öňünden adatça eýelik edýän söz hem getirilýär. Ol söz degişli at çalyşmalaryndan bolup, eýelik düşümiň goşulmasyny kabul edýär. Şunda degişlilik, mälim bolşy ýaly, hem morfologik, hem sintaktik ýol bilen aňladylýar. Mysal üçin **meň** (meniň) **depterim** diýlende, "-im" – morfologik, **meň** bolsa sintaktik serişde. Elbetde, şeýle bolanda, gepleşik dilinde degişli at çalyşmalarynyň galdyrylyp, degişliligiň ýeke morfologik ýol bilen aňladylyşy has güýçlüdir. Meselem, **meniň kita:wym** ýerine ýöne **kita:wym** diýlip ulanylyşy aktiw. **Ata:m, enem** ýaly sözlerde bolsa degişlilik mydama diýen ýaly diňe

goşulmalaryň üsti bilen aňladylýar. Bu türkmen dialektleriniň hemmesi üçin diýen ýaly adaty türkmen dialektleriniň hemmesi üçin diýen ýaly adaty ýagdaýdyr.

Ýöne dialektlerde munuň tersine bolýan hadysa hem gabat gelinýär. Munda eýelik edýän söz galdyrylman, degişlilik goşulmalary taşlanyp ulanylýar. Mysal üçin, **Biziň obamyza barjak dälmi?** diýmegiň ýerine türkmen diliniň teke, saryk, ärsary ýaly birnäçe dialektlerinde, degişlilik goşulmasy galdyrylyp, "Biziň o:wa: barjek-kä:mi?" ýaly aýdylýar. Käwagtlar bolsa **biziň** sözündäki eýelik düşümiň goşulmasy hem düşürilip, **Biz o:wa: barjek-kä:mi?** ýaly geplenýär. Mysallardan görnüşi ýaly, degişlilik **biziň/biz** eýelik edýän sözüň üsti bilen aňladylyp, degişlilik goşulmalary düşbünden ulanylmaýar. Başga-da aýtsak, degişlilik sap sintaktik ýol bilen aňladylýar. Degişliliginň şu hili aňladylyşyna klassyky edebiýatyň dilinde hem duş gelinýär: **Biziň ýerde leb goýarlar ýaňaga**[1]**.**

Degişliliginň stintaktik ýol bilen aňladyşy soňky döwürde ýüze çykan hadysa bolman, öňki döwürlerde hem ulanylypdyrlar.

Türkmen dialektlerinde degişlilik eýelik düşümde gelen sözüň yzyna **-къу, -ki** goşulmasynyň goşulmagy bilen hem aňladylýar: **meniňki, seniňki.** Munda abçtrakt degişlilik aňlanyp, haýsy predmete eýeçilik edilýäni bularyň hut özünden duýulmaýar. Türkmen diliniň gypjak şiwesinde, şonuň ýaly hem alili, gökleň dialektlerinde, sakar, dörtgül türkmenleriniň gypjak täsirli gepleşiklerinde şu hili sözlerde eýelik düşümiň goşulmasy bütinleý galdyrylyp, kolhozyňky > **къalhokъy,** Bossanyňky > **Bosta:nkъy** ýaly ulanylýar.

Türkmen dialektlerinde käbir sözlerde degişlilik goşulmalarynyň goşalandyrylyp ulanylyşyna hem duş gelinýär. Mysal üçin, gökleň dialektinde **Merediň mellek ýer-i** diýmegiň ýerine **Merediň mellek ýär-i-si** diýlip hem aýdylýar. Bu ýerde degişlilik goşulmalarynyň ikisi yzly-yzyna tirkeşip gelýär. munuň

[1] Saýatly Hemra, Aşgabat, 1960, sah. 65.

sebäbi näme? Bu ýerde aslynda iki sany eýeçilik bar. Birinji – **mellek ýer-i. Mellek** – eýelik düşümiň goşulmasyz formasy. Ol baglanýan "ýer" sözüniň üýtgemegini talap edýär. Şunlukda, birinji eýeçilik hem degişlilik ýüze çykýar. Ikinjiden bolsa, "Merediň" diýen söz eýelik düşümde gelip, **mellek ýeri** diýen söz düzümini aýyklap gelýär. şeýlelikde, bu hem öz gezeginde düzgün boýunça, baglanýan sözüniň 3-nji ýöňkemede gelmegini talap edýär. Şeýdip, "Merediň mellek ýer-i-si" bolýar.

Bu mysalda birinji degişlilik goşulmasy üýtgedijilik funksiýasyny ýitirip, öz goşulan sözüne birleşip gidýär we onuň sostaw bölegi ýaly bolup galýar. Şonuň üçin hem degişlilik, düşüm goşulmalary bilen üýtgende, soňky çekimlä gutaran sözler ýaly üýtgeýärler: **mellek ýer-i:m, mellek ýer-i:ň, mellek ýer-i-si, mellek ýer-ä, mellek ýer-i:ni we ş.m**.

Ýöne bu hili mysallarda degişlilik goşulmasynyň üýtgedijilik funksiýasynyň ýitmegi bilen köplenç, **mellek ýer-i > mellek ýer** görnüşinde **i** goşulmasy düşüp galýar.

Bulardan başga-da, degişlilik goşulmalarynda çekimlileriň düşüp galmagy, dodaklanmagy, aýry-aýry çekimsizleriň uzalmagy ýaly fonetik hadysalar ýüze çykýar.

Habarlyk kategoriýasy

Häzirki zaman habarlyk kategoriýasyny aňlatmak üçin türkmen dilinde we onuň dialektlerinde **-d(y)r,** -d(i)r ýaly habarlyk hem degişli ýöňkeme goşulmalary ulanylýarlar. Ýöne türkmen dialektlerinde **-d(y)r, -d(i)r** habarlyk goşulmasynyň ulanylyşynyň örän çäklidigini bellemek gerek. Bu, esasan, käbir nygtap görkezmek, çak etmek ýaly modal manylary aňlatmak üçin peýdalanylýar. Mysal üçin, **– Men Efla:tu:d(y)r(y)n** (sar.) diýlende, özüni nygtamak, **Ol öýded(i)r** (teke) diýen sözlemde bolsa çaklamak ýaly modal manylar aňlanylýar.

Başga ýagdaýlarda bolsa habarlyk goşulmasy galdyrylyp, olaryň hyzmaty sintaktik ýol bilen, ýagny degişli at çalyşmalarynyň üsti bilen berilýär. Meselem: **Men mugъollymd(y)r(y)n** diýmegiň

ýerine **Men - mugъollym** diýmek has amatly. Many taýdan hem bularyň birinjisinde birhili ulumsylyk aňlanylsa, ikinjisinde, diňe fakt registirlenýär. Şonuň üçin hem gepleşik dilinde ikinji hili aýdylmak has ýörgünli. Onsoňam, habarlyk goşulmasynyň galdyrylmagy grammatik analogiýa (meňzeşlik) bilen hem bagly. Çünki munda habarlyk goşulmasynyň funksiýasy hem morfologik, hem sintaktik, ýagny sözleriň tertibi boýunça aňladylýar. Şoňa görä habarlyk goşulmasy ulanylyşynda hem ol söz habar bolmakdan galmaýar.

Dörtgül türkmenleriniň gepleşiginde **-d(y)r,** -d(i)r goşulmasyna derek, "çykъar" (<çyk-ar) sözi ulanylýar. Many taýdan, edil ýokarky goşulma ýaly, çak etmegi aňladýar: **adamdyr** ýerine **a:dam çykъar, suwdur** ýerine **suv çykъar.**

Şu söz belli bir derejede ýöňkeme goşulmalaryny hem kabul edýär. Meselem: **Men hem özüň ýaly adamdyryn** diýmegiň ýerine **Menem ö:züň ýa:ny a:dam çykъar(y)n** diýip ulanylýar.

Munuň ýoklugy **a:dam dä:l çykъar,** gypjak täsirli gepleşiklerde bolsa **b(i)rga:t emes çykъar** ýaly aýdylýar.

Dörtgül türkmenleriniň gypjak täsirli gepleşiklerinde **-d(y)r, -d(i)r** goşulmasyna derek at çalyşmalarynyň gysgalan görnüşleriniň ulanylyşyna hem duş gelinýär: **Bäş-on hojalykъ tiýejimis.**

Düşüm kategoriýasy

Düşümleriň sany, manysy we ulanylyşy hemme dialektlerde meňzeş bolup, diňe aýry-aýry düşümleriň formalanyşy, goşulmaly ýa goşulmasyz ulanylyşy we biriniň ýerine beýlekisiniň çalşyp gelmegi boýunça tapawutlanýarlar.

Baş düşüm goşulmasyz emele gelýäni üçin, hemme dialektlerde birmeňzeş ulanylýar.

Eýelik düşümiň ulanylyşy boýunça türkmen edebi dili bilen dialektleriň arasynda käbir tapawutlar ýüze çykýar. Olaryň birnäçesi eýelik düşümde ýüze çykýan fonetik özgerişler bilen bagly bolsa, beýlekileri eýelik düşümiň goşulmasynyň aýry-aýry orunlarda galdyrylmagyndan gelip çykýar.

Eýelik düşümiň **-yň, -iň** goşulmasy dodak çekimlisi bolan bogundan soň goşulanda, dodak sazlaşygyna eýerip, **-uň, -üň** görnüşinde ýüze çykýar oglunyň>ogъlonuň, töweregiň>**tövörögüň.**

Şu goşulma köplük sanda gelen atlaryň yzlaryna goşulyp gelende, şol sözleriň ahyryndaky **r** sesiniň düşüp galmagy bilen gysgalan görnüşinde ýüze çykýar: Sygyrlaryň>**sygъyrlaň,** keýiklerip>**keýikleň.** Bu ýagdaý türkmen dialektleriniň köpüsi üçin umumy. Diňe gökleň dialektinde gysgalma netijesinde çekimli sesler uzynlyk alýarlar: "suwlaryň>suvla:ň, köçeleriň>küçelä:ň".

Soňy **k** sesine gutaran iki ýa köp bogunly sözleriň yzyna eýelik düşümiň **-yň, -iň, -yň, -üň** goşulmasy goşulanda hem, düýp sözüň soňundaky **k** sesi açyga öwrülip, iki çekimliniň arasynda düşüp galýar we eýelik düşümiň goşulmasy gysgalan görnüşde ýüze çykýar: taýagyň>**taýaň,** kömelegiň>**gümöleň** (gökl.).

Türkmen dialektlerinde eýelik düşümiň goşulmasy ikinji ýöňkemede gelen atlaryň yzyna goşulanda, grammatik analogiýa boýunça düşüp galýar. Mysal üçin, **Seniň sygryňyň gölesi barmy?** diýmegiň ýerine **Seň sygъryň gölösi wa:my?** ýaly aýdylyp, eýelik düşümiň goşulmasy galdyrýarlar. Sebäbi bu ýerde ikinji ýöňkeme bile eýelik düşümiň goşulmasy meňzeş. Şonuň üçin birmeňzeş goşulmanyň iki sapar yzly-yzyna gaýtalanmagy dilde oňaýsyzlyk döredýär. Munda eýelik düşümiň goşulmasynyň hyzmatyny hem öňünden gelen **-yň** degişlilik goşulmasy ýerine ýetirýär. Degişlilik aňlatmak üçin bolsa has köpräk şol sözüň öňünden gelýän at çalyşmasy hyzmat edýär. Şeýle bolanda, ikinji ýöňkemede gelen sözden öň eýelik edýän sözüň getirilmegi hökmandyr. Sebäbi şol bolmasa, **sygъryň** diýen söz eýelik düşümde gelip, oňa eýelik edýän şähe belli bolmaýar.

Gökleň dialektinde şu hili ýagdaýda hem goşulmalaryň gysgalmagy netijesinde uzynlyk döreýär: **gъardaşyňyň>gъardaşy:ň, dädeňiň>dä:dä:ň...**

Eýelik düşümiň goşulmasynyň galdyrylyp ulanylyşy manyş gepleşiginde hem "Şirowyň dogany" ýerine **Şirov gъardaşy,** "Şir

peleňiň süýdi" ýerine **Şir-peläň süti,** "siziňki" ýerine **sizki** ýaly sözlerde gabat gelýär.

Türkmen diliniň saryk dialektinde yzy poslelogly gelende hem, eýelik düşümiň goşulmasynyň galdyrylyp ulanylmak häsiýeti bar: meniň ýaly>**men ýa:ly,** biziň bilen>**biz b(i)len.**

Stawropol türkmenleriniň gepleşiginde eýelik düşümiň gypjak formasynyň ulanylyşyna hem duş gelinýär. Meselem, "garybyň" ýerine **gъarypnyň,** "siziň" ýerine **sizniň.** Bu forma, esasan, tatar we nogaýlar bilen goňşy ýaşaýan türkmen obalarynyň gepleşiginde ulanylýar. Şoňa görä muny gypjak dilleriniň täsiri bilen düşündirmek mümkin.

Şu forma dörtgül türkmenleriniň gypjak şiwesine girýän gepleşiklerinde hem azrak duş gelýär: gyzyň>**kъyznyň,** ýigidiň>**ýigitniň. -Pa, ýigitniň iýşine kъara!**. Mälim bolşy ýaly, häzirki özbek dilinde hem şunuň ýaly ulanylýar. Şu meselede goňşy özbek diliniň hem täsir etmegi mümkin. Her niçik-de bolsa, eýelik düşümiň gypjak formasynyň ulanylyşy durnukly häsiýete eýe däl. Muňa türkmen diliniň oguz hem gypjak şiweleriniň arasynda ýüze çykýan tapawutlaryň azalmak prosesiniň ýüze çykmasy hökmünde garamak bolar.

Ýöneliş düşümiň formalanyşy boýunça türkmen diliniň oguz hem gypjak dialektleri bir-birinden tapawutlanýarlar. Oguz şiwesine garanda gypjak dialektlerinde ýöneliş düşümiň has arhaik formalary saklanyp galypdyr. Mysal üçin, gypjak şiwesine girýän dörtgül we çärjew gepleşiklerinde ýöneliş düşümiň has gadymy "-gъa, -ge" formasy ulanylýar: uka>**uvkъyga,** guýa>**kъuýygъa** (DTG, P); **ata-**atagъa, beçe-**beçege** (çärj.). Gypjak formasy stawropol türkmenleriniň gepleşiginde we çowdur dialektinde hem saklanyp galypdyr: sokuşa>**sokъyşgъa** (urşa), bize>**bizge** (stawr.); oba>**obagъa,** gala – **kъalagъ**, kişä - **kişige** (çowd.).

Şu forma oguz şiwesine girýän käbir dialektlerde hem azrak ýerde saklanypdyr. Mysal üçin, ýomut dialektiniň Gazanjyk, Gyzyletrek etrablaryndaky gepleşiklerinde **Sara hat ýazdym**

diýemegiň ýerine “Sa:ry:gъa hat ýazzym” diýlip geplenilýär. Sallyr dialektinde hem edebi diliň üsti bilen geçen “Ataýewa, Çaryýewa” ýaly sözler **Ataýewa:gъa, Ça:ryýewa:gъa** görnüşinde aýdylýarlar. Bu ýagdaý ýöneliş düşümiň gypjak dilleri üçin mahsus bolan **-gъa, -ge** formasynyň bir wagtlar oguz şiwesinde hem ulanylanyna şaýatlyk edýär. Şu formanyň gadymy türki ýazuw ýadygärliklerinde, XVIII – XIX asyr türkmen edebiýatynyň dilinde ulanylmagy hem biziň şu aýdanymyzy tassyklaýar.

Ýöneliş düşümiň “-ýa, -ýe” goşulmasy hem arhaik formalardan biri bolan **-gъa, -ge** affiksiniň üýtgeşmegi netijesinde emele gelipdir. Bu goşulma alili, nohur dialektlerinde we manyş gepleşiginde ulanylyp, soňy çekimlä gutaran sözleriň yzyna goşulýar: baha – **bahaýa,** depe – **depeýe** (al.), Bama –**Bamyýa,** geçi – **geçiýe** (noh.), dünýä – **dünýäýä,** patyşa – **pa:tyşaýa\\pa:dişaýa”** (man.). manyş gepleşiginde **ý** sesiniň ýumşak aýdylmagy zerarly **gъalaýe** (gala) ýaly inçe wariantynyň ulanylyşyny köp duş gelýär.

Elbetde, şu aslynda **-gъa, -ge** formasyndan emele gelen bolsada, ony has soňky döwürlerde ýüze çykan goşulma hasaplap bolmaz. Sebäbi **-ýa, -ýe** affiksi gadymy türki ýazyw ýadygärliklreinde hem, Magtymgulynyň dilinde hem **-gъa, -ge** bilen parallel görnüşde ulanylypdyr. Mysal üçin, VIII asyra degişli Külteginiň şanyna goýlan ýadygärlikleriň dilinde **gapa** ýerine **kapugka, ýere** ýerine **jipka** bilen bir hatarda, **günorta** ýerine **barija, demirgazyga** ýerine **jygaja** ýaly ulanylyşyna hem duş gelinýär[1]. Edil şunuň ýaly Magtymgulyda hem **Derdimiň ezharyny ol emin Lukmanga aýt**[2] ýa-da **Barçalar maksudy – gül, ragnaýa aşyk bolmuşam**[3] diýen setirler bolup, şolarda ýöneliş düşümiň iki formasyna hem gabat gelinýär. Bu bolsa

[1] С. Е. Малов. Памятники древнетюркской писменности, Москва-Ленинград, 1951, сах. 45.

[2] Magtymguly. Saýlanan goşgular, Aşgabat, 1976, sah. 163.

[3] Şol ýerde, sah. 81.

dilde birbada özgeriş bolman, köne we täze formalaryň ep-esli wagtlap parallel görnüşde ulanylýandygynyň alamatydyr.

Bulardan başga-da, ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde, ylaýta-da Gazanjyk, Gyzyletrek etraplarynda, köplenç, ugur-tarap görkezmek üçin we azrak beýleki ýagdaýlarda ýöneliş düşümiň **-y:kъ, -i:k** goşulmasynyň ulanylmak häsiýeti bar. Şunuň goşulmagy bilen ondaky çekimli uzyn aýdylýar: **çekiçlere** ýerine **çekişleri:k, Hywa gitjek** ýerine **hy:va: kъ gitjek, depä gitjek** ýerine **defä:k gitjek. Mary: kъ b(i)r ýaryp barýa:s. Bekdurdy:kъ aýtdyňmy? Ýö:ne öňki:k seredenne dinýä:niň ýüzi gъavç(y)lykъ.**

Şu goşulmanyň edebi dilde we türkmen diliniň beýleki dialektlerinde hem **daşary çykdy \\ daşary: kъ çykdy, ýeňsä: gitdi, ýeňsä:k gitdi** ýaly fakultatiw şekilde ulanylyşyna duş gelinýär. Ýöne ýomut dialektinde munuň köne formasy berk saklanyp, edebi dilde we beýleki dialektlerde ol, esasan, ulanylyşykdan galypdyr.

Türkmen dialektlerinde ýöneliş düşümiň goşulmasynyň galdyrylyp ulanylmak häsiýeti hem bar. Özi hem köplenç, ugur-tarap görkezip gelende, goşulmasyz ulanylýar. Şunuň ulanylyşy belli bir derejede ýeňiş düşümiň goşulmasyz formasyna ýada salýar. Bular hem mydama öz baglaýan işlikleriniň öň ýanyndan gelýär. Meselem: **Ta:şovuz baryp, gъa:r gördük (DTG).**

Şularyň goşulmasyz ulanylmagynda baglaýan işlikleriniň roly bar bolmaga çemeli. Sebäbi bular hemme işlikler bilen gelende, goşulmasyz ulanylman, diňe ýönelmegi görkezýän **barmakъ, gelmek** ýaly işlikler bilen gelende, şeýle ulanylýar. Ýönelmeklik diňe ýöneliş düşümde gelen sözlerden aňlanman, degişli işliklerden hem aňlanýar. Ýöneliş düşümiň goşulmasynyň galdyrylyp ulanylmagynyň sebäbi hem şunuň bilen düşündirilip bilner.

Ahyrda bolsa, ýöneliş düşümde gelen sözüň wagt-orun, çykyş düşümleriň manysynda hem gelip bilýändigini aýtmak gerek.meselem: **Düşegi ýere\ ýerde\ýerden ýaz!** diýip aýtmak mümkin. Dörtgül gepleşiklerinde ýöneliş düşüm **gъoýmakъ** işligi bilen ulanyldan, wagt-orun düşümiň manysynda gelýär. mysal üçin,

Palta:ny öýde gъoý diýmegi ýerine **Palta:ny öýe gъoý** diýilýär. Ýöneliş düşümiň wagt-orun düşümiň manysynda ulanylyşyna degişli mysallary **kъawynkъa - kъawynkъada** görnüşinde salyr dialektinde **tefä:ň üstüne\üstünde** ýaly stawropol gepleşiginden hem getirmek mümkin.

Giňişlik düşümleriniň bir-biriniň ýerine çalşyp ulanylmak häsiýeti beýleki türki dillerde hem duşýar. Bu bolsa şol düçümleriň aňldýan manysynyň golaýlygyny, umumylygyny bildirýär.

Türkmen dialektlerinde hem, edebi dildäki ýaly, ýeňiş düşümiň goşulmalary hem goşulmasyz formalary ulanylyp, käbir ýagdaýlarda ýeňiş düşümiň goşulmasynyň galdyrylyp ulanylýandygy bilen tapawutlanýar. Bu köplenç degişlilik goşulmalaryndan, ylaýta-da üçünji ýöňkemeden soň gelende, şeýle bolýar: **-Gyýzyn maňa bersin! – diýdi. – Men sesim çakъarmadym (sar.).**

Şu hili orunlarda ýeňiş düşüm goşulmasynyň galdyrylyp ulanylyşy, beýleki dialektlere degişli bolşy ýaly, XVIII asyr türkmen edebiýatynyň dilinde hem duş gelýär. Mysal üçin, Magtymgulyda:

Ugrum bilmeý, ýoldan-ýola azarkazm,
Hup mekana, hup saraýa sataşdym[1]**.**

Ýa-da: **Durusyn içmişler, laýa sataşdym**[2] diýen setirler bar. Şulardaky **ugrum bilmeý** hem **durusyn içmişler** diýen sözler doly aýdylanda, **ugrumy bilmeý** we **durusyny içmişler** ýaly bolmaly. Emma bu mysallarda ýeňiş düşümiň goşulmasy düşüp galypdyr.

Wagt-orun düşümiň goşulmasy düýp sözleriň soňky bogunlaryna assimilleşip, türkmen dialektlerinde, aýratyn-da teke dialektinde **-da, -de, -do, -dö, -ta, -te, -to, -tö, -na, -ne, -no, -nö, -la, -le, -lo, -lö, -za, -ze, -zo, -zö, -sa, -se, -so, -sö** ýaly telim wariantda ýüze çykýar: günde>**günnö,** ýolda>**ýo:llo** we ş.m. Şuny bolşy ýaly, çykyş düşüm barasynda hem aýtmak gerek. Ýöne **nd, zd, sd, ld** ýaly seslere ärsary, saryk we beýleki birnäçe dialektlerde

[1] Magtymguly. Saýlanan goşgular, Aşgabat, 1976, sah. 163.
[2] Şol ýerde, sah. 124.

assimilýasiýanyň ýüze çykmazlygyna görä, olarda wagt-orun hem çykyş düşümleriň goşulmalarynyň wariantlary teke dialektinde ep-esli azdyr.

Gypjak şiwesine girýän dialektlerde we gepleşiklerde wagt-orun hem çykyş düşümleriň goşulmalarynyň başky "d" sesi, diňe bir ahyry dymyk çekimsize gutaran sözlere goşulanda däl, eýsem sonorlylardan soň hem dymyklaşmak häsiýeti bar: gulagyňda>**kъulagъyňta,** köçelerden>**köçelerten** (DTG, P).

Wagt-orun düşümi çykyş düşümiň manysynda hem ulanylýar. Mysal üçin, **Ýüzden ýüwrük çykar, müňden - tulpar** diýen nakyl dörtgül gepleşiklerinde **Ýüzze ýüvrük çykъar, miňde - tulpor**ýaly aýdylýar. Bu faktyň özi wagt-orun düşüm goşulmasynyň has gadymy bolup, onuň bir wagtlar çykyş düşümiň hyzmatyny hem ýerine ýetirendigine şaýatlyk edýär.

Türkmen dialektlerinde çykyş düşüm bilen üýtgän öten zaman ortak işlikleri we **ol/o** görkezme çalyşmasy **soň** poslelogy bilen gelenlerinde, çykyş düşümiň goşulmasy galdyrylyp, gysgalan görnüşde ýüze çykýarlar: gidenden soň>**gidensoň,** alandan soň>**alansoň,** ondan soň>**onsoň.**

Çowdur dialektinde bolsa, geň galmaly, görkezme çalyşmalarynyň yzyna goşulyp gelende, çykyş düşüm goşulmasy doly düşmän, diňe onuň ahyryndaky **n** sesi taşlanýar: **mynnan soň**>mynna soň, onnoň soň>**onno soň.**

Sypatlar

Sypatlar bilen atlaryň arasynda umumylyk güýçli bolup, olar häli-şinde bir-birine geçip duryarlar. **Demir köpri, agъaç çemçe** ýaly mysallarda **demir, agъaç** sözleri atlary sypatlandyryp, hiç hili üýtgediji goşulmalar bilen üýtgemeýärler.

Sypatlar hem at rolynda gelende, atlar ýaly üýtgeşip, şolaryň hyzmatyny ýerine ýetirýärler. Mysal üçin, **Ýagъşy ata – b(i)r gъamçy, ýaman ata>müň gъamçy** diýen nakylda **ýagъşy, ýaman** sözleri hakyky manysynda sypat bolup gelseler, **Ýagъşydan a:t**

gъa:lar, ýamannan set (nak.) diýlende, **ýagъşydan, ýamannan** sözleri atlaşypdyrlar.

Sypatlaryň atlaşmagy netijesinde köp sözler bütinleý atlara geçip gidipdirler. Şunuň bilen birlikde, olaryň asylky manylary hem saklanypdyr. Şunuň özi türkmen dialektlerinde sözleriň köp manylylygynyň ýüze çykmasynyň bir görnüşidir. Mysal üçin, **a: kъ, gö:k, gъyzyl, gъara, ça:l, ýa:ş, ja:lly** (<janly), **j(ylly)** (<jynly), **süýji** sözleriniň hem sypat, hem at bolup gelýäni bellidir.

Käbir predmetleriň sypatlandyrylyşynda hem dialektlerde tapawut ýüze çykýar. Mysal üçin, teke dialektinde **ça:l bagъana** diýilse, ärsary dialektinde we çärjew gepleşiklerinde **gö:k bagъana,** saryk, salyr dialektlerinde bolsa **çiýra:zy bagъana** dýilýär. **Ça:l** sözi öz hakyky manysyndan başga-da, teke dialektinde at manysynda şol reňkdäki işilýän çaly hem aňladýar. emma ärsasy dialektinde muňa **a:kъ** diýilýär. Çärjew gepleşiklerinde **çal sakgal** ýerine **gök sakъkъal** diýilmegi hem şuňa meňzeşdir.

Türkmen dialektlerinde sypatlaryň ýasalyşynda hem käbir aýratynlyklara duş gelinýär. Bu, esasan, bir goşulma derek başga biriniň çalşyrylyp ulanylyşyna, aktiw-passiwligine we olarda ýüze çykýan fonetik özgerişlere syrygýar.

Has aktiw ulanylýan sypat ýasaýjy goşulmalardan **-ly, -li** affiksini görkezmek bolar. Bu goşulma saryk dialektinde **at> atly, meýni (<beýni) > meýnili** ýaly ýeke jyns atlaryň yzyna goşulyp gelmän, **Gъa:ýypnazar > gъa:ýypnazarly** (o:ba), **Ha:nmä:mmet > ha:nmä:metli** (tiýre) ýaly has atlardan hem sypat ýasaýar.

Passiw ulanylýan sypat ýasaýjylara **-än, -y, -i, biý-na-** affikslerini goşmak bolar. Mysal üçin, **-än** goşulmasy, esasan, salyr dialektinde we çärjew gepleşiklerinde ulanylyp, **dem(i)rän pyçakъ** (sal.), **dem(i)rän biçakъ** (çärj.) ýaly sözlerde gabat gelýär.

Sypat ýasaýjy **-y, -i** goşulmasy salyr dialektinde **a:ýbakъy tokъly, gъzakъy ýawy, türkmeni gъoýyn, gъarakö:li bagъana** ýaly sözlerden başga-da,

sallady ä:dik, orsy pyçakъ ýaly rus sözlerine hem goşulyp gelýär. şu goşulmanyň ýokarky ýaly sözlerde ulanylyşy çärjew gepleşiklerine hem häsiýetlidir. Şu dialekt hem gepleşiklerde **-y, -i** goşulmasy köpräk sözde saklanyp, teke dialektinde we edebi dilde onuň ulanylyşy birneme çäklenipdir.

Sypat ýasaýjy **biý-na-** prefikskleriniň ulanylyşy hem türkmen dialektlerinde birmeňzeş däl. Mysal üçin, saryk, salyr, ärsary dialektlerinde **biý, -na-** pars ýasaýjylary diňe eýran dillerden geçen sözlerde ulanylman, türkmen sözleriniň hem yzyna goşulyp gelýär. Teke dialekti we edebi dil bilen deňeşdirende, bu dialektlerde **bi, -na-** goşulmalarynyň has köp sözde duş gelýänini bellemek bolar: işsiz – **biýkъa:r**, gerek däl > biýgerek, namyssyz – **biýna:mys,** ugursyz – **buýýu:r** (<biugur), belet däl – **na:belet**, dogry däl – **na:dogъry**, razy däl – **na:raz:zy,** laýyk däl – **na:laýykъ**. Gökleň dialektinde **biý-** (bi) pars ýasaýjy goşulmasy **beý-** görnüşinde ulanylýar: **beýedep, beýterti:p, beýdüzgün**. Hatda adam ady bolan "Bike" sözi hem analogiýa boýunça "Beýke" ýaly aýdylýar.

Salyr dialektinde **-daş, -deş** bilen birlikde, **-laş, -leş** hem ualnylýar. Şularyň aňladýan manysy hem bir. Özi hem **-daş, -deş** soňy **t** sesine gutaran sözleriň yzyna goşulyp, **-laş, -leş** beýleki ýagdaýlarda ulanylýar. Şoňa görä bularyň her birine aýratyn goşulma hökmünde seretmän, bir goşulmanyň wariantlary hökmünde garamak gerek. Şunda **-laş, -leş** wariantynyň ýüze çykmagy dissimilýasiýa bilen bagly bolmagy mümkin. Sebäbi meňzeş sesler bir ýerde gelende, uzynlyk ýüze çykyp adatça şolaryň biri **attaş\addaş** (<atdaş) > **adaş** (çärj.) görnüşinde düşüp galýar ýa-da **süýtteş** (<süýtdeş)> **süýtleş** (sal.) şekilinde dissimilýasiýa düşüp, meňzeş sesler bir-birinden tapawutlanýarlar. Emma **çi:ldeş, kъlasdaş** ýaly sözlerde meňzeş sesiň bir ýerde gelmäýäni üçin, salyr dialektinde dissimilýasiýa ýüze çykmaýar.

Şunuň **-läş, -däş** ýaly inşe warianty kyraç gepleşiginde ulanylyp, çekimlileriň inşelik-ýogynlyk sazlaşygyna eýermeýär. Meselem: **U mäniň süýtläş äkäm. Säniň minän a:tläş gäldi.**

Ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde şeýle hem manys gepleşiginde sypat ýasaýjy **-ly, -li** goşulmasyna derek çelekenli > **çelekençi** ýaly käbir sözlerde **-çy, -çi** goşulmasynyň çalşyrylyp ulanylyşyny hem, biziň pikirimizçe, dissimilýasiýa kanuny bilen düşündirmek gerek. Sebäbi bu köplenç sonorly sesler ýanaşyk gelende ýüze çykýar. Sonorlylar bolsa owazlylyk taýdan meňzeş seslerdir. Bularyň emele gelýän orunlary hem gaty golaý. Şeýle bolanda, meňzeşlikden gaçyp, sesleriň dissimilýasiýa düşmegi bütinleý kanuny zat. Munuň aýdakly > **aýdakъçy** ýaly sözde duşmagy bolsa meňzeşlik esasynda düşündirilip bilner.

Dörtgül türkmenleriniň gepleşiginde hem sypatlaryň ýasalyşy boýunça özboluşly aýratynlyklar ýüze çykýar. Mysal üçin, uruşgyr – **urşakъ\\ uruşgъyç,** sowatly – **sovatman**, akylly – **hakъylda:r,** hasylly – **hasylda:r**, görkli – **görkömen,** yzgarly – **yzgъa:rlov**, watançylyk – **vatanda:rlykъ**, gepçi – **gepç(i)l** ýaly aýdylyp, türkmen ýasaýjylaryna derek köpräk pars ýasaýjylary ýa bolmasa arhaik formalar ulanylýarlar.

Munuň tersine, edebi dilde mydama goşulmaly ulanylýan **dilli tüýdük, süýtli bürünç** ýaly sözler dörtgül gepleşiklerinde **d(i)l tüýdük, süýt bürünç** ýaly aýdylýarlar.

Bulardan başga-da, şu gepleşiklerde **la:zym** (zerur), **peývend**e (iri), **genje** (<keýinje, soňky), **lövönt** (uly), **ha:m** (çig), **esgi** (köne) ýaly köpsanly arap-pars sözleri ulanylýar.

Türkmen dialektlerinde sypatlaryň kemlik derejesini ýasamak üçin degişli wariantlary bilen **-ymtyl, -imtil, -ymtykъ, -imtik** goşulmalaryndan başga-da, **-yş, -iş, -uş, -üş; -çykъ, çik** hem-de **-gъylt** ýaly azrak duşýan affiksler ulanylýarlar: **ak – a:gъyş, a:kçykъ, gök – gö:güş, gö:kçük** (teke, sar.).

Sypatlaryň artyklyk derejesi gaýtalanma ýoly bilen aňladylýar. Şunda olaryň birinji bogny alnyp, yzyna **m, p, s** ýaly sesler artdyrylýarlar: **göm-gö:k, sap-sa:ry, gös-göni**. Munuň özi iki çekimliniň arasynda gelende, köplenç, goşlandyrylyp ulanylýar: **ap – akъ – app – a: kъ.**

Käwagtlar gaýtalanýan bogunlardan soň giň çekimlileriň artdyrylyp, şol bogunlaryň ahyryndaky **m, p, s** sesleriniň ikilenmesi hem mümkin: **doppo-dogъry, jappa-jaý, messe-mä:lim** (sar.).

Syparlaryň artyklyk derejesini ýasamak üçin **ha:s, ökte, ötö, juda:\\ jyda:, örä:n\\ örrä:n, gъaty, ýaman, biýja:ý, iňňe:n** ýaly sözler ulanylyp, öz baglanan sözleriniň manysy güýçlendirip gelýär. şularyň birnäçesi (**gъaty, ökte, ýaman, biýja:ý**) aslynda özbaşdak manyly söz bolup, diňe sypatlara baglanyp gelende, kömekçilik hyzmatyny ýerine ýetirýärler: **ýaman gъowy, biýja:ý oňot. Ýaman, biýja:ý** sözleriniň aslynda otrisatel manysy bar.

Emma şu mysallarda olar "örän" sözüniň manysynda, güýçlendiriji kömekçi bolup gelýärler. Şonuň üçin bular položitel many aňladýan sözler bilen hem, otresatel manydaky sözler bilen hem gelip bilerler. Deňeşdir: **Ýaman oňot – ýaman erbet, biýja:ý gъowy – biýja:ý ýaramaz.**

Teke dialektinde **saň gatyъ** diýlip hem aýdylýar. Şunda **saň** sözi **gъaty** sözüniň manysyny güýçlendirip gelýär... Şunuň özi aslynda özbaşdak manyly **säng**[1] sözünden bolup, **daş** diýen manyny berýär. Başgaça aýtsak, **saň gъaty** diýmek – **daş ýaly gaty** diýmekdir.

Ärsasry dialektindäki **a:la: gъovusy** diýen mysalda hem **a:la:** sözi arapça **ä:la**[2] sözünden bolup "iň gowy, ýokary" diýen manyny aňladýar. teke dialektinde şu **a:la: gъovusy** diýlip birneme üýtgedilip aýdylýar. Görnüşi ýaly, öň özbaşdak manyda ulanylyp sözler soňy bilen güýçlendiriji kömekçilere öwrülipdirler.

Türkmen diliniň ýomut, çowdur, gökleň ýaly birnäçe dialektlerinde güýçlendiriji kömekçileriň manysynda **dym, hevere** ýaly sözler hem ulanylýarlar: **dym gъovy, heývere erbet**. Bu ýagdaý sypatlaryň artyklyk derejesini ýasamaga gatnaşýan güýçlendiriji

[1] Персидско-русский словарь. Составил проф. Б. В. Миллер, Москва, 1960, сах. 293.

[2] Şol ýerde, sah. 30.

kömekçileriň ulanylyşynda dialektleriň öz arasynda hem käbir tapawutlaryň ýüze çykýandygyna şaýatlyk edýär.

Reňk bildirýän sözlerden artyklyk derejesini görkezmek üçin **duv, çuv, dym, çym, düýt\\hüýt, zynt, za: kъy\\ za: kъyja, şa:r, hindi\\ hündi, tüm, jo:(jop-jo), hyştym** ýaly köp mukdardaky sözler ulanylýarlar. Şularyň nähili reňk aňladýan söz bilen ulanylyşynda hem tapawut bar. Mysal üçin, saryk dialektinde **düýt\\hüýt, zynt, za: kъy\\za: kъyja, şa:r, hindi\\hündi, tüm** (garaňkъy) ýaly kömekçiler **gъara** sözüne baglansa, **dym, çym, hym, jo:(jop-jo:)** ýaly sözler **gъyzyl** reňki aýyklap gelýärler.

Şulardan **düýt\\hüýt, za:kъy\\za:kъyja, hindi\\hündi, tüm** ýaly kömekçiler aslynda özbaşdak manyly sözler bolup, **düýt\\hüýt < dud**[1], ýagny **tüsse, tütün ýaly, za:kъy\\za:kъyja < zag we zagi**[2], ýagny "garga ýaly, **hindi\\hündi < hindi ýaly**, **tüm <tün**, ýagny **gije ýaly** görnüşde meňzetme ýoly bilen emele gelipdirler.

Bulardan başga-da reňk görkezýän sypatlaryň dürli aýratynlyklaryny görkezmek üçin **açykъ, ç(y)rlaň, şyrgъym, gъoýy, ötgün, sokolъ\\sokolъsy, solgъun, ýiti, şypyr** ýaly sözler ulanylýarlar. Bularyň hemmesi **sa:ry** sözüne baglanyp, şoňa degişli dürli reňk aýratynlyklaryny aňladýarlar.

Sypatlaryň artyklyk derejesini aňlatmak üçin ýene-de **aňry, uvjy, aňry başy, baryp ýatan** ýaly söz düzümleri ulanylyp, many taýdan artyklygyň iň ýokary derejesini bildirýärler.

Sanlar

Düýp sanlaryň ulanylyşy edebi dildäki ýaly bolup, diňe käbir fonetik üýtgeşmeler bilen tapawutlanýarlar. Mysal üçin, türkmen diliniň ärsary, saryk, salyr, sakar ýaly birnäçe dialektlerinde **dört, dokuz** ýaly sanlar **tö:rt, tokъuz\\tokъkъuz** ýaly dymyk **t, togsan > dogъson** şekilinde açyk **d** sesi bilen ulanylsalar, **ýedi, sekiz** sözleri **ýetti, sekkiz** kimin goşalandyrylyp aýdylýarlar. Şunuň ýaly fonetik

[1] Şol ýerde, sah. 228.

[2] Şol ýerde, sah. 256.

üýtgeşmeler hemme dialektlerde hem duş gelýär. bular şol dialektiň içki fonetik aýratynlyklary bilen baglanyşykly ýüze çykýarlar.

Türkmen dialektlerinde mukdar aňlatmagyň umumy kadadan çykýan ýerleri hem bar. Munda mukdar goşmak hem aýyrmak ýoly bilen aňladylýar. Mysal üçin, **Sen ýüz ýaşa, men – ýüz** diýmegiň ýerine gepleşik dilinde goşmak ýoly bilen **Sen ýüz ýa:şa, men – iki elli** (sar., teke) diýlip ulanylyşyny görmek bolýar.

Munuň aýyrmak ýoly bilen aňladylyşy öňkä garanda aktiw bolup, ol kaplenç, ýigrimden ýüze çenli aralykda ulanylýar. Mysal üçin, **Ýaşym ýetmiş sekiz** diýemgiň ýerine **Ýa:şym iki kem segsen** diýilýär. Şunuň özi ýatda saklamak üçin hem, düşnünkliligi taýdan hem ikinji hili ulanylyşy amatlydyr. Bularyň iki ulanylyşy many taýdan bir bolsa-da, stil taýdan meňzeş däl. Şonuň üçin bularyň stilistik hähetden ulanylýan bolmagy hem mümkin. Ýöne, her niçik-de bolsa, goşmak, aýyrmak arkaly mukdar aňlatmak san sistemasynyň has irki döwürlerine häsiýetli bolup, häzirki wagtda aktiw ulanylmaýar diýmek bolar.

Türkmen dialektlerinde **sapar, ýo:la, gezek, (y)la:ý, gъaýta, p(i)lle, mahal, gъat** sözleri düýp sanlar bilen ulanylyp, bir zadyň näçe gezek gaýtalanýanyny bildirýärler: **Günde üç p(i)lle çorwa bo:rmy? Iki gъat geýipd(i)r do:ny** (sal.).

Bir zadyň tutuşlygyny, näçeligini aňlatmak üçin düýp sanlar bilen **baş, jüp** (>jüft), **sa:ny\\sa:nakъ, dä:ne, düýp\\diýp, gъoşa** ýaly sözler ulanylýarlar. Bularyň haýsy predmete dahylly ulanylyşy barada bolsa, olaryň özboluşly aýratynlyklary bar. Bu aýratynlyklar şol sözleriň manysyndan gelip çykýarlar. Mysal üçin, **baş** söz, köplenç, janly zatlar: adam, mal-gara barada ulanylýar: **Men sekkiz baş a:damy bakъýa:n** (sal.).

Jüft\\jüp, gъoşa sözleri taýly ulanylýan predmetleri bildirýärler: **Iki jüft\\jüp kövüş. Onyň tö:rt gъoşa öküzi bo:rty** (sal.).

Dä:ne, düýp\\diýp sözleri ösümliklere, ekinlere degişli ulanylýarlar: **O:n dä:ne bugdaýty. B(i)r diýp gül ekipd(i)r** (sal.).

Bulardan başga-da, salyr dialektinde uzynlyk ölçegini bildirmek üçin **alçyn, sere, gъaryş, gъol boýy, b(i)r da:wan, tö:rt barmakъ, ha:da, mezil (<menzil), gez, a:dym, gъulaç**, agyrlyk ölýçegini aňlatmak üçin **on ba:tman** (224 kg), **on tö:rt put** (224kg), **b(i)r ba:tman** (22 kg, 400gr), **ýedi pensiri** (22 kg, 400 gr), **gъadakъ** (400 gr), **seýri** (200 gr), **ýa:rym gъadakъ** (200 gr), **b(i)r çetwer** (<çetwert) – 100 gr, **ýa:rym çetwer** (50 gr) ýaly sözlerde ulanylypdyrlar.

Elbetde, bu hili ölçeg, mukdar aňladýan sözleriň köpüsi hemme dialektlerde hem duş gelýär. ýöne olaryň aňladýan manysynyň bir bomazlygy hem mümkin. Mysal üçin, "batman" sözi dörtgül gepleşiklerinde – 40 kg, salyr dialektinde – 22 kg, 400gr, ýomut dialektiniň demyrgazyk gepleşiklerinde hem 20 kg deň. Şunuň ýaly hem dörtgül gepleşiklerinde "syýsylry" – 30 kg **o:nsüýri** -10 kg, **kъyrkъagъry** – 5 kg aňladýan bolsa, demirgazyk gepleşiklerde olaryň tylla ýaryna barabardyr.

Tertip sanlary ýasamak üçin **-ynjy, -inji, -njy, -nji** we azrak **-ylanjy, -ilenji, -lanjy, -lenji** goşulmalary ulanylýarlar. Bulardan **-ynjy, -inji, -njy, -nji** goşulmasynyň has aktiw ulanylýanyny bellemek gerek. **-lanjy, -lenji** affiksi bolsa adatça bir zadyň ölçegini, hilini bildirip, örän seýrek ulanylýar: **O:llonjy ç(y)ra:ň süýşösi:da: şü** (DTG).

Ýöne gypjak şiwesine girýän düýeji gepleşiginde **-lanjy, -lenji** goşulmasynyň ulanylyşy ýokarka garanda aktiwdir.

Türkmen diliniň nohur dialektinde we manyş gepleşiginde şunuň **-ymjy, -imji, -umjy, -ümji** ýaly wariantlary hem bar: **birimji** (noh.), **onumjy** (man.).

Türkmen diliniň nohur dialektinde we manyş gepleşiginde tertip sanyň goşulmasynyň galdyrylyp ulanylyşy hem bar. Şuňa käbir matallarda, has takygy, olaryň ýorgutlarynda gabat gelinýär. Meselem: **On mi:r matalym ma:r, ad:y ýokъ** (matal). **Ýorgudy: biýri-bit (birinjisi bit ýerine); ikisä:m it; üçüsäm üçwi; tö:rdüsä:m törpi; beşisi – beşik; altysy –aşykъ; ýedisi – ýelmik;**

sekkizi – serçe; tokъkъuzy -torgъoý; o:nusa:m – orokъ; onmi: -rä:m sakъkъaldarakъ. Bu mysal halk döredijiligine degişli bolany üçin, ony hemme dialektler babatynda hem ulanmak bolar.

Drob sanlaryň ýasalyşy türkmen dialektlerinde birmeňzeşräk bolup, tutuş san-çykyş düşümde, onuň bölegini görkezýän söz bolsa adatça üçünji ýöňkemede getirilýär: **altydan biýri, üştön ikisi** (teke).

Bulardan başga-da, tutuş sanyň eýelik düşümde getirilişine duş gelinýär. Meselem: **Pa:ýlaşanda nä:, üçüň biýri-da saňa ýeççek** (DTG).

Topar sanlar degişlilik goşulmalarynyň kömegi bilen ýasalyp, belli bir ýöňkemä degişli ulanylýarlar. Şunda üçünji öýňkemäniň goşulmasy iki sapar gaýtalnýar: **iki:miz, alty:ňyz, üçü:miz, tö:rdüsi.**

Şu mysallarda düýp sanlardan köplük aňlanylýar. Şoňa görä grammatik analogiýa boýunça birinji, ikinji ýöňkemelerdäki arhaik köplük goşulmasy galdyrylyp hem ulanylýar. Meselem: **ikimiz** ýerine **iki:m, üçümiz** ýerine **üçü:m.**

Käwagtlar üçünji ýöňkemede tirkeşip gelýän degişlilik goşulmalaryndan hem soňkusy galdyrylyp, "üçüsi" ýerine "üçü" ýaly aýdylýar. Şeýle bolanda, iki sany meňzeş goşulmanyň hyzmatyny biri ýerine ýetirýär, ikinjisi bolsa artykmaçlygy zerarly düşüp galýar.

Türkmen diliniň gypjak toparyna girýän dialektlerinde, hususan hem gypjak täsirini güýçli saklan stawropol hem dörtgül türkmenleriniň gepleşiklerinde degişlilik goşulmalarynda öň **-av\ -ov\ ev\ öv** affiksiniň ulanylyşyna hem duş gelinýär: **b(i)röv, iköv, üçev, dördöv, bäşöv, altav, ýeddöv, onov** (stawr). **Ikevmiz syvakъta ýörýes. Üçövmizem b(i)r a:gъeýin. Ikeviň baragъaýsaňyz bolýe-de** (DTG, P).

Çen-takmyn sanlaryny aňlatmak üçin düýp sanlardan soň **ýa:ly, çemesi, tövörögi, dagъy, çakъly, gъolaý** ýaly nämälimlik düşünjesi bolan sözler ulanylýarlar: **B(i)r ýüz ýa:ly atly wer, ogъlumuň ýa:nna. Otuz çemesi gъoýnum ma:r. Elli manat tövörögi pulumna:ldy** (sar.).

Çalyşmlar

Aýratynlyklaryň köpüsi at hem görkezme çalyşmalaryna degişli bolup, käbir fonetik, leksik aýratynlyklary göz öňünden tutmasaň, beýlekiler boýunça ugurly tapawut ýüze çykmaýar.

At çalyşmalarynyň birligi üçin oguz toparyna girýän dialektlerde **men, sen, ol/o**, köplügi üçin hem **biz, siz, olar** ulanylýar. Türkmen diliniň ärsary, saryk, sakar, olam ýaly ýaly birnäçe dialektlerinde **biz, siz** bilen bir hatarda, **-lar, -ler** kaplük goşulmasy goşulyp, **bizler, sizler//s(i)ller** ýaly ulanylýanynyň sebäbini häzirlikçe açyk aýtmak kyn. Her niçik-de bolsa, şolaryň manysynda hem ulanylyşynda azda-kände tapawut bar bolmaga çemeli. Şunuň belli bir derejede sypaýyçylyk, kiçigöwünlilik ýaly modal manylar bilen hem baglanyşykly bolmagy mümkin. Mysal üçin, türkmen dilinde özüňi tekrarlap görkezmeklik üçin **men** ýerine **biz** diýlip aýdylýany bellidir. **biz** forma taýdan köplük düşünjäni aňlatsa hem, onuň manysy birlik sana degişlidir. Edil şunuň ýaly, sypaýylyk üçin **sen** ýerine ýokarky dialektlerde **siz** diýlip, köplük sanda geplenilýär.

Şeýlelik bilen, **biz, siz** sözleri ýeke köplük düşünjäni aňlatman, birlik san üçin ulanylyp bilerler. Şeýle bolsan, bularyň arasyny aýyl-saýyl etmek üçin köplük sanda **bizler, sizler//s(i)ller** ýaly ulanylmagy bütinleý boljak zat.

Teke dialektinde we edebi dilde **bizler, sizler//s(i)ller** görnüşinde ulanylmaýr. Emma klassyky edebiýatyň dilinde şu formanyň deň derejede ulanylýandygyny görkezmek bolar. Meselem:

Seýdi diýer, indi tükendi sözüm,
Gideýin, sizleri görmesim gözüm[1].

Şunuň özbek, garagalpak, gazak dillerinde hem aktiw ulanylýandygyny bellemek gerek.

Näme üçindir, teke dialektinde sypaýylyk bilen baglanyşykly bolanda hem, **siz** diýilmän, has köpräk özünden ula hem **sen** diýlip ýüzlenilýär. Emma häzirki wagtda şunuň özi gelşiksiz hasaplanyp, türkmen dialektlerinde hem, edebi dilde hem özünden ula hormat

[1] Seýdi, Saýlanan eserler, Aşgabat, 1955, sah. 14.

goýmak bilen baglanyşykly, **siz** diýlip ýüzlenilýär. Gypjak şiwesinde, hususan-da, çärjew gepleşiklerinde hormat goýmak has güýçli bolup, hatda özünden kiçä hem "siz" diýlip aýdylýar.

Türkmen diliniň saryk dialektinde hormat goýmak bilen baglanyşykly **ol//o** at çalyşmasyna hem duş gelinýär. Bu, esasan, gelin gaýyn atasy ýa gaýyn enesi barada gürrüň berende, ýa-da dini hadymlaryň atlary çalşyrylyp tutulanda ulanylýar.

Gypjak şiwesine girýän nohur dialektinde **män, sän, o//u, biz, siz, ola//olar** ýaly at çalyşmalary ulanylyp, şol dialektlere mahsus bolan fonetik üýtgeşmeler bilen tapawutlanýarlar. Şu dialektlerde **män, san, o//u** çalyşmalary ýöneliş düşümde üýtgände, **maňa, saňa, oňa** ýerine **mänä, sänä, ona/una** ýaly forma eýe bolýarlar.

Bu, şu, ol, şol (hol) görkezme çalyşmalary türkmen dialektlerinde özleriniň asylky ses sostawyny ýitirip, yzyndan gelen söze sazlaşykly ulanylýar: **bu gъuş, bi giýje, şu halta, şu wün**.

Çekimli ses e başlanýan söz bilen ulanylanda bolsa, iki çekimliniň bir ýerde gelýäni üçin, bu adam > **b a:dam**, şu ogaln > **ş ogъlon** ýaly çekimlisi galdyrylyp geplenilýär.

bu, şu görkezme çalyşmalary ýekelikde ulanylanlarynda, oöplenç, **bi, şi** aýly aýdylyp, köplük, degişlilik, düşüm kategoriýalary bilen üýtgende, **by, şy** (bu, şu) görnüşine geçýärler. Degişlilik hem düşüm goşulmalary bilen üýtgände, şularyň soňundan **n** sesi ýüze çykýar. **bu** sözündäki **b** sesi şoňa assimilleşip, **m** sesine öwrülýär.

Ol, şol sözleri türkmen dialektlerinde **ol\\ o, şol\\ şo** ýaly aýdylyp, degişlilik, düşüm goşulmalary goşulanda, **l** sesine derek **n** sesine öwrülýän ýaly. Emma hakykatda bu ýerde ses çalyşygy ýüze çykman, **l** sesi düşüp galýar. Köplük san bilen üýtgände hem **l** sesi düşüp galyp, **ol, +lar, şol +lar** ýerine **olar\\ şolar** ýaly ulanylýarlar.

Ärsary dialektinde **bu, şu** çalyşmalarynyň **bul, şul** görnüşinde has arhaik formasy hem saklanyp galypdyr. Şu forma türkmen klassyky edebiýatynyň dilinde hem ulanylypdyr. Meselem:

Tomaşa eýläýin, durgul,
Ajaýyp jaý eken bul jaý.

Andalyp. Leýli-Mejnun. 48 s.

Ýene:

Nowfyl, pygly-kowly bet,
Şul erdimi ryzalygyň.

Andalyp. Leýli-Mejnun. 80 s.

Hallar

Asyl hallar dialektlerde az duş gelmek bilen, olaryň köpüsi beýleki dillerden giren **aza:n, da:ým, la:zym, ma:ýyl** ýaly arap-pars sözleridir.

Dialektlerde ýasama hallaryň ulanylyşynda käbir aýratynlyklara duş gelinýär. Mysal üçin, dörtgül gepleşiklerine **-lygyna, -ligine** derek **-laý, -leý, laýyn, -leýin** goşulmalarynyň çalşyrylyp ulanylmak häsiýeti bar: yssylygyna>**yssylaý,** diriligine>**diýrileý**, arkalygyna>**arkalaýyn**, ilerligine>**ilerleýin**. **Ş öküzçe diýriler niçelli çykar diýip diýtleýäň?** – Şu öküzçe **diriligine** näçe çykar diýip çak edýärsiň?.

Dörtgül gepleşiklerinde **-ça, -çe**, goşulmasyna derek **-çala:p, -çelä:p** çalşyrylyp, gazakça>**gazakçala:p**, türkmençe>**türkmençelä:p** ýaly aýdylýar. Deňeşdirmegi aňladyp gelende bolsa, şunuň **-çyla:p, -çelä:p** görnüşi ulanylýar. Mysal üçin, **Nury ýaly** ýerine **Nuryçyla:p, öňküçe//öňki ýaly** ýerine **öňkiçilä:p** diýilýär. **Öňkiçilä:p iýşlä:wilmeýen diýdim.**

Bulardan başga-da, dörtgül gepleşiklerinde, aýratyn hem onuň gypjak toparynda **-ýeki** goşulmasy hem ulanylýar. Bu goşulma edebi dildäki **-laý, -dan, bilen** ýaly serişdeler çalşyryp gelýär. Meselem: **Ýüzeki edilen iýş oňormy? –** "Ýüzleý edilen iş oňarmy?"**, Dileki aýdanyň maňa ýaramaýa –** "Dilden aýdanyň maňa ýakmaýar", **Sözeki aýtsa bolmiými – Söz bilen aýtsa bolmaýarmy?.**

Türkmen diliniň saryk dialektinde **-laýyn, -leýin** goşulmasynyň **-laý, -leý, -loý, -löý** ýaly gysgalyp warianty hem bar. Bu azrak sözleriň soňuna goşulyp gelýär. Meselem: **Ol elindä:ki hata ýüzlöý seredip çykdy. Meselä: düýplöý garamaly**. Bulardan başga-da, käbir düşüm, degişlilik goşulmalary hem hal ýasamaga gatnaşýarlar.

Bular ütgedijilik hyzmatyny ýitirip, öz goşulan sözleri bilen durugyşyp galypdyrlar. Olara giňişlik görkezýän ýöneliş hem wagt-orun, çykyş düşümleri we şolar bilen ulanylýan ýöňkeme goşulmalary degişli bolup, dürli manydaky hasl sözlerini ýasaýarlar. Meselem: **agъşamyna, erti:rine, bö:rde, aňy:rda, birden, zo:rdon** we ş.m.

Käwagtlar hal ýasaýjy goşulmalaryň galdyrylyp ulanylyşyna hem duş gelinýär. Meselem: **agşamyna** ýerine "agъşam", **ertirine** ýerine **erti:r, bärik** ýerine **bä:ri, aňryk** ýerine **aňry**. Munuň bilen olaryň manysyna ýa ulanylyşyna zeper ýetmeýär. Çünki bu sözler şol duruşlaryna hem wagt, orun bildirip gelýäni üçin, hiç hili goşulma kabul etmän hem, sintaktik taýdan hal bolup gelýärler.

Ikindi:n, ýassy:n ýaly hal sözlerindäki **-y:n, -i:n** goşulmasy bolsa bu sözlere bütinleý birleşip galypdyr. Hatda olar şol durşuna **ikindi, ýassy** sözleri bilen bir hatarda, at bolup hem gelýärler. Meselem: **Ikindi boldy//Ikindi:n boldy. Peýşi:n hupta:n, ikihupta:n** ýaly sözler bolsa mydama şol duruşlaryna ulanylýarlar. Bu ýagdaý entek hallaryň morfologik hem sintaktik ýol bilen ýasalyşlarynyň arasynda berk bölünişmäniň ýokdugyny aňladýar.

Türkmen dialektlerinde sintaktik ýol hallaryň ýasalyşy hem giň ýaýrapdyr. Bu hili hallar goşma sözleriň, söz düzümleriniň kömegi bilen ýasalýarlar. Olaryň birnäçesi degişli fonetik özgerişlere sezewar bolup, gysgalyp, assimilleşip, birleşip gidipdirler. Bu ýagdaý köplenç görkezme çalyşmalary bilen wagt hem orun görkezýän sözleriň arasynda ýüze çykýar. Elbetde, bu meselede ýöneliş, wagt-orun, çykyş düşümleriniň hem gönüden-göni gatnaşygynyň bardygyny unutmak bolmaz. Meselem: şu ýyl>**şüýl**, bu ýyl>**büýl**, öňki ýyl>**öňňü:l**, şu gün>**şüvüň**, bu gün>**büvün**, bu ýere>**bö:rö**, bu ýerde>**bö:rdö**, bu ýerden>**bö:rdön**, şu ýere>**şö:rö**, şu ýerde>**şö:rdö**, şu ýerden>**şö:rdön**.

Şu mysallaryň edebi dilde asylky görnüşinde ulanylmagyna garamazdan, gepleşik dilinde olaryň bütinleý hallara öwrülip, wagt-orun görkezýän hal sözlerini ýasap gelýändigini inkär etmek bolmaz.

Düýn, öňňü:n, soňňu:n ýaly sözleriň bolsa aslyny ýüze çykarmak hem kyn. Emma şularyň hem aslynda ýüze çykarmak hem kyn. Emma şularyň hem aslynda **düýn>dönen** (geçen, öten) gün (deň.) gypjak toparynda, **tünän(tünä gün)**, **öňňü:n>öňki gün, soňňu:n**>soňky gün (sar.) ýaly sözlerden emele gelendigini çaklamak mümkin.

Hallaryň many taýdan bölünişi, esasan, edebi dildäki ýalydyr. Ýöne käbir sözleriň manysynda azrak tapawut ýüze çykýar. Mysal üçin, **derrew** sözi edebi dilde **basym, tiz** sözleriniň manysynda gelip, köplenç geljek zamana degişli ulanylýar. Meselem: **Ol derrew geler.** Emma çärjew gepleşiklerinde bu söz **ýaňy** sözüniň manysynda gelip, **Ol ýaňy gitdi** diýmegiň ýerine **Ol derröw gitti** ýaly aýdylyp, öten zamana degişli ulanylýar.

Türkmen dilinde **ýaňy** sözi diňe hal bolup gelýär. Ol öten zamana degişli gysga wagt aralygyny bildirmäge hyzmat edýär. Mysal üçin, **Ol ýany geldi** diýmek mümkin. Emma **Ol ýaňy geljek** ýaly aýtmak bolmaýar.

Bu söz aslynda "täze" sözüniň manysynda gelip, sypat şekilinde hem ulanylypdyr. Mysal üçin, Magtymgulynyň **Ýörişini ýalňyş basdyr, ýaňy don geýmän ýigide**[1] diýen setirlerinde **ýaňy täze** sözüniň manysynda ulanylyp, **"don"** sözüni sypatlandyryp gelipdir. Häzir hem bu söz özbek dilinde **ýangi ýer** görnüşinde asylky manysynda ulanylýar. Emma häzirki türkmen dilinde bu manyda **täze** sözi gelýär.

Türkmen dialektlerinde **öten ýyl** ýerine **bildir** (>bir ýyldyr) ýaly arhaik hallara hem duş gelinýär.

Munuň gypjak topar gepleşiklerde aktiw ulanylýanyny aýtmanymyzda hem, **Bahana:m a:kça bä:wek, bildir bilseň bolmodymy?** (teke) ýaly atalar sözünde hem gabat gelýär.

IŞLIKLER

Häzirki zaman

[1] Magtymguly, Saýlanan goşgular, Aşgabat, 1957, sah. 215.

Işliklerde duş gelýän aýratynlyklaryň köp bölegi häzirki zaman formasyna degişlidir. Muny häzirki zamanyň soňrak formalaşany bilen düşündirmek mümkin. Belli bolşy ýaly, häzirki zaman işligi dialektlerde dürli hili formalanýar. Mysal üçin, ärsarylarda **al(i)ýo:r/gel(i)ýo:r**, saryklarda **alo(r)/gelo(r)**, çowdurlar "aladyr/geledir", uşaklarda **aly:/geli:** ýaly dürli görnüşlerde aýdylyşyny görkezmek bolar. Şu esasda türkmen dialektlerini toparlara bölmäge hem synanyşyk edilipdir. Emma bir formanyň üsti bilen dialektleri bir-birinden aýyrmak mümkin däl. Galyberse-de, häzirki zaman işliginiň käbir dialektlerde birmeňzeş formada gelýändigi bellidir. Onsoňam, häzirki zamanyň dürli hili aňladylmagyna garamazdan, olaryň asly-gelip çykyşy meňzeşdir. Ýöne ol wagtyň geçmegi bilen dialektleriň hersinde bir hili forma eýe bolupdyr.

Türkmen dialektlerinde häzirki zaman formasy, alymlaryň pikirine görä, **ýörmek** hem **durmak** kömekçi işliklerinden emele gelipdir. Şu kömekçi işlikleriň ikisi hem bir manyda ulanylyp, türkmen dialektlerinde umumy häzirki zamany ýasamaga gatnaşypdyr. Ýöne taryhy taýdan **durmak** kömekçi işligi beýlekä garanda gadymy bolup, ol häzirki wagtda türkmen dialektlerinde azrak duş gelýär. bularyň ikisi hem hal işlikleriň **(-a, -e, -y, -i)** yzyna goşulyp, nämälim geljek zaman formasynda ulanylypdyrlar. Soň bolsa gysgalyp, assimilleşip, häzirki formasyna gelipdirler.

Saryk, olam dialektlerinde **durmak** kömekçi işliginden ýasalan häzirki zaman goşulmasy **-du:r** (>dur-ur) görnüşinde ulanylyp, çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna eýermän gelýär. Meselem: **Ba:ý mynnan so:ry:du:r** (sar.). **Ba:zaryň gelnä:m i:şli:du:r** (ol.). Olam dialektinde şunuň **gelmeýär** ýerine **gelmi:du:r** ýaly aýdylyşy hem bar. Saryk dialektinde bolsa **du:r** goşulmasynyň ashyryndaky **r** sesi taşlanyp hem biler. Şu forma stawropol türkmenleriniň gepleşiginde hem **aladu:ryn//aldu:ryn, geledu:rsyň//geldu:rsyň, agъyrdu:ryn//aldu:ryn, gelmeýdu:rys, barmaýdu:rys** ýaly **durmak** kömekçi işliginden ýasalyp, mydama uzyn aýdylýar. Emma

çowdur dialektinde bu fonetik taýdan üýtgäp, **aladyryn, geledirin** görnüşinde gysga aýdylýar. Azrak bolsa-da, salyr dialektinde hem häzirki zamanyň **-du:r** formasyna ýokary aşlaryň dilinde, ylaýta-da garry aýallaryň dilinde gabat gelinýär: **Daň atanda geldu:r, gün batanda gъaýdydu:r**.

Bu formanyň salyr dialektinde seýrek ulanylyp, has köpräk oňa derek **-ýa:, -ýä:** we selçeňräk **-ýa:r, -ýä:r** goşulmasynyň ulanylmagy **-du:r** formantynyň ulanylyşynyň çeklenip, ýitip barýandygyna şaýatlyk edýär.

Saryk dialektinde hem **du:r** bilen bir hatarda, **ýörmek** kömekçi işliginden emele gelen **-o(r)** goşulmasy ulanylýar. Bu, esasan, çekimsiz sese gutaran işlikleriň soňuna goşulýar, **-du(r)** bolsa adatça çekimlä gutaran işliklere goşulyp ulanylýar. Şularyň manysynda hiç hili tapawut ýok. Bularyň ikisi hem adatça gaýtalanyp duran gymyldyny bildirýärler. Ýöne, her niçik-de bolsa, **du:r** formantynyň ulanylyşynyň çäklenip, **-o(r)** goşulmasynyň bolsa aktiwleşmek tendensiýasynyň bardygyny bellemek mümkin. Sebäbi **du:r** goşulmasynyň gelýän ýerinde hem **-o(r)** çalşyrylyp, **i:şli:du:r** ýerine **i:şlo:r, gъatny:du:r** ýerine **gъatno:r** ýaly aýdylyşy bar.

Türkmen dialektlerinde **ýörmek** kömekçi işliginden emele gelen häzirki zaman formantynyň ulanylyşy has aktiw bolup, dürli görnüşlerde duş gelýär.

Şunuň has gadymy görnüşleri hökmünde sakar dialektinde ulanylýan **-ýe, -ýer, -ýör, -ýö:r** wariantlaryny görkezmek gerek. Şulardan **-ýe, -ýer** has aktiw ulanylyp, **-ýör, -ýö:r** görnüşi bolsa ýeke Garamahmyt obasynda duş gelýär. bu ýagdaý soňkynyň arhaizmleşip, ýitip barýandygyny aňladýar. Aslynda bolsa **-ýe, -ýer** hem şundan emele gelipdir.

Ärsary dialektinde hem häzirki zamanyň has gadymy formasy saklanyp galypdyr. Munda **-ýo(r)** häzirki zaman goşulmasy çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna eýermezliginden başga-da, dodaklanmadan hem çykmandyr. Şu babatda saryk dialekti ärsary dialektine ýakyn. Ýöne munda **-ýo(r)** formatynyň başky **ý** sesi iki

çekimliniň arasynda düşüp galypdyr. Muny şeýleräk görkezmek boljak: **ala+ýör+ür>ala+ýör+ur>ala+ýo:r>al+o(r).**

Uşak gepleşigindäki häzirki zamanyň **-y:/-i** goşulmasynyň hem hut şeýle ýol bilen emele gelendigini çaklamak mümkin. Sebäbi hal işliginiň ýeke özi zaman aňladyp bilmeýär. Zaman aňlatmak üçin kömekçi işliginiň bolmagy zerurdyr.

Ýörmek kömekçi işliginden emele gelen häzirki zaman formasy teke, salyr, ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde **-ýa(r), -ýä(r)** goşulmasy bilen emele gelip, çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna eýeräler. Alili, gökleň dialektlerinde bolsa häzirki zaman işligi **-ýa, -ýe** goşulmasy bilen emele gelip, ahyryndaky **r** sesi düşüp galypdyr we çekimlilerdäki uzynlyk ýitipdir.

Häzirki zamanyň ýöňkeme bilen üýtgeýşinde hem käbir aýratynlyklar ýüze çykýar. Mysal üçin, saryk dialektinde birlik sanyn ikinji ýöňkemesinde edebi dildäki **-syň, -siň** ýerine **-syn, -sin** goşulmasy ulanylýar. Bu goşulma öňkä garanda gadymydyr. Bulardan başga-da, alili, gökleň, ata dialektlerinde köplük sanyň birinji ýöňkemesinde **-ys, -is** goşulmasyna derek gadymy köplük aňladýan **-kъ, -k** affiksi ulanylýar: **al+my+ýa+kъ, ber+mi+ýe+k.**

Häzirki zaman işliginiň ýokluk galypy **-my, -mi (–<ma, -me)** goşulmasynyň kömegi bilen emele gelip, giň çekimlileriň dar çekimlilere öwrülmegi **ý** sesiniň täsiri bilen düşündirilýär. Bularyň içinde hem **-mi** ince wariantynyň köp ulanylýandygyny bellemek gerek. Bu hem **ý** sesi bilen baglanyşyklydyr. Ýokluk goşulmasyndaky ýüze çykýan fonetik özgerişi **alma+ýa:ra< lmy+ýa(r)<almi+ýa:(r)**.

Gypjak toparyna degişli dialektlerde häzirki zamanyň formalanyşy bütinleý başga hilidir. Bu dialektlerde birinji, ikinji ýöňkemeler üçin hal işliklerinden soň degişli at çalyşmalary ýa şolardan emele gelen ýöňkeme goşulmalary ulanylýarlar. Üçünji ýöňkemede bolsa **-dy, -di** formanty goşulýar. Meselem: **alamän, gelämän, alasän, gelesän, alady, gelädi, alamyz//alamys, alasyz,**

aladilä (man.); **“bilämän, biläsän, bilädi, bilämiz, biläsiz, bilädi//bilällä** (noh.).

Çekimlä gutaran sözleriň yzyna goşulanda, **ýolleýdi, saýredi** (man.) görnüşinde **ý** sesi artdyrylýar. Şeýle ýagdaý ýokluk galypynda hem bolýar. Ýoklugy üçin **me+ý, mi+ý** ulanylyp, munuň ýogyn wariantyna duş gelinmeýär. Meselem: **düşmeýmän, doýmiýdi** (man.).

Käwagtlar **diýýärin** ýerine **diýmäp** (man.) görnüşinde hal işliginiň goşulmasynyň gysgaldylyp ulanylyşy hem bar. Çärjew gepleşilerinde bolsa **almymän**, ýerine **alymmän** ýaly sesleriň metateza düşüp aýdylyşyna hem gabat gelinýär.

Gypjak toparyna girýän dialektlerde häzirki zaman goşulmasynyň formalanyşynda uly tapawudyň bardygyna garamazdan, genetiki taýdan şunuň hem “durmak” kömekçi işliginden emele gelendigini aýtmak bolar. Munuň emele gelşini N. A. Baskakow şeýle düşündirýär: düýp işligiň soňuna **-a, -e, -ý** hal işliginiň goşulmasy goşulyp, **-tur** kömekçi işligi bolsa ortak işligiň **-ar, -er, -ur, -ür, -yr, -ir** we degişli ýöňkeme goşulmalaryny kabul edip gelipdir. Shema bilen görkezilse, düýp işlik **+a/-e – ý+tur+ar+/er/yr, -ir, -ur, ür** degişli ýöňkeme goşulmalary” görnüşinde emele gelipdir. Häzirki zaman türki dillerinde bu forma fonetik taýdan özgerip, dürli ösüş basgançagynda duş gelýär. Ýöne özbek dilinde we täze uýgur diliniň käbir dialektlerinde munuň aşakdaky ýaly dolurak görnüşi saklanypdyr:

1. **Män bar-a+dur-män;**
2. **Sän bar-a+dur-sän;**
3. **Ol bar-a+dur[1].**

Şunuň “dur/tur” ýaly gadymy formasy XVII-XVIII asyr türkmen edebiýatynyň dilinde hem ulanylypdyr:

[1] Н. А. Баскаков, Система спряжения или изменения слов по лицам в языках тюркской группы. Исследования по сравнительной грамматике тюркских языков (морфология). Изд. АН СССР, Москва, 1956, сах. 284-285.

– Eý, kişi kaýda bara tutur sen?

Şabende. Gül-Bilbil. 68 s.

Ar etedur syýalygyň

Andalyp. Leýli-Mejnun. 48 s.

Bu iş birle baradur sen.

Gaýyby. Saýlanan eserler. 44 s.

Şunuň özi hem "-dy, -di" gypjak formasynyň aslynda "durmak\turmak" işliklerinden emele gelendigini görkezýär. Soňra bu formalar fonetik özgerişlere sezewar bolup, **bara-tur-ur-sen > bara-tur-sen> bara-sen** şekilinde gysgalypdyr.

Magtymgulynyň dilinde şunuň **Aýdadyr Magtymguly, asal ermişdir tillerim** ýaly **a-dyr** formasy hem azrak duş gelýär. Şu forma häzir hem çowdur dialektinde häzirki zamanyň ýeke-täk görkezijisi bolup hyzmat edýär.

Öten zaman

Öten zaman işligi **-dy, -di** goşulmasynyň kömegi bilen emele gelip, haýsy çekimsizden soň gelýänine garap, dürli wariantda hasyl bolýar. Mysal üçin, dymyk seslerden soň goşulanda, belli bir derejede dymyklaşyp, **-ty, -ti** görnüşinde aýdylýar: gitdi > gitti, çakdy > çakъty, ýapdy > ýapty, bişdi > bişti (sar.).

Türkmen diliniň teke dialektinde munyň **-ly, -li, -ny, -ni, -sy, -si, -zy, -zi** ýaly başga-da birnäçe wariantlary bar. Bu hem ýokarky ýaly öňündäki çekimsiziň täsiri netijesinde ýüze çykýar: **aldy > ally, geldi > gelli, ýandy > ýanny, mündi > münni, gysdy > gъyssy, ösdi > össi, ýazdy > ýazzy, gezdi > gezzi.**

Öten zamanyň çylşyrymly formalary işlik formalarynyň yzyna **-dy, -di, -dyr, -dir** ýaly habarlyk goşulmalarynyň goşulmagy bilen ýasalyp, öňündäki sese sazlaşykly aýdylýarlar. Ýöne ärsary, olam, sakar ýaly birnäçe dialektlerde öten zaman goşulmasy bilen **-dy, -di** habarlyk goşulmasy forma taýdan bölünişip, habarlyk goşulmasy bolanda, **-ty, -ti** görnüşinde hemme halatda hem dymyklaşdyrylyp aýdylýar. Meselem: adamdy > **a:damty**, alardy > **alarty**.

Geljek zaman

Mälim geljek zaman. Bu forma **-jakъ, -jek, jokъ, jök** goşulmasynyň üsti bilen ýasalyp, öňündäki dymyk seslere assimilleşip gelende, **çahъ, - çek, çokъ, çök\\-şakъ, şek, - şokъ, şök** wariantlary bilen ýüze çykýar. Meselem: **Ýapjak > ýapçakъ, kesjek > kesçek, sokjak > sokъçokъ, ösjek > öşçök, açjak > aşşakъ, içjek > işşek.**

Munuň ýokluk formasy **dä:l** sözüniň üsti bilen ýasalýar. Ýöne ol öňündäki söze assimilleşip, **-kä: (l)** görnüşinde tanalmaz ýaly üýtgeýär: **berjke däl > berjek kä:(l)**. Käwagtlar şunuň "bermejek" ýaly **-ma, -me** bilen aňladylyşy hem bar.

Çekimlä gutaran düýp işlikleriň soňuna **jakъ, -jek** goşulyp, gelende, saryk, ärsary, olam, gökleň dialketlerinde köplenç uzynlyk ýüze çykýar. Şeýle uzynlygy işligiň şert, hökmanlyk, nämälim, öten zaman formalarynyň goşulmalaryny kabul edende hem görmek bolýar: işlejek>**i:şli:jek**, barlajak<**ba:rly:jakъ**, işledi<**i:şli:di**, gatnasa>**gъatny:sa**, işlemeli>**i:şli:meli** we ş.m.

Şu hili orunlarda uzynlygyň ýüze çykmagy gaty geň bolup, taryhy taýdan haýsy-da bolsa bir sesiň düşüp galmagy bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi ikinji uzynlyk haýsy-da bolsa bir sesiň düşüp galmagy ýa çekimlileriň goşulmagy netijesinde ýüze çykýar. Gökleň dialektinde **-jak, -jek** goşulmasynda öň giň çekimlileriň getirilip, **gitjek** ýerine **gidejek** ýaly aýdylmagy hem birwagtlar şunuň öňünden haýsy-da bolsa bir goşulmanyň ulanylýandygyna şaýatlyk edýär. Şuny alymlar hal işligiň goşulmasy diýip bilýärler.

Gypjak şiwesine giryän dialektlerde geljek zamanyň mälim formasy çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna eýermeýändigi bilen tapwutlanýar. Mysal üçin, manyş gepleşiginde bu formany ýasamak üçin **-jagъ/-jah** goşulmasy ulanylyp, ince we ýogyn sözleriň ikisine-de birdeň goşulýar: düşjek>**duşjagъ**, gitjek>**getjagъ**, diýmek däl>**dejagъ dä**, degejek däl>**degjah dä**.

Nämälim geljek zaman. Bu forma **-ar, -er, or, -ör, -r** we azrak **-yr, -ir, -ur, -ür** goşulmasynyň üsti bilen ýasalyp, edebi dilden

diňe käbir fonetik üýtgeşmeler bilen tapwutlanýar. Nohur dialektinde bolsa diňe soňkusy ulanylýar: durar>**durur.**

Türkmen dialektlerinde nämälim geljek zamanyň gysgalan formasy hem aktiw ulanylýar. Bu forma iki çekimliniň arasynda **r, l** sesleriniň düşüp galmagy bilen emele gelýär. şunda degişli uzynlyk ýüze çykýar: barar>**ba:r**, görer>**gö:r**, alar>**a:r**, geler>**ge:r//gä:r**, getirer>**geti:r**, ýatyrar>**ýaty:r** (sar.).

Birinji ýöňkemäniň ýoklugynda hem almaryn>**alman** ýaly gysgaldylyp aýdylýar. Ýöne munda uzynlyk ýüze çykmaýar.

Üçünji ýöňkemede bolsa **-maz, -mez** bilen bir hatarda, **almaz//almar** görnüşinde **-mar, -mer** warianty hem ulanylýar.

Nämälim geljek zamanyň ýöňkeme bilen üýtgeýşinde hem käbir tapawutlara duş gelinýär. Mysal üçin, gökleň dialektinde köplük sanyň birinji ýöňkemesi üçin **-ys, -is** ýerine **-ykъ, -ik** ulanylýar: ýazarys>**ýazarykъ**, gideris>**giderik**. Şunuň ýoklugy hem şeýle ýol bilen ýasalýar. Ýöne ol gysgalyp, forma taýdan infinitiw ýaly aýdylýar. Meselem: **almarys** ýerine almakъ **(<almarykъ)**, **bermeris** ýerine **bermek** (<bermerik).

Buýruk formasy

Işligiň buýruk formasy ikinji ýöňkemäniň birligi üçin hiç bir hili goşulma kabul etmän, şol durşuna ulanylýar. Ýöne, näme üçindir, ärsary dialektinde we dörtgül gepleşiklerinde soňy çekimlä gutarýan **oka, doka, tana, üwe, ýöre** ýaly işlikleriň soňundaky giň çekimliler uzynlyk alyp, **okuъy:, dokъy:, tany:, üvi, ýöri:** kimin degişli dar çekimlilere öwrülýärler.

Şunuň ýoklugy **-ma, -me** arkaly ýasalyp saryk, ärsary, olam, dialektlerinde **okъy:ma, tany:ma** şekilinde ýadylýar. Dörtgül gepleşiklerinde bolsa buýruk işligiň ýoklugy **-maýakъ\meýek, myýakъ\-miýek, maýykъ\-meýik** goşulmasyndan soň **gъoý** sözüniň getirilmegi bilen aňladylýar. Mysal üçin, **Meniň üçin bolsa barma** diýemegiň ýerine **Maňa diýseň barmaýakъ gъoý** ýaly aýdylýar.

Ikinji ýöňkemäniň soňuna **-sana, -sene** goşulyp hem ulanylýar. Bu öz goşulan sözüne ýalbarmak, sormak, höküm etmek ýaly many

ýokundysyny berýär. Alili, salyr dialektlerinde şunuň **-saňa, -seňe** görnüşinde aýdylyşy hem bar. Meselem: **tutsaňa, içseňe**. Kyraç gepleşiginde bolsa **açsäňä, dursäňä, gälsäňä** şekilinde **säňä** warianty aktiw ulanylýar.

Elbetde, **saňa, -seňe (säňe)** wariantynyň aslynda **san-a, sen-e** sözlerinden emele gelenini çaklamak mümkin. Bularyň birinji bölegi at çalyşmasy bolup, **-a, -e** bolsa ownuk bölekdir. Soňy bilen bular üýtgäp, **i** sesi taryhy taýdan has soňrak ýüze çykan **ň** sesine öwrülipdir.

Bulardan başga-da, sargyt etmegi, pent bermegi aňladyp gelende, ilkinji ýöňkeme üçin ulanylýan buýruk işliginden soň **-gъyn, -gin, -gъun, -gün** (<gyl, -gil) goşulýar. Meselem: **bargъyn, görgün.**

Ikinji ýöňkemäniň köplügi **-yň, -iň, -uň, -üň, -ň** goşulmasynyň üsti bilen aňladylýar. Ýöne gypjak şiwesine girýän dialektlerde şundan soň hem **-lar, -ler** köplük goşulmasynyň artdyryp: **Ärteň bizäriňki geliňler** (kyr.) ýaly aýtmak häsiýetlidir.

Köplügiň şunuň ýaly goşulmanyň üsti bilen aňladylyşyna türkmen klassyky edebiýatynyň dilinde duş gelmek bolýar. Muňa mysal edip, Andalybyň "Leýli-Mejnun" dessanyndan **Gara gözli, ak jerenler, Duruňlar habarlaşalyň** diýen setirleriniň getirmek bolar. Munuň özi hormat goýmak bilen baglanyşykly ýüze çykan bolmagy mümkin. Sebäbi bir adama ýüze tutulanda hem, hormat goýmak maksady bilen **alyň, geçiň** ýaly aýdylyşy türkmen dili we onuň dialektleri üçin häsiýetlidir.

Isleg formasy

Işliginiň isleg formasynyň goşulmasy aslynda "goýmak" işliginden eleme gelip, türkmen dialektlerinde dürli wariantlarda duş gelýär. munuň has gadymy formalary gypjak şiwesinde saklanyp galypdyr. Nohur dialektinde bu forma **gъoý** goşulmasynyň üsti bilen ýasalyp, taryhy bolşuny üýtgetmändir. Meselem: **Öňürti şaý beregъoý**. Magtymgulynyň dilinde hem şunuň gadymy formasyna duş gelmek bolýar:

Şeýtan aýdar: şirin işdir, azagoý,

Rahman aýdar: nebs umydyn üzegoý,
Magtymguly, tur, goluňy köze goý,
Eger döze bilseň, kylgyl bu işi.

Bu goşulma ärsary, saryk, ýomut, gökleň ýaly birnäçe diakletlerde **-gъaý\- gъa:\-a", "ýa:ý\-ýa:\-a:** ýaly birnäçe wariantda ýüze çykyp, çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna boýun egmän gelýärler. Teke dialektinde bolsa, edebi dildäki ýaly, **a:ý, ä:ý** görnüşinde ulanylyp, ýogyn hem inçe wariantlarynda ýüze çykýar.

Şunlukda, işligiň isleg formasy **alagъoý>alagъaý>ala:gъa> ala:ý> ala:** görnüşinde gysgalyp, bütinleý goşulma öwrülip gidipdir. Teke dialektinde we häzirki zaman türkmen edebi dilinde bolsa **-a:ý\ä:ý** görnüşinde singarmoniz düzgünine boýun egip, asylky bolşundan tanalmaz ýaly özgeripdir.

Şert formasy

Şert formasynyň aňladylyşyny hemme dialektlerde birmeňzeş bolup, düýp işlikleriň soňuna **-sa, -se, -so, -sö** goşulmasynyň goşulmagy bilen ýasalýar.

Stawropol türkmenleriniň gepleşiginde şert formasy **bolmak** kömekçi işliginiň getirilmegi bilen aňladylýar. Şunda esasy söz häzirki zaman ortak işliklerinden bolup, kömekçi işlik bolsa **-sa, -se** goşulmasyny kabul edip gelýär. mysal üçin, **Ertir tursa** ýerine **Ertiri turaduran bolsa**, "gelsek" ýerine **geleduran bolsakъ** ýaly aýdylýar. Munda başga-da, şu gepleşikde **tursa** ýerine **turagъalsa, gelse** ýerine **gelegъalsa** ýaly aňladylyşy hem bar.

Hökmanlyk formasy

Türkmen dialektlerinde işligiň hökmanlyk formasy **-maly, -meli, -moly, -möli** goşulmasy bilen ýasalyp, dodaklanan wariantynyň artyklygy bilen tapawutlanýar. Şunuň ulanylyşy dialektleriň hemmesinde birmeňzeşräk bolsa-da, salyr dialketinde käbir aýratynlyklara duş gelinýär.

Eken sözi bilen ulanylanda, salyr dialektinde hökmanlyk formasyna derek işligiň nämälim formasy getirilip, atlaryň üýtgeýşi

ýaly degişlilik goşulmalary bilen üýtgeýär. Mysal üçin, **almaly ekenim, almaly ekeniň, almaly eken** ýerine salyr dialektinde **almagъym eken, almagъyň eken, almagъy eken** ýaly aýdylýar: **Şö:re geçirmegim eken** – Şu ýere **geçirmeli** ekenim.

Nämälim formasy

Işligiň nämälim formasy **-makъ, -mek** we gysgalan **-ma, -me** wariantlary bilen emele gelip, edebi dilden soňkunyň aktiwleşýändigi bilen tapawutlanýar. Meselem: **Size barma ýa:dyma düşmä:ndir** (DTG).

Türkmen diliniň saryk dialektinde eýelik hem degişlilik goşulmalary bilen üýtgände, **-makъ, -mek** goşulmasynyň ahyryndaky dymyk **kъ, k** sesleri iki çekimliniň arasynda açyklaşyp, soň bolsa bütinleý düşüp galýarlar. Bu birinji hem ikinji ýöňkemelerde ýüze çykyp, gysgalan **-ma, -me** goşulmasy degişli uzynlyk alýar: barmagym > **barma:m**, barmagyň > **barma:ň**. Şunuň ýaly gysgaldyp aýdylyşy beýleki dialektlerde hem ýygy-ýygydan duş gelýär.

Dörtgül gepleşiklerinde şular bilen bir hatarda, goňşy özbek, garagalpak dillerine has bolan **-yş, -iş, -uş, -üş, -ş" we "-yv, -iv, uv, üv, v** goşulmalaryň üsti bilen hem işligiň nämälim formasynyň aňladylyşyna duş gelinýär. Bularyň soňkusy dörtgül gepleşikleriniň oguz toparynda, öňküsi bolsa gypjak şiwesinde köp uçraýar. Meselem: **Düka:nyň açykъ boluvy ä:tima:l. Suvy tapşyryp kъaýt, jyýlyşa baryş kerek.**

Stawropol türkmenleriniň gepleşiginde hem entek işligiň nämälim formasynyň ýeke-täk görnüşi ýok. Goňşy ýaşaýan nogaý, gumuk, tatar dilleriniň täsiri netijesinde infinitiwiň dürli hili formalaryna gabat gelinýär. Bulardan has ýörgünlisi **-uv, -üv, -v** bolup, **öýlenmek** ýerine **öýlenüv**, **almak** ýerine **aluv** ýaly ulanylýar.

Gerek sözi **bolmak** işligi bilen gelende, nämälim formasy stawropol gepleşiginde köplenç ýöneliş düşümde ulanylýar. Mysal üçin, **almak gerek** ýerine **almagъa gerek, şeýtmek-de boljak** ýerine **şeýtmäge-de woljakъ.**

Işligiň nämälim formasy manyş gepleşiginde **-magъ** goşulmasynyň kömegi bilen ýasalyp, çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna eýermän gelýär. meselem, tikmek>**tikmagъ**, tändermek>**dandirmagъ**.

Ortak işlikler

Öten zaman ortak işligi. Bu forma **-an, -en, -on, -öň** we azrak **-dykъ, -dik, -dukъ, -dük** goşulmalarynyň kömegi bilen ýasalýar. Ýoklugy bolsa köplenç, **-madykъ, -medik** goşulmasy bilen aňladylýar.

Gypjak şiwesinde şunuň **-gъan/-gen, -magъan/megen** ýaly gadymy formalarynyň ulanylyşyna hem duş gelinýär. Emma oguz toparyna girýän dialektlerde bu goşulmalar üýtgäp, **-an/-en, -ma:n/-mä:n** görnüşinde ýüze çykýarlar.

Öten zaman ortak işligi habar bolup gelende, öň bolan waka barada hekaýawy gürrüň bermegi aňladýar. Bu edebi dildäki **-ypdyr, -ipdir** goşulmasy bilen manydaş gelýär: **Gъoýullary kъalho:z niçeden alan?** (DTG).

Öten zaman ortak işligi degişlilik hem wagt-orun, çykyş düşümleri bilen üýtgäp gelende, **-an, -en** goşulmasynyň ahyryndaky **n** sesi düşüp galyp, gysgalan şekilde ýüze çykýar. Meselem: **alanymda//alamda, alanymdan//alamnan** (teke).

Degişlilik goşulmalary bilen üýtgäp öten zaman ortak işligindn soň **ýo: kъ** sözüniň getirilmegi bilen birhili ýokluk aňladylýar. Bu köplenç häzirki we azrak öten hem geljek zamanlaryň ýokluk formasyna derek ulanylýar. Ärsary, gökleň, sakar, olam ýaly birnäçe dialektlerde **baranym ýokъ>baram ýokъ** kimiň munuň has gadymy formalary saklanyp galypdyr.

Teke, ýomut dialektlerinde bolsa bu forma has hem gysgalyp, **alamokъ//alama: kъ** görnüşinde aýdylýar.

Teke dialektinde we edebi dilde bu formanyň **hem** sözi bilen ulanylyşy bar. Şunda **hem** sözi **alamokъ** sözünden soň getirilip, **alamogam** (<alanym ýok hem) ýaly gysgaldylyp aýdylýar. Ärsary, sakar, gökleň dialektlerinde bolsa **hem** sözi **ýo: kъ** sözünden öň girip,

bilemeýo:kъ, saryk, salyr dialektlerinde bolsa **bilememo:kъ** şekilinde ulanylýar. Bu ýöňkeme bilen aşakdaky ýaly üýtgeýär:

Birligi:	Köplügi:
alamomo:kъ	**alamyzamo:kъ**
gelememo:kъ	**gelemizemo:kъ**
alaňamo:kъ	**alaňyzamo:kъ**
geleňemo:kъ	**geleňizemo:kъ**
alanamo:kъ	**alanamo:kъ**
gelenemo:kъ	**gelenemo:kъ**

Ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde bolsa **hem** sözüne derek **-da, -de** ulanylýany üçin, **alan-da ýo:kъ** ýaly aýdylýar. Şu gepleşiklerde **okan adam** ýerine **okъyn:n a:dam**, **üşän adam** ýerine **üşi:n a:dam** ýaly aýdylyşy hem bar. Muny şol sözleriň ahyryndaky çekimliniň aýdylyşy bilen düşündirmek bolar.

Türkmen dialektlerinde öten zaman ortak işliginiň **-myş, -miş** arkaly ýasalyşyna hem gabat gelinýär. Bu köpräk gypjak şiwesinde, hususan-da, manyş gepleşiginde **oturan** ýerine **oturmyş** şekilinde ulanylýar.

Häzirki zaman ortak işligi. Bu häzirki zaman bilen öten zaman ortak işliginiň goşulmalarynyň jeminden emele gelýäni üçin, dialektde häzirki zaman işliginiň goşulmasy nähili bolsa, ortak işlik formasy hem şonuň ýalydyr. Bir aýratynlygy öten zaman ortak işliginiň **-an, -en/-gъan, -gen** goşulmasynyň artdyrylmagydyr. Mysal üçin, çowdur dialektinde häzirki zaman **-dyr, -dir** bilen aňladylýan bolsa, ortak işlik formasy **-an, -en** goşulmasynyň artdyrylmagy bilen ýasalýar: **geledir>gele+dir+en.**

Saryk dialektinde hem häzirki zaman ortak işligi, edil ýokarky ýaly, **dur-an** elementleriniň gatnaşmagy bilen hasyl bolýar. Bularyň öňküsi häzirki zamanyň, soňkusy bolsa öten zaman ortak işliginiň goşulmasydyr: **aldyran>ald(y)ro:n//ald(y)ra:n.**

Sakar dialektiniň Garamahmyt obasyndaky gepleşikde hem häzirki zaman ortak işliginiň arhaik formasyna gabat gelinýär. Munda

häzirki zamanyň görkezijisi bolup, **-ýor, -ýör** ulanylýar. Onuň yzyna bolsa öten zaman ortak işliginiň formanty **-an//a:n, ä:n** goşulýar. Meselem: **görünýö:rä:n, urýöra:n**.

Edil şu düzgün boýunça ärsary dialektinde **al(i)ýo:n – gel(i)ýo:n**, teke dialektinde **al(i)ýa:n, gel(i)ýä:n**, dörtgül türkmenleriniň ata, igdir gepleşiklerinde **bar(i)ýan, gid(i)ýen, dur(i)ýo:n, gör(ü)ýö:n**, düýeji gepleşiginde **boladugъan, böledugъan**, stawropol türkmenleriniň gepleşiginde **aly:n, geli:n** görnüşinde formalanýarlar.

Bularyň ýoklugy bolsa **-ma, -me//-my, -mi, -maý, -meý** goşulmalarynyň üsti bilen ýasalýar: **bolmaýen i:ş, edilmeýän gürrüň, gelmeýjeg a:dam** (sak.).

Geljek zaman ortak işligi

Nämälim geljek zaman ortak işligi. Munuň ýasalyşy hemme dialektlerde meňzeş bolup, **-ar, -ýer,-or,-ör, -p** goşulmasynyň üsti bilen ýasalýar. Ýöne bu forma **ýa:ly** sözi bilen gelende, saryk dialektinde, köplenç, degişlilik goşulmalaryny kabul edip, edebi dilden we beýleki birnäçe dialektlerinden tapawutlanýar. Mysal üçin, **men gider ýaly, sen, gider ýaly, ol gider ýaly...** ýerine **giderim ýa:ly, gideriň ýa:ly, gideri ýa:ly** ulanylýar.

Mälim geljek zaman ortak işligi. Bu hem, edebi dildäki ýaly **-jakъ, -jek** goşulmasy bilen formalanýar. Bu goşulma özünden öň gelýän seslere assimilleşip, **-çakъ, -çek, -çokъ, -çök, şakъ, -şek, -şokъ, -şök** ýaly dürli wariantda ulanylýar: **bökçök a:dam, uşşokъ gъuş**.

Türkmen dialektlerinde mälim geljek zamanyň **-jakъ, -jek** goşulmasy bilen manydaş **-asy, -esi** formatynyň ulanylýanyny hem bellemek gerek. Meselem: **Bolosy iýşe ala:ç nä:?** (DTG). Şuny **Boljak işe alaç näme?** üýtgedenimizde hem, many ýoýulmaýar.

Manyş gepleşiginde mälim geljek zaman ortak işligi **jagъ** goşulmasynyň üsti bilen ýasalyp, çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygyna eýermeýär. Meselem: geljek ýyl > **geljagъ il**, gitmejek adam > **gitmejagъ adam**.

Hal işlikler

Hal işlikler **-yp, -ip, -up, -üp, -p** goşulmasy bilen ýasalyp, dialektlerde dürli fonetik özgerişlere sezewar bolýarlar. Şu goşulma gep akymynda gelende, çekimli sesden öň açyklaşyp, **-w, -iw, -uw, -üw, -w** görnüşinde ýüze çykýar. Meselem: Emma: **Isgender erti:riň iýşin vezi:rleri b(i)len maslahatlaşyw oty:rdylar** (sar.).

Gep akymynda **k, g** seslerinden öň gelende, hal işliginiň goşulmasy şolara assimilleşip, **-ykъ, -ik, ukъ,-ükъ, -kъ, -k** görnüşinde aýdylýar. Meselem: **... B(i)r palta gъyzylm(y) alyp, ýerne kömür salykъ kъoýupt(y)r** (sar.).

Şeýle ýagdaýda düýp işliginiň soňy **k** sesine gutarýan bolsa, hal işliginiň goşulmasy meňzeş sesleriň arasynda bütinleý düşüp galýar. Meselem: Çykyp görse > **çykъykъ körse > çykъ körsö** (sar.).

Soňy dymyk **p** sesine gutaran sözlerde hem ýokarky düzgün esasynda hal işliginiň goşulmasy galdyrylyp ulanylýar: tapyp ber > **taryp per> tap per** (sar.).

Türkmen diliniň sakar dialektinde gysgalma netijesinde şu hili orunlarda uzynlyk ýüze çykýar: çapyp> **ça:p**, tapyp > **ta:p**, ýapyp > **ýa:p**.

Gypjak şiwesinde, husunsan-da, manyş gepleşiginde hal işliginiň **-uv, -üv, -ov, -öv, -v** goşulmasy bolup, ol, esasan, garry adamlaryň dilinde duş gelýär: diýip > **deýöv**, girip > **girüv**. Bu aýratyn goşulma bolman, **-yp, -ip, -up, -üp, -p** formatynyň üýtgän görnüşidir.

Şunuň ýoklugy oguz toparyna giryän gepleşiklerde **-ma:n, -mä:n**, gypjak şiwesiniň nohur dialektinde **-meýin**, manyş gepleşiginde **meýin\\-miýin, -maý, -map, -mäp**, çärjew gepleşiklerinde hem **-mi:n** goşulmalarynyň kömegi bilen ýasalýar: **almeýin, ýetmeýin** (noh)., **ýetd(i)rmeýin, doldurmaý** (man.). **almi:n, görmi:n** (çärj).

Hal işliginiň **-meýin** formasy has gadymy bolup, ol XVIII – XIX asyr türkmen edebiýatynyň dilinde hem duş gelýär. Muňa mysal edip, Magtymgulynyň:

Ak jeren aldyrsa elden owlagyn,
Mäleý-mäleý gözlemeýin bolarmy?

Ýa-da:

Ýagşy gezip nobatynda,
Ölmeýin, ýaman galmady (Şasenem - Garyp).

diýen setirlerini getirmek bolar.

Häzirki zaman türkmen dilinde we dialektlerinde ulanylýan **-ma:n, -mä:n (mi:n)** bolsa ýokarkynyň gysgalmagy netijesinde emele gelipdir. Manyş gepleşiginde ulanylýan **-map, -mäp** hem edil şi tetipde **-maýap, -meýep** goşulmasynyň gysgalmagyndan hasyl bolupdyr.

Ärsary, ata dialektlerinde çekimlä gutaran düýp işlikleriň soňuna hal işliginiň goşulmasy goşulanda, giň çekimlilere derek dar çekimliler çalşyrylyp, uzyn aýdylýarlar: okap > **okъy:p**, kepäp > **kepi:p**, üwäp > **üvü:p**.

Bilmek kömekçi işligi bilen gelende bolsa, munuň tersine, dörtgül gepleşikleriniň gypjak toparynda, **açybilmez, gidibilmez** ýerine **açabilmez, gidebilmez** ýaly dar çekimlilere derek giň çekimliler ulanylýarlar.

Bulardan başga-da, türkmen dialektlerinde **-ýança, -ýänçä** ýerine **-y:nça:, -i:nçä:** gypjak toparynda **-aly, -eli** ýerine **-gъaly, -geli** ýaly wariantlarynyň ulanylýanyny bellemek gerek. Meselem: barýança > **bary:nça:**, gelýänçä > **geli:nçä:** (sar.), bolaly > **bolgъaly**, bileli > **bilgeli** (DTG, P).

Saryk dialektinde örän seýrek **"bary:nça:, geli:nçä:"** ýerine **"baraýy:nça:, geleýi:nçä:"** ýaly aýdylyşy hem bar.

Posleloglar

Birnäçe posleloglar dialektlerde ulanylyp, edebi dilde aktiw ulanylmaýarlar. Mysal üçin, dörtgül gepleşiklerinde wagt bildirýän **öň** poslelogyna derek **burun (buriýn, ileri) ilgeri** we **soň** poslelogyna derek **keýin** sözleri ulanylýarlar: **Indikileý bizzen burun ňel. Kelho:z kъoşulmazdan ilgeri, küýç ba:rm edi. Minnetleme alannan keýin, işlev gerek** (DTG).

Türkmen dialektlerinde **soň** poslelogy özünden öň gelen söze assimilleşip, **-saň, -seň** görnüşinde hem aýdylýar. Meselem: **ha:nja:n baransaň gъaýtdyňmy?** (DTG). **Ol gelenseň gürrüň berdi** (teke).

Dörtgül gepleşiklerinde **"çenli"** poslelogynyň **"çelli, çen\ken, çeýin\ deýin, çekem"** ýaly telim warianty bar. Türkmen dilindäki **"-ça, -çe"** goşulmasynyň emele gelşi hem şunuň bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, çärjew gepleşiklerinde **"ertire çenli garaş"** diýmegiň ýerine **"Ertäňe çen\\ertäňeçe kъaraş"** diýilýär. Şeýlelikde, **"-ça, -çe"** goşulmasy **"çenli"** sözüniň **"çen> -ça, -çe"** görnüşinde gysgalmagy netijesinde emele gelipdir. Munuň tersine, çärjew gepleşiklerinde **"-ça, -çe"** goşulmasyna derek **"çenli"** sözüniň ulanylyşyna hem gabat gelinýär: **"boýunça < boýynçelli** (<boýynçenli)".

Ugur görkezýän **tarap** sözüne derek **ta:ý** (DTG), **gъaptal** (sal.), orun aňladýan **aşagynda** poslelogyna derek **teýinde, assynda, astynda** (ärs., sar., DTG) sözleri ulanylýarlar. Meselem: **Siz ta:ýa gъydyryp gidipdi. Jyýlyş güjümiň teýinde bolýo** (DTG).

Hakyndalyk bildirýänler **hakъynda\hakъta, dogърusundo\\dogърudo, barasynda\\barada, ba:watynda** sözleri bolup, köplenç, gysgalan görnüşinde duş gelýärler. Dörtgül gepleşiklerinde, ylaýta-da gypjak toparynda şulara derek has köpräk **ýö:nde\\ýöňünde** sözleri ulanylýarlar. Meselem: **Siz ýö:nde meniňem eşdenim ma:r.**

Türkmen dialektlerinde meňzeşlik bildirýän posleloglar köp dürli bolup, olara ýa:la (ýomut, ärsary dialektlerinde ýa:ny) \\ýa:lakъ\\ýalakъy, **dek\\deý, deýin, tek\\teý, teýin, kysmy, jüre, kimi:n\\kimi\\kibi, hiýli** (deň: saryk dialketinde **"hyýly"**), **şekilli, zeýilli, tüýsli, tetelli** kimin ençeme sözleri görkezmek bolar.

Şu aýdylanlary nohur dialektiniň mysalynda jemlesek, onda, birinjiden, Edebi dildäki käbir kömekçilere derek dialektde başga sözler ulanylýarlar. Mselem: **ýaly** sözüne derek "gädär" sözi getirilýär. Ikinjiden, posleloglaryň ulanylyşynda käbir fonetik

Edebi dilde bir zada geň galmagy bildirmek üçin **wiý** sözi ulanylýar. Çärjew gepleşiklerinde bolsa şuňa **übüý** diýen ümlük gabat gelýär. Göläni çagyrmak üçin edebi dilde **göle-göle:** diýilýär. Saryk dialektinde bolsa **höç-höç!** diýlip çagyrylýar. Munuň beýle bolmagy gölänіž ady bilen baglanyşyklydyr. edebi dilde we teke dialektinde **göle** diýilýän bolsa, saryk dialektinde **höjek** diýlip aýdylýar. Şol dialektdäki **höç-höç!** hem şunuň gysgalan görnüşidir.

Ümlüklerde jyns aýratynlygy hem käbir sözlerde saklanypdyr. Mysal üçin, **ho:v\\oho:v** ýaly sözler erkeklere degişli bolsa **aýu:v, gъyv:** ýaly ümlükler aýallaryň dili üçin häsiýetlidir.

SINTAKSIS

Sözlemde sözleriň baglanyşygy

Sözlemde sözleriň baglanyşygy, edebi dildäki ýaly, sintetik hem analitik ýol bilen ýüze çykýarlar. Sintetik ýol bilen, ýagny goşulmalaryň üsti bilen ýüze çykarylanda, sözleri bir-birine baglamak üçin düşüm, degişlilik we habarlyk goşulmalary hyzmat edýärler. Analitik ýol bilen ýüze çykarylanda bolsa, baglanyşyk sözlerip tertibi, intonasiýa we kömekçi sözleriň üsti bilen amala aşyrylýar.

Türkmen dialektlerinde azrak ýerde goşulmalaryň galdyrylyp, baglanyşygyň analitik ýol bilen aňladylyşy hem bar. Mysal üçin, **biziň obamyz** ýerine **biziň o:wo** ýa, has gysgaldyp, **biz o:wo** (sar., ärs.) ýaly aýdylyşyna dialektlerde duş gelmek bolýar. Şu mysalda baglanyşyk goşulmalaryň üsti bilen däl-de, sözleriň tertibi, içki baglanyşyk arkaly ýüze çykýar. Munuň bilen olaryň manysy üýtgemän, diňe baglanyşygyň formasy üýtgeýär. Öň baglanyşyk eýelik düşümiň hem degişlilik goşulmalarynyň üsti bilen aňladylýan bolsa, soňky mysalda olar taşlanyp, analitik ýol bilen ýüze çykýarlar. Elbetde, bu hemme ýagdaýda mümkin bolmaýar. Şonuň üçin hem degişlilik goşulmalary galdyrylsa, eýelik düşümiň goşulmasynyň bolmagy zerur. Meselem: **Biziň ňelniň dogъony veýennilikten gelipt(i)r** (sar.). Eger eýelik düşümde gelen at çalyşmasy sözlemiň içinde bolmasa, onuň baglanýan sözünde degişlilik goşulmalarynyň

bolmagy hökmandyr. Mysal üçin, ýokarky sözlemde **biziň** diýen sözi sözlemiň içinde getirmesek, **gelniň** diýen sözüň kime degişlidigi belli boljak däl. Şeýle bolanda, eýelik edýän sözüň gelmegi gerek, ýa bolmasa, **gelniň** diýen sözüň degişlilik goşulmasyny kabul edip, **gelnimiziň** ýaly ulanylmagy şertdir.

Edebi dilde ulanylmaýan ýerinde hem saryk dialektinde degişlilik goşulmalarynyň getirilip, sözleriň özara baglanyşyna duş gelinýär. Mysal üçin, **Men gider ýaly, sen gider ýaly** söz düzümleri saryk dialektinde **Men giderim ýa:ly, sen gideriň ýa:ly** şekilinde degişlilik goşulmasy bilen ulanylýarlar. Käbir ýagdaýda ýöňkeme goşulmalary edebi dilde habarlyk elementlerinden soň goşulýarlar. Saryk dialektinde bolsa, munuň tersine, habarlyk goşulmalaryndan soň gelmän, **giderim ýa:ly, gideriň ýa:ly** görnüşinde ortak işligiň yzyna goşulýarlar.

Meselem, **Ozalrajyk gider ýaly ekeniň** ýerine saryk dialektinde **Ozalra:jykъ gideriň ýa:ly ekeni** görnüşinde aýdylýar.

Edebi dilde ýeňiş düşümiň goşulmasyz formasy baglanýan sözüniň öňüsüre gelip, olaryň arasyna hiç bir hili söz düşüp bilmeýär. Mysal üçin, **Men magazinden kitap aldym** ýerine **Meň kitap magazinden aldym** diýmek bolmaýar. Şeýle bolanda, sözlemiň manysy üýtgäp ýa ýoýlup, öňki manyny berip bilmeýär. Emma saryk dialektinde sözleriň ýerlerini çalyşmasy baglanýan sözüniň öň ýanynda gelmän hem biler. **-Men şynça memlekette gezdim, onuň kimi:n hoşro:ý gъov o:rdo men görmödim – diýdi.**

Düzgün boýunça **o:rdo** sözi baglanýan sözüniň öň ýanyndan gelmeli. Emme ol ikisiniň arasyna eýe giripdir we ol kada bozulypdyr. Emma munuň bilen sözlemiň manysyna zyýan ýetmeýär. Görnüşi ýaly, bu ýerde kesgitleýji zat – sözlem agzalarynyň prny däl-de, eýsem olaryň baglanýan sözleri. Şu sözlemde **o:rdo** sözüniň ýeňiş düşümde geleni onuň baglanýan sözünden – geçirýän işlikden belli bolýar.

Türkmen diliniň saryk dialektinde, seýrek-de bolsa, baglanyşyk pars diliniň üsti bilen giren izafet arkaly hem aňladylýar. Munda

aýyrgyç bolup gelýän söz ikinji orunda getirilip, aýyklaýan söz bolsa izafetli birinji orunda ulanylýar. Bularyň köpüsi has atlara degişli bolup, goşma sözi hasyl edýärler. Mysal üçin, **Gъalaýmo:r** sözi parsça **Gala-i-mur** sözünden bolup, türkmençe **Garynja galasy** diýmekdir. **Soltanbent** (<Soltanyň bendi) ýerine **Bendi-Solta:n** ýaly aýdylmagy hem izafetli baglanyşyk zerarly ýüze çykypdyr.

Bu mysallarda izafet, sintaktik serişde bolmagyna garamazdan, goşma sözleri ýasamaga gatnaşýany üçin, ol köpräk leksikologiýasynyň obýekti bolup durýar. Emma **terk zynda:n** (<terki-zyndan, ýagny **zyndany terk etmek**), **dövri-kъýa:mat** (<kyýamat döwri) ýaly mysallarda aýry-aýry sözleri baglamaga hem hyzmat edýär. Meselem: **Güllöň m(i)r günde Isgender terk zynda:na hyýa:l etti, her kim şy suvdin işse, ta: dövri-kъyýa:mata çelli, kъyýa:mat moly:nça: ölmöli dä:lmiş** (sar.).

Geň galmagy, saryk dialektinde azrak türkmen sözleriniň hem izafet ýoly bilen baglanyşyna duş gelmek bolýar. Meselem: **B(i)r ýerde w(i)r suv-çeşme wa:myş**. Muny edebi dile geçirsek **Bir ýerde bir çeşme suwy barmyş** ýaly aýtmaly. Munda **suw** hem **çeşme** sözleriniň ýerleri çalşyrylyp, **çeşme** sözi eýelik düşümde, **suw** bolsa üçünji ýöňkemede getirilýär. Bulara pars diliniň üsti bilen geçen sintaktik serişdeler hökmünde seretmek mümkin.

Ýönekeý sözlemler

Türkmen dialektlerinde goşma sözlemlere garanda ýönekeý sözlemleriň has köp ulanylanyýanyny bellemek bolar. Çünki gepleşik dili ýazuw diline garanda has ýönekeý bolup, munda çylşyrymly konstruksiýalar, uzyn-uzyn sözlemler örän az ulanylyp, olaryň manysy gysga sözlemlerde ýa aýry-aýry ýönekeý sözlemlerde aňladylýar. Bu möhüm aragatnaşyk serişdesi bolan diliň jemgyýetçilik rolundan gelip çykýar. Çylşyrymly pikiriň ýönekeý sözlemleriň üsti bilen berilmegi adamlaryň arasynda düşünişmegi has aňsatlaşdyrýar, pikiri ep-esli derejede sadalaşdyrýar.

Türkmen dialektleriniň sintaktik gurluşy boýunça aýratynlyklaryň juda az duş gelmegi we olaryň entek ýeterli derejede

öwrenilmezligi bularyň hersi barada aýratyn gürrüň gozgamaga mümkinçilik bermeýär. Şoňa görä bu bölüm boýunça umumy görnüşde gysgarak durlup geçilýär.

Sözlemde sözleriň tertibi. Türkmen dialektleriniň hemmesi üçin umumy bolan aýratynlyklardan biri sözlemde sözleriň tertibiniň üýtgemek meselesidir.

Kada boýunça türki dillerde, şeýle hem türkmen dilinde eýe birinji orunda bolup, habar adatça sözlemiň ahyrynda gelýär. Emma gepleşik dilinde şu düzgün saklanman hem biler. Mysal üçin, **Va:kъa: şeýle** diýmegiň ýerine **Şeýle va:kъa:** ýaly aýtmak hem bolar. Munuň bilen sözlemiň manysynda uly ütgeşme ýüze çykmaýar. Emma, şeýle-de bolsa, bu ikisiniň arasynda azda-kände tapawut duýulýar. Munda haýsy söz zerur hasaplansa, şol birinji orna geçýär we logiki basym şonuň üstüne düşýär. Mysal üçin **Ö:z enesiniň ýüvürdi ken şi** (sar.) diýen sözlemde gürrüň eýe barada gitmän, eýsem şonuň öz enesiniň ýurdulygy nygtalýar. Şonuň üçin hem eýe sözlemiň ahyrynda getirilýär. Şu hili sözlemlerde eýäniň galdyrylyp ulanylmagy hem mümkin. Munuň bilen sözlemiň manysy üýtgemeýär. Mysal üçin, **Gъol gъovşuryp, ha:na ne hyzmat? diýýeler ýaňkъylar** (DTG), diýen sözlemde eýäniň galdyryp ulanmak hem bolar.

Edil şunuň ýaly, habar hem öz baglanýan sözünden öň, sözlemiň başyndan we ortasyndan gelip biler. Meselem: **Getirdiler ol adamyny** (sar.), **Ol a:damy:ny getirdiler** şekilinde bolmaly. Emma şunda ýeňiş doldurgyjy habaryň ýerine geçip, habar bolsa öňde gelipdir.

Sözlem agzalarynyň şeýle tertipde gelmegi türkmen dili üçin häsiýetli däl. Belli bolşy ýaly, türkmen dilinde aýyrgyç aýyklaýan sözünden, doldurgyç bolsa doldurýan sözünde öň gelýär. Emma türkmen dialektlerinde ýöneliş, ýeňiş, wagt, orun, çykyş... doldurgyçlary öz baglanýan sözünden soň, ýagny sözlemiň ahyrynda getirilýär. Mysallar: **Gъy:z, ana, wardy Da:ra:wyňkъa: Dara:p nika:syna saldy many. Elmyda:m oty:r şynyň ýanynda.**

Almap(y)şam a:zajykъ ähtiýa:jam edo:r onnon (sar.), **Ogъlolor jemlenip, ha:nyň ýanna gelýe derrev** (DTG).

Ýokarky doldurgyçlaryň sözlemiň aýagynda getirilmegi şol sözleriň roly bilen hem baglanyşyklydyr. sözlemde habar bermek taýyndan iň ähmiýetlisi habar bolup, ony aýyklaýan sözler bolsa rollary boýunça ikinji derejelidir. Şoňa görä olar sözlemde ikinji orna geçirilip hem bilner, gerek ýerinde taşlanyp hem bilner.

Olaryň esasy hyzmaty – habary aýyklamak. Şeýle bolanda, bular düşündiriji, aýyklaýjy söz hökmünde habardan soň hem gelip biler. Galyberse-de, sözlemiň aýagynda getirilýän sözler logiki basym bilen aýdylyp, şolara diňleşýjiniň ünsüni çekmek üçin hem edilýär.

Azrak ýerde aýyrgyçlaryň hem öz aýyklaýan sözünden soň gelmek häsiýeti bar. Bu eýelik aýyrgyjyna degişlidir. Mysal üçin, dörtgül gepleşiklerinde **...her aýsy bir za:t diýýe bylaň** görnüşinde ulanylyşyna gabat gelinýär. Şuny edebi dilde bersek, **Bularyň her haýsy bir zat diýýär** görnüşinde aýdylyp, **bularyň** diýen aýyrgyç öz baglanýan sözüniň öňüne geçýär.

Eýe bilen habaryň ylalaşygy. Eýe bilen habaryň sanda we ýöňkemede bir-birine eýerip gelmegine eýe bilen habaryň ylalaşygy diýilýär. Eýe birlik sanda bolsa, habar hem şol sanda bolýar. Eýe köplük sanda bolsa, habar hem şol sanda bolýar. Eýe haýsy ýöňkemede gelse, habar şol ýöňkemede ulanylýar. Mysallar: **Men Kokantdan gaýdanymdan soň, ýörite bir gelip giderin[1]. Sen, belki, unudan dälsiň[2]. Ol köne şypyrmasy bilen ýüzüniň tozanyny süpürdi[3].**

[1] B. Kerbabaýew, Aýgytly ädim, ikinji kitap, Aşgabat, 1955, sah. 141.

[2] Şol ýerde, sah.7.

[3] Şol ýerde, sah. 6.

Şu düzgün türkmen dialektlerinde hemme ýerde saklanmaýar. Elbetde, munuň edebi dilde hem bozulýan ýerleri bar. Emma bu ýerde gürrüň ol barada däl-de, türkmen gepleşikleri hakynda gidýär.

Eýe bilen habaryň sanda we ýöňkemede ylalaşyp gelmegi, esasan, sözlemiň habarynyň haýsy söz toparyndan bolmagyna we olara habarlyk goşulmalarynyň goşulyp-golmazlygyna baglydyr.

Mälim bolşy ýaly, sözlemiň habary isim söz toparlaryndan ýada işliklerden bolup, degişli habarlyk goşulmalaryny kabul edip gelenlerinde, edebi dilde köplenç sanda we ýöňkemede ylalaşýarlar:

Men okuwçydyryn. Biz okuwçydyrys.

Sen okuwçydyrsyň. Siz okuwçy(dyr)syňyz.

Ol okuwçydyr. Olar okuwçydyrlar.

Türkmen dialektlerinde ýokarky ýaly ýagdaýlarda köplenç habarlyk goşulmalary galdyrylyp, eýe bilen habaryň ylalaşygy bozulýar:

Men okъvçy. Biz okъuvçy.

Sen okъuvçy. Siz okъuvçy.

Ol okъuvçy. Olar okъuvçy.

Türkmen dilinde we onuň dialektlerinde sözlemiň habary at söz toparlaryndan, atlaşan işlik formalaryndan, işligiň hökmanlyk we mälim geljek zaman formalaryndan bolup, habarlyk goşulmalaryny kabul etmän gelenlerinde, eýe bilen habar ylalaşmaýarlar: **Sen – garyp, men – garyp[1]. Men hem öli däl. Sen – horlanan, men – horlanan[2]. Men okajak, sen okajak, ol okajak. Men gitmeli, sen gitmeli, ol gitmeli.**

[1] B. Kerbabaýew, Aýgytly ädim, ikinji kitap, Aşgabat, 1955, sah. 89.

[2] Şol ýerde, sah. 89.

Şu mysallarda eýe haýsy ýöňkemede we haýsy sanda bolsa-da, habar şol bir durşuna galýar. Munda köplük düşünjäni we hereketiň haýsy şahsa degişlidigini sözlemiň eýesi bolup gelýän degişli at çalyşmalary aňladýarlar.

Eýe bilen habaryň sanda ylalaşmagy türkmen dilinde we onuň dialektlerinde, şeýle hem, umuman, türki dillerde çäkli we özboluşly häziýete eýedir. Bu aýratyn hem üçünji ýöňkemä degişli. Birinji we ikinji ýöňkemelerde eýe bilen habaryň ylalaşmagy, esasan, saklanýar diýmek boljak. Emma üçünji ýöňkemede eýe bilen habaryň ylalaşmagy bütinleý çäklidir. Mysal üçin üçin, türkmen diliniň saryk dialektinde köplük sandaky eýe şol sözlemiň içinde gelende, üçünji ýöňkemedäki habar köplenç birlik sanda ulanylýar. Meselem: **Onsoň ja:ý(y)na waryp, olor övün agъşam ýatty. Emma: pa:şşa:lar wardy. Ondo w oturollor aýtty.**

Munuň sebäbini grammatik analogiýa boýunça düşündirmek mümkin. Belli bolşy ýaly, bu sözlemlerde eýe köplük sanda bolany üçin, habaryň hem şoňa degişliligi aňlanylýar. Şoňa görä köplük düşünjesi iki mertebe aňladylman, diňe eýäniň üsti bilen berilýär. Munuň bilen sözlemiň manysyna hiç hili zeper ýetmeýär, gaýta, ol belli bir derejede ýeňilleşýär.

Eger köplük sandaky eýe şol sözlemiň içinde gelmese, onda habar köplük sanda ulanylmaly bolýar. Sebäbi habar köplük sanda gelmese, onuň köplüge degişlidigi belli boljak däl. Bu bolsa sözlemden aňlanyljak düşünjäni berip bilmeýär. Şonuň üçin beýle ýagdaýlarda sözlemiň habarynyň köplükde getirilmegi hökmanydyr. Meselem: **Iýzinda mynyň hawarn aldylar** (sar.).

Käbir wagtlarda eýe köplük sanda gelende, habar köplük sanda gelip hem, gelmän hem biler. Şeýle bolsa, bularyň arasynda many aýratynlygynyň bolmagy gerek. Geliň **Adamlar geldi** hem-de **Adamlar geldiler** diýen sözlemleri deňeşdirip göreliň. Birinji mysalymyzda bize näbelli bolan adamlaryň umumy toparynyň geleni düşünilýär. Ikinjide bolsa umumy näbelli topardan saýlanyp gelen, ýagny bize belli bolan adamlar aňlanylýar. Şolaryň hereketini aýry-

aýrylykda görkezmek gerek bolanda hem, habar köplük sanda getirilýär. Mysal üçin, **Olor i:şleşip ýö:rlör!** (sar.) diýen sözlemde şolaryň hereketleri tutuş bir zat hökmünde aňlanylman, eýsem olaryň her haýsynyň öz ugruna, bir-birinden üzňe işleşip ýöreni göz öňüne gelýär.

Şeýlelikde, türkmen dilinde we onuň dialektlerinde eýe bilen habar sanda we ýöňkemede mydama ylalaşyp durmaýar. Eýe bilen habaryň sanda we ýöňkemede ylalaşmagy birdeň derejede ýüze çykman, olaryň arasynda hem tapawut bar. Eýe bilen habaryň ýöňkemede ylalaşmagyna garanda sanda ylalaşmagy has gowşak. Edebi dil bilen deňeşdirende, türkmen dialektlerinde eýe bilen habaryň ylalaşmagynyň bozulýan ýerlerine has köp duş gelinýär. Bu ýagdaý türkmen diliniň içki kanunlary esasynda bolup geçýär. Soňky wagtlarda edebi dilde eýe bilen habaryň sanda ylalaşygy has güýçlenýär we kada hökmünde berkleşip barýar. Muny aýratyn-da gündelik çykýan gazet-žurnallaryň dillerinde we radiogepleşiklerde has aýdyň görmek bolýar. Şunda belli bir derejede rus diliniň hem täsiri bar.

Sözlem agzalarynyň galdyrylyp ulanylyşy. Şu mesele türkmen dialektleriniň hemmesi üçin umumy bolup, ýörite üns berilmegine mynasypdyr. Sözlem agzalarynyň galdyrylyp ulanylyşy gepleşik dilinde örän giň ýaýrapdyr. Muny türkmen diliniň sintaktik gurluşynyň kämilleşýändigi bilen düşündirmek bolar. Dil öz serişdelerinden tygşytly peýdalanylýar. Sözlemde bir düşünjäni aňlatmak üçin iki ýa köp serişde bolsa, şolaryň haýsy-da bolsa biri alynýar. Şunluk bilen, köpsüzlikden dynylýar hem sözlem ýeňilleşip, pikir aňlatmak aňsatlaşýar. Bu ýagdaý has köpräk birinji, ikinji, üçünji ýöňkemeler bilen baglanyşykly ýüze çykýar. Habar degişli ýöňkeme goşulmalaryny kabul edip gelende, hereketiň haýsy şahsa degişlidigini bildirýäni üçin, sözlemiň eýesi galdyrylyp ulanylyp bilner. Meselem: **Meň gъa:vunmy ha:ladyňmy?** (sar.) diýen sözlemde **sen**, **Gъazygъ pukъto sarady** diýende bolsa, **ol** sözleri galdyrylyp ulynylypdyr. **– Sukъtymysyn, sa:rykъ? – di:p**

so:ry:du:r diýen mysalda bolsa iki sözlemiň hem eýesi getirilmändir. Emma olaryň kimdigi, hereketiň haýsy şahsa degişlidigi ýöňkeme goşulmalaryndan belli bolýar.

Edil şunuň ýaly, aýyklanýan sözde degişlilik goşulmalary bolsa, oňa eýelik edýän at çalyşmalary köplenç galdyrylyp ulanylýarlar. Mysal üçin, **Iýşim ça:ý bola:ýo:r** ýa-da **Eliň giýji:du:my?** (sar.) diýen sözlemlerde **iýşim, eliň** sözlerini aýyklap gelýän eýelik aýyrgyçlary galdyrylypdyr. Şu mysallarda olaryň geregi hem ýok. Sebäbi **meniň iýşim, seniň eliň** diýenden, ýöne **iýşim, eliň** diýmek amatly. Olaryň kime degişlidigi bolsa yzlaryndaky degişlilik goşulmalaryndan aňlanylýar. **– Aýagъyň ýalaňaç şapala:p ýöňsiň? - diýdim** (sar.) diýen sözlemde hem **seniň, sen, men** ýaly birnäçe söz taşlanyp, sözler has tygşytlanypdyr.

Bu mysallarda birinji, ikinji, üçünji ýöňkemelere degişli ýa eýelik aýyrgyjy sözlemiň içinde getirilmese-de, olaryň ýerini degişli ýöňkeme goşulmalary tutýar. Emma bular has göze görnüp duranlary. N. K. Dmitriýew [1] görkezmegine görä, bularyň has çylşyrymly ýagdaýlarda galdyrylyp ulanylyşyna hem duş gelinýär. Munda birinji, ikinji, üçünji ýöňkemelerde hereket edýän şahslar formal taýdan görkezilmän, olar dürli logiki kombinasiýalaryň esasynda kontekstden aňlanylýarlar. Mysal üçin, **Ýorgъaňy satçak-my?** diýen sözlemde eýe getirilmändir. Emma şonuň ikinji ýöňkemä degişli şahsdygy **ýorgъa:ňy** (<seniň ýorgaňy) diýen sözdäki degişlilik goşulmasyndan aňlanylýar: **Eý, ba:wa, muny satçak-my?** diýen sözlemde bolsa eýäniň sendigi **eý, ba:wa** diýen ýüz tutma sözden belli bolýar. **Uýany berjek-täl** diýen sözlemde bolsa ýokarkylaryň hiç birisi hem ýok. Şeýle-de bolsa, şunuň birinji şahsa degişlidigini bilmek bolýar. Sebäbi bu gepleşikden alnypdyr. Öň ýanyndaky sorag sözleminde **sen** gelýär. şoňa görä bu sözlemiň maňa degişlidigi belli.

[1] Н. К. Дмитриев. Язык туркменских сказок Марыйского района//Туркменские народные сказки Москва – Ленинград, 1954, сах. 54.

Şunuň yzyndan gelýän **Ony maňa bermeli** diýen sözlemiň bolsa eýesiniň sendigine logiki taýdan düşünilýär.

Göräýmäge, şu sözlemlerde eýäniň kimdigini bildirýän grammatik serişdeler ýok. Şonuň üçin hem bu hili sözlemler adatça umumy ýörelge boýunça eýesi näbelli sözlemlere goşulyp goýberilýär. Emma hakykat-da kontekstden bularyň hem kimdigini bilmek bolýar.

Umuman, dilde eýe aňlanylmasa ýa onuň haýsy şahsa degişlidigi belli bolmasa, ol galdyrylyp ulanylmaýar. Munuň özi pikiriň anyk ýüze çykarylmagyna päsgel bererdi. Şonuň üçin hem eýe ýa sözlemiň beýleki agzalary zerur bolan halatda galdyrylman ulanylýarlar.

Sözlem agzalarynyň galdyrylyp ulanylyşy aýratyn hem gepleşikde köp duş gelýär. Munda sözlemiň bir agzasy däl-de, bir wagtyň özünde birnäçe agzasy hem galdyrylyp bilner. Sebäbi olaryň hemmesi öň ýanyndaky sözlemde getirilýär. Gürrüňiň näme barada gidýäni belli. Şonuň üçin öňki sözlemdäki ähli sözleri gaýtalyp oturman, diňleýji diňe gereklisini aýdýar. Galdyrylan sözleriň manysy bolsa kontekstden ýüze çykýar:

Ondo men:

- **Ata, erteki gün bizem şyny görörismi? – diýdim. Ata:m:**
- **Görörsiň – diýdi** (sar.).

Görnüşi ýaly, ikinji sözlemde birnäçe söz birbada taşlanypdyr. Emma munuň bilen sözlemiň manysyna zeper etmän, gaýta, ol ýeňňilleşipdir, şol bir sözleriň ikinji sapar gaýtalanmagyndan dynylypdyr.

Goşma sözlemler

Düzmeli goşma sözlem. Türkmen dialektlerinde soýuzsyz we soýuzly düzmeli goşma sözlemleriň ikisine-de gabat gelinýär. Her niçik-de bolsa, soýuzsyz düzmeli gşoma sözlemleriň has köpräk ulanylýandygyny bellemek mümkin. Meselem: **A:dam a:damnan gъutular, a:dam pä:linnen gъutulmoz, Baýagъam a:ldadaňyz, ony:ňam haýyrmakъ - diýdi** (sar.).

Birinji sözlemdäki obýekt goşma sözlemiň ikinji komponentinde eýe bolup gelende, ol sözlemiň içinde getirilmän hem biler. Meselem: **Gözümi sançd(y)rdymam veli:n, köpmödi** (sar.).

Sözlemiň obýekti birinji sözlemde gelnde, gürrüňiň näme barada gidýäni belli bolany üçin, beýleki sözlemlerde gelmän hem biler. Meselem: **Myny hamy:r edip, tamd(y)ra ýapty – düştü, ýapty – düştü, ýa:r(y)sy kül woldy** (sar.).

Şunda düzmeli goşma sözlemi hasyl edýän ýönekeý sözlemler ýygnak sözlemi şekilinde gelip, diňe eýe bilen habardan ybarat bolýar. Emma **ýapty-düştü, ýaty-düştü** diýende bolsa, eýe hem galdyrylyp ulanylypdyr. Onuň kimdigi, nämedigi öňki sözlemlerden belli bolýar.

Türkmen dialektlerinde düzmeli goşma sözlemlere derek köpräk aýry-aýry özbaşdak ýönekeý sözlemleriň ulanylyşyny görmek görmek bolýar. Bu hili sözlemlere birleşip, edebi dilde, köplenç, düzmeli goşma sözlemleriň üsti bilen berilýär. Mysal üçin, **Da:ra:p ş orda:ny almakъlygъa mi:l etti. Myňa hat ýo:llody** (sar.) diýen sözlemlerde ugurdaş pikir aňlanylýar. Şoňa görä bu iki sözlemi birikdirip, **Darap şu ordany almaklyga meýil etdi we muňa hat ýollady** diýmek hem mümkin.

Bulardan başga-da, düzmeli goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemler bir-biri bilen soýuzlaryň üsti bilen baglanyşman, köplenç, soýuzsyz baglanyşýarlar. Olaryň hyzmaty bolsa sözlemleriň tertibi, içki baglanyşyk arkaly ýüze çykarylýar. Meselem: **B(i)r depek kürrä:m ma:r, d(i)rji:ni ýa:z d(y)rano: kъ** (sar.). Eger şuny edebi dilde aýtjak bolsa: **Bir depek kürräm bar weli dirjini** (welosipedi) **ýazdyranok diýerdik**. Emma türkmen dialektlerinde düzmeli goşma sözlemleriň baglaýjyly ulanylyşy çäkli bolup, tersine, soýuzsyz ýa soýuzy galdyrylyp ulanylyşyna köp duş gelinýär. Umuman, gepleşik dilinde düzmeli goşma sözlemlerden aňlanylýan pikiriň ýönekeý sözlemleriň üsti bilen berlişi has ýörgünlidir.

Eýerjeňli goşma sözlem. Eýerjeňli goşma sözlemdäki baglanyşyk hem köplenç aýyklaýjy agzalary ýada salýar. Aýyklaýky

agzalar öz baglanýan sözünden öň gelýän bolsalar, eýerjeň sözlemler hem baş sözleme baglanyp, şonuň öňünden gelýärler. Ýöne türkmen dialektlerinde bu kada aýyklaýjy agzalarda bozulyşy ýaly, eýerjeňli goşma sözlemlerde hem saklanmaýar. Gepleşik dilinde eýerjeň sözlem baş sözlemden soň hem getirilip bilner. Meselem: **Gъarry w(i) gwün geçi:ni alykъ kъaldy. Çopon meň keçi:mi sagъo:r di:p. Ikisä:m durdy. B(i)r demmiz alaly! di:p** (sar.).

Bu köplenç eýerjeň sözlem, ýokarky ýaly başganyň sözi şekilinde gelende, şeýle bolýar. Ýöne şu tertipde baglanyşmak wagt, şert ýaly başga-da birnäçe eýerjeň sözlemlere hem degişlidir. Meselem: **Ama:n düýn geldi, gъaraňkъy düşende. Agъşama: warar(y)s, eger, ýagъyş ýagъmasa** (teke).

Eýerjeňli goşma sözlemlerde sözleriň tertibinde hem käbir üýtgeşme ýüze çykýar. Mysal üçin, baş sözlemiň eýesi sözlemiň ahyrynda hem gelip biler: **Indi pa:şşa:larny ça:gъ(y)ryp, ýa:nna getirdi. Da:ra:p. – Ja:i werene ja:ý wo:r –diýdiler vezi:rler** (sar.).

Şert eýerjeň sözlemiň habary özüne baglanýan sözden öň gelip, sözleriň tertibi bozulýar. **Isgender aýtgy:**

– Eger giçi gъuş wasa:sa uly gъuşy, biz Da:ra:w wasar(y)s – diýdi münneççi:mlerine (sar.).

Eýerjeňli goşma sözlemleriň hem dargadylyp, düzmeli goşma sözlem, has takygy, aýry-aýry ýönekeý sözlem görnüşinde aňladylyşy bar. Meselem: **Emma Isgender gördi, Da:ra:p ha:ldan gidipt(i)r** (sar.). Şunda iki sany ýönekeý sözlem bar. Olary bile hem aýry-aýrylykda hem ulanmak mümkin. Göräýmäge, bular aýry-aýry özbaşdak sözlem ýaly. Ikinji bir tarapdandan, düzmeli goşma sözlemleri ýada salýar. Emma içgin äňetseň, bularyň biri beýlekisine garaşly. Muny edebi dilde **Darabyň haldan gidenini Isgender gördi** diýip üýtgetmek boljak. Görnüşi ýaly, munda baş sözlem – **Isgender gördi**, eýerjeň sözlem bolsa **Da:ra:p ha:ldan gidipt(i)r**. Manysy boýunça doldurgyç eýerjeň sözlemi bolýar.

Gepleşik dilinde şu hili sözlemler, köplenç, ortak işlik öwrümleri bilen berlip, baş sözlemiň aýyrgyjy, doldurgyjy şekilinde

duýulýarlar. Meselem: **Ba:gъ edeniň ene-atasy ölermiş diýerler. – Diýä:niň çyza:nna ýawy çyzamajagъ eken – diýdi. Onsoň aýtmaly boldy-da, ýaňkъy ryçagъyň ni:rden çykъanny** (sar.).

Türkmen dialektlerinde wagt eýerjeň sözleminiň habary degişli ýöňkeme, düşüm goşulmalaryny kabul eden öten zaman ortak işliklerinden bolup gelende, köplenç, gysgalan görnüşinde ýüze çykýar: **- Men daşyny berkimä:msoň, ma:l za:ýala:r – diýdim. – Seniň gъarra:nsoň, zo:m kö:rlügiň bomaz – diýdi. – heý, ata:myň vezi:rleri! Da:ra:p meni alanda, boýnumda ha:m(y)la gъaldy. B(i)r da:gъa gelemde, mennen m(i)r ogъlon moldy** (sar.).

LEKSIKA

Dialektleriň sözlük düzümi barada maglumat

Dialektleriň sözlük sostawy barada gürrüň edende, ozaly bilen onuň umumy we tapawutlanýan taraplary barada durup geçmek gerek. Dialektleriň leksikasynyň umumy tarapy san taýdan onuň aýratynlyklaryndan ep-esli agdyklyk edýär. Ol diňe san taýdan köp bolman, hil taýdan hem tapawutlanýar. Belli bolşy ýaly, dialektleriň leksikasynyň umumy taraplary sözlük sostawynyň özenine, esasy ugurlaryna aralaşýan bolsa, leksik aýratynlyklar oňa has ýüzleýräk degip geçýärler. Şoňa görä dildäki asyl sözleriň köpüsi dialektleriň umumy taraplaryna degişli bolup, hemme gepleşikler üçin birdir. Muňa mysal edip, **ot, çöp, ma:l, ja:ý, ýer** ýaly atlary, **a: kъ, gö:k, a:jy, süýji** ýaly sypatlary, **b(i)r, iki, üç** ýaly sanlary, **"al, gel, gör, git** ýaly işlikleri we beýleki söz toparlaryna degişli başga-da ençeme sözleri görkezmek mümkin. Bu hili sözler belli bir dialekte degişli bolman, edebi dil üçin hem dialektleriň hemmesi üçin hem ortalykdyr. Şunlukda, bular san taýdan hem, hil taýdan hem, leksik aýratynlyklardan tapawutlanyp, diliň sözlük sostawynyň esasy maýasyny emele getirýärler. Bu bolsa dialektleriň umumyhalk diline tabynlygyndan gelip çykýar we leksik aýratynlyklaryň köpelmegine mümkinçilik bermeýär.

Dialekt ayratynlyklar has köpräk durmuşyň, oba hojalygyň, hünärmençiligiň aýry-aýry ugurlaryna degişli ulanylýan sözlerde duş

gelýärler. Mysal üçin, **ýer, suv** dialektleriň hemmesinde meňzeş ulanylýar. Emma işikde daňlyp bakylýan goýna teke dialektinde **ba:gъgъoýun**, saryk dialektinde **ba:gъy**, ärasary dialektinde bolsa **bö:rdeki** diýilýär.

Käbir sözler edebi dilde ulanylmasa-da, belli bir dialekte mahsus bolman, dialektleriň birnäçesinde duş gelýär. bu hem belli bir derejede dialektleriň arasyndaky umumylygy aňladýar. bularyň aslynyň birligi bolsa şol umumylygy tassyklaýar. Mysal üçin, **na:n** sözi saryk, salyr, ärsary, ýomut ýaly türkmen dialektleriniň köpüsinde ulanylýar. Emma teke dialektiniň ahal gepleşiginde muňa **çörek** sözi deň gelýär. Emma muňa garamazdan, **na:n** sözi edebi dile hem giripdir. Salyr dialektinde ulanylýan **zamarrykъ, erre, sepçe** ýaly telim sözleriň türkmen diliniň nohur, ärsary, saryk ýaly birnäçe dialektlerinde duş gelýänini inkär etmek bolmaz. Şu ýerden bolsa haýsy-da bolsa bir dialektde duş gelýän aýratynlyk, beýleki dialektler öwrenilmezden, diňe şol dialekte mahsusdyr diýen netije çykaryp bolmajakdygy düşnüklidir. Türkmen dialektlerinde ýüze çykýan aýratynlyklaryň köpüsi belli bir dialekte däl-de, gepleşikleriň köpüsi üçin häsiýetlidir. Ýöne şu umumylyk hemme dialektleriň arasynda birmeňzeş ýüze çykmaýar. Bu dialektleriň gelip çykyşy, başyndan geçiren taryhy-ykdysady şertleri bilen baglanyşykly düşündirilýär. Mysal üçin, teke, ýomut dialektlerine garanda, saryk, salyr, ärsary, olam, sakar dialektleriniň arasynda umumylyk güýçlüdir. Aýratyn hem soňky üüçsiniň leksikasyndaky sözleriň köpüsi bir. Sebäbi bular uzak döwürleriň dowamynda Gündogar Türkmenistanda goňşulykda ýaşap, bir güzeran görüpdirler. Meseläniň taryhy gelip çykyşyny almanymyzda hem, dialekt wekilleriniň uzak asyrlar dowamynda goňşulykda ýaşap, bir-birleri bilen aragatnaşyk etmekleri olaryň dillerinde, aýratyn hem leksikasynda köp umumylygyň ýüze çykmagyna alyp barýar. Mysal üçin, **ha:m, höjök, kö:lçe, pürs, gö:ş** ýaly köp mukdardaky sözler ýokarda agzalan dialektleriň hemmesinde duş gelýär.

Emma şunuň bilen birlikde, dialektiň özi üçin häsiýetli sözler hem bolýar. Elbetde, beýle sözler köp däl. Her niçik-de bolsa, bu hili sözler, esasasn, şol dialekte mahsus bolup, edebi dilde we beýleki dialektlerde duş gelmeýär ýa-da örän seýrek duş gelýär. bular şol dialekti edebi dilden we beýleki dialektlerden tapawutlandyrmaga hyzmat edýär. Mysal üçin, olam dialektinde ulanylýan **da:da** – uly gyz dogan, **tövöre** – boýra, **döň** –depe, **şaha** – çarşak, **dükçe** – bişmedik erik, **ýaňakъ** – hoz, **allagъu:ry** – alaka ýaly birnäçe sözler, esasan, şol dialekte häsiýetli bolup, beýleki dialektlerde, şeýle hem edebi dilde duş gelmeýär diýen ýalydyr.

Dialektleriň sözlük düzüminde duş gelýän aýratynlyklaryň hili, möçberi hemme gepleşiklerde birmeňzeş däl. Mysal üçin, teke dialektiniň leksikasy beýleki dialektlere garanda edebi dile golaýdyr. Sebäbi bu gepleşik edebi diliň esasynda ýatýany üçin, onuň leksikasynyň esasy bölegi edebi dile ornaşypdyr. Şoňa görä ýomut, ärsary dialektlerine garanda, onuň leksikasynda juda az aýratynlygyň ýüze çykýandygy bellidir.

Leksik aýratynlyklaryň hili, mukdary dialektleriň haýsy topara degişlidigine hem baglydyr. Oguz toparyna girýän dialektlerde ýüze çykýan aýratynlyklar gypjak toparyna garanda has azdyr. Bu olaryň gelip çykyşy, başyndan geçiren taryhy şertleri bilen baglanyşykly düşündirilip bilner.

Gypjak toparyna girýän dialektleriň leksik aýratynlyklary diňe bir san taýdan artykmaçlygy bilen tapawutlanman, hil taýdan türki dilleriň gypjak toparyna degişli dil aýratynlyklaryny özlerinde saklandyklary bilen hem tapawutlanýarlar. Muňa oguz toparynda duş gelmeýän, **äkä, ýäznä, ämäki, bäçä, hala** (çärj.) ýaly maşgala aragatnaşygynda ulanylýan köp sözler mysal bolup bilerler.

Gypjak toparyna girän nohur dialektinde ulanylýan birnäçe sözleriň manysyna düşünmek hem kyn. Mysal üçin, **Titini baýnyja salyp terpetip gъoveriň** sözlemiň **Çagany sallançaga salyp üwräp goýberiň** diýen manyda gelenini, biri aýtmasa, biler ýaly hem däl.

Elbetde, beýleki dialektlerde, şol sanda oguz şiwesinde hem käbir düşnüksiz sözler duş gelýär. ýöne şunuň ýaly sözler dialektlerde onçakly köp däldir, köp sözleriň manysyny sözlemde ýa kontekstde aňryşmak mümkin. Leksik aýratynlyklaryň köpüsi **asta – ýuvoş, a:nna – juma** ýaly sinonimdeş sözlerden bolup, bir dialektde ilkinjisi, ikinji bir dialektde soňkusy aktiw ulanylýar. Muňa garamazdan, olaryň manysy dialektleriň ikisinde hem aňlanylýar.

Türkmen leksikasynda taryhy gatlaklar

Türkmen dialektleriniň leksikasyna taryhy tarapyndan seretseň, onda jemgyýetiň irki döwürlerine degişli köp terminleriň saklanyp galanyny görmek bolýar. Aýratyn hem dialektlerde garyndaşlyk terminologiýasy has ösüpdir. Bu bolsa türkmenkleriň arasynda tä Oktýabr rewolýusiýasyna çenli taýpa-urugçylyk gatnaşyklarynyň berk saklanyp galmagy bilen düşündirilýär. Garyndaşlyk gatnaşygyny görkezýän sözleriň dialektler bir-birlerinden düýpli suratda tapawutlanýarlar. Mysal üçin, oguz toparyna girýän dialektlerde **agъa, iki, da:ýy, daýza** ýaly sözler ulanylýan bolsa, gypjak toparynda, öňde bellenilişi ýaly, **äkä, ükä, ýäznä, hala** kimin bütinleý üýtgeşik sözler duş gelýärler.

Garyndaşlyk bildirýän sözlerde aýratynlyk diňe iki toparyň: oguz hem gypjak toparlaryna girýän dialektleriň arasynda ýüze çykman, belli bir toparyň içinde hem gabat gelýär. Ýöne bu, ýokarky ýaly, düýpden nätänyş sözler bolman, köpräk tanyş ýa sinonimdeş sözleriň başgarak manyda ulanylmagy netijesinde ýüze çykýar. Mysal üçin, **ene** sözi teke dialektinde we edebi dilde, esasan, kakaň ejesine aýdylýar. Emma şu söz saryk, ärsary dialektinde **eje** sözüniň manysynda ulanylýar. Teke dialektinde we edebi dilde **eje** diýip özüňden uly aýal doganyňa hem ýüzlenýär. Hormat goýmak bilen baglanyşykly ulanylanda, beýleki aýallara degişli hem aýdylyp bilner. Şuňa derek salyr dialektinde **apa**, ärsary dialektinde **eke**, sakar dialektinde **bi:wi** sözleri ulanylýarlar. Şu sözler ösüňden uly doganyň aýalyna ýüzlenip aýdylanda hem getirilýär. Ýöne bularyň öňünden **gelin** sözi artdyrylýar. Meselem teke dialektinde **gelneje** (<gelin-eje),

salyr dialektinde **kelapa** (<kelin-apa), ärsary dialektinde hem **keleke**//kelneke (kelin-eke) ýaly ulanylýarlar.

Öňki wagtda garyndaşlyk alamaty **kъa:kъa, ata-ba:wa** ýaly – yza hem **ogъul, agътykъ, çovlukъ, ýuvlukъ...** ýaly öňe tarap arkama-arka yzarlanypdyr. Häzirki wagtda, köne adamlar bolaýmasa, garyndaşlyk görkezýän sözleriň birnäçesine düşünmek hem aňsat däl.

Dialektleriň sözlük sostawynda yslam dininiň ýetiren täsiri hem duýulýar. Dialektlerde her dürli dini düşünjeleri aňladýan sözlere duş gelmek bolýar. Mysal üçin, saryk dialektinde **bulgъur bermek, niýa:z bermek** ýaly sözler din bilen baglanyşykly ulanylýarlar. Dialektlerde duş gelýän **ziýa:rat, haç, sapar, baýram** ýaly sözleriň hem dini öwüşgini bilen ulanylanyny bellemek gerek. Emma häzirki wagtda bu sözleriň birnäçesi ulanylyşykdan galypdyr. **Sapar, baýram** ýaly sözleriň manysy üýtgäp, täze mana geçipdir.

Leksik aýratynlyklaryň hilleri

Dialekt aýratynlyklaryny **deňeşdirip bolýan** hem **deňeşdirip bolmaýan** diýen iki topara bölüp görkezmek amatlydyr. **Deňeşdirilmeýän leksik aýratynlyklaryň** bir dialektde bolup, beýleki dialektlerde ýa-da edebi dilde bolmazlygy mümkin. Şoňa görä bulary deňeşdirmek mümkin bolmaýar. Bulara dialekt wekilleriniň etnik, geografik we önümçilik aýratynlyklary bilen baglanyşykly ýüze çykýan leksik aýratynlyklar degişlidir. Mysal üçin, saryk, ärsary dialektlerinde **geştek** diýen söz ulanylýar. Munda on-ýigrimi adam ýygnanyşyp, her gün biri üýşmeleň edýär. Şu düşünje beýleki dialektleriň wekillerinde bolmany üçin, olarda şu söz ýok. Mundan hem başga, ärsary dialektinde **şö:la:t** (<şöhla:t) diýen nahar bar. Bu ýürek, bagyr diýen ýaly her dürli etden kerçgelip, goýnuň içaýagyna dolanyp taýýarlanýar. Şeýle nahar beýleki dialektleriň köpüsinde ýok. Şonuň üçin ady hem ulanylmaýar.

Ärsary dialektinde we Amyderýa ýakasyna ýaşaýan beýleki türkmenleriň gepleşiklerinde **ysyrgъa** sözi ulanylýar. Bu burna dakylýan kümüş halkany aňladýar. beýleki dialektlerde burna ysyrga dakmak däbi ýok. Şoňa görä bu termin olaryň dilinde ulanylmaýar.

Edil şunuň ýaly, ärsarylarda “güýçgiýöv” diýen söz bar. Munuň manysy şeýle. Gyz durmuşa çykanda, oglanyň öýünde ýaşaman, oglan gyzyň öýüne getirilýär. Ol gyzyň enesiniň öýünde ýaşap, hem giýewiň, hem ogluň ýerini tutýar. Bu köplenç biriniň ogly bolman, ýeke gyzy bolanda, şeýle edilýär. Munda galyň-zat alynmaýar.

Ärsarylarda ýene-de **haşar** ýa **bakъyşykъ** diýen oňat däp bar. Munda köpçülik bolup, biriniň jaýyny salyşmaga ýa başga bir möhüm işini edişmäge kömekleşýärler. Şu däpler progressiw häsiýete eýe bolany üçin, olar ýok bolman, eýsem biziň günlerimizde öňküden hem beter ösdürilýär. Öň bir ýa birnäçe taýpa üçin häsiýetli bolan bolsa, indi olar bütin türkmen halkynyň arasynda giňden ornaşýarlar.

Ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde ulanylýan **iştykъma** (iç+dykma) naharynyň ady hem, özi hem beýleki dialektlerde duş gelmeýär. Bu palawa meňzeş özboluşly nahar bolup, sakarbalagyň ýa beýleki bir guşuň içine dürli-dümen ir-iýmişler salnyp taýýarlanýar.

Dialektleriň ýerleşýän ýeri, geografik aýratynlyklary bilen baglanyşykly sözler ulanylýarlar. Mysal üçin, Tagtabazar raýony dag ýakasynda ýerleşýäni üçin, **saý** (iki baýryň aralygyndaky boşluk), **saýkesme** (şol boşlugyň kesişýän ýeri), **gerdene** (ýoluň ýokary galýan bölegi) ýaly geografik terminler, **gъamakъ, ezgen, gъ(y)lwyr** ýaly ot-çöpleriň, **otý(y)la:n, s(y)luvsar** ýaly mör-möjekleriň atlary duş gelýärler.

Şunuň ýaly mysallaryň her bir dialektden getirmek mümkin. Amyderýanyň orta akymynda, Çärjew sebitlerinde **meýne** diýen guş bar. Şu guş Türkmenistanyň beýleki raýonlarynda duş gelmeýär. Şonuň üçin ol ýerlerde ýaşaýan türkmenleriň **meýnä:niň** nämedigini bilmezligi mümkin.

Dialektleriň sözlük düzümi durmuş, önümçilik, zähmet bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Bular bolsa dialektleriň hemmesinde meňzeş däl. Mysal üçin, maldarçylyk gadymy döwürlerden bäri türkmen dialektleriniň hemmesinde birmeňzeşräk ösen hem bolsa, maldarçylyk üçin oňaýly bolan Garagum ýakasynda ýaşaýan teke,

saryk, salyr ýaly dialektleriň wekilleriniň dilinde şuňa degişli terminler köp ulanylýarlar. Oňa derek bu dialektlerde balykçylyga degişli terminler örän az ulanylýar. Sebäbi bu ýerlerde uly deňiz, derýalar bolmany üçin, olar **lakъkъa** bilen **teňňeden** başga balygyň adyny bilenoklar.

Emma Amyderýa ýakasynda ýaşaýan türkmenler **söven, bekre, gämideşer...** ýaly balygyň on-on bäşe golaý, Hazar ýakasynda ýaşaýan ýomutlar bolsa, **bekre, ti:ra:na, dokъy, gъarabalyk, si:le, kefir, takъgъa:z, çafakъ, ýa:ýyn, tön, a: kъba: lykъ, maňňalça, müňňürt, kefirçekde, ýyla:nba:lykъ...** ýaly ýigrimi-ýigrimi bäşe golaý adyny bilýärler.

Bulardan başga-da, ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde **sä:lik, gъadalga, a:kъ, gъaňrakъ, basagъa** ýaly, balyk tutmaga degişli gurallaryň atlary, deňze, deňiz transportyna, onda ýaşaýan guşlara degişli dürli terminler ulanylýar.

Nohur türkmenleriniň ýaşaýan ýerlerinde ekerançylyk üçin amatly ýeriň, suwuň ýetmezçilik edýäni üçin, suwly ýerdäki ekilen üzümler kem-kemden gazylyp, daga tarap çykarylýar. Şuňa bolsa **pyrhänç etmek** diýip at berýärler. Şeýle usul arkaly üzüm ýetişdirilmeýäni üçin, bu terminiň beýleki dialektlerde bolmazlygy kanuny zatdyr.

Teke dialektiniň mary gepleşigi pagtaçylyga we käbir bag-bakja ekinlerine degişli sözleriň köp ulanylýany bilen ahal gepleşiginden tapawutlanýar. Mälim bolşy ýaly, mary oazise gadymdan bäri ekerançylyk üçin has amatly ýer hasaplanypdyr. Munda ince süýümli ýüpek pagta ýetişdirilýär. Şoňa görä Mary gepleşiginde pagtaçylyga degişli terminleriň has köp ulanylýandygyny bellemek gerek.

Bulardan başga-da, Mary etrabynda hünärmentçilik ir wagtlardan bäri giň gerim bilen ösüpdir. Agaç, demir, kümüş, geýim-gejim, aýakgap, telpek ussaçylygyna degişli örän köp terminler bar. Diňe bir aýakgap ussaçylygyna degişli **sagъry, boýnokъ, ha:m, etek,**

ýamyz, içigö:k, şo:rokъy, çerim, ülňü ýaly segsene golaý söz getirmek mümkin.

Kümüşçilik, şaý-sep, geýim atlaryny bildirýän sözler hem mary gepleşiginde has köp ulanylýar. Mysal üçin, şaý-sep atlaryny görkezmek üçin teke dialektinde **gö:njük, gö:wöklük, eginlik, heýkel, tumor, ýeňselik, gъursokъço** ýaly ýüze ýakyn söz ulanylýar. Şularyň hemmesi diýen ýaly hut şol ýerleriň dükanlarynda işlenip taýýarlanypdyr.

Mary gepleşiginde örän baý keşde-nagyş atlary bar. Keçä, hala salynýan **gъyragъara, gъyzylçy:wykъ, gъaraçy:wykъ, eňek, zynjyra, tumor, tumorgül**, gelin gyzlaryň köýneginiň ýakasyna, içki geýimlerine salynýan **gъaýma, a:laja, siňirme, erikgül, almagül, bä:şö:rüm, kewelejik**, tahýa salynýan, **pökküje, suňşukъ-süňşük, köj(ü)me, tegwent, sekizkeşte** ýaly keşde-nagyş atlary sanardan köp. Bulardan hem başga, sandyk-şkaflaryň, torba-çuwallaryň, gap-çanaklaryň, her dürli küýzeleriň we ş.m. ýüzlerine salynýan nagyşlar hem ýörite öwrenilmäge mynasypdyr. Elbetde, bularyň tematik taýdan toparlary bölünişi şertlidir. Sebäbi şol bir keşdäniň ýa nagşyň dürli toparlarda bolmagy hem mümkin. Gelin-gyzlaryň geýimlerine degişli keşdeleriň käbiri keçä ýa hala salynýarlar. Tersine, keçä, hala salynýan nagyşlaryň käbiri geýimlerde ulanylyp bilner.

Murgap, Amyderýa ýakalarynda ýer-suw, pagtaçylyk, ýüpekçilik bilen baglanyşykly sözler köp ulanykýan bolsa, ahal gepleşigi bagçylyga, üzümçilige degişli terminlere baý.

Edebi dilde **geliotrop, zemlýanika, ryžik, ukrop, şipownik** ýaly her dürli ot-ösümlik atlarynyň türkmençe adyny tapmak kyn. Emma nohur dialektinde "geliotrop – **lüti**, zemlýanika – **dele**, ryžik – adyýaman, ukrop – badyýan, şipownik – **itburun**" ýaly ýörite sözler bilen aňladylýarlar. Şu hili sözler professional leksika degişli bolup, haýsy dialektde bolmagyna garamazdan, zerurlyk bolan ýagdaýynda, edebi dile girip bilerler. Şunlukda, edebi diliň esasynda haýsy-da bolsa bir dialekt ýatýan hem bolsa, onuň sözlük sostawyny zerur sözler bilen baýlaşdyrmakda beýleki dialektleriň hem goşanda bardyr.

Deňeşdirilýän leksik aýratynlyklar bolanda, edebi dilde olaryň ekwiwalentini tapmak mümkinçiligi bolýar. Bularyň **leksik, semantik, aksentologik, fonetik, morfologik, sintaktik** diýen ýaly dürli görnüşleri bar. Bir düşünjäniň aýry-aýry sözler bilen aňladylmagyna sözlük ýa aýratynlyk diýilýär. Mysal üçin, saryk dialektinde ulanylýan **astar, arkъan, bakъyr, jeýre, mo:jukъ, pa:ry:makъ, pä:kiýze, süpürmek, yramakъ, süpürgi** ýaly düşünjeleri aňlatmak üçin teke dialektinde we edebi dilde **içlik, ýüp, taňka, oklukirpi, ýaramaz, ýaramak, arassa, syrmak, üwremek, sübse** ýaly sözler ulanylýarlar.

Munuň özi, bir tarapdan, **arkъan:ýüp** ýaly sinonimdeş sözleriň hasabyna ýüze çykýan bolsa, ikinji tarapdan, bir düşünjäni atlandyrmaga dürlüçe çemeleşýändiginden gelip çykýar. Mysal üçin, ýabyň kiçiräk görnüşini aňlatmak üçin teke dialektiniň mary gepleşiginde **salma** sözi ulanylýar. Şu düşünjäni aňlatmak üçin saryk dialektinde **gъoljukъ**, ärsary dialektinde bolsa **şah** sözleri hyzmat edýärler. Görnüşi ýaly, bir düşünjäni aňlamatmak üçin **salma**, **gъoljykъ, şah** ýaly üç söz ulanylypdyr. Geliň şularyň nähili esasda ýüze çykyna syn edeliň. Many taýdan şularyň hemmesi meňzeş bolup şol bir düşünjäni aňlatmaga gatnaşýarlar. Bulary tapawudy şol bir düşünjäni aňlatmaga dürlüçe çemeleşýändiginden ybaratdyr.

Mälim bolşy ýaly, **salma** sözi **salmak** işliginden bolup, bir bitewi zada, ýagny ýaba salmagy aňladýar. Muňa ýakyn manyda ýomut dialektinde **sokъma** sözüniň ulanylýandygyny bellemek gerek.

Gъoljukъ sözüniň asly **gъol** bolup, **-jukъ** kiçeltmegi aňladýan goşulmadyr. Manysy boýunça bir bitewi zatdan (göwreden), ýagny ňapdan aýrylýan goly, bölegi aňladýar. şu ýerde meňzeşlik esasynda swetofora hem **gъol** diýilýändigini ýatlamak bolar.

Şah sözüniň asly parsça bolup, bitewi zadyň bölegini, şahasyny bildirýär. Muny aýdyň göz öňüne getirmek üçin **agajyň şahasy** ýa-da **sygryň şahy** diýen söz düzümlerindäki **şaha, şah** sözleriniň manysyna syn etmek ýeterlikdir. Bulardan başga-da **ýabak** manysynda ulanylýan saryk dialektindäki **duvşaha**, olam

dialektindäki **şaha**, mary gepleşigindäki **çarşak (> ça:şah> çaharşah,** ýagny **dörtdiş)** sözleriniň manysyna salgylanmak bolar. Şunlukda, söz ýasalyşynda **salma** sözünde – hereket, **gъoljukъ** sözünde – meňzeşlik, **şah** sözünde bolsa bölünmek, şaha aýyrmak göz öňünde tutulypdyr.

Syýa sormal üçin ulanylýan kagyza edebi dilde we teke dialektiniň mary gepleşiginde **basgъyç** diýilýär. Türkmen diliniň saryk, ärsary dialektlerinde şuny aňlatmak üçin **so:rgъuç** sözy hyzmat edýär. Birinjisinde basmak hereketi göz öňünde tutulýan bolsa, ikinjisinde onuň ýerine ýetirýän hyzmaty nazara alnýar. Sinonim görnüşinde şu hili sözleriň ikisi hem edebi dilde ulanylyp bilner.

Käbir sinonimdeş sözleriň biri bir dialektde, beýlekisi başga bir dialektde aktiw ulanylýar. Mysal üçin, teke dialektiniň mary gepleşiginde **şü püllö, bö:rük, gъaýtarma, na:n, bürünç, kükürt, gъulojun, gъoçokъ, ha-sa, tal, za:vut, ýa: ъ, äkel, possun, güzör, somso** ýaly sözler has köp ulanylýan bolsalar, ahal gepleşiginde **hä:zir\\şu(h)t, tahýa, çuvolgъy:z, çörök, tüvü, o:tluçöp, tüvö, uly, marly, sövüt, çigit ýa: gъ, getir, içmek, olum, gъuta:p** szöleriniň ulanylyşy aktiwdir. Käwagtlar şol bir gepleşigiň içinde hem bir düşünjäniň her obada bir hili aňladylyşyna ýa-da bir sözüň aktiw, beýlekisiniň passiw ulanylyşyna duş gelinýär. Mysal üçin, ahal gepleşiginde **gъuýgъuç** sözi has aktiw ulanylyp, **gъyýpy** sözi şol manyda birneme seýrek duş gelýär. köplenç, şol gepleşikde agajyň daşky örtügine **gъa:bykъ** diýilýän-de bolsa, azrak **po:so** ýaly aýdylyşy hem bar.

Leksik tapawutlar ýeke aýratynlykda alnan sözlerde ýüze çykman, durnukly söz düzümlerinde, idiomalarda, ewfemizmlerde hem duş gelýärler.

Edebi dilde we teke dialektinde **sarym gaýnaýar** diýilýär. Şu düşünje saryk dialektinde **zerdä:m çogъo:r**, ärsary dialektinde **zerdä:m köýýo:r** ýaly başga sözleriň üsti bilen aňladylýar. Emma şularyň manysy bir. **Sary** türkmençe bolsa, **zerde** hem pars dilinde

sary diýmekdir. Şu dialektlerde **sary suw** ýerine **zarda:p** (<zerd-ab) sözüniň ulanylýany bellidir. **Gaýnamakъ, çogъmakъ, köýmek** sözleri bolsa manydaş bolup, biri beýlekisiniň ýerine gelip biler.

Bulardan başga-da, saryk dialektinde **ät galdyrmak** ýerine **damakъ etmek, ýüregime düşdi** ýerine **ýüregim aş boldy, ýatdan çykypdyr** ýerine **ö:kötön çykъypt(y)r, gutly bolsun** ýerine **müwä:rek//mä:rek (bolsun), öýe garşy ökjäni göterdi** ýerine **öýe gъarşy düvdek boldy, gönüm açyldy** ýerine **kewşim açyldy, aradan çykmak** ýerine **ýylmanmakъ, jaýlanmak** ýerine **ýerlenmek** ýaly her dürli durnukly söz düzümleriniň, ewfemizmleriň ulanylyşyny görkezmek bolar.

Durnukly söz düzümlerinde haýsy-da bolsa bir sözüň tapawutlanmagy hem mümkin. Mysal üçin, edebi dilde we teke dialektinde **bije atmak** diýilse, ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde **çek atmakъ** ýaly ulanylýar. Şonuň üçin hem **Bijeli oglan aglamaz** ýerine günbatar gepleşiklerde **Çekli ogъlan çekremez** diýlip aýdylýar.

Semantik aýratynlyk bolanda, sözleriň manysynda tapawut ýüze çykýar. Edebi dil we dialektleriň köpüsi üçin umumy bolan sözler käbir dialektlerde aýry-aýry maňa eýe bolup, öňki manylaryndan daşlaşýarlar ýa bolmasa şoňa golaý manyda ulanylýarlar. Ýöne her niçik-de bolsa, sözlerdäki ýüze çykýan many tapawudy tötänleýin bolman, belli bir kanunalaýyklykda emele gelýär. Munuň esasy sebäbi sözleriň many tarapynyň ösüşidir. Belli bolşy ýaly, birnäçe sözler köpmanylylyk netijesinde öňki aňladýan manylary bilen manylylyk netijesinde öňki aňladýan manylary bilen bir hatarda, täze manylarda hem ulanylýarlar. Sözleriň manysynyň ösüşi bolsa hemme dialektlerde birden gitmeýär. Birinde bir söz öňki manysyndan daşlaşyp, täze mana geçen bolsa, beýlekisinde şol söz henizem ozalky manysynda ulanylýar.

Sözleriň manysyndaky duş gelýän aýratynlyklar dürli häsiýetde bolup bilerler. Edebi dilde giň manyda ulanylýan sözler dialektlerde dar manyda gelip bilerler. Mysal üçin, **çörek** sözi edebi dilde we teke

dialektiniň ahal gepleşiginde giň manyda, ýagny “nan” sözüniň manysynda ulanylýar. Emma şu sözr saryk dialektinde we mary gepleşiginde **Na:nyň ňaptalynnan ýekeje çörögöm ýaptym** ýaly dar manyda ulanylyp, nanyň kiçiräk görnüşini aňladýar.

Şeýle aýratynlyk diňe bir edebi dil bilen dialektiň arasynda duş gelmän, dialektleriň öz arasynda hem ýüze çykaýr. Mysal üçin, **degirmen** sözi ahal gepleşiginde hemme degirmenleri öz içine alýan bolsa, mary gepleşiginde ol ýeke el degirmeni üçin ulanylýar, iri degirmenler **haraz** diýlip atlandyrylýar.

Dialektlerde giň manyda ulanylýan sözler edebi dilde dar manyda gelýärler. Saryk dialektinde “matal” (erteki hem matal), **ma:ma** (kakasynyň we ejesiniň ejelerine hem göbek enesine aýdylaýr), **ba:wa** (ejesiniň we kakasyň kakalaryna aýdylýar) **kükürt** (kükürt hem otluçöp) ýaly sözler giň manyda ulanylýandygy bilen edebi dilden we beýleki käbir dialektlerden tapawutlanýarlar. Bularyň manysy bir-birine ýakyn bolany üçin, şol bir söz umumylykda iki düşünjäni hem aňladyp bilýär. Mysal üçin, matal bilen erteki bir-birine golaý bolsa, ejesiniň we kakasynyň ejeleri hem ugurdaşdyr. **Kükürt** sözünde bolsa organiki baglanyşyk bar. **Kükürt** magdan manysynda gelýän bolsa, şol magdanyň işlenip taýýarlanan önümine hem şonuň ady geçýär. Şunlukda, bir sözüň üsti bilen iki düşünje aňlanylýar. Edebi dilde bolsa bularyň her biri üçin aýratyn söz ulanylýar.

Käbir sözleriň umumy manyda ulanylmagy jyns aýratynlygy bilen hem baglanyşyklydyr. mälim bolşy ýaly, türkmen dilinde jyns aňlatmak güýçli ösmändir. Diňe käbir maşgala aragatnaşygynda ulanylýan sözlerde we olara degişli geýim-gejim atlarynda jyns taýdan tapawutlandyryp görkezmek häsiýeti bar. Emma şunuň özi birnäçe dialektlerde häzir hem jyns taýdan tapawutlandyrylman, umumy görnüşde duş gelýär. mysal üçin, saryk dialektinde **iýa** (< uýa), **jo:ro** sözleri aýal hem erkek jynsyna degişli ulanylýarlar. **Iýa** diýip özünden kiçi gyz hem erkek doganyňa aýdylýar. **Jo:ro** bolsa jora hem dost kek doganypa aýdylýar. Emma käbir dialektlerde

bularyň her haýsy üçin aýry-aýry sözler ulanylýarlar. Mysal üçin, gökleň dialektinde aýal dogana **gъy:ýzýa\\ gъy:za,** erkek dogana hem **gъardaş** diýilýär. Edebi dilde bolsa bular, köplenç, **dogan** sözünden öň jyns aýratynlygyny bildirýän "aýal, erkek" ýaly sözleriň getirilmegi bilen aňladylýar.

Ogъlan sözi ärsary dialektinde jyns taýdan oňly bölünişmän, erkek hem aýal jynsyna degişli ulanylýar. Şunda onuň öňünden jyns aýratynlygyny bildirýän **erkek** ýa **gъy:z** sözleri getirilýär. Meselem: **erkek ogъlan, gъyz ogъlan.**

"Oglan" sözüniň iki jyns üçin hem ulanylmagy has gadymy bolup, onuň haýsy jynsa degişlidigi öňündäki sözden aňladylypdyr. Mysal üçin, "Leýli - Mejnun" dessanynda:

Gyz oglanam, uýalaram gitmäge,
Ýarym ýitirmişem, kimden soraýyn?

Andalyp. Leýli-Mejnun. 50 s.

şekilinde **oglan** sözi iki jyns üçin hem hyzmat edipdir. Emma häzirki zaman türkmen dilinde **oglan** sözüniň manysy konkretleşip, esasan, **erkek jynsly** çagany, **ogul çagany** bildirýär[1].

Mary gepleşiginde we saryk dialektinde ulanylýan **bö:rük** sözi hem jyns taýdan bölünişmän, aýalyň hem erkegiň börügini görkezmek üçin ulanylýar. Sebäbi aslynda aýal hem erkek geýimleriniň atlary bölünmän, ikisi üçin hem şol bir sözler hyzmat edipdir. Olar bir-birlerinden tapawutlandyryljak bolnanda, öňde aýdyşymyz ýaly, jyns aýratynlygyny görkezýän sözler getirilipdir. Ýöne ýokarky söz edebi dilde we ahal gepleşiginde diňe aýallaryň börügini aňladyp, erkekleriňki üçin "tahýa" ulanylýar. Şeýlelik bilen, bu sözüň manysy bölünişip, haýsy jynsa degişliligi taýdan konkertleşipdir.

[1] Türkmen diliniň sözlügi (TSSR YA-nyň korrespondent çleni M. Ý. Hamzaýewiň umumy redaksiýasy bilen). Aşgabat, 1962, sah. 480.

Käbir sözler meňzeşlik esasynda başga predmetlere geçmek bilen hem asylky manylaryndan daşlaşýarlar. **Çüňk** sözi aslynda guşuň çüňküni aňladypdyr. Emma şu söz meňzeşlik boýunça nohur dialektinde tamyň öňe çykyp duran künjegine hem aýdylýar. Şol dialektdäki **baýyr** sözüniň **diwar** manysynda ulanylmagy hem şolaryň manysynyň umumylylygyndan, ýagny ikisiniň hem belentlik aňladylýanyndan gelip çykýar.

Birnäçe sözleriň manysy giňelip, öňkä ýakyn manylarda ulanylýarlar. Salyr dialektinde **peşgeş** sözüniň **biderek; uzamakъ** sözüniň **ugramak** ýaly manylarda ulanylmagy şunuň bilen düşüdirilip bilner. **Peşgeş** sözüniň asylky manysy – **sylag, mügt bermek. Biderek** sözüniň manysy hem şular bilen ugurdaşdyr. **Uzamakъ - ugramak** sözleriniň ,manysy hem bir-birine gaty ýakyn bolup, bir tarapa çekilmegi, gönükmegi aňladýar. şonuň üçin bularyň bir-biriniň ýerini tutmagy tebigy zatdyr.

Dialektlerde käbir sözler asylky manysynda duş gelýärler. Edebi dilde we beýleki käbir dialektlerde ol sözler başga mana geçipdirler ýa täze many öwüşginini alypdyrlar. **Gonamçylyn** sözi edebi dilde we teke dialektinde "öwlüýä" manysynda ulanylýar. Emma salyr dialektinde şu söz hem "gonmak" sözünden bolup, "düşelge" manysynda ulanylypdyr. Emma salyr dialektinde şu söz wagtlaýyn oturmaga çykylýan ýeri bildirýär. Şunuň asly hem **gonmak** sözünden bolup, **düşelge** manysynda ulanylypdyr. Bu söz diňe soňki döwürlerede **öwlüýä** sözüniň obrazly aňlatmasy şekilinde dini öwügin alypdyr.

Mör-möjekleriň atlarynda hem biriniň ýerine beýlekisiniň çalşyrylyp ulanylyşyna duş gelinýär. Ähtimal, bu, olaryň bir topara degişli bolany üçin, gelip çykyşynda hem atlandyrylyşynda umumylygyň barlygy sebäpli bolmagy mümkin. **Çyýbyn** sözi salyr, ärasyr, sakar, olam dialektlerinde we dörtgül gepleşiklerinde **siňek** manysynda ulanylýar. Edebi dilde bolsa "çybyn" öz hakyky manysynda ulanylyp, saryk dialektindäki **peşşe** sözüniň sininomi bolup gelýär. ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde **teşe** sözüniň

– **kerki, derýa** sözüniň **deňiz** manysynda ulanylmagy hem edil şunuň ýalydyr.

Aslynda **derýa** sözi pars dilinde **(darýa)**[1] görnüşinde ulanylyp, **deňiz** hem **uly derýa** manylaryny aňladyp gelýär. Hatda şol dilde -**därýäçe-**[2] sözüniň **köl** manysynda ulanylýandygyny hem bellemek gerek. Görnüşi ýaly, **derýa, deňiz, köl** sözlerini aňlatmak üçin aslynda şol bir sözüň ulanylyp, diňe wagtyň geçmegi bilen, olaryň manysy bölünişipdir we olaryň her birini aňlatmak üçin aýratyn söz ulanylypdyr.

Käbir sözleriň manysy golaý bolany üçin, bir-biriniň ýlerine çalşyrylyp ulanylyp biler. Mysal üçin, ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde **naha:** sözi – **gymmat, gъy:mat** hem **baha** manysynda ulanylýar.

Sözleriň arasyndaky many tapawudy metonimiýa ýoly bilen hem ýüze çykmagy mümkin. Munda bir söz hakyky manysynda ulanylman, gaýtadan atlandyrma netijesinde özi bilen gös-göni baglanyşykly sözüň manysynda gelýär. mälim bolşy ýaly, edebi dilde **meýit** diýlip, ölen adamyň jesedine aýdylýar. Şony salmak üçin ýasalan gaba bolsa **tabyt** diýilýär. Emma salyr dialektinde **meýit** wepat bolanyň jesedini aňlatman, ony salmak üçin gurnalan **tabyt** manysynda ulanylýar.

Dörtgül gepleşiklerinde **lampa** (çyra) sözüniň "kerosin" (nebitýag) manysynda ulanylyşyn gabat gelinýär. Meselem: **Çyralara lampa gъuýduňyzmy?** Bularyň nähili baglanyşygy barka? Kerosinsiz çyranyň ýanmaýany belli. **Lampa** diýlende – **kerosin**, **kerosin** diýlende hem, **lampanyň** göz öňüne gelýäni düşnüklidir. Munuň aslynda **lampa maý** (çyra ýagy) ýaly ulanylyp, soň **maý** sözüniň düşüp galan bolmagy ähtimaldyr. Şol gepleşiklerde **gowaça ekmek, gurçuk tutmak** ýerine "pagta ekmek, pile tutmak" ýaly, ekin,

[1] Персидско-русский словарь, составил проф. Б. В. Миллер, Москва, 1960, сах. 216.
[2] Şol ýerde, sah. 126.

tohum atlaryna derek olaryň hasylynyň getirilip ulanylmagy hem ýokarka kybapdaşdyr.

Dialektlerde ulanylýan sözleriň birnäçesiniň manysy edebi dildäki garşylykly ýüze çykmagy hem mümkin. Emma şeýle bolsa-da, olaryň manysynda nähili-de bolsa bir umumylygyň bardygyny ýüze çykarmak boljak. Mysal üçin, **gödek** sözi saryk, ärsary, olam ýaly birnäçe dialektlerde oaňat manyda ulanylyp, **ýaş, ýetginjek** diýen ýaly manylarda gelýär. edebi dilde we teke dialektinde munuň erbet manysy bar. Edepsiz, zoňtar adama **gödek** diýilýär.

Teke dialektinde **ýaş, ýetginjek** sözleriniň manysynda **ja:hyl** sözi işledilýär. Ol häzir, esasan, oňat manyda ulanylýar. Emma şu söz hem Magtymgulynyň: **Alymlara uýsaň, açylar gözüň; Jahyllara uýsaň, kördek bolar sen** diýen setirlerinden belli bolşyna görä, öň ýaramaz manyda getirilipdir.

Eýsem bir sözüň garşylylykly manyda ulanylmagyny näme bilen düşündirmek bolar? Bularyň arasynda many umumylygy barmyka? Göreýmäge, bu sözleriň garşylykly manylary hem manysynda umumylyk, içki baglanyşyk duýulýar. **Gödek, jahyl** sözleriniň asylky manysynyň ýaramaz bomagy mümkin. Bular ynsanyň iň ter, hiç zady piňine almaýan ýaşlyk döwürine degişli obrazly aňlatma hökmünde soň ýüze çykypdyr. Häzir edebi dilde **gödek** sözi ýaramaz manyda ulanylaýn bolsa, **jahyl** sözi, esasan, gowy manyda gelýär.

Şunlukda, aýry-aýry sözleriň täze mana geçmegi bilen, öňki manysynyň bütinleý ýitip gitmegi hem mümkin. Häzirki zaman türkmen dilinde **jahyl** sözüniň erbet manysy ýitip, onuň täze oňaýly manysy saklanyp galypdyr. Edebi dilde bu söz **ýigitlik ýaşyndaky, heniz orta ýaşa ýetmedik, ýigit**[1] ýaly manylarda ulanylýar.

Käbir sözleriň bolsa aslynda umumy manyda ulanylyp, soň olaryň manysynyň bölünişen bolmagy mümkin. Mysal üçin, **aýdym**

[1] Türkmen diliniň sözlügi (TSSR YA-nyň korrespondent çleni M. Ý. Hamzaýewiň umumy redaksiýasy bilen). Aşgabat, 1962, sah. 307.

diýip edebi dilde toýda-tomaşada ýerine ýetirilýän aýdyma düşünilse, stawropol gepleşiginde adam ölende, diňe aýallar tarapyndan ýerine ýetirilýän tragiki aýdym aňlanylýar. Görnüşi ýaly, manysy gapma-garşylykly. Emma aýdym aslynda ýasda hem, toýda-da hem aýdylypdyr. Häzir hem türkmenleriň arasynda ýa aýdymlarynyň saklanyň galanyny görmek bolýar. Diýmek, bularyň aslynda garşylyk ýok. Garşylyk şol sözüň manysynyň daralmagy netijesinde soň ýüze çykypdyr.

Türkmen dialektlerinde ulanylýan **ýaman** sözüniň soňky oňaýly manysy bilen bir hatarda, onuň asylky "erbet" manysy hem saklanypdyr. Mysal üçin **O w(i)r içigъara ýaman a:dam** (sar.) diýende, "ýaman" sözi otrisatel manyda gelýär. **Oň başarmy:jakъ za:dy bolmoz, ol gъaty ýaman a:dam** (sar.) diýen mysalda hem položitel manyda gelip, **başarjaň** sözüniň sinonimi bolýar. Şunuň **örän** ýaly güýçlendiriji kömekçiniň ýerine ulanylyşyna hem gabat gelinýär. Meselem: **Ýaman gъovy ýerde ýerleştik** (sar.).

Edebi dilde we teke dialektinde položitel manyda ulanylýan **ýaýnamak** sözi hem ýomut, ärsary, saryk, salyr, olam ýaly dialektleriň köpüsinde otrisatel manyda, ýagny **çürkenmek, çykgynsyz güne düşmek** ýaly manylarda gelýär. edebi dilde we teke dialektinde bolsa munuň **şatlanmak, ýaýramak, gülüp oýnamak** ýaly manysy bar. Bu hem aslynda şatlanmak hem kösenmek sözleriniň obrazly aňlatmasy bolup, hem položitel, hem otrisatel manylarda ulanylypdyr.

Käbir sözleriň konkret manysy sözlem içinde, aýry-aýry söz düzümlerinde gelende belli bolýar. Mysal üçin, saryk dialektinde tüwüden bişirilen süýtli aşy **iýjekmi** diýilmän, **içjekmi** diýip aýdylýar. Nohur dialektinde "çaý guýmak" ýerine **çaý dökmek, nahar guýmak** ýerine **nahar salmakъ** ýaly aýdylyşy hem şuňa mysal bolup biler.

Aksentologik aýratynlyk bolanda, aýry-aýry sesleriň basym taýdan tapawutlandyrylyp, çekilip, basylyp aýdylmagyna düşünilýär. Munda sözleriň aýdylyş äheňine degişli aýratynlyk ýüze çykýar.

Muňa mysal edip, saryk dialektinden **direktor”** ýerine **derekti:r//derekti:l,** ärsary dialektinden **ortasynda** ýerine **o:rtasynda, dagdan** ýerine **da:gъdan** ýaly sözleriň aýdylyşyny görkezmek bolar.

Dialektleriň sözlük düzümindäki sözler **fonetik taýdan** hem tapawutlanýarlar. Munda olaryň ses sostawy üýtgedilip aýdylýar. Meselem, **umydygär, maňyz, lybas, ury** ýaly sözler saryk dialektinde **imi:digъa:r, magъyz, lypa:s, oro** ýaly, ses taýdan tapawutlandyrylyp aýdylýarlar.

Edebi dilde we teke dialektinde ulanylýan **garpyz** sözi salyr dialektinde **harpyz,** ärsary, saryk dialektlerinde **tarpyz** ýaly dürli görnüşde duş gelýär.

Dialektlerde birnäçe sözler **morfologik üýtgeşmeler** bilen tapawutlanýarlar. Meselem: **güýzlük** ýerine **güýzek, demrew** ýerine **demretgi** (sar.), **ýygyrt** ýerine **ýygъyrdykъ** (ärs.).

Ahyrda bolsa, dialektleriň sözlük sostawynda **sintaksise degişli** käbir aýratynlyklaryň ýüze çykýanyny bellemek gerek. Bu sada sözlere derek goşma sözleriň ýa, tersine, goşma sözlere derek sada sözleriň ulanylmagy bilen baglanyşykly duş gelýär. Mysal üçin, saryk dialektinde **gantdan** ýerine **süýjüsalar, syryk** ýerine **serpikdürter, semirtgiç** ýerine **sem**(i)zot ýaly goşma sözleriň üsti bilen aňladylýar. Bu ýerde sözleriň aksentologik, fonetik, morfologik, sintaktik taýdan tapawutlandyrylyp ulanylyşy barada käbir mysal getirmek bilen çäklenýäris. Sebäbi olar barada dolurak maglumat degişli bölümlerde berilýär.

Dialektleriň leksikasynyň ösüşi

Türkmen dili ýaly, onuň dialektleriniň leksikasy hem içki we daşky resurslaryň hasabyna baýlaşýar. Içki resurslar morfologik, sintaktik, morfologik-sintaktik we semantik ýaly dürli söz ýasalyş ýollary degişli bolsa, daşky resurslara beýleki dillerden geçen sözler girýärler.

Morfologik ýol bilen täze sözleriň ýasalyşy türkmen dilinde has önümli bolup, ähli söz toparlary üçin häsiýetlidir: Türkmen

dialektlerinde **-çy, -çi, -la, -le** ýaly köp sanly söz ýasaýjy goşulmalaryň ulanyşyk gerimininiň giňelýänini aýratyn bellemek gerek[1]. Mysal üçin, atlardan işlik ýasaýan **-la, -le** goşulmasy saryk dialektinde käbir **oturyňly:wedi** (<oturyň+la+berdi) ýaly işlik formalarynyň yzyna hem goşulyp gelýär.

Sintaktik ýa sintaktik-morfologik ýol bilen söz ýasalyşy hem dialektlerde aktiw ulanylýar. Muňa goşma sözler degişlidir. Bular köplenç iki sözden ybarat bolup, täze manyly söz ýasalýarlar. Goşma sözleri hasyl edýän ýönekeý sözleriň özara gatnaşygyndan predmetip reňkini, bolşuny... **(gö:kkerrik, sa:ryçöp),** mukdaryny, tertibini **(Beşteşik, Üçünji gъatla),** köp ýerini **(Ýolworslygъ(y)r, Gъamakъlygъ(y)r),** meňzetmegi **(tekesakъkъal, gъuşgözi),** nämeden edilenini **(Da:şköpri, demirýa:wakъ),** nämä ýaradyljagyny **(si:magъaç, sa:bynçöp),** kime degişlidigini **(A:ýmakъýa:p, Gülüsta:ngerdene)**, ýerine ýetirýän hereketiniň, hyzmatyny **(da:şteşen, höjögöldi:r),** şertini (gissegelmez, görsöwa:tyr) görkezmek ýaly manylar gelip çykýar[2].

Bulardan başga-da, **alan-aldy, giden-gitti** ýaly bir zadyň gutarnykly ýüze çykýanyny, **kellewaşaýakъ**, **gъar(y)niçege** ýaly jemlemegi, **ýerzemi:n, müşekhalta** ýaly deň manyly sözlerden öňkä garanda konkret, täze manyly söz ýasamagy aňladýar.

Goşma sözlerdäki baglanyşyk aýyrgyçly **gyzylwaldakъ**, subýekt-predikatly **(ýeltozdy:r)** we obýekt-predikatly **(süýjüsalar)** söz düzümleri esasynda ýüze çykýar. **Gissegelmez, Görsöwa:tyr** ýaly eýerjeňli söz düzümüniň, **basywal(y)jy, gъa:wa:ppasty** ýaly hal işlikleriň, **eginmaş, kellewaşaýakъ** ýaly sözlerde intonasiýanyň üsti bilen goşma sözleriň baglanyşyna hem duş gelinýär.

---

[1] "-çy, -çi" goşulmasynyň hyzmaty barada "Atlaryň ýasalyşy" diýen bölüme serediň.

[2] Dialektleriň köpüsi üçin häsiýetli bolan mysallar şu ýerde hem geljekde, ady tutulmadyk ýerinde, saryk dialektinden getirilýär.

Semantik ýol täze sözleriň ýasalyşy hem türkmen dilinde we onuň dialektlerinde giň ýaýrapdyr. Munda sözleriň manysynyň ösüşi netijesinde bir söz birnäçe manyda ulanylýar. Bu, esasan, meňzetme hem metonimiýa arkaly ýüze çykýar.

Meňzetme arkaly ýüze çykanda, predmetiň daşky görnüşiniň **(göz: 1. adamyň gözi, 2. şkafyň, agajyň gözi, kelle: 1. adamyň kellesi, 2. kelemiň kellesi),** hyzmatynyň **(eşek: 1. münülýän eşek, 2. dutaryň taryny götermek üçin goýulýan çöp),** hereketiniň **(çalmak: 1. urmak, 2. saz almak, 3. goýnuň damagyny çalmak, 4. päkini çalmak, 5. reňk çalmak),** mukdarynyň **(gulak: 1. adamyň gulagy, 2. dutaryň gulagy),** ornunyň **(maňlaý: 1. adamyň maňlaýy, 2. öýün maňlaýy)** meňzeşligi göz öňünde tutulýar.

Metonomiýa ýoly bilen ýüze çykanda, bir zadyň hyzmaty **(1. Adamyň damagy, 2. Iýilýän damak, nahar),** materialy **(gamyş: 1. Ösümliginiň ady, 2. Öýüň gamşy),** hereketi **(bulamak: 1. Işligiň nämälim formasy, 2. Nahar ady),** gelip çykan ýeriniň ýa şol ýerde ýaşan adamyň ady bilen baglanyşykly dörän düşünjeler şol öňki ady bilen gaýtadan aňtlandyrylýarlar. Pendide bolan çaga **Pendi, Pendeli, Pendigъuly** diýen ýaly şol ýeriň ýa-da **Gъa:ýypnazarly o:wa, ha:nmä:metli tiýre** ýaly, şol ýerde ýaşan adamyň adynyň oba ýa tirä dakylmagy soňka mysal bolup biler.

Beýleki dillerden giren sözler barada gürrüň edilende, ozaly bilen, arap-eýran dillerinden geçen sözler barada durup geçmek gerek. Arap-eýran sözleri türkmen diliniň we onuň dialektleriniň sözlük sostawynyň ep-esli bölegini tutýar. Olar, esasan, **hüşür, ziýa:rat** ýaly dini düşünjeler, **şemhal, serhet** ýaly harby ugurlar, **mekdep, medrese** ýaly ylym-terbiýe, **sövda:, dükъa:n** ýaly söda-satyg, **mülk, deýha:n** ýaly ýer-suw, **piste, darahъt** ýaly ösüimlik, **aždarha, şagъal** haýwan, **kъa:zy, möhür** ýaly emel atlary we beýleki käbir durmuşy, abstrakt düşünjeler bilen baglanyşykly sözlerdir.

Türkmen dialektlerinde ýüze çykýan leksik aýratynlyklaryň belli bir bölegi arap-pars sözlerine degişlidir. Dialektleriň sözlük sostawyny baýlaşdyrmakda beýleki dillerden giren sözleriň hem roly

uludyr. Türkmen dialektlerindäki arap-pars sözleriniň hemmesini soňky döwürlerde kitap üsti bilen ýa bolmasa goňşy özbek, täjik, eýran, owgan dilleriniň täsiri bilen girendir diýip düşünmek bolmaz. Elbetde, bularyň ikisiniň hem täsiri bolandyr. Ýöne arap-pars elementleri bu dialektleriň leksikasynda gadymdan bäri ulanylyp gelipdir. Belki, prof. M. N. Hydyrowyň aýdyşy ýaly, türkmen diliniň döremeginde şu elementleriň gatnaşan bolmagy hem mümkin[1].

Türkmen dialektleriniň hemmesinde arap-pars sözleri birdeň ulanylmaýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň merkezi hem günbatar gepleşiklerine garanda, günorta we gündogar gepleşiklerinde arap-pars sözleri köpräk ulanylýar. Mysal üçin, saryk, salyr, ärsary, sakar, olam ýaly birnäçe dialektlerde **darahъt, duvşaha, bürünç, gö:ş, kükürt, na:n, hemsa:ýa, ha:m** ýaly köp sanly arap-pars sözleri ulanylýan bolsa, teke dialektiniň ahal gepleşiginde we edebi dilde bulara derek **agaç, ýabak, tüwi, et, otluçöp, çörek, goňşy, çig** ýaly türkmen sözleri ulanylýarlar.

Bulardan başga-da, sakar dialektinde **aba** (abu) – kaka, **dä:ri** (daru) – derman, **deb-debe** (däb-däbe) – galmagal, **gilgi:r** (del-giri) – gaty görmak, **debbä** (däbbe) – hamdan tiline ýag salnýan gap, **dä:liz** (dähliz) – koriaor, **herdemhyýa:l** (härdäm+hiýal) – atagzy, **a:şna** (aşna) – dost, **ber(i)k\\ber(i)g** (berg) – ýaprak, **zammyr** (zambur) – ary, **zerda:ly** (zerdalu) – erik, **my:h** (mih) – çüý, **setil** (sätl) – bedre, **hala** (hale) – daýza, **pyýa:z** (piýaz) - sogan ýaly ençeme arap-pars sözleriniň ulanylýanyny görkezmek gerek. Şularyň birnäçesi **a:lam, mä:limat** şekilinde olam dialektinde asylky bolşuna ýakyn ulanylsa, teke dialektinde we edebi dilde bu sözler **a:lem, magъlu:mat** görnüşinde üýtgäpdirler. Sakar dialektinde ulanylýan

[1] M. N. Hydyrow, Türkmen diliniň taryhyndan materiallar, Aşgabat, 1962, sah. 225-227.

ýah – buz, hediýe – sylag ýaly sözler bolsa asylky bolşuny saklapdyrlar[1].

Munuň tersine, dialektlerde arap-pars sözleriniň deregine türkmen sözleriniň ulanylyşyna hem gabat gelinýär. Nohur dialektinde arap-pars sözleriniň deregine has köp ulanylmagyna garamazdan, şu dialektde **aýna** deregine **üz görän, arassa suw** ýerine **güzgi ýaly suv, ser etmek** ýagny **ser salmak, ser aýlamak, gölemek** ýerine **bakъmakъ** ýaly türkmen sözleri getirilýär. Bu ýagdaý türkmen dialektleri bilen arap-eýran dilleriniň taryhy taýdan baglanyşykly bolandygyna şaýatlyk edýär. Şu baglanyşyk hem sinonimleriň ýüze çykmagynyň esasy çeşmelerinden biri bolupdyr. Bir dialektde türkmen sözleri köp ulanylsa, beýleki dialektde hut şol manyda arap-pars sözleri getirilýär. Käwagtlarda bolsa, mary gepleşigindäki ýaly **çarşakъ\\dörtdi:ş** görnüşinde bularyň ikisi hem ulanylýar.

Türkmen dialektlerindäki arap-pars sözleri, esasan, öňki döwürlerde giripdirler.

Türkmen diliniň we onuň dialektleriniň sözlük düzümi rus diliniň hasabyna baýlaşyp ugraýar. Elbetde, rus sözleri onda öňki asyrlarda hem azrak duş gelýärler. Ýöne olar örän ujypsyz bolmak bilen, käbir **çä:ýnek, sema:va:r, p(ü)rüstov, bolkaýnek** ýaly durmuşy hem emel atlaryny görkezýän sözlerden ybaratdyr.

Soňky döwürlerde giren sözler durmuşyň ähli ugurlaryna: döwlet gurluşy we edara atlaryna **(gъalho:z, savho:z)** oba hojalygy, söwda-transport, senagata **(b(i)rgъa:t, z(i)veno:, no:rmo, tarakъti:r), (tarakъti:l, ilikt(i)ri:s),** ylym, medeniýet, halk magaryfy, saglygy saklaýyş hem sporta **(him(i)ýa:, piýzikъa, duhъtor, kiýno, tiýa(y)r, ysport, sörövnöva:n(i)ýa:)** we beýleki ençeme ugurlara degişli bolup, dialektleriň fonetik kanunlaryna uýgunlaşypdyrlar.

[1] Şu sözleriň pars dilindäki ulanylyşyny deňeşdirip görmek üçin serediň: Персидско-русский словарь, составил проф. Б. В. Миллер, Москва, 1960.

Bu hili sözlerde ýüze çykýan fonetik özgerişleriň köpüsi dialektleriň hemmesi üçin häsiýetlidir. Oňa **w>v, f, b, w, p, m (belisoped>velsepi:t//völsepi:t, awtobus>aftowu:z, winzawod>bi:nza:vut//mi:nza:ot, sowet>sewet, ustaw>usta:p, wagon>va: gъu:n//magъu:n), f>p, f** (fabrika<**pawri:k//päwri:k,** tüfli<**tüfli**), s<s (sirk<**sirk**, sosializm>**sassali:z(i)m), ş>ş, ç** (şipçi>**şipsi,** şýotka>**çotgъo)**, ž>j (pružina>**purži:n**, kružok>**gъuržokъ**) ýaly degişli sesleriň çalşyrylyp ulanylmagy, parohod<**paraho:t,** klub>**gъ(y)lu:p** sözlerindäki **d, b** sesleriniň dymyklaşdyrylyp, sowet>**sewet,** maşina>**mäşşi:n** sözlerinde çekimlileriň assimilleşdirilip, zawod>**za:vut**, traktor>**tarakъi:r** ýaly sözlerde uzynlyk alyp, kommunizm > **kъamani:z(i)m**, passažir > **pasaji:r** ýaly sözlerde bolsa meňzeş sesleriň biriniň galdyrylyp aýdylmagy mysal bolup biler.

Emma, şunuň bilen birlikde, rus dilinden geçen sözlerde azda-kända her bir dialektiň häsiýetli fonetik aýratynlyklary hem öz beýanyny tapýar. Ýokarky sözler saryk dialektine degişli bolany sebäpli, sowet>**sewet**, maşina>**mäşşi:n**, traktor>**tarakъti:r** ýaly şol dialektiň özboluşly fonetik kanunlaryna laýyklykda aýdylýarlar. Şu sözler teke dialektinde has köpräk **sövöt, maşy:n, t(y)ra: kъt(y)r** görnüşinde ulanylýarlar. **Wagon, stansiýa, artist** sözleri teke dialektinde – **ma:gъu:n, assa:nsyýa:, arty:s**, ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde bolsa **vagъyn, ässä:nke, ärti:s** görnüşinde aýdylýarlar.

Emma, muňa garamazdan, türkmen dialektlerinde rus dilinden geçen sözleriň aýdylyşynda umumylyk has güýçli duýulýar. Bu umumylyk türkmen diliniň bitewiliginden gelip çykýar. Rus hem sowet internasional sözleri türkmen dialektlerine iki hili ýol bilen: gönüden-göni we edebi diliň üsti bilen giripdirler. Sözleriň haýsy edebi diliň üsti bilen, haýsysy bolsa rus diliniň üsti bilen gönüden-göni geçipdir, ony aýtmak ýeňil däl. Şeýle-de bolsa, edebi dilde ulanylmaýan **mo:s** (<**most**-köpri), **kъapu:st** (<**kapusta**-kelem), **yşkъu:l//yşhu:l** (<**şkola**-mekdep), **polovo:ýysta:n** (<**polewoý stan-**

meýdan düşelgesi) ýaly köp sözleriň rus dilinden gönüden-göni geçenini aýtmak boljak. Emma beýle diýmek bilen, edebi diliň roluny peseltmek bolmaz. Dialektlerde ulanylýan rus we sowet-internasional sözleriniň köpüsi edebi diliň üsti bilen giripdirler. Muňa edebi dilde ulanylýan **radiofikasiýa, telewideniýe, žurnal, kran** ýaly ýüzlerçe, müňlerçe rus sözleri, **zarpçy** (udarnik), **gurama** (organizasiýa), **saýlaw** (wybor), **radionokat** (radiotoçka) ýaly kalka ýoly bilen geçen sözler degişlidir.

Rus dilinden geçen sözler dialektleriň hemmesi üçin umumydyr. Türkmen dialektlerini bir-birine ýakynlaşdyrmakda, leksik aýratynlyklaryň azalmagynda şu umumylygyň aýratyn ähmiýeti bar.

Dialektleriň leksikasynyň ösüşi barada aýdylanda, arhaizmleriň, sinonimleriň, omonimleriň üstünde hem durup geçmek gerek.

Arhaizmler. Durmuşyň, ylmyň, medeniýetiň dyngysyz ösmegi bilen, türkmen dilinde we onuň dialektlerinde täze-täze sözler ýüze çykýarlar. Diňe kosmoşy özleşdirmek boýunça **kosmos, kosmonawtika, kosmonawt, kosmodrom** ýaly ýüzlerçe sözler döredi. Bu hili sözleriň dialektlere ornaşmagynda edebi diliň roly uludyr.

Şunuň bilen birlikde, birnäçe düşünjeleriň atlary könelişip, ulanylyşykdan galýarlar. Munuň sebäbi şol sözleriň aňladýan düşünjeleriň, predmetleriniň ulanylyşykdan galmagydyr. Bularа köne öý-goşlaryň, esbaplaryň, geýim-gejimleriň, şaý-sepleriň, atlary, emel, taýpa-tire, sosial bölünişigi, dini düşünjeleri görkezýän sözler, köne oba hojalyk gurallarynyň atlary, ölçeg aňladýan sözler, käbir oýun, nahar atlary we ş.m. degişlidir. Meselem: **körpe, g(i)lem, ýekta:ý, çalma, kemzo:l (ärs.), u:kъ, tä:rim, beg, töre, ýegre, bitli (teke), ro:za, niýa:z, bukъmon, gъuzlantgъy, semene** (sar.).

Türkmen dialektlerinde gadymy türki sözleriň saklanypň galan ýerleri bar. Mysal üçin, ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde **teri:ň** sözi **çuň** manyda ulanylyp, gadymy türki sözlere degişlidir. Şu söz Magtymgulynyň **Teriň derýa, haýbatyna guwanma; Wagtyň etse, gurym, ýer dek bolarsen** diýen setirlerinde hem gabat gelýär.

Gadymy türki ýazuw ýadigärliklerinde duşýan **javuk** [1] sözi saryk dialektinde **ýovukъ** görnüşinde ulanylyp, **ýakyn** manyda gelýär. Saryk dialektinde **Argъmakъ gъarry:sa – a:lnynnan** diýlip aýdylyşy bar. Şu nakyl häzirki türkmen dilinde **At garrasa - alnyndan** ýaly aýdylyp, **argъymakъ** sözüniň ýerini **at** tutupdyr.

Sinonimler. Türkmen dialektleri sinonimlere baý. Olar, esasan, iki çeşmäniň hasabyna ýüze çykýarlar. Bularyň biri-diliň içki serişdeleri. Ikinjisi bolsa beýleki dillerden giren sözler.

Sinonimler dialektleriň içki resurslarynyň hasabyna ýüze çykanda, sözleriň köpmanylylygy, göçme manyda ulanylmagy, ewfemizmler ýaly dürli leksik serişdelerden peýdalanylýar. Mysal üçin, ärsary dialektinde **kebze** sözüne derek köpräk **şa:na** ýa **pa:lbakъar** sözleri ulanylýarlar. Bir wagtlar jögüler şuňa garap pal bakýan ekenler. Şonuň üçin **şa:na** ýa **pa:lbakъar** adyny alan bolmagy mümkin. Sözleriň köpmanylylygy netijesinde **kürek** öz hakyky manysyndan başga-da, ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde **kebze** manysynda hem ulanylýar. Şu manyda teke, ärsary dialektlerinde **pi:lçe** sözüniň ulanylýanyny hem aýtmak gerek. Şeýlelikde, **kebze** sözüniň **şa:na, pa:lbakъar, kürek, pi:lçe** ýaly birnäçe sinonimleri bar. Şularyň hemmesi sözleriň manysynyň giňelmegi, täze manylarda ulanylmagy arkaly ýüze çykypdyr.

Türkmen dialektlerinde käbir ýakymsyzrak sözler birneme sypaýy sözler bilen çalşyrylyp aýdylýarlar. Mysal üçin, **öldi** diýmegiň ýerine **ýogъoldy, a:radan çykъty, gъutordy, üýtgedi, amanadyny tawşyrdy, dünýä:den ötgü, dünýä:ň a:zawynnan dy:ndy, bu dünýä: w(i)len hoşloşty, soňkъy ýo:luno ugъrody, vepa:t boldy** ýaly ençeme söz we söz düzümleri ulanylýarlar.

Teke dialektinde ýylana **uzy:n mö:jök** ýa **gъaýyş** diýilýär. Ärsarylarda muňa **uzy:n gъuýrukъ**, möjege hem **ja:nda:r** diýlip

[1] С. Е. Малов. Памятники древнетюркской письменности, Москва-Ленинград, 1951, сах. 386.

aýdylýar. Şu hili ewfemizmler hem sinonimleri baýlaşdyrmaga hyzmat edýärler.

Sinonimleriň ýüze çykmagynda söz düzümleri hem gatnaşyp bilerler. Mysal üçin, **ylgady** diýmegiň ýerine teke dialektinde **düňk ýasady, ökjä:ni götördü, ýelk ýasady, at saldy** ýaly söz düzümlerini getirmek bolar.

Sinonimdeş sözleriň hemmesi bir dialektde aktiw ulanylýandyr diýip düşünmeli däl. Olaryň biri bir dialektde aktiw ulanylsa, beýlekisi başga bir dialektde ýörgünli. Mysal üçin, **gözlemek** salyr dialektde aktiw ulanylýan bolsa, **seretmek** – mary gepleşiginde, **къaramakъ** – çärjew gepleşiklerinde köp duş gelýär. **Göle** edebi dil hem teke dialekti üçin häsiýetli bolsa, saryk, ärsary dialektlerinde – **höjök**, ýomut dialektinde hem **ta:na** ulanylýar. **Güzer, olum, ýasgъa** sözleri hem şunuň ýaly. Bularyň birinjisi – mary, ikinjisi – ahal, üçünjisi hem demirgazyk gepleşikleri üçin mahsusdyr. şeýle-de bolsa, bu sözleri haýsy-da bolsa bir dialekte mahsus diýip, beýleki dialektlerde ýa edebi dilde bütinleý ulanylmaýar diýmek bolmaz. Olaryň beýleki dialektlerde hem, edebi dilde hem duş gelmegi mümkin. Şoňa görä bu hili sözler umumyhalk häsiýetine eýe bolany üçin, sinonimleri baýlaşdyrýan çeşme hökmünde seredilip, gerekli ýerinde edebi dilde hem peýdalanylyp bilerler.

Sinonimler beýleki dillerden giren sözleriň hasabyna hem baýlaşýarlar. Şunda, öňi bilen, arap-pars sözleri barada gürrüň etmek gerek. Oktýabr rewolýusiýasyndan öňki döwürde türkmen dialektleriniň leksikasyna köp sanly arap-pars sözleri giripdirler. Olar türkmen sözleri bilen bir hatarda sinonim şekilinde ulanylýarlar. Häzirki wagtda olaryň haýsynyň arap-pars, haýsynyň türkmen sözdügini saýgarmak hem kyn. Muňa mysal edip, **gö:k, asma:n** sözlerini getirmek bolar. Şularyň birinjisi – türkmen, ikinjisi hem pars sözi. Emma şularyň ulanylyşynda köp parh goýulmaýar. **Berk, mä:kä:m, puhъta, jydamly** (sal.) ýaly sözler hem şuňa mysal bolup biler.

Şeýle-de bolsa, birnäçe sinonimleriň manysynda ýa ulanylyşynda aýratynlyk duýulýar. Muny **ýa:z, bahar** sözleriniň mysalynda görmek bolar. Teke dialektinde **ýa:z** sözi **bahara** garanda has köp ulanylýar. Ärsary dialektinde bolsa "bahar" öz manysynda ulanylyp, **ýa:z** sözi köplenç, **tomus** manyda düşünilýär.

Ýokarky mysallarda arap-pars sözleri degişli türkmen sözlerine sinonim bolup geldi. Sinonim arap-pars sözleriniň içinde hem bolup biler. Mysal üçin, **a:nna, juma:** sözleriniň ikisi hem bir manyda gelýär. Ýöne teke dialektinde **a:nna**, ärsary dialektinde bolsa **juma:** köp ulanylýar. Ärsary dialektinde şularyň tirkeşdirilip, **a:nnajuma:** ýaly ulanylyşy hem bar.

Sinonimleriň döremeginde rus dilinden giren sözleriň hem hyzmaty uly. Bu köplenç gepleşik arkaly geçýär. Muňa mysal edip, **mekdep-yşkъu:l, depder-titra:t, tahъta-do:sgъo, esgi-tyrýa:pgъa, bukъço-kъanvert** (teke) ýaly sözleriň ulanylyşyny görkezmek bolar. Özi hem, geň zat, türkmen sözlerinden rus sözleri aktiw ulanylýar. Bu olaryň many, ulanylyş aýratynlygy bilen hem baglydyr. Sebäbi türkmen dilinde we onnuň dialektlerinde **mekdep, depder, tahъta, esgi, bukço** (teke) sözleriniň başga, asylky manylary hem bar. **Mekdep** sözi köne mekdebi, **depder** bolsa umuman, ýazgy materiallary, kitaplary aňladypdyrlar. Mysal üçin, Magtymgulynyň: **Depderler içinde bir kitap gördüm – Kasasyl - enbiýa atly, ýaranlar** diýen setirlerinde "depder" sözi giň manyda ulanylypdyr.

Tahъta, esgi, bukъço sözleriniň hem manysy **dosgъo, tyrýa:pgъa, kъanvert** sözlerine garanda has giň. **Dosgъo** – hat ýazylýan tagtany, "**tyrýa:pgъa**" – şony süpürmek üçin ulanylýan esgini, **kъanvert** – hem hat iberilýän bukjany bildirýär.

Şeýlelikde, **tahъta, esgi, bukъça** sözleri umumy manyda ulanylsalar, **do:sgъo, tyrýa:pgъa, kъanvert** sözleri konkret manyda gelýärler. Soňkularyň gepleşik dilinde aktiw ulanylýanyny hem hut şunuň bilen düşündirmek mümkin. Edebi dilde bolsa **dosgъo, tyrýa:pgъa, kъanvert** ýaly soň ýüze çykan täze düşünjeler hem **tagta, esgi, bukja** ýaly köne sözleriň üsti bilen berilýär.

Ýöne, näme üçindir, **bedre** (<wedro) sözi edebi dilde we teke dialektinde şol görnüşde ornaşyp, ärsary dialektinde **setil, çeker,** dörtgül gepleşiklerinde **çelek** ýaly sözleriň üsti bilen berilýär. Bu hem olaryň manysynda azda-kände tapawudyň barlygyndan gelip çykan bolsa gerek.

Omonimler. Türkmen dialektlerinde omonimleriň ulanylyşy birmeňzeş däl. Ol her bir dialektiň leksik aýratynlyklaryndan gelip çykýar. Omonimleriň ýüze çykmagynyň üç çeşmesini görkezmek boljak. Olaryň birinjisi dialektleriň leksikasynyň öz içki resurslarynyň hasabyna ösüşi netijesinde ýüze çykýar. Munda sözleriň manysynyň ösüşi, giňelişi, olaryň manysyndaky umumylygyň, ýakynlygyň ýitmegi, söz toparlarynyň arasyndaky gatnaşyk we ş.m. göz öňünde tutulyp bilner. Mysal üçin, stawropol türkmenleriniň gepleşiginde **gъz:zan** sözi omonim bolup gelýär: **gъa:zan** 1 – nahar bişirmek üçin ulanylýar; **gъa:zan** 2 – bitewi hojalygy aňladýar. Aslynda şularyň manysynda umumylygyň bolmagy ähtimal. Sebäbi gъa:zanyň bir hojalykda biri bolupdyr. Şoňa görä **gъa:zan** diýlende, bir hojalygyň göz öňünde gelýändigi düşnüklidir. Şol gepleşikde iki sany **gö:wök** sözi bar. Olaryň biri adamyň göbegini aňlatsa, ikinjisi kiçijik tegelek çörege aýdylýar. Belki, şularyň arasynda hem aslynda umumylygyň bolmagy mümkin.

Emma häzirki wagtda olaryň arasyndaky umumylygy açyp bolmany üçin, bular hem omonim şekilinde duýulýarlar.

Gъalam sözi ýomut dialektiniň günbatar gepleşiklerinde we olam dialektinde omonim bolup ulanylýar. Günbatar gepleşiklerde hat ýazmak üçin ulanylýan gurala hem çemçä **gъalam** diýilýär. Olam dialektinde bolsa **gъalam** diýlip, ösümligiň bir görnüşine aýdylýar. Mary gepleşiginde "gъalamçemçe" diýlip, sinonimdeş sözleriň ikisi birlikde hem ulanylýar. Munda **çemçe** sözüniň manysy birneme konkretleşip, artelde ýasalan ýukajyk çemçä düşünilýär.

Olam dialektinde we dörtgül, mary gepleşiklerinde **bürünç** sözi metal hem **tüwi** manysynda ulanylýar. **Ýaňakъ** sözüniň hem olam dialektinde **hoz** manyda ulanylyşy bar. Ärsary, olam dialektlerinde

ten söz **endam** manysynda we **hiç** sözüni derek ulanylýar. Şu hili sözlerde many ýakynlygyny ýüze çykarmak ýeňil däl.

Omonimler beýleki dillerden giren sözleriň hasabyna hem ýüze çykýar. Muňa türkmen dilindäki we pars dilinden geçen **dil** sözleri mysal bolup biler. Türkmen dilindäki **dil** sözi göp organyny hem-de aragatnaşyk guralyny aňladýar. Eýran dillerden geçen **dil** sözi bolsa **ýürek** manyda arhaizmleşen görnüşde duş gelýär. bu sözleriň aslynda hiç hili ýakynlyk, umumylyk ýokdur. Bular diňe aýry-aýry dillerdäki sözleriň tötänleýin meňzeş gelmesidir.

Bu meňzeşlik sözleriň aslynda bolman, eýsem sesleriň taryhy taýdan çalyşmagy netijesinde ýüze çykypdyr. Mysal üçin, türkmen dilindäki **dil** sözi gadymy türki dillerde **til** görnüşinde dymyk **t** sesi bilen ulanylyp, soň oguz toparyna girýän türki dillerde, şol sanda türkmen dilinde **d** görnüşinde açyklaşypdyr. Şunuň netijesinde hem ol pars dilinden geçen **dil** sözüniň omonimi bolup gelýär.

Sözleriň arasyndaky meňzeşlik fonetik üýtgeşmeler arkaly hem ýüze çykyp biler. Şu hem omonimleri baýlaşdyrmagyň bir çeşmesidir. Mysal üçin, stawropol gepleşiginde **gъa:r** öz hakyky manysynda gelýär, ýagny bir görnüşini aňladýar. şunuň bilen birlikde, gazar-gazap manysynda ulanylýan **gъa:r** sözi bar. Şularyň aýdylyşy bir, sesdeş. Emma ikinji söz **gahar** sözüniň gysgalmagy netijesinde ýüze çykypdyr.

Dialektlere edebi diliň täsiri

Edebi diliň sözlük düzümini baýlaşdyrmakda dialektleriň uly ähmiýetiniň bardygy öň aýdylypdy. Emma dialektleriň leksikasyny baýlaşdyrmakda edebi diliň roly has hem uludyr.

Edebi diliň sözlük düzümi her bir dialektiňkiden has baý we köp taraplydyr. Şonuň üçin dialektleriň leksikasyna edebi diliň üsti bilen günsaýyn onlarça täze sözleriň aralaşýanyny unutmak bolmaz. Bularyň köpüsi türkmen edebi diliniň içki resurslarynyň hasabyna ýüze çykýan bolsa, ep-esli bölegi rus diliniň üsti bilen gönüden-göni geçýär.

Edebi diliň üsti bilen giren sözler türkmen dialektleriniň hemmesinde birmeňzeşräk bolup, olar ýerli aýratynlyklaryň ýitmegine alyp barýarlar. Şunda rus dilinden geçen sözlere aýratyn rol degişlidir. Olar belli bir dialekt üçin häsiýetli bolman, dialektleriň hemmesi üçin umumydyr. Şu umumylyk bolsa barha güýçlenip, türkmen dialektleriniň bir-birine ýakynlaşmagyny üpjün edýär.

Bular, esasan, dialektlerde öňden ulanylmaýan sözler bolup, olaryň sözlük sostawynyň üstüni ýetirýärler. Mysal üçin, **gъulp** (klub), **kertişge** (kartoşka), **pamado:r** (pomidor), **tewil** (tabel), **ismiýte** (smeta), **perme** (ferma), **siýlo:s** (silos), **pilek** (flýaga), **kerewa:t** (krowat), **ty:l** (tyl) ýaly ýüzlerçe sözler öň dialektlerde bolmany üçin, edebi diliň üsti bilen giripdirler. **Inedördül, uzaboýna** ýaly pagtaçylyga degişli terminler hem dialektleriň sözlük sostawyna edebi diliň üsti bilen aralaşypdyrlar.

Emma edebi diliň dialektlere täsiri ýeke munuň bilen gutarmaýar. Dialektlerde öňden ulanylýan sözlere derek hem edebi diliň üsti bilen köp sanly sözler girýärler. Bu adatça dialektdäki sözler edebi dildäki gabat gelmedik ýagdaýynda ýüze çykýar. Meselem: **as(i)ýa** – degirmen, **asta-ýuwaş, ahътarmakъ**-gözlemek, **bakъyr**-taňka, **bä:dereň**-hyýar, **gъadakъ**-penjek, **höjök**-göle, **şirini**-toşap, **şa:n**-ilik (sar.).

Bular dialektleriň leksikasyna giren dessine, öňki sözler bada-bat ulanylyşykdan galýandyr diýiň düşünmek bolmaz. Olar esli wagtlap edebi dilden geçen sözler bilen bir hatarda, sinonim görnüşinde ulanylýarlar. Soňy bilen edebi dilden geçen sözler aktiwleşip, dialekt sözleri passiw sözlüge geçip, kem-kemden ulanylyşykdan düşüp galýarlar. Şunda öňi bilen dialektlerdäki **a:s(i)ýa, gъadakъ, höjök** ýaly has belliräk, düşünmesi kyn leksik aýratynlyklar ýok bolýarlar. **Asta – ýuwaş, ena:ýy – geň, pa:rymly – ýaramly** ýaly, düşünmesi ýeňil sinonimdeş sözleriň düşüp galmasy ýokarka garanda has kyn bolup, köplenç halatlarda bularyň ikisi hem deň ulanylýar. Bu hili sözleriň sinonim görnüşinde ulanylmagy olaryň manysyna düşünmekde uly kynçylyk döretmeýär, gaýta,

dialektleriň sözlük sostawyny has hem baýlaşdyrýar. Bular ýaly sözleriň dialektleriň üsti bilen edebi dile girip, onuň leksikasyny baýlaşdyrmakda hem uly ähmiýetiniň bardygy düşnüklidir. Mysal üçin, G. Kulyýewiň "Ýowuz günler" romanynda **seretmek** sözüniň **esetmek, garamak, bakmak, nazar salmak, synlamak, gözüne gara ilmek, ser salmak, görmek, üşerilmek, çiňerilmek** ýaly telim sinonimi getirilipdir. Şu sözleriň dialektlerde ulanylyşy birmeňzeş däl. Emma, muňa garamazdan, olaryň hemmesi hem edebi dilde ulanylýar.

Sözleriň manysy bilen baglanyşykly ýüze çykýan aýratynlyklar hem tiz belli bolup, olaryň edebi dildäki ekwiwalentleri basym özleşdirilýär. Sebäbi sözleriň manysyndaky tapawut dogry düşünmäge päsgel berýär. Şonuň üçin olaryň edebi dildäki manysynyň öwrenilmegi zerur bolýar. Mysal üçin, ärsary dialektindäki **çyýwyn** sözüne derek edebi dilde **siňegiň** ulanylýany bellidir. Şoňa görä bu hili sözleriň manysynyň özleşidirilmegi onçakly kynçylyk döretmeýär. Şunlukda, leksik aýratynlyklar dialektleriň beýleki ugurlaryna garanda tiz ýok bolýar.

Edebi dil dialektleriň diňe leksikasyna täsir etmek bilen çäklenmän, obu grammatik gurluşyna we fonetik sistemasyna hem öz täsirini ýetirýär. Şunda ozaly bilen käbir belliräk grammatik aýratynlyklaryň ýitmek tendensiýasy has güýçli duýulýar. Mysal üçin dialektleriň esasy morfologik aýratynlygy häzirki zamanyň formalanyşyna degişlidir. Bu aýratynlyk hemmä belli bolany üçin, **alo:r** ýerine **alýar, gel(i)ýo:r** ýerine **gelýär** görnüşinde edebi dildäki ýaly ulanylyşyna häli-şindi duş gelmek bolýar.

Fonetik aýratynlyklar bulara garanda has durnukly bolup, olaryň azalmak prosesi birneme haýal bolup geçýär. Munuň sebäbini, birinjiden, olaryň gep organlary bilen berk baglanyşykly bolany bilen düşündirmek mümkin. Ikinjiden, munuň esasy sebäbini fonetik aýratynlyklaryň öräп inçeliginden gözlemek gerek. Käwagtlar sözleýän adam öz dilinde fonetik aýratynlyklaryň bardygyny bilmän galýar. Mysal üçin, saryk dialetiniň wekili **zyňyp** ýerine **zygъyp,**

gürrüň ýerine **gürreň** ýaly edebi dildäki sözleri nädogry aýdýanyny özi kän bir aňşyryp hem bilmeýär. Şonuň üçin hem bu hili aýratynlyklar uzak wagtlap saklanyp galýarlar. Emma, şeýle-de bolsa, edebi dilden geçen sözler we beýleki dil faktlary iş ýüzünde özleriniň artykmaçlyklaryny subut edip, dialekt aýratynlyklary kem-kemden gysyp çykarýarlar. Elbetde, muňa öz akymyna bolýan hereket hökmünde garamak nädogrydyr. Dialekt şertlerinde edebi diliň normalaryny ornaşdyrmakda, dialekt aýratynlyklary ýok etmekde mekdeplere, radio-telewideniýe, medeni aň-bilim edaralaryna aýratyn hyzmat degişlidir.

IV bap
Dialektleri öwrenmegiň usullary

Dialektleri öwrenmegiň usullary dürli hili bolup biler. Olardan belliräkleri syn etmek, anketa we dialekti başganyň ýazgylary boýunça öwrenmek usullarydyr[1]

Syn etmek usuly

Dialektleriň territorial we sosial taýdan bölünişigi

Dialektler öwrenilende, öňi bilen olaryň territorial we sosial taýdan bölünişini nazara almak gerek. Belli bolşy ýaly, dialektler hemme ýerde birmeňzeş däl. Olar territorial taýdan bölünişipdirler. Mysal üçin, Maryda ýaşaýan tekeler bilen Ahaldakylaryň gepleşiginde territorial häsiýetli birnäçe aýratynlyklar duş gelýärler. Şu hili aýratynlyklar has irden bäri bölek oturan demirgazyk we günbatar ýomutlarynyň gepleşiklerinde hem kän. Şu mynasybetli, derňelýän gepleşigiň ýerleşýän territoriýasyny, onuň beýleki dialektler bilen araçägini, näwagtdan bäri şol ýerde ýaşaýanyny, öň nirelerde oturanyny oňat öwrenmek gerek.

Emma, şunuň bilen birlikde, şol dialektde gepleýän ilatyň taýpa-tire bölünişigini hem bilmek zerur. Sebäbi türkmen dialektleri

[1] Şu bölümi ýazmakda prof. R. I. Awanesowyň "Очерки русской диалектологии" (1949) diýen işinden peýdalandyk.

ýerli aýratynlyklara garanda taýpa-tire alamatlaryny köp saklapdyr. Hatda ýerli aýratynlyklar hem, taýpa-tire bölünişigi esasynda oturymlaşanlaryndan soň, ýüze çykypdyr. Öňki taýpa-tire alamatlary ýok bolman, gaýta, berkleşipdir. Şonuň üçin dialektler öwrenilende, olaryň taýpa-tire we territorial bölünişigini yzarlamak aýratyn ähmiýete eýedir.

Mundan hem başga, ýerli dialektler bilen bir hatarda, sosial dialektler hem bar. Sosial dialektler ýerli dialektlerden düýpgöter başga zat däl. Bular hem ýerli dialektleriň içinde dowam edip, umumyhalk diline tabyn ýagdaýda duryarlar. Sosial dialektleriň özbaşdak grammatik gurluşy we esasy sözlük fondy ýok. Olar aýry-aýry sosial toparlara hyzmat edýärler. Türkmen dialektleri ugurçylyk hem feodal gatnaşyklaryň galyndysy hökmünde saklanypdyrlar. Olardan soň köp özgerişlere sezewar bolupdyrlar. Olar soňky döwürlerde, aýratyn hem Oktýabr rewolýusiýasyndan soň köp özgerişlere sezewar bolupdyrlar. Şunda edebi diliň uly täsiri bar. Dialektlere gözegçilik edilende, mydama birmeňzeşligiň uçramaýanyny, olaryň taýpa-tire, territorial we sosial taýdan bölünişýänini hasaba almak gerek.

Edebi diliň täsiri hemme dialektlere birdeň ýaýranok. Territorial taýdan edebi dile golaý ýerleşýän dialektlere täsir basym geçýär. Uzakdaky dialektler edebi diliň täsirine birneme haýalrak düşýärler. Edebi diliň täsiri ozaly bilen uly ýoluň ýakasyndaky senagat merkezlerine, iri karhanalara ýaýraýar. Demir ýoldan uzakda ýerleşýän käbir gepleşiklerde has köne formalaryň saklanyp galyşyna hem duş gelinýär.

Elbetde, şunda dialektleriň diňe bir territorial taýdan däl, eýsem dil taýdan hem edebi dile ýakynlygynyň – daşlygynyň ähmiýeti bardyr. Mysal üçin, edebi diliň täsiri gypjak gepleşiklerine garanda oguz toparyna girýän dialektlere tiz geçýänini bellidir. Sebäbi bular gypjak gepleşiklerine garanda edebi dile has golaýdyr.

Şunlukda, dialekt aýratynlyklarynyň azlygy-köplügi, arhaik formalaryň saklanyp-saklanmazlygy, edebi diliň täsiri netijesinde

olaryň azalmak we ýok bolmak prosesi hemme dialektlerde birmeňzeş däl. Bu gürrüňsiz, dialektleriň özara we ykdysady, syýasy hem administratiw merkez bilen neneňsi aragatnaşyk saklaýanlygyna hem baglydyr. Dialektler öwrenilende, ýokarky faktorlary nazara almagyň uly ähmiýeti bar.

Ýöne muňa taryhy taýdan çemeleşmek gerek. Dialektleriň häzirki ýerleşýän ýerlerini göz öňünde tutup, ýüzleý netije çykarmak bolmaz. Sebäbi dürli dialektlerde gepleýän ilatlar taryhyň bütin dowamynda telim gezek ýerlerini üýtgedipdirler. Häzir Türkmenistanyň territoriýasynda olaryň oturmadyk ýeri galmandyr. Dürli ykdysady-syýasy sebäplere görä, türkmenleriň bir bölegi Demirgazyk Kawkaza, ýene bir bölegi Özbegistanyň, Täjigistanyň, Garagalpagystanyň aýry-aýry etraplaryna, hatda Eýran, Owganystan, Yrak ýaly daşary ýurtlara hem düşüp galypdyrlar.

Şunuň netijesinde olaryň dillerinde hem käbir aýratynlyklar ýüze çykypdyr. Dialektler öwrenilende, olaryň öňki oturan ýerleri hem häzirki ýerleşýän territoriýasy bilen bir hatarda göz öňünde tutulmalydyr. Eger şol dialektiň wekilleri dürli territoriýalarda duş gelýän bolsalar, onuň mümkin bolan taryhy sebäplerini anyklap, dil materiallaryny deňeşdirip öwrenmek amatlydyr. Şunda olaryň arasynda belli bir taryhy döwür içinde nähili tapawutlaryň ýüze çykanyny anyklamak mümkin.

Edebi diliň täsiri dürli territoriýadaky dialektlere birden ýaýramaýşy ýaly, bir territoriýada ýerleşip, bir dialektde gepleşýän şol bir ilatyň hem ähli sosial toparlaryna deň geçmeýär. Oktýabr rewolýusiýasyndan öňki döwürde oba ilaty baý, söwdegär, orta daýhan, garyp daýhan, batrak diýen ýaly dürli toparlara bölünipdir. Edebi diliň täsiri bularyň hemmesine bir ýaýramaýar. Şäher bilen gatnaşykly söwdegärleriň, hünärmentleriň dilinde umumyhalk diliniň täsiri güýçli duýulýar.

Aýallar bilen erkekleriň dilinde hem käbir tapawutlaryň ýüze çykýanyny bellemek gerek. Bu olaryň jyns aýratynlygy bilen däl-de, has köpräk olaryň jemgyýetçilik hyzmatlarynyň aýratynlygy bilen

düşündirilýär. Belli bolşy ýaly, öňki döwürde aýallar, esasan, öý işi bilen meşgul bolup, daşarky işlere kän gatnaşmandyrlar. Şoňa görä olaryň örüsi tamdyrdan aňryk geçmändir. Erkekler bolsa gazanç etmek üçin söwda-satyg diýen ýaly her dürli daşky işlere gatnaşypdyrlar. Gazy-haşar ýaly köpçülik işleri hem erkekleriň gatnaşmagynda geçirilipdir. Şuňa görä aýallaryň diline garanda erkekleriň dilinde umumylyk has köpdür. Dialektler öwrenilende, şu tapawudy nazara alyp, diňe erkekleriň dilini öwrenmek bilen çäklenmän, eýsem has köpräk aýallaryň gepleşigini hem ýazyp almak gerek.

Ýöne şunda bir zady ýatdan çykarmak bolmaz. Aýallaryň köpüsi şol dialektden bolman hem biler. Sebäbi gyzlar mydama öz obasyndaky ýigitlere durmuşa çykyp durmaýar. Ylaýta-da öňki wagtda gyzlaryň islegine-ygtyýaryna garaman, ýat adamlara satyp goýberipdirler. Şunuň netijesinde şol obanyň aýallarynyň başga bir obadan bolup, olaryň dillerinde hem käbir aýratynlyklaryň saklanyp galmagy bütinleý tebigy zat. Şonuň üçin aýallaryň dili ýazylyp alnanda, onuň şol obadandygyny ýa däldigini, haýsy taýpanyň ýa tiräniň wekilidigini anyklamak gerek. Şunuň özi soň dialekt materiallar işlenende, dialektleriň bitewi sistemasyny ýüze çykarmakda, ondan daşa çykmalaryň sebäbini bilmekde dialektologa uly kömek edýär.

Her niçik-de bolsa, öňki döwürde maşgala ýagdaýy bilen baglanyşykly aýratynlyklar azrak duşýar. Sebäbi türkmenler köplenç öz taýpalarynyň içinde gyz alşyp-berşer ekenler. “Saýry” taýpalardan, kän bir zerurlyk bolmasa, “gyz almandyrlar”. Emma şunda hem ol oba bilen beýleki obanyň ýa bir taýpanyň içindäki dürli tireleriň arasynda ownuk tapawutlaryň ýüze çykýany zerarly, aýallaryň dilinde öňki gepleşiklerine degişli käbir aýratynlyklar duş gelýärler.

Köne wagtda maşgala gurmakda we beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň dürli formalarynda hojalar ýa işanlar bilen “garaçylaryň” arasynda hem parh goýlupdyr. Hojalar diňe öz aralarynda gyz alşyp-berşipdirler. Olar “garaça” gyzyny bermändir.

Bu olaryň “mukaddes” mertebesini peseldýärmiş. Ýöne weli olaryň “garaçydan” gyz almaga haky bar eken. Şu jähetden seredende, olaryň gyz alyp-berşi taýpa-tireçilik nukdaýnazardan däl-de, dini esasda guralypdyr. Şu tarapdan garanda, saryklaryň içinde ýaşaýan hojalaryň tekeleriň içinde ýaşaýan hojalar bilen gyz alyp-berişlerini geň göresi zat ýok. Ýöne bularyň ikisiniň hem “öwlät” bolmagyna garamazdan, olaryň biri-sarykça, ikinjisi hem tekeçe gepleýär. Ynha, şeýle bolanda, bularyň dillerindäki aýratynlyk tä ömrüniň ahyryna çenli mese-mälim duýulýar.

Dialekt şertlerinde edebi diliň normalarynyň ýaýramagynda ýerli ilatyň ýaş hem jyns taýdan bölünişiniň hem täsiri bar. Belli bolşy ýaly, dialekt aýratynlyklar has köpräk ýokary ýaşlylaryň we öz obasyndan kän daşa çykmaýan aýallaryň dilinde saklanýar. Bularyň diline edebi diliň normalary birneme haýal täsir edýär. Elbetde, ýaş hem jyns taýdan diýenimizde, şuňa tüýs biologik manyda düşünmek bolmaz. Şunda öňi bilen olaryň jemgyýetçilik işlerine gatnaşygy, öz obasynda daşa çykyp-çykmanlygy, sowatlylyk derejesi göz öňünde tutulmalydyr. Emma, ýaş meselesine gelende, ýokarkylary nazarda tutmanymyzda hem, ýokary ýaşlylaryň dilinde arhaik formalaryň köp saklanýany bellidir. Ýaşlaryň dilinde, munuň tersine, täze sözler we formalar köp duş gelýär. sebäbi olar öz tebigaty boýunça täzeligi duýujy bolýarlar. Bu – dialektiň kanuny. Şunuň bilen birlikde, edebi diliň normalarynyň ýaýramagynda ilatyň medeni-sowatlylyk derejesiniň, jemgyýetçilik işlerine giňden gatnaşyp-gatnaşmazlygynyň hem uly roly bar. Öz obasyndan başga ýerini görmedik sowatsyz adama garanda köpçülik işlerine aktiw gatnaşýan sowatly, medeniýetli adamyň dilinde dialekt aýratynlyklarynyň az duş gelýäni jedelsizdir.

Şularyň hemmesi oba ilatynyň diliniň birmeňzeş däldigine, olaryň örän Munda bir faktyň dürli hili aýdylyşyna, hatda käwagtlar garşylykly ulanylyşyna hem gabat gelinýär. Emma bularyň hemmesi tötänlik bolman, belli bir kanunalaýyklyk esasynda ýüze çykýar. Dialekt öwrenilende, şu hili köpdürlüliklerden, gapma-garşylyklardan

baş çykarmak gerek. Çünki olaryň bary dialekt aýratynlyklaryň ýok bolup, edebi diliň normalarynyň giňden ornaşýanyny aňladýar. bu bolsa häzirki oba ilatynyň janly gepleşiginiň dialektiki ösüşiniň kanuny ýüze çykmasydyr.

Dialektleriň žanr-stilistik taýdan bölünişi

Dialektler öwrenilende, diňe olaryň territorial we sosial taýdan bölünişini nazarda tutmak bilen çäklenmek bolmaz. Eýsem dialektleriň žanr-stilistik taýdan bölünişini hem öwrenmek gerek. Sebäbi dialektlerdäki aýratynlyklar ýeke olaryň territorial we sosial taýdan hem tapawutlanýarlar. Şuňa görä şol bir ýerde ýerleşýän dialektde ýa şol bir sosial toparyň gepleşiginde hem žanr-stilistik taýdan bärnäçe tapawutlaryň ýüze çykmagy mümkin. Mysal üçin, gündelik durmuşda ulanylýan ýönekeý halk gepleşigi bilen resmi iş kagyzlarynyň ýa folklor eserleriniň dilini birmeňzeş hasaplap bolmaz. Halk döredijiliginiň dürli žanrlarynyň arasynda hem tapawut bar. Proza žanryna garanda aýdym žanrynda arhaik formalar, goşgy düzülişine degişli aýratynlyklar köp duş gelýär. Proza boýunça hem ertekiler bilen rowaýatlaryň dili birmeňzeş däl. Rowaýatlaryň dili ertekilere garanda birneme agyr bolup, geçmiş barada gürrüň berýär. Munda **maşal** (çyra), **misra:n** (lom) ýaly arhaizmler, **Da:ra:p, Isgender** ýaly taryhy şahslaryň atlary we **Çynmaçyn, Misir** ýaly köne geografik atlar köp ulanylýarlar.

Ertekileriň, aýratyn hem durmuşy ertekileriň dili ýönekeý halk gepleşigine öräп ýakyndyr. Şoňa görä bularyň dili, dialekt öwrenilende, doly peýdalanylyp bilner. Ýöne ertekiniň başlanyşyna we gutaryşyna degişli ulanylýan tradision sanawaçlary göz öňünde tutmak gerek. Sebäbi olaryň üýtgedilmän ulanylýanyüçin, käbir arhaizmleriň saklanyp galan bolmagy mümkin:

Andakъkъa – myndakъkъa,
Böküp mindim ýandakъkъa.
Aýagъma w(i)r dikke urdy,
Oturdym ýygъlamakъkъa...

Şundaky bellenen arhaik formalara esaslanyp, şolar häzirki saryk dialektine häsiýetli diýip bolmaz. Bular edil şu durşuna beýleki dialektlerde hem ertekiniň başynda üýtgedilmän ulanylyp bilner.

Görnüşi ýaly, ýokarky mysal proza žanryna degişli ulanylsa-da, goşgy häsiýetine eýedir. Proza garanda goşgularda arhaik formalaryň köp ulanylýany bellidir. Sebäbi ol goşgy düzüliş kadalary bilen berk baglanyşykly bolany üçin, aýdýan adam oňa kän üýtgeşiklik salyp bilmeýär. Şonuň üçin olarda has gadymy formalaryň saklanyp galan ýagdaýlaryna duş gelinýär:

Dürlü-dürlü tüýdügüm,
Durup-durup çaldygъym,
A:kъ ba:zara bardygъym,
Salkъym üzüm iýdigim.

Şu mysalda getirilen **çaldygъym, bardygъym, iýdigim** ýaly formalar häzirki saryk dialektinde we edebi dilde ulanylmaýar. Emma ýokarky mysalda taryhy fakt şekilinde saklanyp galypdyr. Türkmen diliniň taryhy üçin şeýle faktlaryň ähmiýeti uludyr.

Käbir lälelerіň ilki haýsy dialektiň esasynda ýüze çykanyny hem anyklamak mümkin. Sebäbi olarda ýahsy-da bolsa bir dialekte degişli aýratynlyk berk saklanyp, şol durşuna hem beýleki dialektlere we edebi dile geçýär:

Gъatlama gъaýna:du:r-a:,
Gözüm ýaýna:dy:r-a:,
A: gъam ogъly Berdiniýa:z
Murtun tovla:du:r-a:.

Şuny diňe saryk dialektinde däl, beýleki dialektlerde hem eşitmek mümkin. Emma şunuň asly dörän ýeri-saryk dialekti diýip çaklamak bolar. Sebäbi **Berdiniýa:z, ýaýnamakъ** ýaly, saryk dialektine häsiýetli sözleri nazara almanymyzda hem, häzirki zamanyň aňladylyşy şol dialekte degişlidir. Bularyň ahyryndaky çekilip aýdylýan "**a:**" sesi bolsa lälelerde sazlaşyk üçin getirilýär. Ol gepleşik dili üçin häsiýetli däldir.

Žanr-stilistik aýratynlyklar azrak nakyllarda, atalar sözünde, matallar hem gabat gelýär. Mysal üçin, **Myn na:tçakъ mindere, begeri – ha:llary attan i:ndere** diýen matalda **inderer** ýerine **i:ndere** ýaly **mindere** (**ok** manysynda gelýär) sözüne sazlaşykly ulanylypdyr. Emma şunuň gysgalan formasy ýönekeý gepleşik dilinde, saryk dialektinde duş gelmeýär. Dialekt öwrenilende, şu hili žanr-stilistik häsiýetli aýratynlyklary hasaba almak aýratyn ähmiýete eýedir.

Emma, şunuň bilen birlikde, poetik žanra degişli aýdym, läle, matal, nakyl, atalar sözi ýaly halk döredijiliginiň dürli eserlerinde ýerli dialekt bilen baglanyşykly üýtgeşmeler ýüze çykmaýar diýip düşünmek bolmaz. Dialekt aýratynlyklar, proza žanrynda bolşy ýaly, poetik žanrda hem azda-kände öz grammatik, fonetik gurluşynda tapawut ýüze çykýar. Mysal üçin, **Göç gaýtsa, agsak ozar** ýerine **I:ş başy gъaýdanda, agъsakъ ozor**, **Öňküm gelenden, soňum gelsin** ýerine **Ovoly gelennen, a:hyry gelsin** ýaly, saryk dialektinde birneme üýtgedilip aýdylýar. Emma nakyllaryň manysy, esasan, saklanýar. Şunlukda, dialektler öwrenilende, diňe ýönekeý halk gepleşigine degişli material toplamak bilen çäklenmän, halk döredijiliginiň dürli žanrlaryna degişli hem material ýygnamak gerek. Ýöne şunda esasy ünsi žanr-stil taýdan bitarap bolan ýönekeý halk gepleşigine berip, halk döredijilik eserlerinden, aýratyn hem aýdym žanryndan peýdalanmaly bolanda, örän seresap bolmak gerek.

Dialektologyň gözegçilik obýektini saýlaýşy

Dialekti öwrenmäge girişmezden öňürti, syn etmek üçin belli bir obýekt saýlananda, dialektologyň öz öňünde goýýan maksady göz öňünde tutulmalydyr. Mysal üçin, gepleşigiň taryhyny öwrenmek gerek bolsa, köne dialekt aýratynlyklarynyň has köp saklanan ýeri saýlanyp alynmalydyr. Şol etrapdaky obýektleriň her birinde bolup, olara degişli barlag işini geçirmelidir.

Mundan başga-da, köneden gelýän tradision gepleşik öwrenilende, maglumat berýän adamlaryň ýaş, jyns we sosial aýratynlyklaryna, sowatly ýa sowatsyzlygyna hem üns berilmelidir.

Sebäbi tradision gepleşik ýokary ýaşlylaryň dilinde köp saklanýar. Şonuň üçin hem ilki bilen ýaşulularyň, soň bolsa beýlekileriň dilini öwrenmek gerek. Emma dialektolog öz öňünde başga maksady hem goýup biler. Mysal üçin, öwrenýän dialektiniň häzirki ýagdaýyny ýazyp görkezmäge maksat edenen bolsa, onuň şu günki bolşuny ähli çylşyrymlylygy bilen doly öwrenmelidir.

Munuň üçin dürli toparlara degişli bolan örän köp adamlaryň: ýaşlaryň, garrylaryň, aýallaryň we erkekleriň, önümçiligiň öňdebaryjylarynyň, dürli kärdäki, dürli hünärdäki adamlaryň gepleşigini ýazyp almak gerek. Mundan başga-da, diliň dürli-dürli stilleri, halk döredijiliginiň dürli žanrlary hem öwrenilmelidir. Soňra şol ýygnalan materiallaryň hemmesini stiline we žanryna, adamlaryň ýaş we jyns aýratynlyklaryna, sowatly ýa sowatsyzlygyna, kärine garap, aýry-aýry toparlara bölmek gerek. Munuň özi dialektiň soňky ýyllardaky ösüş tendensiýasyny anyklamaga kömek eder.

Dialekt hemmetaraplaýyn, doly öwrenilende, ýokarky maksatlaryň ikisi utgaşýar. Dialektolog diňe bir gepleşigiň taryhy geçmişini öwrenmek bilen çeklenmän, onuň häzirki gününe degişli hem material toplaýar, onuň geljekki ösüş tendensiýalaryny hem belleýär. Jemläp aýtsak, munda dialekt belli bir döwür aralygynda öwrenilmän, eýsem taryhy ösüş prosesinde yzarlanýar.

Dialektologyň oba ýagdaýynda işleýşi

Dialektleri öwrenmekde syn etmek usuly esasy orny tutýar. Çünki dialektolog munda öz öwrenýän dialektiniň içine çuňňur aralaşýar we özüni şonuň bir wekili hökmünde duýýar. Şeýlelikde, dialekt gaýybana ýa-da başga biriniň üsti bilen öwrenilmän, dialektologyň gönüden-göni syn-gözegçilik etmegi arkaly ýazylyp alynýar. Bu usulyň esasy artykmaçlygy hem şundan ybaratdyr. Syn etmek arkaly material toplananda, dialektolog her bir sözi, her bir sesi hut öz gulagy bilen eşidýär, eli bilen ýazýar. Munda onuň her bir fakty gaýta-gaýta barlap görmäge mümkinçiligi bolýar. Emma syn etmek usuly dialektologdan ökde synçylygy, ýiti duýgurlygy talap edýär. Onuň gulagyndan ýekeje söz ýa-da ses hem sypyp galmaly

däldir. Eşiden sözüňi şol bada kagyz ýüzüne geçirmek gerek. Eger-de şol sözi ýa sesi bada-bat aňşyrmasa, ýa-da aňşyryp, kagyz ýüzüne geçirmegi unutsa, şol fakty soň tapmak örän kyn düşýär. Käwagtlarda tapmak mümkin hem bolmaýar. Obada syn etmek usuly arkaly material ýygnamak we işlemek örän kyn we jogapkärli bolup, munuň hötdesinden gelmek dialektologyň ýadawsyz zähmet çekmegine, başarjaňlygyna, ugur tapyjylygyna baglydyr. Munuň üçin öňi bilen şol obada ýaşaýan adamlaryň dilini tapmak we olaryň ynamyna girmek zerur. Şuny ýola goýman, material toplamaga girişmek bolmaz. Çünki geljekki işiň ykbaly hut şu ýerde çözülýär.

Munuň üçin näme etmeli? Dialektolog haýsy etraba barýan bolsa, şonuň häkimligine bilim bölümine we beýleki edaralaryň wekillerine öz gelşini beýan edip, kömek sorap, olara ýüz tutup biler. Soňra olardan degişli görkezmeler alyp, arçynlyk, mekdepler bilen ýakyndan aragatnaşyk saklamak bolar. Şu ýerde aýratyn hem mekdep mugallymlary, okuwçylar has köp kömek berip bilerler. Sebäbi olar kärdeş bolansoň, seniň maksadyňa gowy düşünýärler. Onsoň hem oba mugallymlarynyň içinde öz bile okanyňa ýa okadyp goýberen okuwçyňa hem duş gelmek bolýar. Şeýle bolanda, nätanyş obaň bilen tiz öwrenişmäge ýol açylýar. Şunuň netijesinde ýerli adamlar bilen gün-günden köp tanyş bolnup ugralýar. Bu bolsa öz gezeginde syn etmek üçin obýekt saýlamaga mümkinçilik berýär. Emma bular – diňe işiň başlangyjy. Eýsem şunuň bilen çäklenmän bu aragatnaşygy has giň gerimde alyp barmak möhüm. Munuň üçin obanyň jemgyýetçilik-medeni durmuşyna çuňňur aralaşmak gerek. Eger sapar uzak wagtlyk bolsa, mekdepde işlemek hem maslahat berilýär. Eger ol bolmasa, täze gazet-žurnallary okap bermek, hökümetiň içeri we daşary syýasaty bilen tanyşdyrmak, dürli temalara degişli leksiýalar okamak ýaly her hili syýasy-medeni çäreleri durmuşa geçirmek bolar.

Ýerli mekdeplerde okuwçylary we mugallymlary ýygnap, öz gelşiň dogrusynda gürrüň bermek amatlydyr. Olara ylmyň täzelikleri

barada gürrüň bermek bolar. Şeýle edilse, olar hem öz nobatynda material ýygnamaga we ony işlemäge uly kömek edip bilerler.

Dialekt barada material näçe köp toplansa, şonça hem haýyrlydyr. Emma şunuň hatyrasyna oba baran dessine, köp material toplajak bolup, haýdan-haý ýazyp almaga girişmek bolmaz. Beýle howlukmaçlyk garaşylýan netijäni bermeýär. Sebäbi entek onuň dialekt hakynda hiç hili düşünjesi ýok. Şoňa görä onuň ýazyp alan materiallaryna bütinleý täzeden seretmeli bolýar. Şunuň ýaly bolmazlygy üçin dialektolog köp wagtlap adamlaryň gepleşigini üns berip diňlemelidir. Ol öz öwrenýän dialektiniň ykjam içine girip, oňa degişli umumy düşünje almalydyr. Şeýlelikde, ol dialektiň bitewi sistemasyna göz ýetirýär, soňy bilen hiç bir hili daşdan kömeksiz, gönüden-göni ýazyp almaga mümkinçilik berýär. Gepleşigi öwrenilýän adamyň hut öz dilinde geplemek, bir tarapdan, dialektolog bilen onuň oňat düşünişmegini üpjün etse, ikinji tarapdan, dialektologyň diline meňzetjek bolup, onuň öz gepleşigini üýtgedip ýa ýoýup geplemegine ýol bermeýär.

Ýerli adamlara öz gelşiň maksady barada gürrüň bereniňde, gönüden-göni: "Men siziň diliňizi öwrenmäge geldim" diýip aýtmak bolmaz. Onda olaryň: "Biziň dilimiziň siziňkiden näme tapawudy bar?" diýmegi mümkin. Şoňa görä gürrüňi, ýerli adamlara düşnükli, birneme umumyrak formada başlamak maslahat berilýär.

Gürrüň ýerli ilata tanyş zatlar barada alnyp barylmalydyr. Meselem, şol obanyň taryhy, oba hojalyk gurallary, meýdan işleri, maldarçylyk, ekerançylyk, oba durmuşy, obada medeniýetiň ösüşi ýaly köp temalar boýunça gürrüň alyp barmak bolar. Emma şu ýerde hökman şol ýeriň geografik we önümçilik aýratynlyklary nazara alynmalydyr. Mysal üçin, Hazar töwereginde ýaşaýan türkmenleriň dilleri öwrenilende, balykçylyk, guşçulyk, deňiz transporty barada gürrüň gozgamak bolar. Eger barlag işi Köpetdag eteklerinde geçirilýän bolsa, gürrüňi awçylyk, üzümçilik, gök ekinçilik temalaryndan alyp barsa bolar. Mundan başga-da, gürrüňi gyzykly, janly alyp barmak üçin erkek adamlara ýaraýan bir hili tema, aýallara

ýaraýan bir hili tema ýa-da ýaşlar üçin bir tema, garrylar üçin ýene bir tema saýlap tapmak gerek. Garry adamlar bilen köne döwür barada, aýallar bilen tikin-çatyn, keşde-nagyş işleri barada, oglanlar bilen her dürli oýunlar barada gürrüň açmak bolar. Gürrüňiň tematikasy sözleýän adamyň önümçilik we jemgyýetçilik işlerine gatnaşygy bilen häsiýetlenýär.

Dialekt ýazgylaryny ýeke bolup geçirenden, iki adam bolup geçirmek amatly bolýar. Sebäbi munda biri gürrüňi goldaýar we gerek ugry boýunça alyp barýar. Beýlekisi bolsa diňe ýazmak bilen meşgullanýar. Şunda gürrüňi alyp barýan adam şol obadan bolsa, has-da oňat. Çünki ol sözleşýän adamsynyň haýsy tarapyndan barmalydygyny, onuň bilen nähili gürrüň etmelidigini gowy bilýär.

Ýazgy geçirilýän wagtda, dialektolog az geplese peýdaly. Sebäbi onuň esasy wezipesi – gepleşmek däl-de, ýazgy işlerini geçirmek. Ol diňe gürrüňi goldamalydyr. Degişli soraglar berip, gürrüň gutarmanka, temany üýtgetmelidir.

Dialekt ýazgysy geçirilende, aýry-aýry baglanyşyksyz, üzük sözleri ýa söz düzümlerini ýazyp alandan, baglanyşykly jümleleri ýzyp almak has amatlydyr. Emma bu faktyň anyklygyna asla zyýan ýetirmeli däldir. Şonuň üçin hem käwagtlar baglanyşykly sözlemlere derek aýry-aýry sözleriň ýa söz düzümleriniň ýazylyp alynýany düşnüklidir.

Dialektolog näçe köp diňlese, şonça hem haýyrly. Ol ýazgy geçirýän wagtynda, gürrüňe goşulmasa has hem ähmiýetli. Munda diňe oňa eşiden zadyny kagyz ýüzüne geçiräýmek galýar. Onsoňam, gepleýän adama dialektologyň täsiri ýetmeýär. Gepleşige tebigy bolşunda syn etmäge mümkinçilik döreýär. Munuň üçin ýerli ilatyň özara gürrüňlerine, toý-tomaşalaryna, ýygnaklara, her dürli üýşmeleňlere gatnaşyp, olaryň gürrüňlerine gulak asmak gerek. Dialektiň sistemasy barada oňat düşünje alanyňdan soň, ony çuňlaşdyrmak üçin ýerli mekdeplerde sapaklara gatnaşmak bolar. Şunda mugallymyň dialekt ýalňyşlaryny ýüze çykarmak mümkin.

Soň olary nähili ýok etmek barada mekdep mugallymlary bilen maslahatlaşmak bolar.

Dialektolog biriniň öýünde düşläp, şonuň maşgalasynyň özara gepleşigine syn etse, has ygtybarly faktlary toplap biler. Sebäbi munda ol soňabaka şol maşgalanyň agzasy ýaly halys öwrenişip galýar. Maşgala agzalry hiç hili çekinmezden özara gepleşýärler. Şunda durmuşyň dürli ugurlaryna degişli, hiç hili mejbur etmezden, erkin gürrüňi diňlemäge we ýazyp almaga doly şertler döreýär.

Dialekt ýazgylary dürli ýerlerde dürli adamlaryň dillerinden ýazylyp alynmalydyr. Şeýle edilende, dialektiň tutuş sistemasyna şonça doly göz ýetirmek mümkin. Çünki bir dialektde birnäçe gepleşik bolup biler. Hatda her obanyň, her taýpanyň, her urugyň gepleşiginde hem birnäçe aýratynlyklar ýüze çykýar. Şuňa görä dialekt öwrenilende, şu hili aýratynlyklaryň hemmesi doly bellenmelidir.

Oba barada umumy maglumat toplamak

Oba hem onuň ilaty hakynda umumy maglumat almagyň dialekti öwrenmekde uly ähmiýeti bar. Bir obanyň gepleşigi öwrenilende, onuň adyny (öňki adyny we soňky atlandyrylyşyny), haýsy etraba degişlidigini, demir ýoldan näçeräk uzakdalygyny, şonuň ýaly-da köneden galan taýpa hem tire atlaryny orfografiýa hem fonetik transkripsiýa boýunça ýazyp almak gerek. Mundan başga-da, şol ýerde bar bolan medeni edaralar, senagat kärhanalary we olaryň näçe wagtdan bäri dowam edýäni görkezilmelidir.

Ozaly bilen, dialektiň etnik we territorial taýdan atlandyrylyşyny ýazyp almak gerek. Dialekt öň nähili atlandyrylypdyr we häzirki wagtda nähili atlandyrylýar? Ol näme üçin şeýle atlandyrylypdyr? Başga hili atlandyrylyşy hem barmy? Onuň näme üçin saryk, ärsary ýaly atlandyrylýandygyny anyklamak gerek.

Dialektiň ýerleşýän territoriýasy bilen içgin tanyşmagyň hem uly ähmiýeti bar. Onuň haýsy ýerde ýerleşýänini, haýsy diller we dialektler bilen araçäkleşýänini, merkezden näçe uzakda ýerleşýänini

bilmek ähmiýetlidir. Şol dialektiň wekilleriniň başga ýerde ýaşaýanlary hem barmy-ýokmy, eger bar bolsa, näçe wagtdan bäri ýaşaýarlar, şonuň bilen hem gyzyklanmak gerek. Eger mümkin bolsa, dialektiň ýerleşýän ýeriniň kartasyny çyzyp görkezmek bolar.

Dialekt wekilleriniň etnik we administratiw taýdan toparlara bölünişi öwrenilmelidir. Dialekt wekilleriniň geçmişde taýpa-tire taýdan bölünişini ýazyp almak we olaryň atlarynyň gelip çykyşyny düşündirmek möhüm ähmiýete eýedir. Meselem, näme üçin saryklar geçmişde "**söýnaly, gojaly, baýraç, bedeň**" ýaly birnäçe toparlara bölünipdir we olar haýsy sözden emele gelipdirler? Dialekt wekilleriniň öň we soň administratiw taýdan toparlara bölünişini ýazyp görkezmek hem ähmiýetlidir. Şunda olaryň köne we täze atlaryny doly ýazyp almak gerek. Dialekt wekilleriniň etnik we administratiw taýdan toparlara bölünişini kartanyň ýüzünde çyzyp görkezmek has-da peýdalydyr.

Garry adamlar bilen gürrüňdeş bolanyňda, şol obanyň we onda ýaşaýan ilatyň taryhy barada mümkin bolan maglumatlary sorap almak gerek. Dialekt wekilleri näwagtdan bäri şol obada ýaşaýarlar? Olar öň nirelerde ýaşapdyrlar we haýsy halklar bilen goňşy, bile oturypdyrlar? Olaryň taryhyny degişli her hili arhiw materiallary saklanyp galan bolsa, şolaryň hemmesini ýygnap almak gerek. Şol oba degişli arheologik ýadygärlikleri öwrenmegiň ähmiýeti uludyr. Şunuň üsti bilen şol ýerlerde irki döwürlerde haýsy halklaryň oturanyny bilmek mümkin. Her dürli toponomik atlary ýazyp alyp, olara ylmy düşündiriş bermek arkaly hem dialektiň taryhyna degişli köp çylşyrymly meseleleri anyklamak bolar.

Şol dialektde gepleýän adamlaryň önümçilik-professional aýratynlyklaryny öwrenmek hem ähmiýetli meselelerden biridir. Şol ýeriň geografik we önümçilik aýratynlyklarynyň doly ýazylyp görkezilmegi dialektiň sözlük sostawyna degişli köp meseleleriň çözülmegine gönüden-göni ýardam eder.

Dialektolog obanyň maddy-medeni derejesi bilen hem gyzyklanmalydyr. Onuň öňki we soňky ýagdaýyny öwrenmek gerek.

Şol obada ýa-da şäherde nähili senagat we oba hojalyk kärhanalary bar? Şol ýerdäki orta we ýokary okuw jaýlaryny, her dürli ylmy-medeni, aň-bilim edaralaryny hasaba alyp, obanyň medeni keşbini özgertmekden olaryň güýçli täsirini düşündirmek gerek.

Ýerli ýagdaý bilen içgin tanyş bolmak üçin şol dialektde gepleýän ilatyň jan sany, sosial we jyns taýdan bölünişi, sowatlylyk derejesi, ýaş taýdan bölünişi hem hasaba alynmalydyr.

Şol obada öň kimleriň ýaşanyny, olaryň näwagt göçüp gidenini, häzir şolardan kimleriň galanyny ýa galmanyny ýüze çykarmak gerek. Olaryň şol ýerde ýaşanyna şaýatlyk edýän deliller: arheologik ýadigärlikler, arhiw dokumentleri, toponomik atlar we başgalar bar bolsa, şolaryň hemmesini ýazyp görkezmek gerek.

Halk döredijiligine degişli materiallary: nakyllary, atalar sözüni, matallary, aýdymlary, ertekileri we her dürli rowaýatlary bolşy ýaly ýazyp almaga çalyşmak gerek. Şolaryň haýsy döwre we haýsy ýere degişlidigini, näme üçin aýdylýanyny bilmek gerek. Şeýle faktlar dil bilimi üçin hem, edebiýat ylmy üçin hem, taryh-etnografiýa ylymlary üçin hem peýdalydyr.

Galyberse-de, şol dialektde gepleýän adamyň taryhda haýsy halklar bilen goňşy ýaşanyny ýa aragatnaşykda bolanyny hem bilmek gerek. Çünki şonuň özi dialektdäki aýry-aýry faktlaryň taryhy gelip çykyşyna düşünmäge kömek eder. Mysal üçin, Daşoguz we Türkmenabat sebitlerinde ýaşaýan goňşy özbek, garagalpak dilleriniň azda-kände täsiriniň ýeten bolmagy mümkin.

Edil şunuň ýaly-da, saryk dialektiniň pendi gepleşigine köpden bäri goňşy ýaşaýan owgan halkynyň dilinden käbir sözler we aňlatmalar giripdir. Munuň tersine, saryk dialektiniň ýolöten gepleşigine goňşy teke dialektiniň täsiri ýetipdir.

Şularyň hemmesi ýygnalan materiallara oňat düşünmäge we şol dialektiň ösüş ýoluny aýdyňlaşdyrmaga kömek eder.

Dialekte gözegçilik etmek

Dialekt ýazgylary geçirmek üçin uzak wagtlap gepleşige syn etmek gerek bolýar. Ýöne şu gözegçilik, mümkin boldugyça,

gepleşigi öwrenilýän adamlara bildirilmän geçirilmelidir. Dialekt ýazgylary hiç hili mejbur etmezden, gepleşigiň hakyky tebigy bolşunda alyp barmak gerek. Özi hem berk fonetik transkripsiýa boýunça ýazylmalydyr. Şuňa görä dialektologyň esasy wezipesi – adamlaryň gürrüňine syn etmek we ony dogry belläp almak.

Emma adamlaryň gürrüňinde birnäçe sözleriň we formalaryň duş gelmezligi hem mümkin. Şeýle bolanda, aňsadyna bakyp, olaryň ulanylýany ýa ulanylmaýany barada gönüläp soramak bolmaz. Sebäbi muňa jogap bereni bilen, ol mydama dogry bolup durmaýar.

Şuňa görä materiallaryň köpüsi dialekt wekilleriniň dillerine daşdan syn etmek arkaly toplanmalydyr. Şu hili ýol bilen ýygnalan material has ygtybarly bolýar. Emma ýeke munuň bilen hem çäklenmek bolmaz. Eýsem, zerur hasap edilen ýerinde, sorag usulyndan hem peýdalanmak bolar. Aýratyn hem leksika bölümi boýunça material toplananda, sorag usulynyň uly ähmiýetiniň bardygyny inkär etmek bolmaz. Mysal üçin, oba hojalygynda ulanylýan dürli-dürli gurallaryň, predmetleriň, her hili ot-çöpleriň, mör-möjekleriň we ş.m. atlaryny öwrenmek gerek bolanda, şolary görkezip, “Bu näme?”, “Muňa näme diýilýär?” diýen ýaly soraglary goýmak bolar. Ýöne şunda olaryň adyny tutup soramaly däl. Çünki dialektologyň täsirine düşüp ýa ýadyndan çykaryp, “Bizde hem şeýle aýdylýar” diýmegi mümkin.

Şeýle-de bolsa, diňe bular bilen iş görmek hem ýeterlik bolup durmaýar. Belli bolşy ýaly, dialektologa gerek ähli sözleriň, formalaryň üstünden öz gürrüňdeşiňi eltäýmek aňsat däl. Şunuň ýaly ýagdaýlarda, şol sözi gerek formada ulanar ýaly, öňünden ýörite soraglar düzmek gerek. Ýöne dialektolog gürrüňdeşiniň diline täsir etmez ýaly, şol sözi ýa formany öz soragynda getirmeli däldir.

Mysal üçin, ol seniň diýýän formaňy ýa sözüňi ulanman, onuň sinonimini getirmegi mümkin. Şeýle bolanda, gürrüňi ýamaşgandan şol gerek sözi ýa formany aýtdyrmak üçin, eşitmezlige salyp, gaýtadan sorap görmek hem kömek edýär.

Dialekt wekilleri has içgin tanyş bolanyňdan soň, işiň soňky tapgyrlarynda aýry-aýry dil faktlarynyň ulanylyşy barada dile oňat düşünýän adamlar bilen açyk gürrüň edip, pikir alyşmak hem bolar. Olarda gymmatly pikirler, baý tejribeler bar. Ýöne halkyň asyrlar boýy toplan baý tejribesini öwrenmek we ondan baş çykarmak gerek.

Diliň aýry-aýry ugurlary: fonetika, morfologiýa, sintaksis, leksika boýunça material toplamakda hem tapawut bar. Fonetika, morfologiýa we leksika bölümleri üçin fonetik transkripsiýa bilen ýazylan aýry-aýry söz birikmeleri, hatda sözler hem ýeterlik bolýar. Emma sintaksis üçin örän köp mukdarda baglanyşykly sözlemleri hiç hili üýtgewsiz, bolşy ýaly ýazyp almak gerek. Elbetde, ýönekeý, ylaýta-da goşma sözlemleriň gurluşyna zeper ýetirmän, berk fonetik transkripsiýada ýazyp almak ýeňil däl. Şuňa görä sintaksise degişli materiallary orfografiýa boýunça ýazyp almaga hem rugsat edilýär. Ýöne fonetik transkripsiýada berilse has-da oňat. Sebäbi, şeýle edilse, sintaksise degişli toplanan materiallardan diliň beýleki ugurlary: fonetika, leksika we morfologiýa bölümleri üçin hem peýdalanmak bolar.

Leksika bölümi boýunça toplanýan materiallar, aýra-aýry sözler hem fonetik transkripsiýa boýunça, hem orfografiýa boýunça ýazylmalydyr. Çünki diňe fonetik transkripsiýa bilen ýazylsa, käbir sözleriň manysyny tapawutlandyryp bolmaýar. Mysal üçin, **işşek** sözi şu durşuna iki hili: 1) **işek** (at); **içjek** (işligiň mälim geljek zaman formasy) ýaly manylarda düşünilip bilner. **Gъov(y)ra:kъ** sözi hem edil şunuň ýaly. Bu söz edebi diliň orfografiýasynda **oňadrak** (sypat) manyda gelende, **gowurak** ýaly dar çekimlisi düşürilmän ýazylýar. **Känräk** (san çalyşmasy) manysynda ulanylanda bolsa, **gowrak** şekilinde dar çekimlisi düşürilip ýazylýar. Emma gepleşik dilinde bularyň aýdylyşynda kän tapawut duýulmaýar.

Mundan başga-da, leksika bölümine degişli material toplananda, aýry-aýry sözler giň düşündirişi bilen berilmelidir. aýratyn hem onuň ulanylýan ýerine degişli hakyky mysalynyň bolmagy zerurdyr. Mysal üçin, saryk dialektinde ulanylýan **mazarda:t** asly parsça **maderza**t,

ýagny **eneden dogma** diýmekdir. Bu söz asylky manysyndan daşlaşyp, **adatdan daşary, aýylganç, ýakymsyz** ýaly manylary aňladyp gelýär. meselem: **Mazarda:t öküz gördüm.**

Käbir ýagdaýlarda bir predmetiň birnäçe söz bilen aňladylyşyna hem duş gelinýär. Şu hili bolanda, şol sözleriň bary görkezilmelidir. Ýöne şolaryň haýsynyň öňden ulanylýanyny, haýsynyň soň ulanylyp başlanyny ýa-da olaryň haýsynyň aktiw, haýsynyň passiw ulanylýanyny bellemek gerek. Mysal üçin, Tagtabazar etrabynda ýaz aýlarynda otlaryň içinde melemtil-goňur, bir hili kerleç, guýrugy jontuk ýylan bolýar. Şoňa hem **otýyla:n** diýýärler, hem **piýgъammer gъamçysy** diýip at berýärler. Emma şularyň birinjisi has aktiw ulanylýar. Soňkynyň meňzeşlik esasynda dini reňk alyp, obrazly aňlatma şekilinde soň dakylan bolmagy mümkin.

Dialektleri öwrenmekde ses ýazýan tehniki serişdelerden peýdalanmagyň aýratyn ähmiýeti bar. Häzirki wagtda magnitofonlardan doly peýdalanmaga şertler döredi. Mümkinçilik bolan ýerde dialektiň ses düzümini eksperimental fonetik metod arkaly derňemek has hem peýdalydyr.

Dialekt materiallaryny pasportlaşdyrmak

Dialekt materiallary taryhy dokument bolup, asyrlar boýy saklanyp galýar. Şoňa görä bu işi howaýy häsiýetde alyp barman, berk pasportlaşdyrmak gerek.

Dialekt ýazgylarynyň kimden alnany hökman görkezilmelidir. Şunda onuň adyny, atasynyň adyny, familiýasyny doly ýazyp almak gerek. Elbetde, çem gelen gürrüňdeşine: “Sen adyňy, ataň adyny, familiýaňy aýt” diýip hem durup bolmaz. Bu nätanyş adamda bir hili şübhe döretmegi mümkin. Şoňa görä gaty içgin tanyşmasaň, mümkin boldugyça, muny bildirmän ýazyp almak maksada laýykdyr.

Bu onçakly kyn däl. Gürrüňdeşiň ýanyna barmankaň, onuň adyny, familiýasyny töwerekdäki adamlardan, arçynlykda saklanýan

dokumentlerinden hem bilmek bolar. Bu hili öňden tanyşlyk gürrüňi guramakda we ýazgy işini geçirmekde uly kömek edýär.

Dili öwrenilýän adamyň jynsy, ýaşy, bilim hem sowatlylyk derejesi, käri, hünäri, iş we önümçilik aýratynlyklary ýazylyp alynmalydyr. Bu maglumatlary sözleýän adama duýdurman, gürrüňiň arasynda hem almak bolar. Mysal üçin, onuň ýaşyny aýtdyrmak isleseňiz, iş staży barada ýa-da garrylyk-ýaşlyk hakynda gürrüň gozgamak ýeterlikdir. Ýa-da onuň durmuşy bilen gyzyklanyp, gürrüňiň arasynda: "Ýaşam-a bir çene baryp ýörendir?" diýen ýaly, aýlawly sorag aýtmak bolar. Şunda ol özüniň näçe ýaşanyny aýdar. Şol wagt hem ony belläp almak gerek.

Garry adamlaryň ýaşyny anyk bilmän, müçe hasaby boýunça doglan ýylyny ýatda saklamagy mümkin. Beýle bolanda, onuň ýylyny öwrüp berip, ýaşyny takyklamak gerek. Ol munuň üçin saňa, minnetdarlyk bildirer.

Dialekt ýazgy geçirilende, maglumat beren adamyň öňki wagtda haýsy taýpa ýa tirä degişli bolany, onuň köne we häzirki ýaşaýan ýeriniň doly salgysy görkezilmelidir. Bulardan başga-da, şol adamyň özge obada ýa şäherde bolanyny ýa-da bolmanyny, eger bolan bolsa, nirede we näçe wagtlap bolanyny hem-de näme bilen meşgullananyny anyklamak gerek. Ýygnalan materiallaryň üstünde işlenende, şularyň hemmesi dialektiň şu günki ýagdaýyndan baş çykarmaga, onuň bitewi sistemasyny aýdyňlaşdyrmaga we çylşyrymly prosesine dogry düşünmäge mümkinçilik berer.

Dialekt materiallary işlemek

Dialekt ýazgylary hut öz ýazylyp alnan ýerinde aýry-aýry bölümler: fonetika, morfologiýa, sintaksis we leksika boýunça bölüşdirilip, her bölüme degişli toplanan materiallar aýratynlykda işlenmelidir. Şeýle edilende, haýsy bölüm boýunça materialyň ýetişmeýänini bilse bolar we şoňa degişli material toplanylýar. Mundan hem başga, toplanan materiallaryň käbir ýerlerini düşnüksiz bolmagy mümkin. Dialekt ýazgylary işlenende, şol ýerleri hem anyklaşydyrylýar.

Emma muňa ýaltanyp, öz ýerinde barlaman, dialektiň territoriýasyndan çykyp işlejek bolsaň, ýeňil däl. Sebäbi materialyň bir bölüme degişli has köp toplanyp, beýleki bölümlere gereginden az ýygnalan bolmagy mümkin. Şeýle bolanda, ýene ikinji ýa üçünji sapar hem öňki gaýdan ýeriňe gitmeli bolýar. Eger öň her bölüm boýunça material işlenip, ýetmeýän ýerleri ýüze çykarylan bolsady, onda ýene şol mesele bilen baglanyşykly gitmek zerur hem bolmazdy.

Mundan hem başga, ýazylyp alnan materiallaryň hemmesi anyk, dogry hem bolup durmaýar. Käbir faktlaryň nädogry bellenmegi hem mümkin. Bu aýratyn hem işiň ilkinji döwürlerine degişlidir. Şu hili ýalňyşlyklary, düşnüksiz ýerleri anyklamak hem diňe öz ýerinde geçirilip bilner.

Dialekt ýazgylary işlenende, her bir dil faktyna we olaryň dürli ýerlerde gelşine degişli ýörite ýasalan kartoçkalar ýa listler tutulýar. Şolarda maglumaty beren adamyň ady, adresi, ýaşy, sowatlylygy, şol faktyň az ýa köp duşýany gysgaldylan ýörite bellikler bilen görkezilýär.

Anketa usuly we dialekti başganyň ýazgylary boýunça öwrenmek

Dialekt diňe gönüden-göni syn etmek arkaly öwrenilmän, anketa usuly we başganyň, köplenç şol ugurdan hünärmen bolmadyk adamlaryň ýazgylary boýunça hem öwrenilýär. Munda dürli görnüşdäki ýazylan anketalar we programmalara degişli toplanan ýazgy materiallary derňelýär. Ýazgy materiallary anketa ýa programma boýunça däl-de, özbaşdak hem geçirilip bilner. Mysal üçin, şol ýerlere degişli toplanan halk döredijilik eserlerinden we beýleki ýazgylardan dialektologiýa üçin peýdalanmak bolar.

Başganyň ýazgysy we anketa materialy mydama tankydy suratda öwrenilmelidir. Çünki olarda her dürli ýalňyşlaryň we ýetmezçilikleriň bolmagy mümkin. Ýerli adamlar öz dialektlerine degişli mysal ýazyp iberenlerinde, özleriniň hem belli bir derejede şol dialektde gepleýäni zerarly, **b** fonemasynyň belli-belli fonetik ýagdaýlarda teke, saryk, nohur we beýleki käbir dialektlerinde ýasy

yşgalaňly **w**, alili, nohur we beýleki käbir dialektlerde sonorly **v** sesleri bilen ýüze çykýanyny köplenç halatlarda bilmeýärler.

Munuň tersine, başga ýerden gelen adam şol dialektiň diňe edebi dilden tapawutly ýerlerini belleşdirmäge çalyşýar. Onuň bilen meňzeş gelýän taraplaryny bolsa adatça bellemeýärler. Şu hili material birtaraply bolýar we dialektiň tutuş ulgamyny doly öz içine alyp bilmeýär.

Şunlukda, başganyň ýazgylary öwrenilende, öňi bilen onuň gepleşige gatnaşygyny, ýagny şol dialektiň wekilimi – dälmi, şony kesgitlemek gerek.

Başganyň ýazgylarynda we anketa materiallarynda orfografiýanyň täsiri hem güýçli duýulýar. Elbetde, orfografiýanyň täsiri bularyň hemmesinde birmeňzeş däl. Birinde azrak duýulýar, beýleki birinde köpräk duş gelýär. Bu ýazýan adamyň transkripsiýany neneňsi özleşdirenine bagly.

Eger şol ýa beýleki dil fakty türkmen dili we onuň hemme dialektleri üçin umumy bolup, edebi diliň orfografiýasynda bellenmeýän bolsa, munuň bilen baglanyşykly ýüze çykýan ýetmezçilikleri aňsatlyk bilen düzetmek bolar. Mysal üçin, **bag, dag, çig, agyr, egir** ýaly sözlerde **g** harpynyň türkmen diliniň hemme dialektlerinde sözüň ahyrynda hem-de ortasynda süýkeş sesleriň deregine ýazylýanyny bilýäris. Edil şunuň ýaly, **gal, gel, gök** ýaly sözlerdäki **g, k** sesleriniň ähli türkmen dialektlerinde iki wariantda ýüze çykýany bellidir.

Başga bir mysal. Ata dialektindäki "gelmeýedim, işleýedim" ýaly formalarda **ý** sesinden öň **e** sesine **i** sesiniň ýazylmalydygyna şübhe bolup bilmez. Sebäbi käbir işlik formalarynda "ý" sesiniň öňüsyrasy gelýän giň çekimliler şol sesiň täsirine düşüp, türkmen diliniň hemme dialektlerinde degişli dar çekimliler bilen ýüze çykýarlar. Şeýle mysallary başga-da köp getirmek mümkin.

Emma şol aýratynlyk umumy türkmen diline häsiýetli bolmadyk ýagdaýynda, sözüň orfografik ýazylyşy düşünişmezlige hem getirip biler. Mysal üçin, **towşan, ýowşan** ýaly sözler

orfografiýanyň täsiri bilen ýomut dialetiniň günbatar gepleşiklerine degişli ýazylan bolsa, şol gepleşikler bilen nätanyş adam şolaryň nähili ulanylýanyny bilip bilmez. Sebäbi türkmen diliniň gepleşiklerinde şularyň iki hili: dodaklandyrylyp hem dodaklandyrylman ulanylyşy bar. Ol gepleşiklerde bolsa, mälim bolşy ýaly, **w** sesinden öň gelýän dodak çekimlileri degişli dodaklanmadyk giň çekimliler bilen çalşyrylýar. Ýa-da **alýadym, alýadyň, alýady** ýaly, işligiň häzirki zamanyna degişli mysallarda uzynlyk belgisiniň galdyrylyp ýazylmagy şol dialektde olaryň nähili ulanylýanyny anyklamaga mümkinçilik bermeýär. Çünki türkmen dialektlerinde şunuň iki hili aýdylyşyna hem duş gelinýär. Meselem, teke dialektinde uzyn, alili, ata dialektlerinde bolsa gysga aýdylýarlar.

Käbirleri fonetik transkripsiýanyň esaslary bilen ýüzleý tanyş bolup, aýry-aýry sözleriň ýazylyşynda ýalňyş goýberýärler. Olar, öz pikiriçe, fonetik transkripsiýa boýunça dogry ýazdymmykam diýýärler. Emma olar transkripsion bellikleri nädogry ulanýarlar.

Meselem, “tabşyr” sözüni transkripsiýada berjek bolup, **tavşyr** ýa **tafşyr** ýaly nädogry belleýişlerine duş gelinýär. Bu ýerde ol **b** sesiniň adatdakydan üýtgeşik aýdylýanyny aňypdyr, emma oňa derek haýsy belginiň ulanylýanyny bilmändir. Käbir **ekin, tikin** ýaly sözlerde hem **k** sesini transkripsion bellik bilen ulanjak bolup, **ekъin, tikъin** ýaly dilardy **kъ** sesi bilen çalşyrýarlar. Emma şu hili orunlarda dilardy **kъ** sesiniň gelmejegi aýdyndyr. Şoňa görä bular ýaly ýalňyşlaryň basym anygyna etmek bolar.

Başganyň ýazgylary öwrenilende, bir faktyň iki hili ulanylyşyna, meselem, **bulanyk-bylanyk, dö:rt-tö:rt, ýedi-ýetti** ýaly dürli görnüşde bellenişine aýratyn üns bermek gerek. Sebäbi bu dürli ýagdaýlara görä ýüze çykyp biler.

Eger ol bir ýerde orfografiýa boýunça, başga bir ýerde fonetik transkripsiýa boýunça ýazýan bolsa, ony anyklamak kyn däl. Emma bir faktyň iki hili ýazylmagy obýektiň nädogry saýlanyp tutulmagy, ondaky ýaşaýan adamlaryň düzüminiň dürli bolmagy, žanr-stil aýratynlyklary bilen hem bagly bolup biler. Şuňa görä başganyň

ýazgylary öwrenilende, bir faktyň iki hili ulanylyşynyň sebäplerini anyklap, ondan degişli netije çykarmak gerek. Bu bolsa anketa we başganyň ýazgylary boýunça toplanan materiallaryň tankydy suratda öwrenilmegini ýene bir gezek nygtaýar.

Anketa we başganyň ýazgylary boýunça dialekt öwrenilende hem, syn etmek usuly ulanylýar. Ýöne munda esasy aýratynlyk kimiň syn edýändigindedir. Anketa we başganyň ýazgylary boýunça dialekt öwrenilende, köplenç şol ugurdan hünärmen bolmadyk adamlar syn edýärler. Emma gönüden-göni syn etmek usulynda hut hünärmenleriň özi gatnaşýar.

Dialektleri öwrenmekde başganyň ýazgylarynyň we anketa materiallarynyň uly ähmiýeti bar. Munda dialekt materiallarynyň toplamaga we öwrenmäge ýüzlerçe-müňlerçe mugallymlar, talyplar, mekdep okuwçylary we dürli hünärdäki adamlar gatnaşýarlar. Şeýlelikde, dialekt köpçülikleýin häsiýetde öwrenilýär.

Anketa we dialekti başganyň ýazgylary boýunça öwrenmek usullary gönüden-göni syn etmek usuly bilen utgaşydyrylyp öwrenilse gowy bolar. Sebäbi bular bir-biriniň kemini doldurýarlar we üçüsi birleşip, dialekti has içgin öwrenmäge mümkinçilik berýärler.

Elbetde, anketa we dialekti başganyň ýazgylary boýunça öwrenmek işi hem öz-özünden bolýandyr diýip düşünmek bolmaz. Bu möhüm işi guramak, ýola goýmak dialektologyň wezipesidir. Ol oba baran ýerlerinde, mekdep mugallymlary we okuwçylary bilen dialektologik material toplamak barada gürrüň geçirip biler. Mysal üçin, mekdep okuwçylaryna öz ene-atalarynyň dilinden halk döredijiligine degişli matal, läle, nakyl, atalar sözi, erteki ýazyp gelmeklerini tabşyrmak bolar. Dialekt aýratynlyklary öwrenmekde olaryň mekdepde ulanýan ýazuw işlerinden hem peýdalanmak bolar. Şu ähmiýetli işe ýokary okuw jaýlarynyň filologik fakultetleriniň talyplaryny, çekmek peýdalydyr.

Ýöne başganyň ýazgylary we anketa materiallary işde peýdalanmazdan öň, öz ýerinde barlanyp görülse kem bolmaz.

Dialekt materiallaryny toplamak we öwrenmek işini has giň gerimde alyp barmak üçin ýörite dürli görnüşdäki anketalar, programmalar we soraglar ýygyndysy düzülýär. Bular dialekti köpçülikleýin öwrenmekde gollanma bolup hyzmat edýärler. Anketalar, programmalar we soraglar ýygyndylary giň köpçülige, oba mugallymlaryna, talyplara, mekdep okuwçylaryna ýaýradylyp, olardaky soraglara degişli jogap ýazdyrylýar.

Ýöne bulary ýeke özgeler peýdalanmalydyr diýip düşünmek bolmaz. Anketa usulyndan, programmalardan, soraglar ýygyndylaryndan syn etmek usuly boýunça iş görýän dialektolog hem peýdalanyp biler. Çünki öňünden oýlanyşykly düzülen programmalar, soraglar ýygyndylary dialektiň hemme taraplaryna birdeň üns bermäge, materialy yzygiderli hem sistemaly ýygnamaga kömek edýär. Dialektologik işi programmalaýyn häsiýetde alyp barmaga mümkinçilik berýär. Bu, elbetde, gowy. Ýöne munuň ýetmezçiligi hem bar. Programma ýa soraglar ýygyndysy hernäçe doly düzülse-de, dialektiň ähli meselelerini öz içine alyp bilmeýär. Şoňa görä diňe öňünden düzülen programma bilen dialekti doly öwrendim hasap etmek bolmaz. Eýsem, has köpräk dialekti hut öz içinden ýazyp görkezmek gerek. Şunda programmada göz öňünde tutulmadyk ençeme wajyp meseleleriň hem ýüze çykmagy mümkin. Emma, muňa garamazdan, dialektleri öwrenmekde kämil düzülen programmalaryň, soraglar ýygyndylarynyň ähmiýeti uludyr.

Diňe 1960-njy ýylda Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň türkmen dili kafedrasy "Türkmen dialektlerini öwrenmek üçin soraglar ýygyndysyny"[1] düzüp çapdan çykarýar.

Bu ýygyndy türkmen dialektlerini öwrenmek üçin hödürlär ýaly, ýörite işlenip düzülen programmalaryň, soraglar ýygyndylarynyň ýoklugy nazara alnyp düzülipdir. Soraglar ýygyndysyny düzmekde türkmen dialektlerini öwrenýänlere:

[1] Studentleriň ylmy-derňew işleri üçin soraglar ýygyndysy, Çärjew, 1960, sah. 3-42.

talyplara, mugallymlara, aspirantlara we ylmy işgärlere azda-kände kömek berer diýen maksat göz öňünde tutulypdyr.

Soraglar ýygyndysy giriş belliklerinden we dört bölümden: fonetika, morfologiýa, sintaksis, leksikadan ybaratdyr. Giriş belliklerinde dialekti öwrenmek üçin deslapky edilmeli işler (taryhy-geografik maglumat we başg.) barada gürrüň berilýär.

Ýygyndynyň fonetika, morfologiýa, sintaksis we leksika bölümlerinde şolar boýunça göz öňünde tutulmaly meseleleriň üstünde umumyrak görnüşde durlup geçilýär. Soraglar ýygyndysynyň ahyrynda goşmaça (material ýygnamagyň we işlemegiň nusgalary) we peýdalanmaly edebiýatlaryň sanawy ýerleşdirlýär.

Dialektleri ýazyp görkezmegiň tipleri

Dialektleri ýazyp görkezmegiň tipleri dialektologyň öňünde goýýan maksadyndan gelip çykýar. Olar adatça iki hili bolup biler.

1) Dialektolog gepleşigiň diňe edebi dilden tapawutly ýerlerini öwrenmegi maksat edinýär we hut şol ýerlerini hem ýazyp görkezýär.
2) Ol gepleşigiň hut özünde bar bolan zatlaryň hemmesini, onuň tutuş ulgamyny öwrenmegi maksat edinýär we şeýlelikde, ony hertaraplaýyn doly ýazyp görkezýär.

Elbetde, bularyň ikinjisiniň birinjiden artykmaçlyk edýäni, has oňatlygy düşnüklidir. Çünki birinji ýagdaýda gepleşik diňe bölek-büçek dialekti aýratynlyklarynyň toplumy şekilinde öwrenilýär. Munda dialektiň tutuş ulgamy ýazylyp görkezilmeýär, ondaky bar bolan kanunalaýyklyklar açylmaýar we onuň ösüşine prosesine dogry düşünilmeýär. Onsoňam, dialekt daşdan öwrenilende, onda ýok zatlaryň hem daşdan getirilip goşulmagy mümkin. Ylaýta-da dialekt tapawutlary az gepleşiklerde şeýle bolup biler. Käwagt dialektolog öz öwrenýän gepleşiginden oňly aýratynlyk tapman, başga dialektlere ýa öz gepleýän dialektine degişli aýratynlyklaryň hem käbirini bilmezlikden şol dialekte goşup goýberýär. Birnäçe ýagdaýlarda bolsa ýönekeý halk gepleşigine degişli aýry-aýry faktlaryň şol öwrenilýän dialektiň häsiýetli aýratynlygy şekilinde "taryplanýan" halatlary hem seýrek bolmaýar. Hatda edebi diliň orfoepik normasy

üçin häsiýetli bolup, orfografiýada bellenmeýän aýry-aýry sesleriň we ses üýtgeşmeleriniň hem belli bir dialektiň aýratynlygy hökmünde seridilýän pursatlaryna duş gelinýär.

Emma ikinji ýagdaýda, ýagny dialekt tutuşlygyna ýazylyp görkezilende, ondaky bar zatlaryň hemmesi, onuň tutuş ulgamy, ähli kanunalaýyklyklary ösüşi prosesi hut öz içinden öwrenilýär. Mysal üçin, aýry-aýry dialektleriň sözlük düzüminiň ösüşini öwrenmän, ondaky ýüze çykýan leksik aýratynlyklaryň sebäbine düşünmek mümkin däl. Ýa-da dialektlerde bar bolan fonemalaryň düzümini, hilini we artikulýasiýasyny öwrenmän, ondaky ýüze çykýan kombinator özgerişleri, fonetik aýratynlyklary we sesleriň ösüşini düşündirmek bolmaz.

Käbir işlerde dialektlerdäki bar sesleriň hemmesi we olardaky fonetik özgerişler ähli inçeligi bilen fiziologik we akustik aspektde doly ýazylyp görkezilýär. Emma ondaky bar bolan fonemalar we olaryň ösüşi anyklanyp görkezilmeýär. Şeýle bolanda, sesler lingwistik ýa, başgaça aýdanda, fonologik aspektde öwrenilmeýär.

Şuňa görä, dialekt öwrenilende, ondaky bar bolan fonemalaryň ulgamy, olaryň ýüze çykyş ýollary we kombinator özgerişleri ýazylyp görkezilmelidir. Bir söz bilen aýtsak dialekt **lingwistik** aspektde öwrenilmelidir. Munuň üçin diňe sesleri eşitmek ýeterlik däl. Eýsem olaryň arasyndaky kanunalaýyklyklara düşünmek gerek.

Galyberse-de, dialektologiýa ylmy diňe üzňelikde alnan dialekt aýratynlyklar bilen iş salyşýandyr diýip düşünmek bolmaz. Belli bolşy ýaly, dialekt aýratynlyklaryň ýeke özi entek dialekti hasyl etmeýär. Dialekt diýlende, belli bir territoriýadaky gepleşige düşünilýär. Onuň umumy taraplary we hususy aýratynlyklary bar. Emma dil ylmy üçin şularyň ikisi hem ähmiýetlidir.

Dialektleri öz içinden öwrenilmeli diýdigimiz – ony edebi dil bilen deňeşdirmesiz diýildigi däldir. Gerek ýerinde, edebi dil bilen hem, beýleki dialektler bilen hem, gadymy ýazuw ýadigärlikleri bilen hem deňeşdirmek peýdalydyr. Bu, bir tarapdan, şol dialektiň beýleki türkmen dialektleriniň arasynda tutýan ornuny kesgitlemäge we ikinji

tarapdan, ondaky aýry-aýry dil hadysalarynyň taryhy gelip çykyşyny aýdyňlaşdyrmaga kömek edýär.

Dialektologik işler dürli-dürli bolýarlar. Birinde dialekt ýöne ýazylyp görkezilýär. Ikinjisinde, şunuň bilen birlikde, dialekt materiallary taryhy taýdan düşündirilýär.

Dialekt materiallaryny taryhy taýdan doly düşündirmek üçin güýçli lingwistik taýynlykdan başga-da, şol dilde gepleýän ýerli ilatyň taryhyny, arheologiýasyny we etnografiýasyny oňat bilmek gerek.

Dialektler dürli möçberde ýazylyp görkezilýär. Käbir işlerde dialektiň hemme tarapy: fonetikasy, morfologiýasy, sintaksisi we leksikasy öwrenilýär. Birnäçe işlerde bolsa dialektiň haýsy-da bolsa bir tarapy ýa aýry-aýry bölümleri ýazylyp görkezilýär. Bular, elbetde, dialektologyň öz öňünde goýýan maksadyna bagly. Ýöne dialekt tutuşlygyna öwrenilende, onuň ähmiýetli taraplaryna deň üns bermek gerek. Emma, gynansak-da, amalyýetde bu talap mydama berk saklanmaýar. Mysal üçin, türkmen dialektleri öwrenilende, köplenç olaryň fonetikasy we morfologiýasy dolurak ýazylyp görkezilýär. Dialektiň leksikasyna azrak üns berilýär. Dialektleriň sintaksisi bolsa adatça düýbünden ýazylyp görkezilmeýär ýa-da örän dar häsiýetde morfologiýa bilen baglanyşykly seredilip geçilýär. Emma munuň özi nädogrydyr. Dialekt hemmetaraplaýyn doly öwrenilende, onuň beýleki taraplary bilen bir hatarda, sintaksisi hem doly ýazylyp görkezilmelidir. Şunuň ýaly-da, onuň bir tarapyna köp üns berip, beýleki tarapyna az üns bermek bolmaz. Dialekt öwrenilende, onuň hemme taraplaryna ýeterlik üns berip, tutuş ulgamyny göz öňüne getirmek gerek. Diňe şeýle edilende, dialekti hemmetaraplaýyn doly ýazyp görkezmek bolar.

Lingwistik geografiýa

Dialektleri aýratynlykda öwrenilmekden başga-da, dürli dialektleriň özara gatnaşygy, territorial (geografik) taýdan bölünişi we olaryň klassifikasiýasy hem öwrenilýär. Dialektologiýa üçin bularyň ikisiniň hem uly ähmiýeti bar. Olaryň biri beýlekisi bilen

baglydyr. Dialektleri aýry-aýrylykda ýazyp görkezmän, olaryň özara gatnaşygyny öwrenmek bolmaz. Ikinji tarapdan, dialektleriň özara gatnaşygyny öwrenmän aýry-aýry faktlarynyň ösüşini, ýaýraýşyny bilip bolmaz. Şunda, düzgün boýunça, ilki aýry-aýry dialektler özbaşdak öwrenilip, soň olaryň özara gatnaşygy kesgitlenmelidir.

Lingwistik geografiýa aýry-aýry dil hadysalary (fonetik, morfologik, sintaktik, leksik) we konkret dil faktlary bilen iş salyşýar. Kartada şol aýratynlyklaryň araçäkleri **izoglos** (grekçe **meňzeş gep, dil** diýmek) bilen bellenilýär.

Dialektleriň territorial taýdan bölünmegi we dialekt aýratynlyklaryň dürli derejede saklanyp galmagy taryhda şol dialektlerde gepleýän ilatlaryň dürli ykdysady-medeni hem sosial gatnaşykda bolandygynyň alamatydyr. Bulara dogry düşünmek üçin dialektleriň taryhyna degişli mümkin bolan maglumatlary öwrenmek gerek. Taryhy maglumatlar aýry-aýry dil hadysalarynyň we dialektleriň gelip çykyşyny takyklamaga ýardam edýär.

Lingwistik geografiýa dialektleriň özara gatnaşygyny öwrenmekde we şolara degişli dialektologik kartalar we atlaslar düzmekde uly ähmiýete eýedir.

Emma, gynansak-da, Türkmenistanda häzire çenli lingwistik geografiýa boýunça ugurly edilen iş ýok. Şu wagta çenli aýry-aýry türkmen dialektlerini öwrenmek bilen meşgullanyldy. Soňky ýyllarda türkmen dialektleriniň aglabasy ylmy taýdan öwrenildi. Emma entek hem ownuk türkmen dialektlerinden öwrenilmedigi bar. Şuňa görä häzirki wezipe – aýry-aýry türkmen dialektlerini ahyryna çenli öwrenmegi dowam etdirmekden, dialektleriň özara gatnaşygyny ýüze çykarýan jemleýji işleriň ýazylmagyndan we lingwistik geografiýa boýunça hakyky iş alyp barmakdan ybaratdyr. Indi türkmen dialektlerindäki aýry-aýry dil faktlarynyň we hadysalarynyň taýpatire we territorial taýdan ýaýraýşyna hem-de ulanylyş aýratynlyklaryna degişli birnäçe kartalardan ybarat bolan atlas düzmäge wagt etdi.

Bu wezipäni üstünlikli çözmek türkmen dil biliminiň we onuň bir şahasy bolan türkmen dialektologiýasynyň gaýragoýulmasyz borjudyr.

Gysgaldylan sözler[1]

ata – ata dialekti
ah. – ahal gepleşigi
gökl. – gökleň dialekti
DTG – Dörtgül türkmenleriniň gepleşigi (ata)
DTG, P – Dörtgül türkmenleriniň gepleşikleri. II topar (igdir, düýeji, gökleň).
ýom. – ýomut dialekti
ÝDGG – ýomut dialektiniň günbatar gepleşikleri
ÝDDG – ýomut dialektiniň demirgazyk gepleşikleri
kyr. – kyraç dialekti
man. – manyş dialekti
mary – mary gepleşigi
noh. – nohur dialekti
ol. – olam dialekti

[1] Dialektleri öwrenen alymlaryň atlaryny tutup oturman, diňe mysak alnan dialektleri atlaryny doly ýa gysgaldyp görkezmek bilen çäklendik. Mysal üçin, gökleň dialekti barada gürrüň gitse, şol faktyň G. Kulmanowyň işinden alnandygy düşnüklidir. Beýleki dialektler barada hem ýagdaý şeýle. Diňe azrak ýerde teke, ärsary, saryk, ata, çandyr, kyraç dialektlerine we çärjew gepleşiklerine degişli awtoryň öz toplan materiallary hem peýdalanyldy.

sak. – sakar dialekti
sal. – salyr dialekti
sar. – saryk dialekti
stawr. – Stawropol türkmenleriniň gepleşigi
teke – teke dialekti
çand. – çandyr dialekti
çärj. – çärjew gepleşikleri
ärs. – ärsary dialekti

PEÝDALANYLAN ÇEŞMELER

Amansaryýew J. Türkmen diliniň ýomut şiwesiniň demirgazyk gepleşikleri (kandidatlyk dissertasiýa), golýazma, Aşgabat, 1954.

Амансарыев Дж. Северные говоры ёмудского диалекта туркменского языка (автореферат),Ашхабад, 1954.

Annanurow A. Türkmen diliniň ärsary dialektinde uzyn we gysga çekimlileriň ulanylyş aýratynlyklary; TSSR YA-nyň Dil bilimi institutynyň işleri, IV goýberliş, Aşgabat, 1962, sah. 207-214.

Annanurow A. Änew dialektiniň käbir fonetik aýratynlyklary; TSSR YA-nyň habarlar, jemgyýetçilik ylymlaryň seriýasy, №5, Aşgabat, 1964, sah. 83-91.

Аннануров А. К вопросу о классификации диалектов туркменского языка, Известия АН ТССР, Серия общественных наук, №2, 1967, сах. 52-60.

Annanurow A. Dil biliminiň käbir meseleleri, Aşgabat, 1965, sah. 56-103.

Arazkulyýew S. Garagalpagystan ASSR-niň Dörtgül raýonyndaky türkmen gepleşikleri, Aşgabat, 1961.

Аразкулыев С. Говоры туркмен Туртульского района Каракалпакской АССР (автореферат), Ашхабад, 1962.

Atajanow M. Türkmen dialektleriniň öwrenilişiniň taryhyndan gysgaça maglumat, Aşgabat, 1958.

Atajanow M. Türkmen diliniň salyr dialekti (morfologiýa we leksika). Aşgabat, 1958.

Atajanow M. Türkmen diliniň salyr şiwesiniň fonetikasynyň käbir aýratynlyklary; TDU-nyň "Ylmy ýazgylary", XIII goýberiliş, Aşgabat, 1958, sah. 144-181.

Atajanow M. Türkmen diliniň salyr dialektinde isimleriň morfologik aýratynlyklary; TSSR YA-nyň Dil we edebiýat institutynyň işleri, III goýberiliş, Aşgabat, 1959, sah. 79-93.

Атаджанов М. Салырский диалект туркменского языка (автореферат), Ашхабад, 1959.

Atamedow N. Türkmen diliniň änew dialektiniň manyş gepleşiginiň käbir fonetik aýratynlyklary; TSSR YA-nyň habarlary, jemgyýetçlik ylymlaryň seriýasy, №2, Aşgabat, 1964.

Atamedow N. Türkmen diliniň änew dialektiniň manyş gepleşiginde atlar kategoriýasy; TDU-nyň "Ylmy ýazgylary", XXIX goýberiş, Aşgabat, 1964, sah. 26-39.

Atamedow N. Türkmen diliniň änew dialektiniň manyş gepleşiginiň leksikasynyň käbir aýratynlyklary; TDU-nyň "Ylmy ýazgylary", XXIX goýberiş, Aşgabat, 1964, sah. 40-59.

Атамедов Н. Манышский говор анауского диалекта туркменского языка (автореферат), Ашхабад, 1965.

Azymow P. Türkmen edebi diliniň normalary hakynda; TSSR YA-nyň habarlar, jemgyýetçilik ylymlaryň seriýasy, №3, Aşgabat, 1965, sah. 69-77.

Azymow P. Türkmen edebi diliniň dialekt esasy hakynda; TSSR YA-nyň habarlar, jemgyýetçilik ylymlaryň seriýasy, №1, Aşgabat, 1967, sah. 61-69.

Bagyýew H. Türkmen diliniň olam dialektinde çekimli sesler; TDU-nyň "Ylmy ýazgylary", XXIX goýberiş, Aşgabat, 1964.

Багыев Х. Оламский диалект туркменского языка (автореферат), Ашхабад, 1965.

Baýramdurdyýew B. Teke dialektiniň ahal gepleşiginde çekimli sesler; TSSR YA-nyň habarlar, jemgyýetçilik ylymlaryň seriýasy, №5, Aşgabat, 1964.

Baýramdurdyýew B. Ahal gepleşiginiň morfologiýasynyň käbir meseleleri; TSSR YA-nyň habarlar, jemgyýetçilik ylymlaryň seriýasy, №1, Aşgabat, 1965.

Baýramdurdyýew B. Ahal gepleşiginiň leksikasy hakynda; TSSR YA-nyň habarlar, jemgyýetçilik ylymlaryň seriýasy, №4, Aşgabat, 1965.

Байрамдурдыев Б. Ахалский говор текинского диалекта туркменского языка (автореферат), Ашхабад, 1965.

Çörliýew O. Mary gepleşiginiň käbir fonetik aýratynlyklary; Mary pedinstitutynyň "Ylmy ýazgylary", II goýberliş, Mary, 1958, sah. 177-184.

Çörliýew O. Mary gepleşiginiň sözlük sostawy, TDPI-niň "Ylmy ýazgylary", Çärjew, 1963, sah. 195-230.

Çörliýew O. Mary gepleşiginiň morfologiýasy (atlar), Çärjew, 1964.

Çörliýew O. Mary gepleşiginiň çekimli fonemalary; TSSR YA-nyň habarlar, jemgyýetçilik ylymlaryň seriýasy, №3, Aşgabat, 1964.

Чорлиев О. Марыйский говор туркменского языка (автореферат), Ашхабад, 1964.

Дмитриев Н. К. Язык туркменских сказок Марыйского района; Туркменские народные сказки Москва – Ленинград, 1954, сах. 28-63.

Дмитриев Н. К. Долгие гласные в туркменском языке; Исследования по сравнительной грамматике тюркских языков, часть I, фонетика, Москва, 1955, сах. 182-191.

Durdymyradow N. Türkmen diliniň alili şiwesi (kandidatlyk dissertasiýasy), golýazma, Aşgabat, 1950.

Дурдымырадов Н. Диалект алили туркменского языка (автореферат), Ашхабад, 1950.

Gulmanow G. Türkmen diliniň gökleň dialektindäki käbir fonetik aýratynlyklary; TSSR YA-nyň Dil bilimi institutynyň işleri, I goýberliş, Aşgabat, 1956, sah. 25-43.

Gulmanow G. Türkmen diliniň gökleň dialektindäki isimleriň morfologik harakteristikasy; TSSR YA-nyň Dil bilimi institutynyň işleri, II goýberliş, Aşgabat, 1957, sah. 156-175.

Кулманов Г. Некоторые особенности лексики геокленского диалекта туркменского языка; Известия АН ТССР, Серия общественных наук, №2, 1960, сах. 74-78.

Кулманов Г. Геокленский диалект туркменского языка (автореферат), Ашхабад, 1960.

Hydyrow M. N. Türkmen edebi dili we onuň şiweleri; Türkmen diliniň taryhyndan materiallar, Aşgabat, 1958, sah. 3-93.

Kürenow S. Demirgazyk Kawkaz (Stawropol) türkmenleriniň gepleşiginiň käbir fonetik aýratynlyklary; TSSR YA-nyň Dil bilimi institutynyň işleri, III goýberliş, Aşgabat, 1959, sah. 154-177.

Kürenow S. Demirgazyk Kawkaz (Stawropol) türkmenleriniň gepleşiginiň käbir morfologik aýratynlyklary; TSSR YA-nyň Dil bilimi institutynyň işleri, №3, Aşgabat, 1959.

Kürenow S. Demirgazyk Kawkaz (Stawropol) türkmenleriniň gepleşiginde işligiň şert, isleg-buýruk formalarynyň aýratynlygy; TSSR YA-nyň Dil bilimi institutynyň işleri, №4, Aşgabat, 1959.

Куренов С. Некоторые историко-лингвистические сведения о северокавказских (ставропольских) туркменах; Известия АН ТССР, Серия общественных наук, №4, 1958.

Kürenow S. Demirgazyk Kawkaz (Stawropol) türkmenleriniň gepleşiginde işlikleriň aýratynlyklary; TSSR YA-nyň Dil bilimi institutynyň işleri, IV goýberliş, Aşgabat, 1962, sah. 241-270.

Куренов С. Особенности туркменского говора Северно Кавказа (Ставрополья). Автореферат, Ашхабад, 1959.

Kürenow S. Stawropol türkmenleri hem-de olaryň medeni baýlygy, Aşgabat, 1962.

Куренов С., Шамурадов К. О фонеме “h” в туркменском языке. Известия АН ТССР, Серия общественных наук, №5, 1961, сах. 93-95.

Машаков Х. Човдурский диалект туркменского языка (кандидатская диссертация), Ашхабад, 1949.

Машаков Х. Човдурский диалект туркменского языка (автореферат), Ашхабад, 1949.

Maşakow H. Dialektler şertinde edebi dili okatmagyň käbir meseleleri; “Mugallyma kömek” žurnaly, №2, Aşgabat, 1957, sah. 3-21.

Meňliýewa G. Türkmen diliniň sakar dialektinde isimler; TDU-nyň “Ylmy ýazgylary”, XXIX goýberiş, Aşgabat, 1964, sah. 60-81.

Meňliýewa G. Türkmen diliniň sakar dialektinde işlikler; TDU-nyň “Ylmy ýazgylary”, XXIX goýberiş, Aşgabat, 1964, sah. 82-93.

Meňliýewa G. Türkmen diliniň sakar dialektiniň käbir leksik aýratynlyklary barada materialla; TDU-nyň “Ylmy ýazgylary”, XXIX goýberiş, Aşgabat, 1964, sah. 94-104.

Meňliýewa G. Türkmen diliniň sakar dialektiniň käbir fonetik aýratynlyklary; TSSR YA-nyň jemgyýetçilik ylymlarynyň seriýasy, №4, Aşgabat, 1964.

Менглиева Г. Сакарский диалект туркменского языка (автореферат), Ашхабад, 1964.

Muhyýew H. Nohur dialektinde çekimliler; TDU-nyň “Ylmy ýazgylary”, XIII goýberiş, Aşgabat, 1958, sah. 182-190.

Muhyýew H. Nohur dialektiniň morfologik aýratynlyklary; TDU-nyň “Ylmy ýazgylary”, XVI goýberiliş, Aşgabat, 1959, sah. 55-93.

Muhyýew H. Nohur dialektiniň leksik aýratynlyklary; TDU-nyň “Ylmy ýazgylary”, XVI goýberiliş, sah. 95-111.

Muhyýew H. Türkmen diliniň nohur dialektiniň käbir fonetik aýratynlyklary; TSSR YA-nyň jemgyýetçilik ylymlarynyň seriýasy, VI goýberliş, Aşgabat, 1964, sah. 94-109.

Мухыев Х. Нохурский диалект туркменского языка (автореферат), Ашхабад, 1959.

Мухыев Х. и Ершов Е. Н. Из наблюдений над нохурским диалектом туркменского языка; “Ученые записки” ТГУ, вып. XVI, Ашхабад, 1958.

Nartyýew N. Türkmen diliniň saryk dialekti, Çärjew, 1959.

Нартыев Н. Сарыкский диалект туркменского языка (автореферат), Ашхабад, 1960.

Nartyýew N. Türkmen dialektlerini öwrenmegiň usullary, Çärjew, 1959.

Nartyýew N. Türkmen dialektlerini öwrenmek üçin soraglar ýygyndysy; Studentleriň ylmy-derňew işleri üçin soraglar ýygyndysy, Çärjew, 1960, sah. 3-42.

Nartuýew N. Dialekt şertlerinde edebi diliň orfografiýasyny öwretmek, Çärjew, 1961.

Nartyýew N. Türkmen dialektologiýasyndan materiallar (golýazma), Çärjew, 1961, 204 sah. m/ýazg.

Nartyýew N. Dialekt şertlerinde edebi dili öwrenmegiň taryhyndan, Çärjew, 1965.

Поцелуевский А. П. Диалекты туркменского языка, Ашхабад, 1936.

Поцелуевский А. П. Фонетика туркменского языка, Ашхабад, 1936.

Poseluýewskiý A. P. Türkmen dili we onuň şiweleri (steklografik neşir), Aşgabat, 1943.

Поцелуевский А. П. К вопросу о происхождении формы настоящего времени в тюркских языках юго-западной группы, Ашхабад, 1948.

Şamuradow K. Türkmen diliniň ýomut dialektiniň günbatar gepleşiginiň käbir leksik aýratynlyklary; TSSR YA-nyň jemgyýetçilik ylymlarynyň seriýasy, I goýberliş, Aşgabat, 1956, sah. 15-24.

Şamuradow K. Türkmen diliniň ýomut dialektiniň günbatar gepleşiginde çekimli fonemalaryň aýratynlyklary; TSSR YA-nyň jemgyýetçilik ylymlarynyň seriýasy, II goýberliş, Aşgabat, 1957, sah. 133-155.

Şamuradow K. Ýomut dialektiniň günbatar gepleşiginde çekimsiz sesleriň sistemasy (konsonantizm); TSSR YA-nyň jemgyýetçilik ylymlarynyň seriýasy, III goýberliş, Aşgabat, 1959, sah. 110-153.

Шамырадов К. Некоторые морфологические особенности именных основ западных говоров ёмудского диалекта туркменского языка; Известия АН ТССР, №6, 1959.

Шамырадов К. Западные говоры ёмудского диалекта туркменского языка (автореферат), Ашхабад, 1960.

MAZMUNY

GIRIŞ

1. Dialektologiýanyň predmeti we wezipesi
   Dialektologiýanyň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy
   Diliň taryhyny öwrenmekde dialektologiýanyň roly
   Dialektologiýanyň praktiki ähmiýeti
2. Dialektler we milli diller
3. Türkmen dili we türki diller
   Türkmen diliniň dialektleri we gepleşikleri
   Türkmen dialektleriniň öwrenilişi
   Türkmen dialektlerini toparlara bölmek meselesi
   Fonetik transkripsiýa
   Türkmen diliniň dialektleriniň fonetik sistemasy, grammatik gurluşy we sözlük sostawy
   Dialekt aýratynlyklaryň häsiýeti

FONETIKA

Çekimliler
Çekimlileriň sostawy
Çekimlileriň uzyn aýdylmak häsiýeti

Çekimlileriň gysga aýdylmak häsiýeti
Çekimlileriň inçelik-ýogynlyk sazlaşygy
Çekimlileriň dodak sazlaşygy
Çekimlileriň çekimsizlere assimilleşmegi
Çekimlileriň düşüp galmagy
Çekimlileriň aýrtdyrylmagy
Çekimlileriň çalyşmagy
Çekimsizler
Çekimsizleriň sostawy
Çekimsizleriň uzyn aýdylmak häsiýeti
Çekimsizleriň gysga aýdylmak häsiýeti
Çekimsizleriň çekimsizlere assimilleşmegi
Çekimsizleriň çekimlilere assimilleşmegi
Çekimsizleriň düşüp galmagy
Çekimsizleriň artdyrylmagy Çekimsizleriň çalyşmagy Metateza

MORFOLOGIÝA

Atlar
Atlaryň ýasalyşy
Adam atlary
Köplük kategoriýasy
Degişlilik kategoriýasy
Habarlyk kategoriýasy
Düşüm kategoriýasy

Sypatlar
Sanlar
Çalyşmalar
Hallar
Işlikler
Häzirki zaman
Öten zaman
Geljek zaman
Buýruk formasy
Isleg formasy

Şert formasy
Hökmanlyk formasy
Nämälim formasy
Ortak işlikler
Öten zaman ortak işligi
Häzirki zaman ortak işligi
Geljek zaman ortak işligi
Nämälim geljek zaman ortak işligi
Mälim geljek zaman ortak işligi
Hal işlikler
Posleloglar
Baglaýjylar
Ownuk bölekler
Ümlükler

SINTAKSIS

Sözlemde sözleriň baglanyşygy
Ýönekeý sözlemler
Sözlemde sözleriň tertibi
Eýe bilen habaryň ylalaşygy
Sözlem agzalarynyň galdyrylyp ulanylyşy
Goşma sözlemler Düzmeli goşma sözlem
Eýerjeňli goşma sözlem

LEKSIKA

Dialektleriň leksik sostawy barada maglumat
Dialektleriň leksikasynda taryhy gatlaklar
Leksik aýratynlyklaryň hilleri
Dialektleriň leksikasynyň ösüşi
Arhaizmler
Sinonimler
Omonimler
Dialektlere edebi diliň täsiri
Dialektleri öwrenmegiň usullary
Syn etmek usuly

Dialektleriň territorial we sosial taýdan bölünişi
Dialektleriň žanr-stilistik taýdan bölünişi
Dialektologyň gözegçilik obýektini saýlaýşy
Dialektologyň oba ýagdaýynda işleýşi
Oba barada umumy maglumat toplamak
Dialekte gözegçilik etmek
Dialekt materiallary pasportlaşdyrmak
Dialekt materiallary işlemek
Anketa usuly we dialekti başganyň ýazgylary boýunça öwrenmek
Dialektleri ýazyp görkezmegiň tipleri
Lingwistik geografiýa
Gysgaldylan sözler
Peýdalanylan çeşmeler